TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

## ABU BEKR TÄHRANY

# AKGOÝUNLY TÜRKMENLERINIŇ TARYHY
## (KITABY DIÝARBEKRIÝE)

ابو بكر طهراني

# كتاب دياربكريه

## II

Pars dilinden terjime eden we
çapa taýýarlan
Çary Muhammetjuma

AŞGABAT «MIRAS» 2005

**UOK 950**
**T48**

**T48 Tährany A.**
Akgoýunlylaryň taryhy («Kitaby Diýarbekriýe»), II jilt, A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005, 336s.

**REDAKTOR**

**A. Mämmetjumaýew**, *dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty.*

*Türkmenistanyň Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda türkmen dilinde ilkinji gezek neşir edilýän bu kitap XIV-XV asyrlaryň sepgidinde ýaşan Abu Bekr Tähranynyň «Akgoýunlylaryň taryhy» («Kitaby Diýarbekriýe») atly eseri. Bu eser Akgoýunly döwletiniň şöhratly geçmişini, taryhyny, medeniýetini öwrenmekde ygtybarly çeşmeleriň biridir.*

*Bu kitap Akgoýunly döwletiniň meşhur hökümdary Uzyn Hasanyň tabşyrygy boýunça ýazylypdyr. Eserde hökümdarlar, serkerdeler bilen baglanyşykly birnäçe gyzykly wakalar, durmuş däp-dessurlary we ş.m. beýan edilýär. Kitap Yragyň Basra şäherindäki Muhammet Eminiň kitaphanasynda saklanýan golýazma nusgasy esasynda pars dilinden terjime edildi.*

**TMMMM №49**

**TDKP №121** **2005** **KBK63.3(5)**

© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005ý.
Tährany A., II jilt, 2005 ý.
Çary Muhammetjuma, terjime, çapa taýýarlama, sözsoňy 2005 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň***
***Ilkinji we Ömürlik Prezidenti***
***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň***
***howandarlygynda neşir edilýär.***

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň ilgünüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, ***«Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyklaryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr».*** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

# ÇAGATAÝ WE GARAGOÝUNLY SOLTANLARYNYŇ BEÝANY

Bu ýylda soltan Muhammet Baýsunkar beýik atasy Şahruh Mürzä (ýatan ýeri ýagty bolsun!) garşy baş göterdi. Beýik atasy tarapyndan Reýiň we Kumuň häkimligi bagyş edilen Baýsunkaryň ogly soltan Muhammet Mürze 850-nji[1] ýylyň başlarynda ýurdy eýelemek dawasyny edip, Kumdan Yspyhana tarap ugrady. Ilkibaşda onuň diwan emiri bolan Emirhant şanyň ogly Sagadat beg, agasy, Yspyhanyň häkimi emir Muhammetşa wepat bolandan soň, özüniň agasynyň ýasy üçin, Yspyhana gidip, hökümeti dolandyrmaga meşgul bolupdy we Şahruh Mürze tarapyndan häkimlik möhrüni alyp, Yspyhanyň özerkli häkimi bolupdy. Ol şazadanyň Yspyhana tarap ugrandygyny eşidip, Yspyhana gaçyp, ýolbaşçylarynyň biri bolan Seýidaly Gülbar bilen bilelikde Ruýdeşt ýoly bilen Hyrata ugrady.

Şazada habar ýeten badyna onuň yzyndan ylgar — kowgy iberdi. Olar ony Seýidaly bilen bilelikde tutup, şähere getirdiler. Şazada Seýidalyny öldürdi, Sagadat begi bolsa perman bilen, kapasa saldy. Soňra şäher galasyndan asyp goýdy. Şäher ulularyny tabyn we boýun bolmaga çagyrdy. Ondan soňra uly toý tutup, şäher we welaýat ulularyna, seýitlere, kazylara, alymlara, şahyrlara, ýolbaşçylara, hojaýynlara, başlyklara we belent mertebeli ile üç müň halat berdi. Toý meýdanynda — «Tagty Garaja» bagynda käbiri on iki dinarlyk, käbiri ýigrimi dört dinarlyk bolan on müň teňňe hem-de müň fulury[2] seçdi. Dirhemdir dinar seçgisi bilen ol bagyň meýdançasyny gyzyl-ak edip bezedi.

[1] Milady ýyl hasaby bilen 1446-nji ýyl.
[2] Fulur — pul birligi.

### *Goşgy*[1]

Kümüş bilen, zer bilen bezelipdir ol diýar,
Bolsaň, bahardyr güýzden dokalan paslyň bar.

Bag meýdançasynda saýawanlar we çadyrlar dikdiler. Onuň (bagyň) töwereginde hem çadyr, kepbe we saýawanlar düzedip, her topar aýratyn çadyrda ornaşdylar. Her toparda bir bölek hoş owazly bagşylar, dilnowaz sazandalar, asmana we giňişlige ýaň saldylar. Zamany soltan Şahruh Mürzä «Bizde mesgen tutuşyň dowamly bolsun!» diýen owazasyny urupdy. Çar künjekden:

### *Goşgy*

Gel, üstüňe gül seçeris hem bulgura meý guýarys,
Pelegiň üçegin açarys, täze ýörelge goýarys.

Eger gam aşyklaryň ganyny dökmek üçin leşger sürse,
Meý bilen sakyny birleşdireris we binýadyny agdararys.

— diýen ruh joşduryjy heň şanyň döwlet dogaçylarynyň dilinden üns mejlisinde üýşenleriň gulaklaryna gelip ýetýärdi. Dürli joşgunlar her kesiň ýanyna bir hili görnüşde gelip, her kimi bir ýol bilen raksdyr heňe iterýärdi ...[2]

Tutuş Yraga, Hemedana, Soltanyýa, Gazwine, Kuma, Reýe, Kaşana, Ýezde we Abarkuha darugalar[3] iberdi. Öňki häkimleri

[1] Kitapdaky gioşgulary çeperleşdiren we taraşlan Orazgylyç Çaryýew.
[2] Asyl nusgada boş ýer goýlupdyr.
[3] Daruga — 1. Öýüň ýa-da edaranyň gözegçisi, goragçysy; 2. Şäheriň ýa-da şäherçäniň goragçysy, häkimi, harby häkimi.

öz huzuryna çagyrdy. Ählisi boýun ýa-da mejbur bolup, onuň dergähine geldiler. Yspyhanyň seýitlerini, kazylary we beýleki meşhur kişileri mynasyp sowgat-serpaýlar we laýyk engamlar bilen ezizledi.

Yspyhanyň serdary Şa Alaeddin Muhammedi döwlet işlerinde ýokary derejelere dahylly etdi. Mülki, baýlygy we derejesi bilen bilelikde Yragyň ýolbaşçylygyna göterdi. Ony mülk işleriniň geňeşlerinde beýlekilerden has tapawutlandyrdy. Yrak ülkeleriniň beýleki ululary sowgat-serpaýlar bilen dergähe geldiler. Ählisini mertebelerine laýyklykda engamlar bilen sarpalady. Beýleki Yrak ülkelerinden goşun çykaryp, bir üpjün leşger düzetdi hem-de Şiraza tarap ugrady. Şirazyň häkimi Ybraýym soltan ibn Şahruh Mürzäniň ogly Mürze Abdylla entek ýaş çagady. Oňa degişli uly şäherleri mäkämlediler. Uly atasyna yzly-yzyna ilçiler iberdiler.

Soltan Muhammet Mürze Şirazyň daşynda düşlände, şäheriň içindäkileriň mäkämdigini gördi. Şahruh Mürze ony topalaňdan yzyna döndermek hem-de Töwrize, Jahanşa Mürzäni dep etmäge ugratmak üçin, Horasandan uly leşger we sansyz serişde bilen Yraga ugrapdy. Hezreti Şahruhyň baýdaklarynyň haýbaty şazadanyň gulaklaryna gelip ýetenden, ol Şirazdan yzyna dolanyp, Yspyhan sebitlerine geldi. Şahruh Mürze hem Yspyhanda düşledi. Leşgeriň öňki hatary şazadanyň üstüne gidipdiler. Ol mundan habar tapanda, ordany weýran edip, öz çadyrdyr kepbesine ot urdy we Kürdüstan sebitlerine gidip, penalandy.

Hezreti hakan Şahruh Mürze Yspyhandan ýola düşdi. Yspyhanyň ululary onuň esgerleriniň goramagyna giripdi. Olary bentläp, öz ýany bilen hemra edip, tä Sawä çenli äkitdi. Kazy Ymameddin Fazlyllany, Hoja Afzaleddin Türkini, Şa Eddin

Muhammet Nakyby, Kazy Ymameddiniň doganoglany Möwlana Abdyrahmany hem-de Hoja Remeh Ahmet Çopany hersini aýry-aýrylykda Sawäniň derwezesiniň birinde alkymyndan asdy. Hoja Mahmyt Haýdar, Şa Kowameddin Nakyp, Şa Nyhameddin Gülüstana, Sawahyp Sefewiýe ýaly bir topary, şeýle-de ýolbaşçylardan birnäçesi tussaglykda galdylar. Şahruh Mürze gyşda Reýde gyşlag tutundy hem-de Jahanşa Mürzä gaşyna ilçi iberip, Töwrize ugrajakdygy barada ýaň saldy.

## HEZRETI HAKAN ŞAHRUH MÜRZÄNIŇ WEPAT BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Älemde yzygiderlilik tertibi Belent we Päk Taňrynyň goýan ýörelgesine laýyklykda şeýledir: Her bir öwrülişik we harapçylyk ýüze çykmazdan öň, oňa sebäp bolýan gürrüňsiz delilli işler ýaşyrynlykdan aýdyňlyga çykýar. Soltan Muhammediň uly atasynyň tabynlyk halkasyndan çykmagy, Pir Pudagyň abraýly atasyna boýun bolmazlygy nesilşalyk döwletiniň gününiň batmagyna hem-de olaryň emirliginiň jaýryk atmasyna açylan gapy boldy. Şeýle-de ymmatyň hormatlylary we pygamber alaýhyssalamdan gelýänler (nebereleri) bolan seýitleriň öldürilmegi berk ymaratyň ýykylmagyna, mäkäm döwletiň soňlanmagyna esas boljakdyr.

***Mesnewi***

Yspyhanly garrynyň düýşüne girdi Aly,
Haýbatlydy, howpludy bir ýyrtyjy şir ýaly.

Nejepden gelenini garry derrew etdi çak,
Indem Sawä barýardy — elinde ýiti pyçak.

Garry aýtdy: «Weliler şasy sen — bu däl galat,
Din we dünýä işinde özüň bize ýolbelet.

Gözleriňde nämüçin ýanyp dur gazap ody?
Nirä barýaň? Bilip bormy ýola ataran zady?»

Allanyň şiri diýdi şonda eglenip sähel:
«Ganhorymyň yzyndan barýaryn men bu mahal.

Ady — Şahruh, dözdi ol perzendimiň janyna,
Men-menlik edip, galdy onuň gyzyl ganyna».

Garry öýünden çykyp ýaňy daň atan bada,
Gören düýşün aýdyp berdi ýakyna-ýada.

Garrydan ýazyp alyp bu gamly hekaýaty,
Habara garaşdylar Reýiň ýoluny tutup.

Soltan Muhammet Mürzäniň ordasy Yspyhanyň on bäş parsahlygynda ýerleşen Gendeman ýaýlagynda edil serhoşlaryň mejlisi deýin harap we perişan bolan zamanynda, Şahruh Mürzäniň mährem nökerlerinden bolan Ysmaýyl atly kişi Yspyhanyň ulularyny yzarlap, ol sebitleriň käbir karylaryny ele saldy. Olary bendelige çekip, Sawä getirdi. Olary gaýgyrman öldürmek barada höküm berildi. Patyşa Reýde gyşlag tutundy. Gyş pasly ahyrlanda, soltanlyk nowruzy güni hezreti hakan Reýde ýerleşen Abdyl Azymyň şehit edilen ýeriniň mukaddes dergähine zyýarat etmek niýeti bilen aladaňdanlar atlandy.

Eziz perzentleri, hökmürowan emirleri, ýakynlary we döwlet sütünleri üç günlük harajat alyp, onuň üzeňňisini ogşamak bilen oňa hemra boldular. Atlanylan wagtynda bu kitabyň ýazary, men kemine bende hem şol dergähde häzirdim. Hezreti patyşa rowana boldy. Şol wagt Şyh Alaeddöwle Semnanynyň belent dergähiniň müritlerinden bolan bir derwüş gelip ýetdi hem-de: «Bu şahs ajap bir patyşadyr. Men şu gün agşam düýş gördüm. Düýşümde hezreti Penakär Resul sallallahy alaýhy wesellem onuň eşikleriniň daşyndan aýlanýardy» diýdi. Bu pakyr oýlanmazdan: «Bu düýş hakyky düýş. Onuň eşiginiň daşyndan aýlanmak toprak bedenini ruhy-rowanyndan aýyrmakdyr» diýen sözi diline getirdi. Derwüşe bu düşündiriş ýaramady hem-de bu pikiriň deňinden geçip gitdi. Azajyk wagtdan soň yza dolanyp,

galmagaly ýokary göterildi. Halk haýran we serasyma boldy. Derrew patyşany tagty-rowana mündürip, (zyýarat edip) aýladylar. Onda örän uly bihuşlyk-özüňden gitme peýda bolupdy. Atlanmaga güýç-kuwwaty galmandy. Belki, ölümiň öňki pursaty gelip ýetipdi. Halaýyk: «Diş agyrysy peýda boldy» diýip, ýaň saldylar. Bu bende şonda: «Tama dişini sogurmak gerek» diýdi. Orda giňişligi ýekeje «Şahruhdan» dargaýan küşt tagtasy ýaly dargap gitdi.

Gaty köp ejiz pyýadalar bedew ata atlandylar, gaty köp şazadalar döwlet atyndan düşüp, ýüzüni harlyk topragyna goýdular. Soltanlyk we beýleki emirleriň hazynalary pesleriň we näkesleriň gowgasy bilen topraga garyldy. Nepis parçalar we göwherler näkesleriň, ogry-jümrüleriň, galtamanlaryň eline düşdi. Ýaşyş we jaýrylyş gubary dereje hem mertebe eýeleriniň çadyrdyr kepbeleriniň üstünde ornaşdy. Garrydyr juwanyň içlerinden pygandyr perýat göterildi.

Soltanlyk nowruzynyň başlangyç nurly ýüzi: «Güneş işilip (nursuzlanyp) galanda, ýyldyzlar hem (öz ornundan) süýşende»[1] diýlen zulmat bilen garaňkylyga öwrüldi. Ölmeýän Baky Diriniň takdyry bilen gyş menzilinden, ýagny Hut[2] öýünden baharyň aramlyk nokadyna gelen nurly günüň ýumurtga deý keşbi edil güýz gününiň howasy ýaly hazan ýeliniň sowuk demi bilen garaňkyrady. «Çagalaryň saçlaryny agardyp, garrylara öwrüp goýjak günüň azabyndan nähili saklanarsyňyz»[3] diýen sözüň manysy buýsanç bolçulygynda rahatlananlaryň we aýşy-eşret pesliginde uklanlaryň gijelerinde baş çykardy. Mätäçlik eýeleriniň kalp zemininden kök alýan we ulularyň üns umydynyň suwy bilen älemiň garnyndan köp bezegli zeminden baş

[1] Gurhanyň 81-nji (Tekwir) süresiniň 1 we 2-nji aýatlary.

[2] Hut — 1. Balyk ýyldyzlar topary; 2. Owgan gün kalendarynyň 12-nji aýy. Ol Baýdak we Nowruz aýlaryna gabat gelýär.

[3] Gurhanyň 73-nji (Muzammil) süresiniň 17-nji aýaty.

çykaran ösümlik tohumlary birden guramak bilen, ýas doňaklygyna, bozuklyk umytsyzlygyna düşdi. Arzuw-islegler edil sähra reýhanlary we bag gülleri ýaly, bir zarbada umytsyzlyk doňaklygynyň lybasyna we: «Şemal uçuryp gidýän çöp-çalamlara öwrülip galar»[1] ýardamsyzylygyna düşdi. Ýüreklerden aram-karar göç edip, isleg hem maksat gözleriň öňünden gizlendi.

Şahruh şanyň ölen senesi şeýledir:

***Goşgy***

Ýagny bolsun zamana şasynyň ýatan ýeri,
Keýkubatdyr Keýhysrowyň şoldy mirasdüşeri.

Şahruh soltanyň mydam ýakyn arkadagydy,
Adyllykda Kesra-da oňa şägirt ýalydy.

Birden jan gulagyna ildi gaýypdan owaz:
«Eý, şa! Dara duşarsyň, öňe ýöreseň biraz!

Ýagşylyk tohumyn ekip, munda sürdüň döwrany,
Bu gün bolsa ýetip geldi orak döwri, zamany.

Düşmeli günüň geldi ýaşaýyşyň atyndan,
Şahruh Mürze, saklanma, gaçan ýok kysmatyndan».

Onuň panyň ýüzünden göç eden wagty,
Nowruzyň säheridi, göge ýaýrapdy ýagty.

«Nowruz säheri» diýen sözdäki «nun» harpy bilen «daň

[1] Gurhanyň 17-nji (Kähf) süresiniň 45-nji aýaty.

atan» harpyndan gelýän «zad» harpy ebjet hasabynda sekiz ýüz elli[1] bolýar. Ol bolsa hezreti Şahruhyň ölen senesidir.

Leşger edil Ýedigen deýin pytrady. Şahruh Mürzäniň jesedini Ulugbeg Mürze, Baýsunkar Mürze we Juky Mürze atly perzentleriniň enesi bolan Göwherşat Aga ýany bilen alyp, saýlama nökerleri bilen Hyrada ugrady.

Patyşalyga Ulug beg ibn Şahruh Mürzäniň ogly Abdyllatyp geçdi. Uly emirleriniň köpüsi oňa birleşdiler. Baýsunkar Mürzäniň ogly Babyr Mürze emirleriň we emirzadalaryň bir topary bilen Astrabada ugrady. Diwan emiri Şyh Abulfazl Alyka ýaly birnäçe emirler soltan Muhammet Mürzäniň yzyndan ylgar edip, gidip onuň bilen birleşdi.

Abdyllatyp uly emir Teýmir Körekeniň döwlete pena getiren we terbiýete ýüz öwren perzentlerinden dokuza golaýyny Horasana ugratdy. Öwrülişigiň başynda olara ynam etmän, olaryň baryny Pirzat beg Buhara tabşyrypdyr. Ol bolsa olary Reýiň harlyk bendinde goýupdy.

Muhammet Mürze bir topar kişi bilen Kumda düşledi. Emir Şyh Hajy Yragy bilen emir Sagadathany Şa diwan emiri boldular. Şyh Abulfazl Alyka emirleriniň üstünden möhür urdy.[2] Hoja Mahmyt Haýdary öňküsi ýaly wezirlik baýdagyny parlatdy. Şa Nyzameddin Fazlylla Gülüstany, Şa Kowameddin Hüseýin, Kazy Ymameddin Fazlyllanyň ogly emir Ruzbehan, Şa Rukneddin Sefewi, emir Abdylla Babydeşt, Hoja Jelaleddin Muhammet Kelekiz, Hoja Safyeddin, soltan Mahmyt Hary, hem-de olar bilen bile bolan men pakyr ýaly Reýde tussaglykda bolan Yspyhanyň ulularynyň we seýitleriniň gylyçdan sypanlary ýüzlerini Kuma ýüz öwürdiler hem-de Muhammet Mürzä garaşyp, birnäçe gün saklandylar. Ahyry soltan Kürdüstandan

[1] Bu milady senesi bilen 1446-1447-nji ýyllara gabat gelýär.
[2] Ýagny emirler emiri boldy.

Kuma gelip ýetdi. Hemmeden ötünç diläp, halat, at we harajat bilen geregiçe sarpalady. Şondan soň menzilme-menzil, ýaýlagma-ýaýlag ýöräp Yspyhana ugrady.

Soltan Yspyhana gelip ýetende, etraplardan we sebitlerden ýigitlerdir esgerler gelip, oňa birleşdiler. Iki aýyň dowamynda güýçli goşun jemlendi. Ýarag-esbaplar hem çar tarapdan gelip ýetdi. Onsoň Yspyhandan Şiraza ugramagy karar etdi. Emir Hasan Şyh Hajyny Yspyhanyň darugalygyna belledi. Soňra soltanlyk baýdaklaryny Şiraza tarap parlatdy. Gün-günden ýigitleriň goşulmagy bilen onuň ordasy edil Yspyhanyň Zenderut derýasy kimin artýardy. Yspyhan welaýatyndan we oňa degişli ýerlerden, Kumdan, Kaşandan we Ýezdden hem tanymal goşuny daşary çykardy.

***Goşgy***

Söweş meýdanyny bezedi goşun,
Oňa duşsa şirem gutarmaz başyn.

Bary serwi boýly, bary gül ýüzli,
Bahar buludy deý mylaýym ýüzli,

Bary, göýä boýun ýetiren şemşat,
Gül dessesi ýaly seni edýär şat.

Taryh sarsar olar gozganýar welin,
Ýyldyzly asmana meňzeýär zemin.

Her gün göç edip, iki suwly Akaba[1] çenli gitdi. Soltan

---

[1] Asyl nusgada Akabaýy Mäýin; Mäýin — «iki suw» diýmek. Akaba darajyk aýlag bolup, ol Gyzyl deňziniň demirgazygynda we Sina ýarym adasynyň gündogar-günortasynda ýerleşýär.

Ybraýymyň ogly emirzada Abdylla soltan hem Pars leşgerini tertibe salyp, iki suwly Akaba çenli gelipdi we ýoly bekläpdi. Soltan Muhammet Mürze ýol bilen üstünlik gazanyp bilmänsoň, böwsüji leşgerini dagyň boýy bilen çekip, tä Niriz we Şebankara sebitlerine çenli gitdi. Emirzada Abdylla hem goşunyň, ol tarapyndan barýardy hem-de tä şol ýere ýetýänçä ýollary bekleýärdi.

Aradan böwet aýrylandan we iki goşun biri-birine sataşyp, iki tarapdan saplar düzülenden soň, azajyk pursatda soltan Muhammet üstün geldi. Şirazlylaryň ýeňliş pursady gelip ýetdi. Bir topar emirler öldürilip, birnäçeleri ele düşdüler. Emirzada hem ýesirlik duzagyna düşdi. Soltan ony Ýezd ýolundan Horasana rowana eýläp, özi Şiraz şäherine ugrady. Şäheriň we welaýatyň ýaşaýjylaryna özüniň hemaýat we ýardam beriji ganatynyň astyndan jaý berdi.

## JAHANŞA MÜRZE TARAPYNDAN ILÇI BOLAN ALY ŞÜKÜRIŇ SOLTANYÝANY KÄBIR YRAK WELAÝATLARY BILEN BILELIKDE BASYP ALYŞYNYŇ BEÝANY

Soltan Muhammet Mürze Yspyhanyň ululary bilen bilelikde Parsy basyp almaga meşgul boldy. Şahruh Mürze Hak rehmetine gowuşansoň, Jahanşa beg tarapyndan Şahruh Mürzäniň dergähine peşgeşler getirýän, Jahanşa Mürzäniň emirlerinden bolan emir Aly Şükür, Soltanyýa şäherine gelen wagty, beýik şanyň ölendigini eşidip, Soltanyýada saklandy we Soltanyýanyň häkimini daşary kowup, şäheri Jahanşa Mürze üçin eýeledi. Soltan Muhammet Mürze Parsy eýelemek bilen meşgul bolansoň, Jahanşa Mürze Yragyň Töwriz bilen birleşýän beýleki tarapyny öz golastyna aldy.

Çagataýly şäher goraýjylary gaçdylar. Hemedan Gazwin, Dergezin, tä Kum welaýatyna çenli eýelenildi. Kumy gabadylar. Soltan Muhammet Mürze emir Ymameddin Werzene ýaly Yspyhan serdarlaryndan birnäçesini we bir topar serkerdeleri Mälikşa Gaza kömek bermek üçin Kuma iberdi. Soltan Muhammet Yspyhandan Şiraza ugran wagty, emir Hüseýin Tarumy Yspyhanda häkim-goragçy edip belläpdi. Yrakda türkmenleriň hüjüminiň owazasy köpelenden soň, mirasdüşer welaýaty Soltanyýa we Gazwine birleşýän emir Hüseýin Yspyhany taşlap, gyssanmaçlyk bilen Jahanşa Mürzäniň emirlerine birleşdi hem-de emirler bilen bilelikde Kumy gabamaga meşgul boldy.

Soltan Muhammet Mürze ol gyş Şirazda galdy we tutuş Pars welaýatyny, mul, kürt we halaç sürüleri bilen bilelikde eýeledi.

Älem Nurynyň[1] merkezi «ösdüriji güýçleriniň» leşgerini günorta welaýatdan demirgazyk tarapa çekende, gülleriň we gunçalaryň reňbe-reň çadyrlaryny örtügli we basyrygly gyş öýlerinden çykaryp sährada dikende, çemen juwanlaryny bahar halatlary, bag, bossan we sähra etraplaryny hoş owazly we heňli «demirgazyk» guşlary bilen ezizlände hem-de dere käkiliginiň messana «nalalary» bilen dawaçylaryň takwalyk, terkidünýälik tobasyny syndyrmaklyk örtgülerini ýyrtanda, ýagny bahar gelende, soltan Muhammet Yrak tarapa leşger çekdi.

Yspyhana gelende, onuň enesi Göwherşat Aga dogany emirzada Alaeddöwle ibn Baýsunkar Mürze bilen, şeýle-de belent atasynyň emir Şyh Lukman Barlas, emir Muhammet Sopy Parhan we Ahmet Piruzşa ýaly ähli beýik emirleri bilen hem-de beýleki emirlerdir belli kişiler we on müň atly bilen oňa birleşdiler. Olaryň Horasandan gelmekleriniň sebäbi Babyr Mürze ýeňiş gazanypdy we olary kowup çykaryp, Horasany ele salypdy.

Soltan Muhammet Horasan leşgeriniň goşulmagy bilen güýçlenip, Yspyhanda arabalardyr ýükçekerler ýasap, Jerbadakana urganda, Jahanşa Mürze hem ol tarapdan ýola düşdi. Iki topar biri-birlerine ýakynlaşanlarynda, Göwherşat Aga ýaraşdyrmaga meşgul boldy. Onsoň Şahruh Mürzäniň perwanaçasy[2] bolan we soltan Muhammet Mürzäniň emirlik diwanyna giren Möwlana Ýakuby ilçi edip, Jahanşa Mürzäniň ýanyna ugratdy hem-de ony ylalaşyga çagyrdy we ugrukdyrdy.

Göwherşat Aga Şahruh Mürzäniň döwründe Jahanşa Mürzä-

---

[1] Bu ýerde Gün göz öňünde tutulýar.

[2] Perwanaçy — dereje. 1. Hajyp; 2. Permanlary habar beriji; 3. Ýolbaşçy; 4. Leşgeriň öň hatarynda ýöreýji.

ni ogullyga alypdy. Soňra ony kuwwatlandyryp, işini ugrukdyryp, Töwriziň soltanlygyna belläpdi. Şonuň üçin Jahanşa Mürze tabynlyk we boýun bolmak halkasyndan çykyp bilmän, emri ýerine ýetirip, ylalaşyga girişdi we Jerbadakanyň Kemere welaýatynda ýaraşyk baglaşyldy. Agzalalyk dawa-jenjel bahanalary aradan aýryldy. Soltanyýa, Gazwin we Hemedan Jahanşa Mürzä degişli boldy. Doganlyk ylalaşygyny iman bilen berkitdiler. Soltan Muhammet Mürze Yspyhana dolandy. Jahanşa Mürze tarapyndan emir Aly Şükür Hemedan welaýatyna, emir Şasuwar Baýramy Soltanyýa, Gylyç Arslan beg bolsa Gazwine häkim edilip bellendiler.

## HORASANYŇ ŞAHRUH MÜRZE ÖLENDEN SOŇKY AHWALY

Hezreti hakan Şahruh Mürze Hakyň çakylygyny kabul edensoň, Abdyllatyp ibn Ulugbeg Mürze ibn Şahruh Mürze Reýde ýeňiş gazanyp, soltanlyk baýdagyny parlatdy we enesine biedeplik edip, ony talady. Olarda şeýle harapçylyk, bulam-bujarlyk we bulagaýlyk peýda boldy welin, hatda hezreti hakanyň jesedi hem ýerde şol durşuna galdy. Hiç kimde ony goramaga we saklamaga mümkinçilik — gaýrat bolmady. Ahyry Göwherşat Aga ejizlik we natuwanlyk bilen, jesedi şol durşuna göterip, leşger bilen hemra boldy.

Abdyllatyp Nyşapur sebitlerine gelende, uky şeraby ony basmarlady. Şonda Alaeddöwle Mürzäniň Hyratdan iberen ylgary onuň leşgerinden üstün çykyp, ordany dargatdy. Abdyllatyp Mürzäni men-menlik ukysynyň lybasyndan çykaryp, ýesirlik kemendine giriftar etdiler we Hyrata Alaeddöwle Mürzäniň dergähine getirdiler. Alaeddöwle çykyp, hakanlyk (şalyk) hazynalaryň gapylaryny leşgere tarap açdy we kümüşdir zer paýlady. Garyp-gasarlary engamdyr serpaý bilen ezizledi. Belent atasynyň emirlerini we wezirlerini emirlikde ornaşdyrdy. Ymmat taýpalaryndan sansyz leşger toplady. Ýaragdyr ulagyň bazary gyzdy. Bir dinar gymmaty bolan her bir zat on dinara göterilip, öňler edil küşdüň pyýadasy ýaly özgeleriň atynyň ýanynda ylgaýan kişiler, Şahruh Mürzäniň ölmegi bilen, edil perzi ýaly şanyň gapdalynda ornaşdylar. Şeýlelik-de arap atlaryna zerli eýer bagladylar. Her bir ygtybarsyz kişiler edil bir asylzada ýaly boldy. Dirhemdir dinar hümmetsiz we we sansyz boldy. Göwherler edil abraý deýin ygtybarsyz galdy. Dürlerdir merjenler taňsyk möhürleri kimin gymmatdan düşdi. Hyradyň

garamaýaklary emirleriň we häkimleriň egindeşlerine öwrüldiler. Bu habar hökümdarlyk adyl patyşasy, döwran Isgenderi, zaman Nowşirwany, hekimler soltany, alymlar delili —

***Goşgy***

Sahylykda deňiz kimin, köňli misli dür käni,
Adyllykda ýatladýar Farukdyr Nowşirwany.

Ylymda we amalda oňa uýýar il bary,
Iş bitirşi diýdirýär: «Serdarlaryň serdary!»

Aljyramaz kynçylyk gaplap alanda daşyn,
Müneçjimlik ylmyndan sebäbi çykýar başy.

— diýilýär. Bu sözler Şahruh Mürzäniň perzentleriniň iň ulusy beýik emir Ulugbeg Bahadyryň mübärek gulaklaryna ýeteninde, ol Mawwerannahrdan atasynyň soltanlyk öýüne tarap leşger çekdi. Horasan, Gur, Garjystan we Badahşan ülkelerinden tä Gandahar sebitlerine çenli ähli kişi onuň dergähine ýüz öwürdi.

## MÜRZE ALAEDDÖWLÄNIŇ HYRATDAKY ÝEŇŞINIŇ WE HAZYNALARY ÝEŇIŞ NYŞANLY ESGERLERINE PAÝLAÝŞYNYŇ BEÝANY

Abdyllatyp Mürze Nyşapura ýetende, onuň ordasyna şeýle habar gelip ýetdi:

— Şahruh Mürzäniň bu ýörişde özüniň oruntutary edip bellän, tutuş Horasanyň uýanyny onuň kuwwatly eline tabşyran kişisi emirzada Alaeddöwle Abdyllatybyň ölendigi baradaky habary eşiden soň, has-da özygtyýarly bolup, Hyrat şäheriniň Erk galasynda ýyllarboýy älem etraplaryndan we sebitlerinden jemlenen hazynalaryň gapylaryny açyp, olaryň ählisini hasap-hesipsiz paýlady. Zerdir dürleri däne deýin seçip, kalplaryň aw duzagy, dirhemdir dinary bolsa göwün söýen häkimine seçgi etdi. Olary hasap-hesipsiz bolan etek-etek, meşik-meşik, kerwen-kerwen edip, ygtybarly kişilere bagyşlady. Günüň gözýetimiň perdesinden baş çykaran wagty ýyldyzlaryň lowurdawuk zerlerini özüniň nur seçýän didaryndan tarapdarlarynyň üstüne seçişi we pelek burçlaryndaky «türküň» terk eden Erk galasyny» hereketlenýän we hereketlenmeýän saýýaralaryň nagyşdyr bezeginden bezeýşi ýaly, ol hem Erk galadaky pullary türkmenleriň başyndan seçdi. Köp sanly halaýyk onuň «çakylyk» dergähine ýüz öwürdi. Tarhan emirler ula-kiçä açyk saçagynda jemlenip, onuň çakylygyna tabynlygyna ýolbelet boldular.

Alaeddöwle Mürze: «Abdyllatyp beýik atasynyň jesedini göterip, leşgeri özüne meýillendirdi. Emirleriň köpüsi kakasy Mürzäniň soltanlyk tagtynda oturandygy, onuň bolsa Şahruh Mürzäniň perzentleriniň we belent dergähli, alym, adyl we şan-şöhratly bir patyşa bolandygy sebäpli, onuň soltanlyk baýdagynyň astynda jemlendiler. Pena gözleýjilik ellerini onuň we kakasynyň beýik mertebesiniň berk bendi bilen mäkämlediler» diýen habary eşidende, başbozary dep etmek üçin, Hyratdan

emirleriň bir toparyny ony garşylamak üçin ugratdy.

Bu habar Abdyllatyba gelip ýetende, Nyşapur sebitlerinde habardarlyk bilen mäkämlenip, harby düşelgesini berkitmäge we howsala düşüräýjek sebäplerden goranmaga başlady. Ahyry tarhan (salgytdan boş) emirler Alaeddöwläniň emrine görä, doly ýarag-esbap üpjünçiligi bilen onuň ýakynyna geldiler. Ýagdaý uruşdyr söweşe baryp ýetdi. Abdullatyp bilen birleşen emirlerdir leşgerler gaçyp gitdiler. Ýörite nökerlerinden başga hiç kim berk durmady. Olar hem az-kem goranyşdan soň, garşylyk görkezmekden saklandylar hem-de ony ýeke taşlap, tarhan emirlere ýesir düşdüler. Onsoň Abdulmuttalyby ýesir tutup, Jam sebitlerinde Alaeddöwläniň dergähine getirdiler. Ol onuň hormat-mertebesini saklap, kakasynyň ýokary derejesi üçin, ölümden saklady. Emma tussag we bendi etdi.

Ulugbeg hem mirasdüşer mülküni isläp we hazyna hantama bolup, Samarkantdan Horasana ugrady. Mawerannahr diýaryndan tä Türküstan sebitlerine çenli böwsüji leşger jemläp, suwdan[1] geçip, Balh sebitlerini uly leşgergäh etdi. Ilçiler iberilip, hatlar gatnadylandan soň Alaeddöwle Mürze ýaraşyk etdi. Murgap, Meýmene, Şybyrgan, Balh, Gunduz, Baglan, Sap we Çaharýek welaýaty Ulugbeg Mürzä degişli boldy.

Emirzada Alaeddöwle Abdyllatyp Mürzäni özüniň belent agasynyň dergähine ugratdy. Ol atasynyň aýagyny ogşama mertebesine eýe bolanda, ol oňa baýlyk, pul we beýleki diwan hukuklaryny şol welaýatyň häkimligi bilen bilelikde bagyş etdi. Şeýle-de Mansur Humary Gujyr, emir soltan Duwaldary ýaly uly emirleri Ahmet Afzal emir ibn emir Hemze, soltan Ahmet Memkut, Aly Ekber Baýezit we şoňa meňzeş emirleriň perzentlerini we ýaragçylary (gorçulary) onuň hyzmatyna belledi. Gunduzdan we Baglandan bolan Barlas emirlerini, ýagny soltan

[1] Bu ýerde Amyderýa göz öňünde tutulýar.

Ýusuby, soltan Jüneýdi, Mahmyt Ýaýygy we Andahutda (Anthoýda) häkim bolan Ysmaýyl Sopy Tarhan ibn emir Seýidi Ahmet Tarhany onuň buýrukdyr çagyryşlaryna boýun bolmagy, tabynlyk halkasyndan daşa çykmazlygy, soltanlyk esbaplaryny bolmalysy ýaly häzirlemegi karar etdi. Onsoň özi Samarkanda dolandy.

Abdyllatyp Mürze Balhy paýtagt edinip, ony hem aman-esenlik berklik, adyllyk we ynsaplylyk watanyna, şonuň ýaly-da dürli zulum-sütem göreniň ýüzlenýän ýerine öwürdi. Ol halk bilen belent atasynyň we şöhratly kakasynyň ýörelge-häsiýetine laýyklykda gatnaşyk etdi. Golastyndakylara zulum etmekden elini çekdi, raýat üçin adalat gapylaryny açdy. Sähelçe döwürde onuň syýasaty çar tarapa ýaýrady, belent zarbasy ýüreklerde ornaşdy. Ol Alaeddöwle tarapyndan Murgap sebitlerinde häkim bolup oturan emirzada Salyh ibn Pirmuhammet ibn Omarşyhyň üstüne gijeki çozuş geçirip, ony dyr-pytrak edip, gaçmaga mejbur etdi hem-de köp oljalar bilen Balha dolandy. Onsoň Alaeddöwle Mürze agyr leşger we sansyz ýarag-esbap bilen Abdyllatyp Mürzeden ar almak üçin Hyratdan çykyp, Balha ýüzlendi. Balh sebitlerine gelip ýetende, Abdyllatyp emir soltan Mälik Duwaldaryny Balhyň Hindiwan atly galasynda goýup, özi beýleki emirlerdir leşgerler bilen Jer deresine geldi.

Alaeddöwle ol sebitlerde birnäçe gün geçirdi we iki gün gabaw etdi. Leşgeriň ençeme batyr kişileri öldürildi. Onsoň beýik agasy (kakasynyň dogany) Ulugbeg Mürze bilen duşmançylygy öjükdirmäniň uly weýrançylyga baryp ýetirjekdigini bilip, Hyrada dolandy. Adalat penakäri soltan Ulugbeg Mürze bu hadysadan habarly bolanda, 852-nji ýylda[1] pelek haýbatly goşunlaryny jemlemäge emr berdi we böwsüji leşgerini Horasana getirdi. Soltanlyk asmanynyň iki ýyldyzy biri-birine ýakynlaşyp,

[1] Milady ýyl hasaby bilen 1448-1449-njy ýyllar.

Hyrat babatdaky iş uruşdyr söweşe baryp ýetende, Abdyllatyp Mürze mertlik we merdanalyk görkezdi.

Jöwlan urýan şir ýaly gelip girdi meýdana,
Şobada söweş çaňy göterildi asmana.

Emirzada Alaeddöwle azajyk wagtda ýeňlip, sansyz leşgeriniň berk bolmadyk binýady çagşady. Hyrat we beýleki ýerler Ulugbeg Mürzäniň golastyna geçdi. Alaeddöwlede Horasanda ornaşar ýaly ýer galmansoň, Astrabatda bolan dogany Babyr Mürzä birleşdi. Emirzada Ulugbeg özüniň beýik kakasynyň elden giden ülkesini eýelemek niýeti bilen Yraga ýüzlendi. Ebrişim Köprüsi ady bilen meşhur bolan Röwşen derýasynyň köprüsinde düşledi. Şol wagt:

— Neretu galasynda tussaglykdaky emir Isgender Gara Ýusubyň ogly Ýaraly, soltan Abu Sagyt ibn emir Muhammet Derwüşiň kömegi bilen azat bolup, galany we hazynalary ele salypdyr we onuň bilen dolanypdyr. Şahruh Mürzäniň perwanaçasy bolan Möwlana Mübärekşa Mugyň ogly Kerimdat onuň weziri bolupdyr. Ol Hyrat sebitlerine gelip, Ulugbeg Mürzäniň emirler emiri Hyratyň häkimi bolan emir Baýezit ibn Sagdeddin Aganyň leşgeri bilen söweşe girişipdirler we ýeňip Hyraty gabap durlar — diýen habar gelip gowuşdy.

Ulugbeg Mürze bu habar gelip ýetensoň Röwşen suwunyň köprüsinden dolanyp, Hyrada ugrady. Ýaraly ýene-de Neretu galasyna dolandy.

Emirzada Alaeddöwle we Babyr Mürze Ulugbeg Astrabada tarap ýüzlenen badyna, Yraga tarap ugrapdylar. Semnan sebitlerinde Ulugbeg Mürzäniň yzyna dolanandygy baradaky habary eşidip, gitmekden ýüz öwrüp, ýöriş uýanyny yza öwürdiler. Olar yzyna dolanansoň, mukaddes Maşat şäherinde oturan Abdyllatyp Mürze (Maşat welaýaty oňa tabşyrylypdy) saklanyş

uýanyny elden berip, saklanmazdan we eglenmezden, atasyna tarap ugrady. Ol Hyrat şäherinde atasynyň hyzmatyna gowuşdy. Ol ýene-de Hyrat we onuň goşundy welaýatlaryna eýe boldy. Atasy Samarkant tagtyna yza dolandy.

Alaeddöwle we Babyr Ulugbeg Mürze bilen Abdyllatybyň ikisiniň hem tiz yza dolanandygyny görüp, Horasany eýelemek, Hyrady hem-de onuň goşundylaryny azat etmek uçgunlaryny aňlarynda alawlatdylar. Şu maksat bilen Hyrada golaýlaşdylar. Abdyllatyp Hyratda hökümetiniň gowşandygy we adamlarynyň azdygy sebäpli, özünde söweş we uruş edere ýagdaýyň ýokdugyny bilip, Hyrady taşlap, Balha tarap dolandy. Baryp ýagdaýyny belent atasyna beýan etdi. Atasy Balhy oňa bagyşlady.

Balha gelip ýetensoň, Barlas we Tarhan emirlerinden birtopary ony atasynyň garşysyna öjükdirdiler. Şeýdibem ony tabynlyk ýolundan çykaryp, ata-enä boýun bolmazlyk heläkçiligine we hak-hukugy bozuş ýörelgesine düşürdiler. Onsoň ol şol toparyň azdyrmagy bilen gapma-garşylyk gylyjyny birleşik gynyndan sogurdy. Özüni ýagyçylyk we baş göteriş meýdanyna oklap, gozgalaň baýdagyny parlatdy. Ilki bilen atasynyň höküminiň tersine, tamga sandygyny[1] döwdi hem-de atasynyň hökümi bilen öz hyzmatynda bolan we welaýatyň çözüliş hem baglanyş işleri tabşyrylan emir Mansury we soltan Meligi hiç zada ygtyýarsyz etdi. Şeýle-de ol: «Bu ýurtda töleg (salgyt) düzgüni galmasyn» diýip, höküm etdi.

Atasy bu habar gelip ýeteninden, Balh tarapyna goşun çekdi. Abdyllatyp söweş we uruş etmek üçin galadan daşary çykdy. Atasynyň garşysynda iki aýlap söweş etdi. Ol özüniň hereketleri bilen ylym kämilliginde we adalat çäksizliginde zamanynyň

---

[1] Tamga sandygy — bu ýerde salgyt manysyny aňladýar.

ýeke-tägi bolan şeýle atasyndan tabynlyk ýüzüni sowup, özüni tagna okuna nyşana we näletdir sögünç diline duçar etdi.

***Goşgy***

Şerigata sygmaz, kast bolar wepa,
Öz soltan ataňa çekdirmek jepa.

Ol şa danalaryň sylaýan äri,
Adalat bagynyň çyn howandary.

Hatda razy bolmalysyň ömrüňden,
Tagzym etseň sakçysynyň öňünde.

Bu gapma-garşylykda atly emirzadalaryň we ussat ýaş ýigitleriň köpüsi oňa meýil etdiler. Adyl patyşa bu ýagdaýy görüp, Samarkanda dolandy. Abdyllatyp Mürze Termiz geçelgesinden geçip, tä Sebz şäherine çenli togtamady. Harbylar çar tarapdan oňa garşy ýüz öwürdiler. Süýjülige üýşen siňekler ýaly, onuň «çakylyk saçagynda» üýşdüler. Mawerannahryň obalarynyň we şäherleriniň ilatydyr ýaşaýjylary çöl teşneleri ýaly, suw isleginde olja salgymyna topuldylar.

Ulugbeg Mürze bilen duşmançylykly ýoluny öňe tutan, Wahig akarynyň kenaryndan Samarkandy eýelemäge gidip, Ulugbeg Mürzäniň ogly emirzada Abdyleziz bilen söweşip, ýeňlip gaçan emirzada soltan Abu Sagyt bilen Argunil Abdyllatybyň çakylygyna ýüzlendiler.

Abdyllatyp Dymyşk (Damask) sebitlerinde beýik atasy bilen söweşip, ony ýeňlişe sezewar etdi we 853-nji[1] ýylyň Oraza

[1] Milady ýyl hasaby bilen 1449-1450-nji ýyllar.

aýynyň ýigrimi bäşinde Samarkant tagtyna eýe boldy. Onuň beýik atasy ýeňlenden soň, mübärek Hijaza garşy sapar yhramyny baglap, ýola düşmek, pany mülküň hunhor sährasyndan Taňrynyň razylygy üçin Hoja ýüz öwürmek, tabynlyk we takwalyk ýol azygy bilen dünýäniň ýaşaýyş beýewanyny sökmek üçin, Şahruhyýadan gaçyp, Samarkanda dolandy. Nägäh, biwepa perzent Ulugbegi öz dogany Abdyleziz Mürze bilen bilelikde dünýäniň sarsyp duran tüneginden hezreti Taňrynyň nazary bolan isleg Käbesine gowşurdy. Ulugbeg Hakyň çakylygyny «lepbeý» diýip, kabul etdi.

Abdyllatyp emirleriň we emirzadalaryň köpüsini gyrdy. Adalatly soltanyň ölüm habary köňüllere ýara salyp, gözlerden ganly ýaşlar rowan boldy. Bir topar adam dil birikdirip, Abdyleziziň nökerlerinden birnäçesini Abdyllatyby öldürmek üçin bellediler. 854-nji[1] ýylyň Dört tirkeşikleriniň birinji aýynyň ýigrimi bäşinde Samarkandyň Erk galasyndan Çynar bagyna barýarka, pursata garaşyp daryşganlykda dolanyp gelýän wagty peýkamdyr gylyç bilen ony dirilik atyndan ölüm topragyna we wepat boluş ganyna togaladylar. Ony Baba Hüseýin atly kişi öldürdi. «BABA HÜSEÝIN KÜŞT»[2] diýen jümledäki harplar ebjet hasabynda onuň ölen ýylynyň senesine gabat geldi.

---

[1] Milady ýyl hasaby bilen 1450-1451-nji ýyllar.
[2] Terjimesi: «Baba Hüseýin öldürdi».

## EMIRZADA ABDYLLA IBN YBRAÝYM SOLTAN IBN ŞAHRUH BAHADYRYŇ SOLTANLYGYNYŇ BEÝANY

Atasy ýyllarboýy Şirazda adyllyk kadalaryny ýaýan, bilim esaslaryny berkiden, haýyr-yhsan binýatlaryny bina eden, kada-kanunlary berkitmekde ikinji Ybraýym Halyl bolan, hoş gylykly, mübärek täleýli, kiçi hem bolsa mertebesi belent şazada, bagtyýar hakan Şahruh Mürze tarapyndan atasynyň ornuna mirasdüşer boldy. Ol ýaşynyň kiçiligine garamazdan, Şiraz welaýatynyň häkimligine bellendi.

Karylaryň we hapyzlaryň şyhy Şyhmuhammet Jezeriniň ogly Şyh Muhabeddin Abulhaýyra bolsa hezreti hakan tarapyndan Pars ýurdunyň meseleleri hem-de şazadanyň leşgerine we Pars welaýatynyň serhetlerine gözegçilik etmek ynanyldy. Beýik atasynyň emirleriniň her biri ýurt işlerinden bir işe bellenildi we saýlanyldy. Näçe wagtdan soň, şazadanyň ykbal nahaly belentlik bagynda kämilligiň zülal — päkize suwy bilen ösüp ulaldy. Döwletiniň «süýt emip ýören çagasy» aman-esenlik sallançagyndan, Taňrynyň yhsany we Biribaryň mähremlik saýasy bilen kämillik we ululyk tagtyna gelip ýetdi. Akyl täjidir adyl we adalatlyk halady bilen başy belende göterilip, hormatly hem gadyrdan boldy. Serwerlik — ýolbaşçylyk paýtagtynda raýatperwerlik gapylaryny giňden açdy.

### *Goşgy*

Bagtyýarlyk meýdanyna gadam basdy näz bilen,
Juwanlyk gözelligi dabara hem saz bilen.

Eli sahawat çöwgenli aýryp ýetişdi topulyp,
Tiz gidýän çarhyň öňünden abadanlygyň topuny.

On ýyla golaý Şiraz mülküniň «päkize gyzy» onuň döwletiniň adynda boldy. Emma «şahyr» ruzgäriň — pelegiň dilinden onuň huş gulagyna: «Bu köp körekenleriň nikasynda bolan bir gelindir» diýip ýetirdi. Şeýlelikde, soltan Muhammet Mürze ýokarda beýan edilişi ýaly, Şirazy basyp alandan soň, Horasana rowana boldy.

Alaeddöwle Mürze Hyradyň soltanlyk tagtyndady. Ol şazadanyň geliş gadamyny tagzym gadamy bilen garşylap, hormat wezipelerini berjaý etdi. Beýik atasy we kakasy Ulugbeg Mürzäniň gyzyny oňa adaglapdyr. Emma Ulugbeg Mürzäniň Alaeddöwle bilen aralarynda dawa-jenjel bardy. Şonuň üçin Alaeddöwle Mürzäniň oňa ynamy ýokdy. Ulugbeg Mürze ol wagtlarda Horasana ugrapdy. Onsoň Abdylla Mürze mertebeli agasyna (kakasynyň dogany) tarap ýüz öwrüp, pena isleýjilik elini onuň mähribanlyk synyna urup, köp mähremliklere eýe boldy. Huttalan (Hatlan) welaýaty oňa bagyş edildi.

854-nji ýylyň Dört tirkeşikleriniň birinji aýynyň ýigrimi bäşinde Abdyllatyby öldürenlerinde, ol Mawerannahr ülkesinde patyşalyga göterildi. Onsoň pitneçileriň hüjüminden we mähnetleriň jeminden agdar-düňder bolan Samarkant tagty ýene-de onuň döwlet şuglasy bilen öz ornunda dikeldi. Pitnedir topalaňyň gubaryndan garalan milletiň hem mülküň ýüzi onuň adalat barany — ýagmyry bilen päkize boldy. Pelekleriň depesine baýdak (uçgun) çeken we duşmanlaryň perýadynyň ýeli bilen güneşiň şemine şugla urýan ýurt ýakyjy ataş ýalyny onuň ýagşy çäreleriniň suwy arkaly öçdi. Jöwherdir pullardan, harby gurallarydyr serişdelerden ybarat bolan, Samarkantda jemlenen Teýmir nesliniň hazynalaryny ähli seýitlere, alymlara salyhlara — ýagşy kişilere, pakyrlara, esgerlere, sapara gidenlere (mysapyrlara) we oturymlylara paýlap, kämil lutpy-mähribanlygy bulut deýin, daglaryň, depeleriň, düzlükleriň we beýlekileriň, abadanlygyň hem baýramçylygyň üstüne rehmet ýagmyry ýagyp

başlady. Hoşboý ysly nepis-näzik hulky-häsiýeti edil behişt nesimi ýaly «Sidrin mahzudin we talhym menzudin we zyllin memdudin»[1] aýatyndan dem urup başlady.

### *Goşgy*

Halkyň kalp törüne geçip başlady,
Nygmat gapysyny açyp başlady.

Perişde dil açdy, onuň adyndan,
Pelek ony öwüp, göçüp başlady.

Howa öwşün atdy onuň deminden,
Ýürekde gam ody öçüp başlady.

Mawerannahryň we Türküstanyň kowumlaryny, taýpalaryny, leşgeriň goşunbaşylaryny, welaýatyň serdarlaryny zerbap halatlar-donlar, göwher bezegli gylyçlar, zikgelenen pullar bilen ezizledi. Münberlerdir dinarlar onuň mübärek ady bilen zynatlanyp bezeldi. Mülk we mal-baýlyk çäresini emir Ybraýym Uku Teýmiriň ygtyýarly eline beripdi. Tanymal emir artykmaç parasady bilen mülküň gözegçiligine girişdi. Ýüreklere üýşen ýygyrtlary we ikiýüzlüligi lutpy-yhsan saýkaly[2] bilen aýyrdy. Ybraýym soltanyň ýanyndan emirzada Abdyllanyň gaşyna gelen Şiraz emirleri emir Ybraýyma göriplik edip, şazadanyň aýaly bilen dildüwüşdiler we emir Ybraýymy emir Abdyrahman ibn Ulugbege tarapdarlykda aýyplap, tutup, tussag etdiler. Kyrk

---

[1] Gurhanyň 56-njy (Wakyýa) süresiniň 28-30-njy aýatlary: «Tikensiz Sidr daragtlarynyň aşagynda, düýbünden tä depesine çenli miwe daragtlarynyň eteginde we hergiz aýrylmaýan saýalarda bolarlar».

[2] Saýkaly — lowurdaýjy gural, ige.

günden soň, emir Ybraýymy emirzada Abdyrahman bilen bilelikde öldürdiler. Ine, şeýdibem, ýene-de ýatyşan pitnäni oýardylar ...[1]

Şazadanyň dergähinden Şadman galasyna tarap ugran soltan Ahmet Teýmirdaş, emir Ybraýymyň ogly, emir Baýezidiň perzendi we Alaeddöwle Sypahy ýaly uly emirler we atly emirleriň beýleki bir topary emir Ybraýymyň öldürelendigi baradaky habary eşidenlerinde uýanlaryny Horasana tarap öwürdiler. Ýurduň daş-töweregi bulaşypdy. Emirzada soltan Abu Sagyt Miranşa Mürze Abdyllatyp öldürilen döwründe baş göteripdi we Buharanyň ululary bilen birleşipdi. Emir Ybraýym şazadanyň emirleri bilen bilelikde ony dep etmek we ýok etmek barada hernäçe tagalla etseler-de, peýdasy bolmady. Ol «gazak»[2] deýin her tarapa gidýärdi.

Şiraz emirleri çapawullyk we talaň elini uzadyp, bu ýagdaý sebäpli kowumlarda närazylyk hem-de ynjama ýüze çykyp başlanda, soltan Abu Sagyt Mürze leşger jemläp, ýaňadandan Buhara ugrady. Ol ýeriň ulusy-kiçisi şirazlylaryň jebirdir zulumyndan haýranlyk «deresine» düşüp, gaýrata galdylar we tenleri bilen soltan Abu Sagyt Mürzäni küýsediler. Onsoň türkmenlerden we beýleki kowumlardan bolan şäheriň daşyndaky ilat ýardam berip, oňa goşuldylar.

Soltan Abdylla şäheriň dört parsahlygynda Şirkent diýen ýerde ähli Şiraz emirleri we leşgerleri bilen goranmaga girişmek üçin, taýýar we häzir bolup otyrdy. Esgerleriň batyrlaryndan we tanymal gahrymanlardan bir toparyny garawullamaga[3] Batkende tarap ugratdy. Olar soltan Abu Sagydyň garawullaryna baryp ýetenlerinde, ýeňlip, yza dolandylar. Soltan leşgeri düzgün-nyzamlaşdyryp öňe gitdi ... Garşylaşyp we duşuşyp,

---

[1] Asyl nusgada şu ýerde boşluk ýer goýlupdyr.

[2] «Gazak» sözi bu ýerde göçüp-gonup ýören çarwa manysynda gelýär.

[3] Asyl nusgada şeýle, ýöne bu ýerde aňtawçylyk göz öňünde tutulýar.

uruşdyr jeňe hem söweşe girişilenden soň, soltan Abu Sagyt ýeňlip we zarba dadyp, Buhara gaýtdy. Soltan Abdylla üstün çykyp, oljaly ýagdaýda Samarkanda dolandy.

Abu Sagyt garşydaşlarynyň berk haýbatyndan gaçyp gaýtdy. Onuň topalaň ediş binýady howpdan ýaňa pytramaga başlady.

Soltan Abdylla Käwek sebitlerine gitdi. Ol ýerden 854-nji ýylyň Oraza aýynyň başlarynda ýeňiş, şadyýanlyk, begenç we guwanç bilen yza dolanyp, ýola düşdi. Şährisebz sebitlerine ýetende mübärek kalbynda: «Baýramçylyk üçin patyşalara laýyk toý gurnasynlar» diýen pikir döräp, toý gurnamak we düzetmek üçin, şähere — görkezmeler iberdi.

Samarkant şäheriniň eteklerine ýetende, ähli ululary, hormatlylary, ýagny emirleri, wezirleri, döwlet han-beglerini, ýurt serdarlaryny we kowumlaryň ýolbaşçylarynyň, baryny mynasyp halatlar bilen sylaglady hem-de süýrdepä ýeten gün ýaly lowurdap, göwher bezegli gyzyl-altyn tagta çykdy. Dirhemdir dinarlary nur şöhleleri deýin halkyň üstüne seçip başlady. Şol şagalaňly toýda agzybeklilere «Şadyýan agzybekliler üçin agyz açmak şatlykdyr we eýesiniň ýüzüni görmek şatlykdyr» sözüni äşgär etdi. Çäksiz pazlynyň we soňsuz mähremliliginiň kämilliginden ýaňa, hemmelere saýa saldy. Dürli-dürli nygmatlar saçagyndan adyl we yhsan leşgeriniň ganatlaryny merhemet lukmalary bilen ezizledi.

Uly ymamlaryň we alymlaryň rehmet ýagdyryjy mejlisinden boşaşandan soň, behişt düzgünli bir mejlisi zöhre alynly hüýrler, şirin nagmalar çalyjy sazandalar we bilbil owazly aýdyjylar bilen doldurdy. Kitap eýeleriniň (ýazyjy alymlaryň) gep-gürrüňlerini we ýaranlaryň sowaldyr jogaplaryny çeňiň we rubabyň heňine çalyşdy. Şeraply hum nam-nyşansyz künjünden çykyp, mejlise näzli gadam goýdy. Takwalardyr dindarlaryň kalbynda näme zat bar bolsa, şerigat gözegçisinden gokusyna kalbyndan daşary çykaryp bilmän, bir çüňkde orun tutdy we edip bilmedi hem-de ondan öz göwnüni sowatdy. Bilşiň ýaly,

serhoşlary gizlin syrlardan şeýle bir serhoş etdi welin, olar bulgurlar deýin muhtasybyň[1] üstünden kah-kahlap gülüp ugradylar. Pyýala tä lebi bir lebe ýetirýänçä özüne jemal görner ýaly, demme-dem eline näme girizse, baryny lebi şekerleriň, pisse dahanlaryň, süýji sözlüleriň we sazlaşykly hereketlileriň içimligi edýärdi. Käte her jemaldan özüne ýalkym şöhle salar ýaly, özüni aýna deýin bir didara ýetirýärdi. Naý — hyzmat guşagyny biline baglan nepesi (demi) kabul etmek üçin, perişde owazyny diňlemekde tutuş durky bilen gulaga, gizlin syrlary eşitmekde başdan-aýak agza öwrüldi. Oňa näme diýseler kabullyk barmagyny gözüniň üstüne goýýardy hem-de müň dil bilen Şygyr düzüp, şeýle diýýärdi:

### *Goşgy*

Haçana çen syrymy perdä duwlamaly men?!
Jaryp, jar çek, çözsünler, guşagymy bilimden.

Hyrkany çykar, ony ýalaňaç kişä berjek,
Harabanyň serhoşy bol, bossandan eliňi çek.

Seni baglaýan zat näme? Saňa söz gatýanlar kim?
Ýyldyrym deý ýörgür bolsaň, bedewden borsuň erkin.

Otly lebler kalbymda goýan bolsa-da kän yz,
Güýçden-kuwwatdan gaçyp, indi galdym men ýalňyz.

Ud ahyma çydaman, iňleýär, ýanyp-bişýär,
Çeňçi Zöhre elewräp, gör oda-köze düşýär.

---

[1] Muhtasyp — şerigat düzgünlerine gözehçilik ediji adam. Ol şerap içen kişini görse, kim hem bolsa, şerigata laýyk jeza bermäge we şallak urmaga hakly bolupdyr.

Oňa bolan höwesden sämäp dursun bu başym,
Ýyldyzlarym öçmesin, nurdan bezelsin daşym.

Dilim, maňa heran-haçan ýatladyp dur ol hakda,
Mydam habardar bolaýyn şirin, bally dodakdan,

Bir pursadam höwesim terk eýleüez köňlümi,
Alýan demimiň taşlap gitmiş ýaly meni.

Az salymyň içinde ýurt işlerini bilmekde we belent mertebelilikde berk tutanýerli hem ussat bolan iki kişini ülkesiniň çäginden çykardy. Şol wagtlarda: «Emir soltan Ahmet Teýmirdaş emir Alaeddöwle Mürze bilen birleşip, Hyratdan Balhyň üsti bilen ýola düşdi we sansyz leşger bilen Amu suwundan (Amyderýadan) geçip Samarkandy eýelemek niýetine mündi» diýen habar gelip ýetdi. Onsoň emirzada Abdylla ýene-de leşgere hoşamaýlyklar edip, köp engamlar berdi. Osman Muhammet Barlasy bolsa Samarkanda häkim goýdy we leşger çekip, üpjün ýarag-esbaplar bilen ýola düşdi. Berken suwunyň kenarynda düşläp, çadyr dikenlerinden soň, goşunyň sagdyr çep ganatlaryny, merkezini, yzyny we bukalgalaryny tertipleşdirmäge meşgul boldy. Alaeddöwlä: «Emirzada Abdylla dolanyp gelenden soň, aýşy-eşretini öňküden-de artdyryp, her gün ýakynlary bilen şatlyk we şadyýanlyk saçagyny ýazýarlar» diýip, habar ýetirdiler.

Emirzada Abdylla ygtyýar uýanyny gadymy hyzmatlary bilen sypatlanan hem-de enaýat we hormat bilen garalan Muhammet begiň kuwwatly eline beripdi. Ol diwan işlerinde ägirt uly täsire eýe bolupdy. Muhammet begiň tekepbirligi we zulumy zerarly, emirlerdir emirzadalarynyň göwni ynjap, olar onuň ýanyndan gaýdyp, soltan Abu Sagydyň dergähine ýüz öwürdiler.

Wezir bolan Hoja Ataulla Şirazy hem zulum-sütemiň gapylaryny açyp, öňki ýyllardaky galan-gaçan salgytlary hem ýurduň ilatynyň üstüne ýükleýärdi. Uly-kiçi ählisi salgytçylaryň we töleg ýygnaýjylaryň ellerinden halas bolupdy. Onsoň topar-topar bolup, soltan Abu Sagyt Mürzä tarap rowana bolupdylar. Şeýlelikde, soltan Abdyllanyň leşgeri gowşap, soltan Abu Sagydyň leşgeri güýje girip ugraýar. Abuhaýyr han hem özbek leşgeri bilen kömege gelip ýetişdi we Seýhundan geçip, Samarkandyň Sogda degişli ýerlerinde Pehlewan derýasynyň (?) kenarynda iki leşger biri-biriniň garşysynda saplar düzdüler. Emirzada Abdyllanyň leşgerlerinden köpüsiniň soltan Abu Sagyt Mürzä birleşendigine garamazdan, heniz hem emirzada Abdyllanyň ýanynda güýçli leşgeri we köp sanly ýarag esbaby bardy.

Iki tarapdan çykýan deprekdir surnaýlaryň gykylygy we joşguny beýik Pelegiň gulagyna ýetip, söweş ajdarhalarynyň we uruş gurtlarynyň owazlaryndan ýaňa asmandaky Hamaldyr Söwrüň[1] ýürekleri ýerinden gozganyp, Myrryhlylaryň çaňgubary Utarydyň depderini topragyň astyna dykdy. Çeň çalýan Zöhräniň söweş juwanlarynyň haýbatyndan ýaňa, çeňi elinden gaçdy. Güneşiň serçeşmesi atlaryň we ulaglaryň çaňyndan ýaňa gömlüp ýok boldy. Müşteri edil däli-telbeler kimin haýran we sergerdan bolup, ne dolanara «aýak» tapýardy, ne-de daýanara berk ýer tapýardy. Göwreli Pelek ýalan dünýäni çaga deýin goltugyna gysyp, öýme-öý gaçýardy. Ekiz farkadlar[2] gadymy Furkandan[3] «Ýewme ýeferrul meru min ahihi»[4] aýatyny ata-babalaryna we enelerine okaýardylar. «Nun wel kalamy wemä

[1] Ýyldyzlar toplumynyň ady.

[2] Demirgazyk polýusa ýakyn ýerde ýerleşen iki sany ýyldyz. Olar kiçi ýedigeniň ilkinji iki sany ýyldyzydyr.

[3] Furkan — 1. Kitap, ýazgy; 2. Gurhan.

[4] Gurhanyň 680-nji (Abes) süresiniň 34-nji aýaty.

ýesturun»[1] kätibi «Izäş-şemsu küwwiret we izän-nujumun kederet»[2] aýatyny ruzgäriň sahypasyny ýazýardy.

### *Goşgy*

Iki tarap jeň guşagyn baglady,
Düzler sandyrady, daşlar aglady.

Ýa kyýamat-magşar basdymy halky,
Ysrapyl surnaýyn çalandyr, belki.

Çaň-tozan garaltdy howanyň ýüzün,
Peýkamlar ýagtyltdy bu gara düzi.

Gylyç, naýza gijä saçdylar ýalkym,
Jeň gyzyşyp, gany döküldi halkyň.

Söweş başlanyp uruş ody tutaşandan, atlylar biri-biri bilen çaknyşyp, batyrlar biri-birini gysyp ugrandan, naýzalar zeper ýetirip, gylyçlar bedenlere ýetip başlandan soň, soltan Abu Sagydyň döwletiniň ody alawlap ýanyp ugrady. Emirzada Abdyllanyň belentlik şemi söndüriş ýeli arkaly öçüp başlady. Şirazly emirler aýallar deýin gizlenip, gaçmaga ýüz urdular we Balha çenli hiç bir ýerde saklanmadylar. Bu ýagdaýy gören we özleriniň ýok boluş meýdançasyndadygyny aňan goşun gaçyp ugrady. Emirzada Abdylla heläkçilik daryşganlygynda galyp, ýesirlik kemendine düşdi. Onuň şirin jany ýalaw gylyjyň ýüzünden ölüm şerbetini içdi. Bedeniniň taňsyk küýzesini sährada

[1] Gurhanyň 68-nji (Galam) süresiniň 1-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 81-nji (Tekrim) süresiniň 1-2-nji aýatlary.

taşlap, ýüzüni «Kim ondan içse, ýene-de içmegi arzuwlar» diýen dirilik çeşmesine ýüz öwürdi.

## BAÝSUNKAR IBN ŞAHRUHYŇ PERZENTLERINIŇ PATYŞALYGYŇ SOLTAN ABU SAGYT KÖREKEN IBN MUHAMMET IBN MIRANŞA IBN TEÝMIR KÖREKENIŇ ELINE GEÇMEZINDEN ÖŇKI DÖWÜRDÄKI AHWALLARYNYŇ GYSGAÇA BEÝANY

Olaryň ahwallarynyň köpüsi geçen baplaryň dowamynda jikme-jik beýan edilen hem bolsa, olary berkitmek düzgünleşdirmek üçin, ahwallary ýaňadandan gysgaça bölek-bölek görnüşde beýan etmek dogry we laýyk görünýär. Şoňa görä-de, onuň beýanyny bermek laýyk görüldi.

Baýsunkar Mürze atasynyň diri wagtynda şatlyk we aýşyeşret giňişligini aýlanyp geçdi we baky ýurda gadam goýdy. Ondan üç ogul galdy: Mürze Alaeddöwle, soltan Muhammet we Babyr Mürze. Ejesi Göwherşat Aga Alaeddöwle Mürzäni terbiýe beriş sapagyna düzdi hem-de onuň Şahruh Mürzäniň mirasdüşeri bolmagyny isledi. Astrabat, Kaşan Şebankara, Sawe, Natanz[1] we beýleki welaýatlar ýaly Baýsunkar Mürzä degişli ülkeleri oňa degişli etdi. Şahruh Mürzäniň diwanynda oňa emirlik hem-de hökümlere we pul hatlaryna möhür urmak derejesini alyp berip, ony özüniň mähremlik saýasynda terbiýeläp başlady. Soltan Muhammmede bolsa Şahruh Mürzäniň döwrüniň ahyrlarynda, Yrak ülkeleriniň käbir welaýatlaryna höküm etmegine rugsat alyp berdi hem-de Şahruh Mürzeden ony Yraga tarap ugratmagy haýyş etdi. Bu haýyşdan we tarapdan maksat şudy, ýagny soltan Muhammet Mürzede kämillik, asylzadalyk we soltanlyk belentliligi hem-de haýbatlylyk alamatlary görünýärdi. Şonuň üçin Şahruh Mürze ölenden soň, mülk we baýlyk Alaeddöwle Mürzä degişli bolar ýaly, soltan Muhammedi belent atasynyň tagtyndan hem-de sansyz parçalaryň, altyn-

---

[1] Natanz — Kaşan welaýatyna degişli bir etrabyň ady.

kümüş göwherleriň genji-hazynasyndan daşlaşdyrmak we aýra salmak isleýärdi.

Bu ýylda Kumuň, Reýiň, Soltanyýanyň, Gazwiniň hem-de olara degişli ýerleriň hökümeti soltan Muhammede degişli edildi. Onsoň haýbat, belentlik, dabara we bagtyýarlyk bilen Horasandan Yrak tarapyna rowana boldy. Şeýlelikde, ýokarda agzalan ülkeler we welaýatlar onuň görküniň we mynasyp döwletiniň «nikasynda» edil gözel gelin, aý bedenli sahypjemal kimin jilwe urup başlady. Jennetleriň gözi gidýän bu ülkelerde göýä dirilik suwy we Fyradyň süýji suwy akyp başlady.

### *Goşgy*

Suwlar akdy, Hydyr ata bu topraga gelen ýaly,
Güldür läleler bark urdy, anbardan dem alan ýaly.

Suwlar akdy jan giren deý täzeden beden şährine,
Suwlar akdy — her çemene uly goldaw bolan ýaly.

Her bir şähere gözegçi we emeldar belledi. Yspyhanyň häkimi bolan emir Muhammetşa, Ýezdiň gözegçisi emir Çokmak, Kermanyň gözegçisi emir Hajymuhammet, Hemedanyň we Kürdüstan ülkeleriniň käbiriniň häkimi Hajy Hüseýin Babahajy, Gäwrudy ýaly Yragyň beýleki ülkelerinden bolan emirler hem gözegçiler hyzmat resimine görä, peşgeşler getirip, seçgiler seçdiler. Şazada mertebeli atasynyň döwlet güneşiniň örän aşaklap, batyş derejesine ýakynlaşandygyny, öz bagt ýyldyzynyň bolsa günbe-günden belentlik derejesine göterilýändigini görende, mertebeli atasynyň tabynlyk halkasyndan daşary çykmak üçin gadam goýdy. Ýurtlary basyp alyş baýdagyny al-asmanda parlatdy. Ilki bilen Hemedana leşger çekdi. Emir Hajy Hüseýin garşy durmak we goranmak üçin öňe çykdy hem-de

elinden gelen tagallalary etdi. Emma ýyldyz saýýaranyň soltany bilen barabar bolup bilmedi we gylyç gaty harsaň daşa kär edip bilmedi.

### *Goşgy*

Ýyldyz gije tutdy şemiň ornuny,
Ýöne Gün geldi-de, öçürdi ony.

Hajy Hüseýin ahyrynda ele düşüp, damak çalyjy gylyja başyny tabşyrdy. Hemedandyr Kürdüstan tabynlyk halkasyna girdi. Bu habar beýik atasynyň belent gulagyna gelip ýetende, gamgussa buludy depesinde üýşüp, onuň aňdyr hyýalynda erbetlik alamatlary, mal-mülkiniň ýok boluş howpy janlandy. Onsoň Soltanyýa bilen Gazwini ondan alyp, ýörite diwana degişli etdi. Soltan Muhammet hem ata-enesine boýun bolmazlykda berk we mäkäm durdy.

Şahruh Mürze Yraga leşger çekdi we Reýde wepat boldy. Soltan Muhammet Yrak bilen Parsy basyp aldy. Göwherşat begim Şahruh Mürzäniň emirleri we Alaeddöwle Mürze bilen Yraga gitdi. Olar Muhammet Mürzäni Horasany basyp almaga ündediler. Ol hem Şirazdan, Kermandan, Yspyhandan, Kumdan, Reýden we sähradaky çarwalardan goşun jemläp, uruş esbaplarydyr serişdeleri bilen Horasana ugrady. Babyr Mürze hem bu döwürde tutuş Horasan welaýatyna eýelik edip, soltanlyk öýi Hyratdan bir üpjün goşun çykardy. Jamyň Perhatjürt[1] obasynda her haýsy Hysrowdyr Şiriniň hereketlerini özünde besleýän iki şazada sataşýar. Olaryň ýanynda her biri edil Bisütin dagy ýaly, belent hem dabaraly juwanlar bolup, iki leşgeriň sany

---

[1] Jam welaýatynyň ülkelerinden bolan Perhatjürt sebitlerinde doganlarynyň arasynda çaknyşykdyr uruş bolup geçýär.

ýyldyzlardan has artykdy. Jüpbedir jöwşen bilen edil demirden bolan dag ýalydylar.

### *Goşgy*

Juwanlar — ýaňy bir boý alan serwi,
Gül dessesi ýaly joşdurýar seri.

Bary çapyksuwar, näzik bedenli,
Hersi söweş wagty şir deý edenli.

Tebil urup, gykuwlaşyp eňerler.
Olaryň gohundan pelek boldy ker.

Şazada atlandy çapgyr dor aty,
Ol güýçli ýeldenem çapardy gaty.

Doganlaryň hersi bir gaplaňa taý,
Ýolbars deý haýbatly, göýä gökde Aý.

Bulda girýär galkan tutsalar ýüze,
Gylyç ýüzi meňzär gyzaran göze.

Peýkam bulutlary bolup gap-gara,
Tapyşansoň ýol galmady gaçara.

Her iki topar urşuň çuňňur deňzine gark bolup, gyrgynçylykdyr zarbanyň gyzgynlyk uçgunlary bilen köýüp, adamzat kuwwatynyň başarnygyna laýyklykda garpyşdylar we toprakdyr gana bulaşyp, tagalladyr gaýrat baryny etdiler. Ahyrynda, Soltan Muhammet üstünlige we ýeňşe eýe bolup, Babyr Mürze birnäçe ýakynlary bilen Hyrata ýüzlendi. Ol perwanaçysy we ýakyn egindeşi bolan Pirzatbeg Buharyny şäher halkyny özüne

meýillendirmek üçin öňden ugratdy. Şazada bagtyýar täleý we arzyly bagt bilen şähere ýakynlaşanda, ymamlardyr ulular garşylamaga çykyp, şazadany şähere getirdiler. Ol ymmata tarap merhemet gapylaryny açyp, zulum we jebir elini daňdy, zorluk we sütem aýagyny döwüp, aýşy-eşret mejlisini bezetdi. Her kim özüniň, gülgüzar ýary bilen bir çemende üýşdi. Kümüş bedenli, baldyrlak aý ýüzlüler bilen aýşy-eşret düşegini ýazdylar. Sap bada bilen köňül aýnasyndan gam-gussany süpürdiler. Köýdür köçeler edil gözelleriň ýüzi kimin gam kowujydyr şatlyk joşduryja öwrüldiler. Uzap ýatan joýa şekerdir süýt häsiýetini ele aldy. Mülk we Gypjak derwezesi yrakly juwanlaryň gelmegi zerarly edil Malan köprüsi ýaly sahypjemallaryň güzergähine öwrüldi. Zaglaryň bagy bilbil owazly bagşylaryň sedasy we hoş heňli tüýdükçileriň nedasy bilen jennet bagynyň howasyny özüne aldy. Ýakynlaryna hem-de biganelerine tarap hormat we mürewwet gapylaryny açdy.

Babyr Mürzäniň tussag edeni emirzada Ybraýymy bentden halas edip, öz atasynyň gaşyna ugratdy. Soltan Muhammediň ýörişi wagtynda, Haranyk kerwensaraýynda özüne goşulan Alaeddöwle Mürzäni yzyna ugratdy. Olara dürli mähremlikler edip, Germsiriň, Gandaharyň, Gaznynyň hökümdarlygyny olara bagyş etdi we olary şol tarapa ugratdy. Soltan Mahmyt Babyr Mürzäni şepagat we merhemet nazary bilen hormatlady. Horasan ülkeleriniň we etraplarynyň mal-mülküniň çözüliş we baglanyş uýanyny Hajy Muhammet Kanaşyrynyň kuwwatly eline tabşyrdy. Hoja Pir Ahmet Hawwafyny diwan emirliginde onuň bilen şärik etdi. Hoja Mahmyt Haýdar...[1]

Birnäçe günden soň, adyllyk esasy guýlup, muhabbet binasy köňüllerde mäkämleşensoň, Babyr Mürzäniň adamlaryny ejir we azap eli bilen tutup soraglardyr, talaplar bilen jebir berdiler

[1] Asy nusgada boş ýer goýlupdyr.

we ondan Ygtyýareddin galasynyň genji-hazynasyny talap etdiler. «El feraru mimmä lä ýutak» diýen nakylyň hökümine görä, ol adamlaryň köpüsi ýene-de Babyr Mürzä birleşdiler. Sähelçe wagtyň içinde köp sanly halaýyk onuň hormatly baýdagynyň astynda jemlendiler. Onsoň Babyr Mürze söweş etmek niýeti bilen uruşdyr söweş esbaplaryny we serişdelerini taýýarlamaga meşgul boldy.

Soltan Muhammet Mürze hetdenaşa bezimden özüni aýňalmak tarapyna iterip bilmedi. Şol sebäpden hem onuň soltanlygynda uly gowşaklyk ýüze çykdy. Babyr Mürzäniň gün-günden kuwwatly basybalyşy artdyryp, mäkämleşdi. Soltan Muhammede ahwalyň neneňsidigi aýan bolansoň, ol Hajy Muhammet Kanaşyryny ähli meşhur emirler we ygtyýarly batyrlar bilen bilelikde Babyr Mürzäniň alawuny öçürmek üçin, Ymat galasyna tarap ugratdy. Babyr Mürzäniň ol galada Muhammet Salyhyň kütwallygynda nagt puldan, harytlardan, jüpbedir jöwşenden sansyz baýlygy ýygnalgy bolansoň hem-de köp sanly halk özüniň beýiklik nyşanly dergähine ýygnanansoň, hemmelere mähremlikler etdi we Bawert ýoly bilen harapçylyklar edip, Astrabada garşy ýüz öwürdi. Ol welaýatda birnäçe gün dynç aldy we göwnüniň islegine laýyklykda goşun düzdi. Onuň gulagyna: «Hajy Muhammet batyr kişilerinden düzülen dabaraly bir leşger bilen Nusaý welaýatynda düşledi» diýen habar gelip ýetdi. Onsoň Babyr Mürze hem Astrabatdan ýöriş edip, daşary çykdy.

Hajy Muhammet düşlän her bir ýerinde hendek-garym gazýardy we bir gapdalynda derweze goýýardy. Tä Meşhetzara gelip ýetýänçä wajyp bolan gözegçiligi berk ýerine ýetirdi. Meşhetzarda Babyr Mürze ol leşger bilen duşuşdy. Yraklylar ökdelik jylawuny mäkämläp, garşylaşmaga we söweşmäge ýüz goý-

dular. Babyr Mürzäniň leşgeri hem jemlenip geldi hem-de şatlanyşyp, edil ýyrtyjy şirler deýin jeňňellikden aladasyz çykdylar we söweşde berk durdylar.

Bir pursatdan pitne ataşy alawlady. Göýä kyýamat gününiň alamaty ýüze çykdy. Hajy Muhammet öldürildi. Beýleki emirler we serdarlar aýagy bentlenip, ýesir düşdüler. Olary ýalaw ýaly gylyç bilen heläkçilik salgymyna oklap, talaňçylykdyr çapawullyga el uzatdylar. Tükeniksiz mal-u nygmatdan diýseň haýyrlandylar. Hatyrjemlik bilen karar tutdular. Jüpbe we jöwşenden çykyp, rahatlyk aýagyny uzyn saldylar. Birden «Soltan Muhammet Mürze ýakynlaşyp gelýär» diýen habar gelip ýetdi. Bu habaryň yz ýanyndan tebiliň owazy çykdy.

Bu ylgaryň sebäbi şeýledi: Hajy Muhammet ýagdaýlaryň neneňsidigini gyssanmaçlykda ilçi göndermek bilen arz edipdi. Soltan Muhammet Mürze ýüklerini we goşlaryny Hubuşan welaýatynda Hoja Pir Ahmede goýup, birnäçe atly batyrlar hem goşunyň saýlantgylary bilen bilelikde ylgar etdi. Onsoň olaryň üstüne çozup, bir zarbada olary dargadyp, tary-mar etdi hem-de çekilmegi oňaýly bilip, gaçmaga ýüz öwürdi.

Babyr Mürze düzleri söküji bedewiniň uýanyny ýeliň eline berdi we ýene-de Ymat galasyna tarap ýüz öwürdi. Soltan Muhammet Mürze «Babyr Mürze özüne ýüzlener» diýip garaşyp durdy. Adamlar onuň haýbatyndan ýaňa çar tarapa ýüz urup, goşun boşap galypdy. Onsoň soltan Muhammet «Birden, olar aldow ýoluny ýörelge edinip mal-olja ýygnamaga meşgul bolanlaryndan soň, bularyň üstüne çozmagy we derbi-dagyn etmegi maksat edinýän bolaýmasynlar?!» diýip haýranda galdy. Ol tarapdan Babyryň leşgeri Ymat galasyna ugrady, bu tarapdan soltan Muhammet hem alada batdy. Iki leşger uruşsyz, söweşsiz biri-birinden gaçdylar. Hoja Pir Ahmet hatynlary, goş-golamlary, ýükleri taşlap, babyrlylardan howp edip we gorkup, Haba tarap rowana boldy. Germsirde bolan Alaeddöwle Mürze

Hyrat boşap galan badyna we doganlar Astrabat sebitlerinde biri-biri bilen meşgul bolansoňlar, Hyrada girdi. Hyratlylar onuň soltanlyk çeşmesine teşne we höwesli bolansoňlar, onuň mübärek gadamyny aman-esenligiň we soňsuz nygmatyň serişdesi hasaplapdyrlar.

Soltan Muhammet Mürze uly ýeňlişe sezewar bolansoň Yraga garşy ýola rowana boldy. Bir toparyny şol ýerden Ymat galasyny gabamaga belledi. Özi gyssanmaçlyk bilen Horasan sebitlerinden geçdi. Onuň hökümi bilen gabawa meşgul bolup ýören emirleriň bir topary tabynlyk başyny Babyr Mürzäniň ýagşylyk «toýnagynyň» astyna goýdular. Ol olary ezizledi we gyssanmaçlyk bilen Ymat galasynyň sebitlerinden Hyrat tagtyna garşy ýola rowana boldy.

Alaeddöwle Mürze bilen tarapdarlyk demini uran adamlaryň bir topary Babyr Mürzäniň ugrandygynyň hoşboý ysy burunlaryna ýeten badyna, endik eden ýörelgelerine laýyklykda, biwepalyk ýoluny öňe tutup, onuň ýanyndan gaçdylar. Alaeddöwle Mürzäniň saklanyp durmaga mejaly galmansoň, ol hem gaçmagy ygtyýar etdi we Sebzewaryň serdarlaryndan bolan Möwlana Ahmet Ýasawuly Erk galanyň kütwallygyna belläp, Balha tarap ugrady. Babyr Mürze Hyrat tagtyna gaýdyp geldi. Ähli gatlaklardaky we synplardaky adamlary dürli mähremlikler bilen sarpalady. Beýigi-pesi rahatlyk we merhemetlilik saýasyna çekdi.

Soltan Muhammet Mürze Ýezd ýolundan Şiraza gitdi. Ol ýerden Kermana, Kermandan bolsa ýene-de Şiraza gitdi. Ol Babyr Mürzeden ar almagyň hyjuwynda bolansoň, bikarar bolup goşun we ýeňiş esbaplaryny tertiplemäge girişdi. Onsoň ýene-de uly leşger jemläp, Yspyhan, Kum we Reý ýolundan Horasan sebitlerine geldi. Babyr Mürze bolsa Hyratdan çykyp ugrady.

Soltan Muhammet Mürze entek Reýdäki Babyr Mürze Hajy Möwlana Samarkandyny ilçilik we ýaraşyk üçin, soltan Muhammet Mürzäniň gaşyna iberipdir. Ol Sahyp Hidaýanyň perzentlerindendi. Olaryň maşgalasy Mawerannahrda sylaglylygy bilen bellidi.

Soltan Abu Sagyt Mürze Mawerannahry eýelände ol emirzada Abdylla bilen yhlasly we ýagşy gatnaşykly bolandygy üçin, Samarkantda ýaşap bilmän, Babyr Mürzä penalanypdy. Ilçilige gelende Muhammet Mürze onuň hormatly gadamyny wajyp bolan tagzym we hormat bilen garşylap, ony getiren habarynyň jogaby bilen ýene-de yzyna gönderdi. Bir aýdan soň ony ýene-de ilçilige ugratdylar. Soltan Muhammet Mürze aşa tekepbirliginden ýaňa Hojanyň ylalaşygyna meýil etmän, ony öz ýanynda saklady. Soňra güýzüň ahyrynda, Reýden göç edip, saklanmazdan, Semnandan we Bestamdan geçip, Esferaýyn welaýatyna geldi.

Babyr Mürze hem agyr leşger bilen Astrabadyň etegine geldi. Ol gözüni ýaraşyk ýoluna dikip durdy. Garawullar biri-birlerini görýärdiler we habarlar ýetirýärdiler. 855-nji[1] ýylyň Gurban baýramynda iki leşger edil iki sany belent dag ýaly bolup, biri-biriniň garşysynda sap tutdular. Iki tarapdan batyrlar biri-biri bilen tutluşdylar. Ilkinji hüjümde babyrlylar dargap, daga garşy ýüz öwürdiler. Ahyrynda bolsa Şyh Aly Bahadyr, Abu Sagyt Mirem, Tümen beg we Ýusup Hojanyň perzentleri ýaly kişiler merkezde üstünlik gazanyp, soltan Muhammediň tugdur nagarasyny agdardylar, hem-de şobada leşgeri yza serpikdirdiler. Onsoň soltan Muhammet Mürzäni ele salyp, doganynyň ýanyna eltdiler.

Ol öldürilmäge höküm edildi. Onuň ruhy guşy toprak höwürtgesinden perwaz urup, pelekleriň çürdepesine gondy.

[1] Milady ýyl hasaby bilen 1451-nji ýyl.

Leşgerdäkiler bolsa «Megerem soltan Muhammet gaçyşlykdan soň, Yraga ýüzlenen bolsa gerek» diýen umyt bilen çöl ýolundan Yspyhana tarap ugradylar. Emirleriň biri bolan Şyhzada Yspyhany eýeledi we hökümdarlyk baýdagyny parladyp, ululara halat-serpaýlar berdi. Garamaýak halka bolsa «Sellelilerden (ulamalardan) başgalary sakgallaryny syrmaly» diýip, jar çekdirdiler. Şol ýagdaýda şu Beýti düzdi.

«Gylyç urmakda mertlik urduň,
Ol eden dowaňy (lap urmaňy) sakgala getirdiň».

Birnäçe günden soň, şäheriň ilaty joş urup, Nagşy Jahan galasynyň derwezesine geldiler we jeň etdiler hem-de derrew galanyň diwaryny eleme-deşik etdiler. Şyhzada ol hüjümden alada batyp, şäheriň daşyna garşy açylyp duran derwezeden çykdy. Onsoň emirler emiri Seýit emir Zeýnalabedin hökümdarlyk tagtynda ornaşdy. Yspyhanyň ululary oňa birleşdiler we şäheri gorap sakladylar. Babyr Mürze Şiraza ugran wagtynda, Pälwan Hüseýin Diwanyny darugalyga, Hoja Gyýaseddin Semnany bolsa baýlygynyň hasabyny ýazgy etmäge ugratdy, özi bolsa Ýezd ýolundan Şiraza gitdi.

## JAHANŞA MÜRZÄNIŇ YRAGA WE PARSA EÝE BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Babyr Mürze Şiraza gitdi. Onsoň Jahanşa Mürze çagataýyň ahwalynyň gowşakdygyny görüp, Pir Pudak Mürzäni emir Baýezit Bistam, emir Şasuwar, Şa Aly Baýramy Miraly Şükür we beýleki emirlerdir ynaklar bilen bilelikde Yragy basyp almak üçin belledi. Bu ýagdaýlaryň başynda emir Şasuwaryň nökeri Aýdyň Sawä tarap gitdi we Babyr Mürze tarapyndan şäheriň darugasy edilip goýlan emir Şyh Aly Bahadyry tutdy hem-de Säwäni golastyna geçirdi. Ondan soň Pir Pudak Mürze beýik emirler bilen Kuma ugrady. Häkim bolan Ýusup Hoja Bahadyryň ogly Derwüş Aly Mirek şäherini zabt etmäge gadam goýdy.

Goşun iki aýa golaý şäher derwezesiniň öňünde durdy. Ahyrynda çözüliş baglanyş, goranyş we dep ediş derwezesiniň jylawy ygtyýarynda bolan Hoja Ýahýa Kumy Garagoýunly döwleti bilen dostlaşyp, şäheri şolara tabşyrdy. Derwüş Aly hem ele düşüp, bendi edildi. Talaňçylyk we harapçylyk edilenden soň Kumy daruga tabşyrdylar hem-de Jorbatkana tarap ýüz öwürdiler.

Jorbatkany hem gabadylar. Gan döküjileri şäherleriň garşysyna bellediler. Olar şäher halkynyň şir awlaýjy, peýkam atyjy ýaýly juwanlarynyň hallaryny zebun etdiler we sähelçe wagtyň içinde galany basyp aldylar. Serdarlaryň we ýigitleriň köpüsini Babyr Mürze tarapyndan daruga edilip goýlan Seýit Tirendaz Şirazy we ýurduň serdarlaryndan bolan emir Pirmuhammet Togaýy bilen bilelikde ölüme sezewar etdiler. Soňra Yspyhana ugradylar.

Yspyhanlylar Babyr Mürzäniň ahwalynyň gowşakdygyny görüp, türkmenler tarapyna meýil etdiler hem-de Reýis Muhammedi Türkmeni[1] çagyrmaga ugratdylar. Şol mahalda Elwent Isgender Garaýusup, emir Babahasan Garkyn, emir Şirhajy, Hasan Jalbary (Çelebi) we Pälwan Hüseýin Diwana dagy — ähli saýlantgy juwanlar bolan on müň atly bilen Babyr Mürzäniň ýanyndan Yspyhany goramaga gelipdiler. Olar Zenderudyň kenarynda suwuň ýüzündäki köpükler ýaly çadyrdyr kepbeler gurup, şäherlilerden mal we adam kömegini isleýärdiler.

Yspyhanyň ilaty babyrlylardan zulum-sütem we biynsaplyk görensoňlar, çagataý emirlerinden we şäheriň darugasyndan özlerini çete çekip, köçeleri, mähelleleriň girelgelerini berkitdiler hem-de Hoja Ymameddin Mahmyt Haýdar bilen birleşip (goşulyşyp), özlerini taýýarladylar. Babyr Mürze Şirazdan Yspyhana ugrapdy. Çagataý emirleri: «Babyr Mürze derrew özleri bilen birleşer» diýen umytdadylar. Yspyhanlylar bolsa, «Türkmenler has tiz Jorbatkan ýolundan ylgar bilen gelerler we Çagataý leşgerini gabarlar» diýip garaşýardylar.

Çagataý emirleri habardar boldular we Türkmeniň ýakynlaşandygynyň owazasy ýaň salan gijeleriniň birinde, ýüklerine we goş-golamlaryna gündizlikde at üstünde gözegçilik eder ýaly, Şiraz ýoluna tarap rowana etdiler. Daň atansoň, birden, şäher derwezesiniň agzyndan aýrylyp, ýola rowana boldular. Hüseýin Diwana we Hoja Gyýaseddin şäherlilerden aman diläp, leşgere goşuldylar. Şol wagtda Babyr Mürze Şirazdan Yspyhana ugrapdy we Sanjar Mürzäni Şirazda häkim belläpdi. Babyr Mürze Kasry Zert (Sary köşk) sebitlerinde Türkmeniň hüjüm

---

[1] Bu söz has at hökmünde getirilipdir.

edendiginiň we öz leşgeriniň gaçandygynyň habaryny eşidip, uýanyny Yspyhan tarapdan Horasana tarap sowdy.

Türkmen Yspyhana geldi. Bir hepdeden soňra, Omar Şyhbegi darugalyga, Hoja Mahmyt Haýdary serdarlyga belläp, emir Kutbeddin Werzene, Şamahmyt Huzany, emir Abdylla Babydeşt, Seýit Ymat Gülbary, Şamuhammet Sefewi ýaly Yspyhanyň käbir ululularyny özi bilen hemra edip, Şiraza ugrady. Şirazy kösençsiz we zähmetsiz eýelediler.

Jahanşa Mürze Töwriz sebitlerinden Yraga ýakynlaşdy. Yspyhanyň häkimligini Hoja Mahmyt Haýdara degişli etmelidigi barada höküm iberdi. Hoja Mahmyt häkimlik ýörelgelerine we serdarlyk wezipelerine gadam goýdy. Gyş gutarandan soň, Yspyhany öz ogly Muhammedi Mürzä degişli etdi.

857-nji[1] ýylda Muhammedi Mürze tarapyndan Läle Muhammet atly daruga şähere geldi. Hoja Mahmyt Haýdar onuň bilen mähremlik etmedi we oňa berk ornaşmaga mümkinçilik bermedi. Ol Hojanyň dabaralylygyndan we belent mertebeliliginden alada batyp, diňe hemralyk wezipesini ýerine ýetirýärdi. Birden, Hoja Mahmyt aýşy-eşret saçagyny ýaýyp, Zöhräniň göwün awlaýjy sazandalaryna, perde sazçylaryna aýdym aýtmakda ýer depdirip, baş egdiren, aý ýüzlüler we henekçiler bilen söz atyşyp hem söz tutuşyp, topar-topar juwanlar çar tarapdan, döwlet saraýyndan aýry-aýrylykda hiňlenip, aýşy-eşrete meşgul bolup, çar ýanda şemler ýakan hem-de aýşy-eşret, şatlyk-şadymanlyk we bagtly-hökmürowanlyk mejlisinde oturan wagtynda, asmanyň ýazgyt diwanyndan: «(Ol) ölüm we ýaşaýyş ýaradan (zatdyr)»[2] tugraly we «Hiç şek-şübhesiz, siz hem

[1] Milady ýyl hasaby bilen 1453-nji ýyl.
[2] Gurhanyň 67-nji (Mülk) süresiniň 2-aýaty.

ölümlisiňiz, olar hem ölümlidir»[1] mazmunly pany ýaşaýyşdan boşatmak baradaky permanyny ajal ilçisiniň üsti bilen Hoja Mahmydyň gulaklaryna ýetirdiler hem-de aman bermezden, mele şerabyň we gyzyl lebiň deregine öldüriji zäheri we heläk ediji awyny onuň jan rişdesine dökdüler. Gözelleriň nazary astynda gözler we olaryň waspynda barynyň agzy açylyp, her biri bilen müň dilde sözleşip oturan »keýpi-sapa doganlarynyň» aýşy-eşreti duşmançylyga öwrüldi. Jan onuň bedeninde edil kapasdaky ýel ýaly bikarar boldy. Perde «diňle we eşit» işiniň ýüzünden syryldy. «Saçy kesilen» çeň köpüsini özüne oran bolsa-da, hiç bir peýdasy bolmansoň, başyny haýranlyk dyzyna goýup, çäksiz ynjydan ýaňa uka gitdi. Onsoň onuň dergähinde topalaň oýandy.

Hojanyň öldi habary patyşanyň belent gulaklaryna ýetende, öz ogly Muhammedi Mürzäni Yspyhana ugratdy. Şazada kämillik ýaşyna ýetmändi. Onsoň çagalygy Läle Saparşanyň terbiýesi astyna geçdi. Läle Saparşa Läle Muhammediň doganydyr. Ony öňräk Yspyhana iberipdiler. Ol örän hilegär, ugurtapyjy, pitneçi we ganhor kişidi. Yspyhana geleninden, açgözlük we harsydünýälik ody tutaşdy. Yspyhanyň ulularyna we hormatly kişilerine: «Siz Babyr bilen ylalaşykdasyňyz hem-de oňa çapardyr habar iberýärsiňiz» diýip, töhmet atdy. Ählisini hüşgärlik etmek bahanasy bilen Nagşy Jahan galasyna getirdi hem-de olary tussag etdi. Olaryň dost-ýarlaryny, müňlerçe egindeşlerini we emeldarlaryny salgytçynyň eline berdi. Ýagdaýlary bolsa Hoja Hasan Mazy sebitlerinde patyşanyň ordasyna arz etdi.

[1] Gurhanyň 39-njy (Zümer-Mähelle) süresinden bir aýat.

Uly emirlerden we goşunyň bellilerinden bolan Seýit Ahmet Tugçy patyşanyň ýanyndan Yspyhanyň gala diwaryny haraplamak üçin gitdi. Welaýatdan elli müňe golaý pilçi we teşeçi kişi talap etdi hem-de gala diwaryny weýran etdi. Bir aýdan soň Jahanşa Mürze geldi we tussaglykda bolan ululary göçürdi. Olaryň aýal, oglan-uşaklaryny Töwriz galalaryna ugratdy we ählisini ordada emirlere tabşyrdylar. Ol Yspyhanyň ilatyna aman galmaklary üçin üç müň tümen töleg saldy.

Yspyhanyň uly-kiçisini duzly suwdur otly dag azabyna duçar etdi. Özi bolsa gyşlamak üçin Kum tarapyna ugrady. Bir aýyň dowamynda Yspyhanyň ilatyndan üç müň tümenlik amanlyk tölegine derek on müň tümenlige golaý mal aldylar. Bir mysgaly ýüz Yrak dinaryna barabar bolan tyllany elli dinardan aldylar. Hersi on dinar gymmaty bolan gymmat baha daşlary, öý goşlaryny, aýal egin-eşiklerini we bezeg şaýlaryny bir dinardan aldylar. Töleg hökmünde hernämäni islese alýardylar. Ahyrynda, Yspyhan söwdasy köpçülikleýin gyrgynçylyga baryp ýetdi. Onuň beýany öz ýerinde beýan ediler. «Yspyhany ýykyp, daş-töwereklerini harapladylar, diwarlaryny çagşatdylar, gabyrlaryny açdylar, mallaryny taladylar, aýallardyr çagalaryny ýesir etdiler we adamlaryny agyr ýagdaýda goýup gyrdylar».

# BABYR MÜRZÄNIŇ HORASANA GAÝDYP GELMEGINIŇ BEÝANY

Babyr Mürze Şiraz bilen Yspyhanyň aralygyndan Horasana ýüzlenende, Yspyhanyň derwezesiniň işiginde duran goşun oňa birleşdi. Ol Şirazyň häkimligini Sanjar Mürzä, Ýezdiň häkimligini Şahruh Mürzäniň gyzyndan bolan (gyz agtygy) Halyl Mürzä tabşyrdy. Onsoň özi gyssanmaçlyk bilen Ýezd ýolundan Horasana gitdi. Yspyhandan Muhammedi Mürzäni we Şirazdan Pir Pudak Mürzäni çagyrdy. Atasynyň permanyna laýyklykda, ikisi hem ilata örän köp zulum-sütem edeninden soň, özleriniň hökümdarlyk edýän ýerinden Kuma ugradylar. Gyşyň aýaklarynda, bahar aňtawçylary sowuklyk leşgerinden üstün çykanda we saýýarynyň külbesini çadyrdyr kepbä öwrende, Sowuk Bulak tarapyna göç etdi. Horasanyň we Yragyň ilaty: «Jahanşa Mürze islegini bitirenden soň, Yrakdan we Parsdan Töwrize dolanjakdyr» diýip pikir etdiler.

Babyr Mürze: «Şiraz, Kerman we Yspyhan türkmenlerden boşap galypdyr» diýen habary eşidende, ol ýerlere tama edip, ýarag-şaýyny üpjünläp, Sanjar Mürzäni uly topar bilen Kerman ýolundan ugratdy. Olar Kermany we Şirazy golastyna girizdiler. Sanjar Jollap bilen Pirmuhammet Samarkandy Şiraza gitdiler. Şol aralykda Şyh Abulhaýryň ogly Şyh Mürşit Şirazda baş göteripdi we türkmenlerden birtoparyny öldüripdi. Sanjar özüne golaý gelende, ol Kermana tarap gitdi. Sanjar we Muhammet beg Şiraz hökümetinde ornaşdylar.

Yspyhan bilen Şirazyň arasynda ýerleşýän Izet galasyny almak islände, Çagataý darugasy gelip ýetdi. Gaçyp gelip, şol galada penalanan Seýit Miraly Gülbar Yspyhanynyň ogly Seýit Mirjemal gyssanmaçlyk bilen Yspyhan tarapyna geldi. Onsoň ata-babadan ýurduň kuwwatly we yzyna eýerilýän kişisi bolan Hoja Zahyreddin Abdyllanyň agtygy Hoja Ymadeddin Hasana,

Hoja Ahmet Sefewä, emir Ymat Babeddeştä, Hoja Ygtyýar Iftihara, Şajabyr Tährana we ýurtda saklanyp galan käbir beýleki etrap eýelerine topalaň etmäge meçew berdi. Onsoň olar şäheriň darugasy Hajy Tärimi öldürdiler, şäherdäki esgerleri tutdular we şäheriň gala diwaryny ymarat etmäge meşgul boldular. Şeýle-de ýagdaýlary mälim etmek üçin, Horasana Babyr Mürzäniň üstüne ilçi ugratdy. Babyr Mürze Yraga ýöriş etdi. Soltan Abu Sagyt Mürze bu ýagdaýdan habarly bolansoň, Samarkantdan Horasana ugrady. Babyr Mürze onuň Horasana ugrandygynyň habaryny eşidenden soň Yraga eden ýörişini ýatyryp, Samarkanda rowana boldy.

Sowuk Bulakdaky Jahanşa Mürze hem çagataýlylaryň hüjüminden we yspyhanlylaryň topalaňyndan habarly bolansoň, «Galany eýeläp, köpçülikleýin gyrgynçylyk ediň we şäheri harabaçylyga öwürmäge meşgul boluň» diýip, Muhammedi Mürzäni emirleriň bir topary bilen Yspyhana ugratdy. Ondan soň Pir Pudagy Şiraza goýberdi. Ol Yspyhan ýoluna düşdi. Yspyhanda düşlän wagtynda pitne tolkunlary möwç urup, mähnetdir azap toparlary bir ýere jemlenipdi. Ol diýaryň toprakdyr suwy şehitleriň, «bagtlylaryň», günäsiz çagalaryň we ezilen garrylaryň gany bilen edil Kerbela çöli ýaly bolupdy. Päk jemally gözel gyzlar we päkizlik bossanynyň täze gelinleri bela leşgeriniň elinde ahy-naladady.

### *Goşgy*

Şäher — behişt. Behiştdidi her biri,
Erkegi — perişde. Zenanlar hüýri.

Ýatladardy, Suwy aby-köwserden,
Düşelen kerpiçler kümüşden, zerden.

Ýöne bela gelip, Semut şähri deý,
Ýumruldy. Ne jandar bar, ne bir abat öý.

Pir Pudak birnäçe günläp Zenderudyň kenarynda oturyp, ol ýurduň ilatynyň ganyna elini ýuwdy. Gyrmakdan, talamakdan we ýesir etmeden näme zat başarýan bolsa, şony etdi. Myradyna ýeteninden soň, Şiraza ugrady. Çagataýlylaryň Şiraza gelen bir topary Garagoýunlylaryň dolanyp gelýändiginiň, Yspyhanyň köpçülikleýin gyrlandygynyň we Pir Pudagyň Şiraza ýüzlenendiginiň owazasyny eşidip, perişan boldular. Ornaşmaga we berk durmaga mejallary bolman, göç etmekde ahmal galmadylar. Olaryň aman-esenlik hüjreleri we çertekleri edil Yspyhanyň öýleri ýaly weýran boldy. Gaçmakdan başga hiç bir halasgär tapmadylar. Habar gelen we täsirini ýetiren badyna, edil möjekden ürken goýun ýaly, gidiş ýolundan gaýdyş ýoluna ýüz öwrüp, Kermana garşy ýüzlendiler. Pir Pudak Mürze olaryň yzyndan gitdi. Sanjar Mürzäni ýeňdi we uly bir gyrgynçylyk etdi. Ol öz ýerinde beýan ediljekdir. Soň özüniň welaýat merkezine dolandy.

## ŞIRAZYŇ WE KERMANYŇ BABYR MÜRZÄNIŇ HORASANA ÝÜZLENENDEN SOŇKY AHWALLARYNYŇ BEÝANY

Babyr Mürze Jahanşa Mürze bilen söweşmek niýetinde Şirazdan Yraga tarap ýüzlenende, Sanjar Mürzäni Şirazyň darugalygyna belledi. Ol Kasry Zerde (Sary köşge) ýetende: «Türkmenler Daryl Amana (Salamatlyk öýi) gelip ýetdiler we Yspyhanyň ilaty türkmenleriň tabynlygyna girdiler» diýip, yzlyyzyna habar gelip ýetensoň, Yrakdan umyt üzüp, Horasana dolanmak niýeti bilen uýanyny Ýezde tarap öwürdi. Ýezdden geçip barýan wagtynda, Şahruh Mürzäniň gyzyndan bolan (gyz agtygy) we Muhammet soltan ibn Jahangir ibn emir Teýmir Körekeniň agtygy bolan Halyl Mürzäni Ýezdiň häkimligine belledi. Soň özi beýleki emirler bilen Horasana dolandy.

Halyl Mürze Ýezdde häkimlikde ornaşansoň, bir topar perişan kişiler oňa sygyndylar. Çünki, ol soltan Muhammet Mürzäniň döwründe Şiraza eýelik edipdi we Şirazyň häkimi Abulhaýyr Jezerini öldüripdi.

Soltan leşger çekip, Muhammet Mürze Horasandan dolanyp gelenden soň, soltan Muhammedi söweş bilen garşylamaga çykypdy, emma ýeňlipdi. Şirazyň häkimligi onuň aňynyň hamyrmaýasy bolup durdy. Onsoň şol kiçiräk topar bilen Şiraza ugrady. Sanjar Mürze ondan howp edip, Şirazy taşlady we Kermana tarap ugrady. Kermanyň ýetende, soltan Muhammet Mürze tarapyndan ol ülkäniň häkimligine bellenen we soltan Muhammet heläk bolandan soň hökmürowan bolan Seýit Şirwany oňa hiç bir üns bermedi.

Sanjaryň ýanyndaky bir topar kişi ondan ýüz öwrüp, Seýit Şirwana goşuldylar. Sanjar Mürze Horasana ugrady. Halyl Mürze hem birnäçe günläp Şirazda türkmenleriň böwsüji leşgerinden gaçyş ganatynyň astynda «Dünýäde keseki ýa-da ötegçi ýaly

ýörelge tutun hem-de özüňi gabyr eýelerinden hasapla» diýen takdyry kalbynyň ýörelgesi edinip, ýol şaýyny tutýardy. Birden, Yrak ýolundan Pir Pudagyň ýüzlenendigininiň dabarasy gelip ýetip, bu habar Halyl Mürzäni howpdur gorka saldy. Onsoň çapawullyk elini bazardakylaryň mal bazaryna garşy uzadyp, bazarda we köçede haýsy ýerde bir ulag ýa-da ýük malyny görse, baryny ýüküň astyna çekip, bozuklyk ýoluny öňe tutdy we Kerman welaýatyna tarap ýola düşdi. Kermanyň üsti bilen Horasana gitdi.

Pir Pudak Mürze uly dabara bilen we eýýamyň kynçylyklaryndan ejir çekmän, ol mülki golastyna we eýeçilik gurşowuna geçirip, emir Baýezit Bistam, emir Şa Aly Baýram, Pirzat beg we beýlekiler ýaly uly emirleri atasynyň soltanlyk tagtynyň dergähine tarap yza gönderdi. Soňra Pars ülkesine darugalardyr emeldarlary ýola rowana etdi. Gün-günden onuň häkimlik sütüni beýgelip, welaýat çägi giňelip, tä Huzustan welaýatyna we Lar hem Jerun sebitlerine çenli tutuş Şirazy obadyr şäherçeleri bilen bilelikde parasatlylyk we eýeçilik penjesine geçirdi.

***Goşgy***

Ornaşdy ol maýyl bolup başyna,
Ajam şalarynyň belent tagtyna,

Istehre ot berdi ýowuzlyk bilen,
Başbozar harmany öwrüldi küle.

Ondan, lowurdawuk şöhleler öçdi.
Belentligi Elwendiň pese gaçdy.

Alty aýyň dowamynda, tutuş Yrak we Pars eýelendi. Jahanşa Mürze Yspyhandan göç edip, Kumda gyşlamak üçin düşländen soň, Pir Pudak Mürze atasynyň hyzmatyna ýetmek niýeti bilen

Şirazdan Kuma gitdi. Bahar paslynda Yspyhan söwdasy uly gyrgynçylyga baryp ýetensoň, Pir Pudak Mürze Parsdyr Kermandaky garşydaşlary dep etmek üçin ugradyldy.

## SEÝIT ŞIRWANY ÖLDÜRILENDEN SOŇRA, PIR PUDAK MÜRZÄNIŇ SANJAR MÜRZE BILEN EDEN SÖWEŞDIR JEŇINIŇ BEÝANY

Babyr Mürzäniň Horasandan Şiraza giden we Yragy golastyna girizen döwründe, Kerman soltan Muhammet Mürze tarapyndan häkim goýlan Seýit Şirwanynyň eýeçiliginde galdy. Türkmenler Yraga we Parsa hüjüm edenden soň, emir hem-de bagtyýar hakan Şahruh Mürze tarapyndan Kerman hökümetiniň mirasdüşerleri bolan Ganaşiriniň öwlatlarynyň, ýagny Guldurwiş we Ýarahmet bilen Seýidiň aralarynda duşmançylyk we dawa-jenjel peýda boldy. Ahyry Kerman ülkesinde söweş peýda boldy. Seýit Şirwany öldürildi. Ýene-de doganlar Guldurwişiň we Ýarahmediň arasynda dawa-jenjel we gapma-garşylyk esasy mäkämleşdi. Ýarahmet Sanjar Mürzäni Horasandan Kermanyň we Şirazyň soltanlygyna çagyrdy.

Sanjar Mürze dört müň batyr kişi bilen Kermana geldi we kermanlylary boýun egdirdi. Guldurwiş şähere birleşip duran Kuh galasynda penalandy. Sanjar Mürze on güne golaý Kermanda oturdy, ahyry Guldurwişi boýun egdirip, galadan aşak düşürdi. Ol tagzym we hormat düzgünlerini ýerine ýetirdi. Sanjar Mürze Abulhaýyr Jezeriniň ogly Şyh Jelaleddini Kermanyň darugalygyna belledi. Onsoň iki dogan Guldurwiş we Ýarahmet bilelikde leşger bilen Şiraza garşy göç edip, Kermandan tä Serjahan diýen ýere çenli welaýatma-welaýat gitdi. Ol ýerde Yspyhanyň köpçülikleýin gyrlandygy we Pir Pudak Mürzäniň Şiraza hereket edýändigi baradaky habary eşitdi. Onsoň karar tapan aýagyny ýerden üzüp, ýüzleniş ýüzüni yza öwürdi we şol obalardan yzyna gaýdyp, uýanyny goýberip, gaçmaga ýüz urdy.

Pir Pudak Mürze şaýyny tutup, onuň yzyndan gitdi. Hyradyň, Merwdeştiň, Şähri Bäbegiň we beýlekileriň haýsy welaýa-

tyna ýetse, çagataýlylardan we garşydaşlaryndan kimi görse, syýasat gylyjynyň deminden geçirýärdi. Sirjana ýetende, obalary we goşundylaryny talamaga perman berdi. Goşun bulagaýlyk oduny ýakdy. Gorky we howp manjanygy Ýarahmet Ganaşiriniň mäkäm galasynyň esasyna we gala diwaryna täsirini ýetirdi. Gorky ýagdyryjy peýkam onuň çydam we takat galkanyny para-para etdi. Öz doganoglanyny peşgeşdir serpaý bilen şazadanyň dergähine rowana eýledi. Ejizlik we perişanlyk bilen öz ahwalyny Pir Pudagyň dykgatyna arz etdi. Onuň permanyna boýun we tabyndygyny aýan etdi. Ýalbaryjy başyny aşak egdi, ýöne:

— Sanjar Mürzäniň wakasy tamamlansa, kepen, gylyç hem-de günäli ötünç sorap, nygmat mekanly we pelek permanly dergähe barjakdyryn — diýip, onuň arzyna ýetirdi. Pir Pudak Mürze kabul etmegi wada edip, kabul ediş serişdelerine girişmäge buýruk berdi. Ol ýerden göç edip, Kermanyň daşynda düşledi. Şäheriň darugasy bolan Şyh Jemaleddin Ýarahmediň ýörelgelerine laýyklykda şäheri tabşyrmagy Ýarmuhammediň bolşy ýaly gijikdirdi we bermän saklady. Pir Pudak ýadawlykdan açylmak hem-de atdyr ulaglaryň dynç almagy üçin birnäçe günlük saklandy. Şol sebäpli Kermanyň daş-töwereginde örän köp harapçylyk boldy. Kermanyň ilaty Eýýup pygamberiň mysalynda pitne, bulagaýlyk we eziliş gurdunyň lukmasy bolup, ýaramsyz türkmenleriň üýşmeginden howp astynda galdylar.

«Perwerdigärim, meni bela tutdy»[1] owazy köçeden, bazardan we ol ýeriň diwaryndan älem ilatynyň gulaklaryna baryp ýetýärdi.

*Goşgy*

[1] Gurhanyň 19-njy (Enbiýa) süresiniň 83-nji aýaty.

Şeýle bir diýardy, towpyk biýrdi Hak,
Misli jennetlerden alardy sapak,

Jemaly hüýr deýin göwün açardy,
Sap şerap onuň suwundan içerdi.

Ganhor türkmenleň elinden boldy pes,
Gözelleň bazary dek tapdy şikes,

Gözelleň zülpi dek boldy tow-tow, sap,
Perileň gözi dek serhoş-u harap.

Bu wagtda Sanjar Mürze Lowur kötelindedi. Ol özüni mäkämläp, ýüklerini, goş-golamlaryny we özüne degişli kişilerini dagyň hem hendegiň içinde goraglap goýupdy. Sanjar Mürzäniň ýanyndakylar söweş esbaplarydyr ýaraglar bilen söweşiň gapdalynda taýýar we häzir boldular. Garşydaş saplar hem ýalaw gylyçlar biri-birine ýakynlaşyp, iki toparyň batyrlary we iki pyrkanyň meşhur atlylary söweş meýdanyna ýüz öwürdiler. Biri-biriniň ýüz-gözlerine ömürlik ýatyrýan gylyçlary syrdylar. Bir göz açyp-ýumasy salymda, çaň asmanyň depesine çykyp, jahany aýlanýan Günüň gözi çaňdyr tozandan gapylyp galdy. Üç gezek çagataý goşuny türkmenleriň üstüne ýeňişli hüjüm etdi.

Pir Pudagyň berk aýagy sandyrap başlady. Ol özüni ýitirip ugrady. Pirguly Gögeldaş ony mäkäm durmaga ündedi. Çalasyn we batyr ýigitlerden hem-de Pir Pudagyň mähremlerinden bolan Aly Çekän Yspyhany tertip-düzgünli we taýýar pyýadalardan bir toparyny alyp, çagataýlylaryň ýükleriniň we degişlileriniň penasy bolup duran bir dagyň arkasyndan olaryň çadyrlarynyň üstüne ugrady. Çapawullyk we talaň edip, söweşijileriň arasyna zenzeledir galagopluk saldy.

Söweşijiler aýallaryny we mal-garalaryny goramak üçin eglenmezden we saklanmazdan, öýlerine dolandylar. Türkmenler olaryň üstüne çozup, olara pytraňňylyk saldy. Sanjar Mürze janyny sag-salamat gutaryp gaçdy. Leşger birden dargady. Göz açyp-ýumasy salymda çagataýlylardan we Sanjar Mürzäniň emirlerinden üç müňe ýakyn kişini, Hüjjetil Yslam Muhammet Gazzalynyň neberelerinden bolan emir Şeribi, Pirmahmyt Şirazyny we Gara Ahmedi öldürdiler. Guldurwiş ýesirlik kemendine duçar boldy. Ölenlerden üç müňe golaý kelläni kesip alyp, ulaglara ýükläp Jahanşa Mürzäniň ordasy bilen Hoja Hasanyň ýanyna ugratdylar. Pir Pudak Mürze Kermany azat etmäne ugrady.

Şyh Jelaleddin gaçyp, Sanjar Mürze bilen birleşdi. Pir Pudak Mürze Kermany eýeläp, ol sebitlerde iki aý saklandy. Onuň ejesi Jahanşa Mürzäniň leşgergähinden Ýezde gitdi we Pir Pudak Mürzäni ýanyna çagyrdy. Onuň didaryna gowşanda bolsa Allatagalanyň şükür — wajyplaryny ýerine ýetirdi. Ol ejesiniň yşaraty bilen Kermany dogany Abu Ýusup Mürzä bagyş etdi we Şiraza ugrady. Pirguly Gögeldaşy we Mardin Ogluny betnebisleriň bir topary bilen Kermana ugratdy. Olar Kermanyň asylzadalaryny, begzadalaryny we ussat hünärmentlerini göçürip, Şiraza äkitdiler.

Kermany edil etden we deriden aýrylan süňk, tagamdan boşadylan käse ýaly edip taşladylar. Abu Ýusup Mürze Kermany beýle ýagdaýda görensoň, ýagdaýy atasynyň tagtynyň dergähine arz etdi. Jahanşa Mürze ol ülkäni abadanlaşdyrmak, welaýatyň raýatlaryna we ekerançylaryna kömek üçin üç ýüz müň Töwriz tümenini we iki ýüz müň man galla iberdi. Şu ýagdaýda Elwent ibn Isgender Gara Ýusup Horasandan galkyp, Kerman sebitlerine geldi. Soňra Jerefte we Rudbara gitdi. Ýarahmet tarapyndan Süleýmany galasynyň goragçysy edilip goýlan Mahmyt Parsy bu galany Elwendiň hyzmatkärlerine tabşyrdy.

Elwent mülk böleginde togtady hem-de Ýarahmedi ylalaşyga we kömege çagyrdy.

Ýarahmet Pir Pudakdan gorkusynyň we howpunyň barlygy üçin, taýýar we häzir leşgeriniň bir topary bilen Elwendiň hyzmatyna howlukdy. Öz ogly Kanaşirini ynamdarlardan bir topary bilen galada goýdy. Elwentde üýtgeşik güýç-kuwwat ýokdy. Ýanynda az sanly topary bolany üçin, Ýarahmet özüniň gelmegine puşman edip, Elwendi tutmak we gaçybatalgasyna özüni atmak niýetine mündi. Elwende bu pikir aýan bolansoň, Ýarahmedi tutmakda öňürtiläp, ony ýaranlary we egindeşleri bilen ele salyp, Süleýmany galasyna ugratdy.

Sirjan galasy, öňküsi ýaly, Kanaşiriniň golastyndadY. Pir Pudak Mürze Muhammet Aly Şüküri, Baryk begi we Düýe begi köp sanly kişi bilen Sirjan galasyny eýelemek üçin ugratdy. Ol leşger galany gabawa aldy. Elwent Mürze bu ýagdaýy eşidip, habar tapyp, ylgar edip, duýdansyz olaryň üstüne çozdy hem-de leşgeri tary-mar etdi. Muhammet Aly Şüküri, Düýe begi we Şyh Muhammet Ýasawuly ýesirlik kemendine baglady. Baryk beg Şiraza gaçyp gitdi.

Elwent Mürze Muhammet Aly Şüküri, Düýe begi we beýleki ele düşen adamlaryň ählisini Süleýmany galasyna ugratdy. Ol Pir Pudagyň adamlaryndan ýüze golaý kişini gylyçdan geçirdi. Kanaşiri atasy tussaglykda bolansoň, galany tabşyrdy. Elwent bir nökerini Sirjan galasynyň darugalygyna belledi we ol ýerden Gürgene ugrady.

Alty aýlap şol ýerde özüni Pir Pudagyň ylgaryndan gorap saklady. Birden, Pir Pudak edil gözüňi gamaşdyryjy ýyldyrym we çapgyn şemal ýaly bolup, ylgar edip, Şiraz tarapdan ýetip geldi.

Elwent çäksiz gussadan we gorkudan ýaňa, aýaklaryny sandyradyp, uýanyny Nimruz tarapyna öwrüp, ýola rowana boldy. Pir Pudak Mürze onuň yzyndan goşa at bilen edil ajal atlysy ýaly

bolup kowalaýardy. Ol Ammar çeşmesinde onuň yzyndan ýetdi. Ýiti gylyjyň deminden onuň damagyna suw guýup, ony ýaşaýyş çeşmesinden ýokluk topragyna oklady. Şiraza dolanyp, Sirjan galasynyň etegine ýeten wagtynda, Satylmyş Şireçini bir topar goşun bilen Sirjan galasyny eýelemek üçin belledi. Galanyň Guly atly darugasy gaçybatalgasynyň ýokdugy sebäpli, galany Satylmyşa tabşyrdy.

## JAHANŞA MÜRZÄNIŇ LEŞGERINIŇ DAMGANY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bahar gelip ýetensoň, gyşlaglardan çykdylar. Baharda emir Abdylkerimiň özleriniň çagyryşyny kabul edip, Sarydan gaýdyp öz ordalaryna goşulmaklarynyň, şeýle-de Hezar Jeribiň emirleriniň hem özlerine birleşmekleriniň dawasyny edip, hut şol ýaýlagda mekan tutdular. Ordybehiştden[1] aýyndan iki aý geçenden soň, Muhammedi Mürze Semnan ýolunyň üsti bilen Rüstemdaryň melikleri hem-de Jelawiýäniň we Hezar Jeribiň emirleri bilen bilelikde Damgana ugrady.

Babyr Mürze tarapyndan ol ýeriň häkimi bolan emir Nasyreddin Semnany gala giripdi. Soň şäheriň ilatyny galada jemläp, boýun we tabyn bolmakdan boýun gaçyryp, galany mäkämledi. Türkmen leşgeri edil gurşaw halkasy deýin, şäheri merkez hökmünde gurşap aldy. Şäheriň derwezesini ýapdylar.

Galanyň üstünde söweşe girişdiler. Hendege çöp-çalamlary oklamak we gala diwaryny jaýyrmak bilen meşgul boldular. Bu bende eger galany jeň ýoly bilen ele salsalar, olaryň neslini we tohum-tijini köki-damary bilen bu şäherden ýok etjekdiklerine göz ýetirdi. Onsoň emir Baýezit Bistamdan: «Bu adamlaryň ganynyň serhoşlugyndan geçmek gerek. «Ýerdäkilere rehim ediň, şonda Asmandaky size rehim eder» diýipdirler. Çäre ýüzünden olary gorky we howp meýdanyna getirmeli» diýip, haýyş etdi. Onsoň bir oturlyşykda ähli uly emirler aýşy-eşret bilen mejlisi bezänlerinde hem-de edil gözelleriň kirpigi kimin biri-birine bitişip, biri-biri bilen göwün açyşlyk ýoluna düşüp, degişme we şatlyk gapylaryny açanlarynda, bu gürrüňi orta atdym: «Eger Astrabadyň häkimi Babahasan Garkyn şu bir

[1] Ordybehişt aýy — hijri şemsi ýylynyň ikinji aýy. Gurbansoltan aýynyň 21-den Magtymguly aýynyň 21-i aralygyna gabat gelýär.

parsahlykdan gijeki çozuşa giräýse, hiç kim onuň geleninden habar tapmaz. Bu şäheriň derwezesinde namysa galmaly. Birden bir bolmasyz ýagdaý ýüze çykaýsa, onuň öwezini hiç zat bilen dolup bolmaz».

Şu gürrüňdekäk: «Rüstem Tarhan we beýleki emirlerdir esgerler Diýarbekrde ýeňlip we dargap, bela güllesiniň ýagmyryna duçar bolupdyrlar. Birnäçeleri ol heläkçilikden gyra çekilip, özlerini mübärek orda ýetiripdirler» diýip, Jahanşa Mürzäniň ordasyndan habar gelip ýetdi. Bu habar birnäçe emirlere ýetende, olar bu bendäni ýaraşygyň araçysy edip, gala ugratdylar. Bu bende Hoja Nasyreddin bilen bilelikde ylym sapagyny alandygym üçin hem-de bu köňli synygyň sözüne ynam etjekdigini anyk bilenim üçin, hendegiň gapysyndan girmäge rugsat soradym. Hojanyň egindeşi we bu bendäniň dosty bolan Möwlana Ybraýym atly kişi galanyň depesinde duran ýerinden bu pespäl bendäni görüp, hoş we şadyýan bolup, Hoja habar ýetirdi. Onsoň bu pakyry çagyrdylar. Gyýaseddin Halaç bilen bilelikde galanyň içine girdik. Nesihat we dostluk ýörelgesi ýüzünden ony ýaraşyga we tabyn bolmaga çagyrdym. Hoja jogap berip şeýle diýdi:

— Bu taýpanyň ähdine ynam ýok. Olar Yspyhana we Yspyhanyň ilatyna tarapdarydyklaryna garamazdan şeýle bir iş etdiler welin, ol tä älem ahyr bolýança, hemmelere sapak boljak, ýöne eger şazada we emirler bu sebitlerden şäheriň üç parsahlygynda ýerleşen Astana göç etseler, men şäheri oňa tabşyraryn we özümiň aýal-oglan-uşaklarymy göterip, gaçyş ýoly bilen bir gyradan çykyp giderin. Ýöne şu şert bilen: uly emirler hemme zady biliji Taňrynyň Kelamyndan meniň yzymdan gelmejekleri, meniň we meniň aýal-oglan-uşaklarymyň ganyna kast etmejekleri barada kasam içsinler.

Bu pakyr onuň habaryny emirlere ýetirdi. Olara ant içdirdim. Soň ýene-de gala dolanyp geldim we şol sözi pugtalandyrmak bilen ony kanagatlandyrdym.

Bu bende galadan çykmak islände, şäher ilaty edil garşydaş ýeliň tupanynyň emele getiren tolkunlarynyň möwçleriniň gämilerini çagşadyp başlap, janlaryndan göwün üzen we perzentlerini görmekden tama dişlerini sogran, umman we Gulzum deňzindäki gämisi çagşan kişiler kimin perýat we ahy-nala etdiler. Hemmeleriň lebleri edil gala hendegi ýaly bolup, gözler bolsa edil hendegiň agzy deýin suwdan doldy, dideler edil ok atar deşikler ýaly açyk haňlap galyp, doga manjanygy bilen ýokarky älemiň perişdelerine arz edýärdiler.

***Goşgy***

«Ýa Rebb, ýa Rebb» bilen gözleri girýan,
Ýanan gursak bilen köňüller biryan,

El göterip, bilin bükdi her bende,
Bar zatdan habardar Allaň öňünde.

Olar bu guma bulaşan pakyryň o synyndan ýapyşyp, şazadadan we onuň emirlerinden aman diläp, ejizlik, gowşaklyk we boýunsunujylyk arzy üçin, bu pakyry araçy edindiler. Bu bende olary köşeşdirip, aman galmaga umytly etdi. Emir Baýezidiň mejlisine baryp ýetende bolsa, bu bende Hojanyň ahwalyny we ejizleriň perişanlygyny arz etdi. Ordany iman bilen içilen berk andyň hökümine laýyklykda, şäheriň eteginden göçürip, Astana tarapa äkitdi.

Agşam namazy gelip ýetende emir Nasyreddin şemleri resim-düzgün boýunça ýakyp, özüne degişlileri bar bolan baýlyklarydyr pullary bilen bilelikde gala diwaryndan kement bilen

daşary çykardy. Muhammedi Mürze onuň gidenliginden habarly bolan badyna, ähdini bozup, azajyk «lukma» üçin gijelikde üç ýüz atlyny etraplara, daş-töwerege rowana etdi. Hudaýa şükür, Allanyň ýardam bermegi bilen ol atlylar matlaplaryna ýetip bilmändirler. Diňe zyýan çekip, umytsyz ýagdaýda leşgergähe gaýdyp geldiler. Muhammedi Mürzä ähdini bozmakdan we ähti ýalanlykdan başga hiç bir zat nesip etmedi.

### *Goşgy*

Kimde kim durmasa eden ähdinde,
Derrew geçmelidir onuň mährinden.

Çünki iman, kasamydyr imanyň,
Meň sözüm däl, bu sözüdir Gurhanyň.

Ol agşam Astanada mekan tutdular. Onsoň men-menlik pesliginiň ukusyndakylar kyýamat gününiň bela-beterinden dem urýan säheriň pitne gopdurýan ýeliniň sowuk deminden ýaňa, uky ýassygyndan baş göterip, şugulçy güneş serhoş we örtügli ýüzünden perde göterip, açgözlük kesbiniň bezegçisi harsydünýälik we nebis sürmesi bilen her bir kişiniň tamakinlik gözüni maldyr gan bilen garalanda we gaflat ukysyndakylar oýanyp arzuw we mätäçlik boýunlaryny gandyr namys bilen uzaldanlarynda, Muhammedi Mürzäniň nökerleri we emirleriniň birnäçesi gala garşy ýüz öwürdiler. Ähdi-peýmanyň çäginden daşary gadam goýup, galadakylaryň aýaldyr perzentlerine we maldyr baýlyklaryna el urdular. Ol ýeriň ýaşaýjylaryny talaňçylyk we ýesir almaklyk bilen gulgula saldylar.

Bu göwni synyk bende bu ýagdaýdan habarly bolanda, emir Baýezidiň ýanyna bardy hem-de soltanyň we emirleriň derejesiniň belentligine we şan-şöhratyna üns bermän, olara ýiti we

gödek sözler aýtdy. Olara küpürlik we dinsizlik ýöňkedi. Şeýlelikde, gazaply we ýiti kelam ýagşy pikiri, adalatly, päk ygtykatly, perişde sypatly emire täsir edip, ol derrew atlanmak bilen boldy we ýesirleri boşadyp, şazada käýinçler berdi. Leşgerdäkilere haýbat atdy. Onsoň ol ýerden göç edip, Hezar Jerip ýolunyň üsti bilen tä Serduruda çenli ýaýlagma-ýaýlag gonup, tomus paslyny we güýzüň bir bölegini geçirdiler.

# JAHANŞA MÜRZÄNIŇ HORASANA ÝÜZLENIŞINIŇ BEÝANY

Jahanşa Mürzä Horasandan: «Sekizinji ymam Aly ibn Musa er-Ryzanyň (oňa we onuň ata-babalaryna salam we salawat bolsun!) şehit bolan ýeri Mukaddes Maşatda Kiç, Mekran, Gandahar we Badahşan sebitlerinden tä Hint sebitlerine çenli aralykda Horasanyň soltany bolan Babyr Mürze Hakyň çakylygyny kabul edip, uly ata-babalary bolan merhum Şahruh Mürzä we Teýmir Körekenlä gowuşdy. Onsoň Horasan pitne we bulaşyklygyň özenine düşüp, çagataý emirleri biri-birlerine gylyç syryp, uly gyrgynçylyk etdiler» diýen habar gelip ýetdi.

Jahanşa Mürze bu habardan soň, Horasana ýüzleniş baýdagyny parladyp, Reýde düşledi. Ülkeleriň etraplaryna leşger jemlemek we serişdeler taýýarlamak üçin, ilçilerdir habarçylary rowana etdi. Emir Baýezide we Muhammedi Mürzä: «Reýe dolanyň, ol ýerde ähli leşgeri gözden geçirip, Horasana rowana bolarys» diýip, görkezme ugratdy. Jahanşa Mürze Reýe gelip ýetýänçä emir Baýezit hem soltanyň mübärek üzeňňisini ogşamaga gelip ýetişdi. Kumda üýşürilen diwan gallalary leşgerdäkileriň arasynda paýlanyldy. Sekiz ýüz altmyş birinji[1] ýylyň Gurban aýynyň ortalarynda, ähli leşger jemlenmezden öň Kadagana[2] tarap ýola rowana boldular. Har[3] welaýatyna ýetende, emir Baýezidi we Pirzat beg Buharyny Seýit Abdylkerimi garşylamaga Firuzkuh welaýatyna ugratdy. Özi Muhammedi Mürze we beýleki emirler bilen Aby Barik (Dar suw),

[1] Milady ýyl hasaby bilen 1456-1457-nji ýyllar.

[2] Kadagan (Gadagan, Katagan, Gatagan) — Owganystanyň demirgazykgündogarynda we Badahşanyň günorta-gündogarynda ýerleşen welaýat.

[3] Har — Tähranyň günorta-gündogarynda, Horasan ýolunyň ugrunda ýerleşen bir etrap. Birnäçe derýalar Demawent dagyndan gözbaş alyp, ol sebite tarap akýar.

Semnan we Damgan ýolundan Bestamyň Şähriwert diýen ýeriniň bir parsahlygyna çenli gitdi. Ol sährany leşgergäh edinip, özi Muhammedi Mürze, Abulfath beg Tuwajy we beýleki emirler bilen şol sähra birleşip duran bir güzerden ylgar edip, Astrabada ugrady. Özüniň kiçi ogly Abulkasym Mürzäni ordada galdyrdy.

Emir Baýezit we Pirzat beg Abdylkerim Sary bilen onuň gideniniň yz ýanyndan, hut şol ýurda gelip ýetdiler we saklanmazdan, soltanyň yzy bilen gitdiler. Ötügiň ýakynyna gelip ýetende, öňden garawul ugratdy. Garawullar şeýle habar getirdiler:

— Emirzada Alaeddöwle ogly soltan Ybraýym Astrabadyň jeňňeline geldi. Baba Hasan şäherden daşary çykyp, soltan Ybraýym bilen dikleşmek we ony dep etmek üçin Babyr Mürzäniň ogly Şamahmyt Mürzäni hem özi bilen äkitdi.

Bu habar soltanyň gulaklaryna ýeteninde Muhammedini we Abulfathy öňdäki hatary edip, ylgar bilen ugratdy. Özi yzdan ugrady. Emirlerden, ynaklardan (ynamdarlardan) we boý nökerlerden ýany bilen kim barýan bolsa, ählisi goşa atlydy. Birtopary ýelmaýaly, atly, birtopary ýabyly bolup, bildiginden çyplak we çalt sürdüler we iki günde gün dogan çagy Astrabat şäheriniň işigine gelip ýetdiler. Şäheriň ilaty ýagy leşgerinden bihabardylar.

Birden, bir topar leşgeri gördüler. Olar edil bigäneler ýaly döküldiler we gabat gelen bilen tutluşdylar. Hemmeler haýran we perişan bolup, öz öýlerine ugradylar. Bu habar Baba Hasana baryp ýetensoň ol duşmanyň öňünden gaçmaga ýüz goýdy. Soltan Ybraýym: «Baba Hasan özüniň öňünden gaçandyr» diýip, pikir edip, gaýduwsyzlyk bilen Astrabada ugrady. Ýolda oňa il agzyndan:

— Serhetde bolýan türkmenlerden müň atla golaý bir topar birleşip, Astrabady boş görensoňlar oňa hüjüm edip geldiler — diýip, habar ýetirdiler.

Soltan Ybraýym atyny çaltlyk bilen sürdi. Abu Sagyt Mirem öň hatardady. Ýolda Jahanşa Mürzäniň ýurtçylary ondan habar tapyp, çapa-çapa şähere geldiler we ol habary arz etdiler. Jahanşa Mürze hammamdady. Ol Muhammedini we Baýezit beg Çäkirini öňden ugratdy. Ol tarapdan soltan Ybraýymyň öň hatary olara gelip ýetişdi. Gazaply söweş boldy. Jahanşa Mürzäniň öň hatarky goşuny ýeňildi. Yzdan Jahanşa Mürze gelip ýetdi. Özüniň öň hatarky goşunyna birleşdi. Onsoň çagataýyň maňlaýy (öň hatarky goşuny) hem güýçlendi. Şäheriň üç parsahlygynda jeňňel daryşganlygynda söweş ýüze çykdy. Jahanşa Mürzäniň hut özi Rüstem deýin jeň etdi. Öz emirlerine we nökerlerine ýaň salyp:

— Biziň ölümimiz we diriligimiz şu ýerdedir. Kalbyňyzy berk tutuň, başa iş düşdi. Bu gün mertlik günüdir — diýip, şir deýin arlap, gylyç urýardy.

Şeýlelikde, Abu Sagyt Miremi hut özi atdan agdaryp, ýesir aldy. Emir Sagadat Hantşa, Hasan Aly Tarhan we emirzadalardan bir topary ele düşdüler. Soltan Hüseýin Firuzşa we beýlekiler ýaly ýene bir topary söweş meýdanynda öldürdiler. Soltan Ybraýym iş görmedik, tejribesiz bir juwan bolansoň, «Jahanşa Mürzäniň hut özi Astrabada gelipdir» diýip, eşiden badyna gaçyp gitdi. Onuň leşgeriniň bir topary söweşde ýok boldy, bir topary bolsa türkmenlere ýesir düşdüler.

Agşam çagy Jahanşa Mürze ýesirleri öldürmek üçin, Garadepäniň eteginde düşledi. Onsoň çagataý emirlerini soraga çagyrdy. Sowal-jogapdan soň, gyrmaga höküm berdi. Şemiň astynda ýaş ýigitlerden üç ýüze golaý kişini gyrdylar. Şeýle-de hut şol agşam çagataý ordasyna gidip biljek her bir kişi talaňa, çapawullamaga, olja we ýesir almaga gitdiler. Gün gündogardan

baş göterende, tutuş leşgerler şol bezegli orda döküldiler hem-de çagataýly leşgeriniň aýal-oglan-uşaklaryna el urup, olary oljalamaga we ýesir tutmaga girişdiler.

Baýlykdyr gözellikden ýaňa Erem bagy deýin şady-horram bolup duran ordanyň her bir çadyrynda bir aý menzil tutupdy, emma ol aý gorky we ynjy agyllamasynyň içindedi. Her bir saýawanynda çür depä çykan bir gün bardy, emma ol gün batyş we ýaşyş garaňkyramasyndady. Her arygyň boýunda her bir gadamda hoşhyram bir serwi ösüp otyrdy, emma ol serwi haýrandady. Her bir daragtyň astynda bir güneş otyrdy, emma ol gamdyr-gussalaryň içindedi. Türkana gözler edil nerkesiň gözi deýin humar bolupdy. Zagpyrany reňkli çadyrlar edil reňme-reň gül deýin, mätäçsizlik ýeli bilen dökülipdi. Şolara degişli agşamlyk çadyrlar edil agşam çagynyň şapagy deýin tä etegine çenli garalykda (garaňkylarda) oturypdy.

### *Goşgy*

Zenan süýreýärdi çadyrdan biri,
Toprak gan, gapdalda «ah» çekýär äri.

Çadyrdyr saýawan göz nury boldy,
Göýä kyýamatdan bir nyşan geldi.

Daňdan ol menzilden göç edip, Harashana sebitlerinde ýurt tutupdylar. Ol gyş ol ýerde gyşladylar. Baba Hasanyň we beýleki emirleriň baýlyklaryny gözden geçirip, hasaba we ýazga geçirdiler. Emeldarlar ýagynyň yzyny agtaryp, jeňňellere, obalara we beýleki ýerlere siňdiler. Köp sanly göwherler, nagt pullar, parçalar, harytlar we mallar soltanyň, emirleriň we leşgerleriň ýükçüleriniň eline düşdi. Etraplardan we sebitlerden, Müňgyşlak, Jelaýyr we sährada oturýan türkmenlerden, şeýle-de

serhetdäki serdarlardan köp kişi belent tagtyň dergähine gelip, bendelik we yhlaslyk görkezdiler. Sowgat-serpaýdyr peşgeşler getirdiler.

Muhammedi Mürze hem Maşada we Nyşapura gitdi, dürli-dürli algylar we salgytlary aldy. Ybraýym soltan tarapyndan yhlaslylyk, tabynlyk we boýun sunujylyk arzy bilen ilçi gelip ýetdi. Onuň arzyna gelmek we hyzmata girişmek baradaky çakylyk bilen jogap berdiler.

Gyş gutarýança Hyrat we oňa degişli ýerler onuň golastyna geçipdi. Onuň tarapyndan Tunda we Tabsda häkim bolan we garaşsyzlyk gazanan emir Uweýs Handşa ilçi iberip, özüni tarapdarlyk we bendeçilik kemendine baglady hem-de çagataý soltanlaryndan ýüz öwürdi.

Sanjar Mürze hem uly bir topar bilen Merw we Mahan welaýatynda tarapdarlyk we yhlas demini urdy. Üznüksiz seriş-delerdir Jahanşa Mürze bilen uly emirlere degişli arznamalar bilen özüni tarapdarlyk we tabynlyk mekanynda mäkäm saklady. Sarahs welaýatynda şan-şöwketi bar bolan we töweregine uly topar ýygnanan Abdylla Pirzat hem öňki gatnaşyklara laýyklykda, özüni ýörite düzüme we yhlas ýörelgesine çekdi, arzlar iberdi. Hyzmatyna howlukmagy haýyr hasaplady. Özi bilen ýakynlygy bolan emir Hajynyň ýanyna gidip, ony belent tagtyň saýasyna getirdi.

Gün merkezi baharyň ortalyk nokadyna ýetip, ene hamaly[1] ýükünden boşadyp, demirgazyk çemenzarlygyna ýüz öwrende, soltan Tagty Meliki ýoly bilen ýaýlagma-ýaýlag ýuwaş-ýuwaş we yzygiderli ýöräp, özüni gyşlagdan sekizinji Ymam Aly ibn Musa er-Ryzanyň (goý, oňa salamlar bolsun!) şehit bolan ýeri Mukaddes Maşada ýetirdi. Muhammedi Mürze hem gyşlagdan

---

[1] Hamal — ýyldyzlar toparynyň ady.

çykyp, atasynyň leşgergähine birleşdi. Şeýlelikde, ýuwaş-ýuwaşdan gidiberdiler.

Ýöriş owazasy Hyrada gelip ýeteninde, Ybraýym soltan döwlet sütünleri, emirleri, ýurt ululary hem han-begleri bilen Gur we Garjystan welaýatyna gitdi. Hyrat şäherinden we welaýatyndan hem-de oňa degişli ýerlerden, takmynan, on müň öýlä golaý kişi Gura we Garjystana gaçyp gitdiler. Ýokarda agzalan Meret aýynyň ortalarynda, Pirzat beg Buhary şäheriň darugalygyna bellenildi. Kösewiýe sebitlerinden aýrylyp, patyşadan öň şähere geldi. Şäheriň ululAryndan we hormatlylaryndan şäheriň şyhyl yslamy bolan Şyh Nureddin Kazrany, Şirazyň uly seýitlerinden we hadysda tefsirde döwrüniň ýeke-tägi bolan, mertleriň merdi, soltanlardyr patyşalaryň nesihatçysy — Seýit Asyleddin Wagyz Şirazy, ähli ylymlarda döwrüniň öňe ägirdi, gelip çykyşy seýitlerden bolup, takwalykda we dindarlykda berk gadamly bolan, şerigat ýörelgelerini we düzgünlerini berjaý etmekdäki görkli yhlaslary ýaýran we äşgär bolan Möwlana Şyh Hasan we beýleki alymlardyr danalar şäheriň iki menzilliginde ony garşyladylar. Doly tagzym we göwün awlamalara eýe bolup, yzyna dolandylar.

Iki günden soň patyşadyr döwlet sütünleri şähere geldiler. Olar şäheriň we welaýatyň ýaşaýjylarynyň goragdadygyny, aman-esen boljakdygyny we penalanjakdygyny jar etdiler. Möwlana Jelaleddin Gaýnynyň ogly Möwlana Abdyljepbary kazylyga we mühtesiplige bellediler. Uly derejeler bilen berkitdiler we kuwwatlandyrdylar.

Kazylar kazysy we alymlar alymy bolan Möwlana Kutbeddin Ahmet bolsa Möwlanazada Ebheri we Gyýasyýe medresesiniň müderrisi Möwlana Şemseddin Sahyp Keşf bilen çäksiz gorkudan hem wehimden ýaňa gizlenipdirler.

Medreseleriň işleri saklanyp galypdy. Bu bende Gyýasyýada ornaşdy. Möwlana Şehabeddin Kösewini Şahruh Mürze Medresesinde ornaşdyrdy. Möwlana Sagydy demirgazykda ýerleşen juma metjidiniň ýanyndaky medresede, Möwlanazada Ebherini hem...[1] medresesinde, Möwlana Abdyljepbaryň ogluny Nyzamyýe medresesinde, Möwlana Zeýneddin Alyny Çowuş hanakasynda sapak bermäge ornaşdyrdy. Hemişe seýitleriň we alymlaryň möhümini bitirmekde we mazlumlary sütem ediji ellerden halas etmekde hereket etdiler.

Bu bende soltanyň taryhyny beýan etmekde buýruga laýyklykda, käte-käte bir sahypa çyrşaýardy. Patyşa heniz Kösewiýe sebitine girmändi, ol şol sebite girmezden öň buýruk berdi, jarçylar: «Hiç kim ülkäniň ilatyna artykmaç we näwajyp zatlary etmeli däl, gallalara ulagyny goýbermeli däldirler» diýip, jar çekdiler. Bekewüller goltuklaryna Kelamyllalaryny alyp, uly emirlere, serdarlara we goşunyň ulularyna nökerleriniň we tabynlarynyň bozuklyk etmegine ýol bermezlik barada antlar içirdi.

Şol gün adamlaryň gollaryna giren sygyr, goýun, at we düýeleriň köpüsini, onuň buýrugy bilen taladylar. Mallaryň eýelerine bolsa temmi berdiler we syýasat urdular. Şonuň üçin adalat owazasy we göwün awlamak netijeleri äleme ýaýrady. Bir wagtlar öz ýurdundan giden her bir kişi öz ýerine dolandy. Halkyň arasynda mäkämlik peýda boldy. Horasanyň ähli ilaty işlemäge we tölegleri kabul etmäge geldiler. Darugalar we emeldarlar welaýatlara gitdiler. Seýit Nyzameddin Aşyr we Möwlana Muhammet Gabaýy wezirlige bellenipdiler. Mülküň şärigi we diwan emiri bolan emir Baýezit Bistam Çäkiri Horasanyň ilatynyň göwünlerini awlamaga, her bir kişiniň ýagdaýyna laýyklykda etraplara gözegçilik etmäge girişdi.

[1] Asyl nusgada boş ýer goýlupdyr.

Mundan üç aý geçenden soň soltan Abu Sagyt Mürze Samarkantdan ugrady. Suwdan geçip, Balha geldi. Jahanşa Mürze Balaýy Şähriň alty parsahlygynda Jagjarap derýasynyň kenarynda Leglekhana diýilýän bir ýerde ýaýlag tutdy.

Möwlana Nejmeddin Omar atly bir kişi Murgapdan çykyp, soltan Abu Sagydyň ýanyndan ilçilige geldi we aralarynda ylalaşyk höwesini oklady. Jahanşa Mürze tarapyndan Seýit Nyzameddin Aşyr gitdi. Ylalaşyk işi mäkämleşdi. Bu habar äleme ýaýrap, ondan kalplar rahatlanandan we asudalaşandan soň, soltan Abu Sagydyň owazasy kesildi. Ýigrimi güne golaý wagtlap hiç kim onuň haýsy tarapa ugrandygyny bilip bilmedi. Megerem mekir we hile ýüzünden depeliklerdir dag ýodalardan gizlinlikde Oba[1] tarap ugrapdyr.

Ahwallar mälim bolmansoň, Jahanşa Mürze Leglekhanadan göç edip, Kehdestan diýen ýere gidip, eger şol ýoldan gelse, ony dep etmäge meşgul bolmagy niýet etdi. Ýigrimi günden soň, Oba ýolundan onuň leşgeriniň aňtawçylary edil hereketlenmeýän we hereketlenýän ýyldyzlar kibi «dogup» başlady. Aý keşpli, Myrryh şikarly, peýkam atarly gylyç urarly türkmenler edil keç hereketli çarhypelek deýin elli müňe ýakyn arabalar bilen daglykdan çykdylar. Jahanşa Mürzäniň ordasyna: «Soltan Abu Sagyt Mürze obanyň dag kötellerinden baş çykardy» diýip, habar gelip ýetende, olar bu duýdansyzlyga haýran galdylar. Sebäbi ylalaşykdyr ýaraşygy yglan edip, terslik we gapma-garşylyk etmäge gaýrat tapmagy we şeýle düzüw leşgeriň üstüne gelmegi geň-taň işleriň hilindendi.

Jahanşa Mürze ýöriş uýanyny oba tarap öwürdi. Şol wagtda Pir Pudak Mürze Şirazdan leşger çekip, Kahystan welaýatyna geldi. Onsoň öz leşgerinden on sekiz müň atly bilen ylgar edip, atasynyň ordasyna goşuldy. Begenişdiler we şatlyklar etdiler.

[1] Hyradyň sebitlerindäki bir uly obanyň adydyr.

Leşgeriň göwni bitginleşdi. Biri-birlerine ýakynlaşanlarynda, Pir Pudak atasyna:

— Maňa rugsat ber, özümi duşmanyň üstüne zyňaýyn, daglykdan çykýança we leşgerini jemleýänçä, ony pytradaýyn — diýip, atasynyň ordasyndan aýrylyp, bir parsaha golaý öňe gitdi.

Jahanşa Mürze Abulfath beg Çäkirliny ugratdy we ony ol niýetinden dänderip, şeýle habar berdi: «Bize onuň bilen jeň etmek mynasyp däl. Çünki, Hasan Aly baş göterip, Töwrizi öz golastyna alypdyr. Bize Horasanda saklanmak maslahat däl. Hazynalary we ülkeleri Hasan Alynyň elinde goýmak we soltan Abu Sagyt bilen dawa we duşmançylyk etmek akyllylyk we tejribelilik ýörelgesine ters gelýän zatdyr. Ýeňiş we üstünlik ýa onuňky bolar ýa-da biziňki bolar. Biz olaryň üstünden ýeňiş gazanan ýagdaýymyzda-da, Horasany goraglap bilmeris. Duşmany yzda goýup Yraga we Töwrize ýüz öwürmek bolsa dogry bolmaz. Eger ýeňiş onuňky bolsa, näme edip bileris?! Akylsyzlyk edip, ryswalykda we binamyslykda galyp, öz öýüňi nadanlyk we tekepbirlik oduna köýdürmek dogry zat däl. Gowusy, onuň bilen ýaraşyk edip, Töwrize ýüzleneliň».

Abulfath beg bu habary ýetireninde ol boýun bolup, yzyna dolandy. Ýaraşygyň öňbaşçylary iki tarapdan hem orta geldiler. Jahanşa Mürze tarapdan Kazy Abdylla hereket etdi. Ýaraşyk berkarar boldy. Ýaraşyk namasynyň göçürmesini bu bende galama getirdi. Onuň mazmuny şeýledi:

«Aby Ruşan[1] mülk serhedidir. Astrabat ülkesiniň bölünýän ýeri Alaeddöwle Mürzä, Horasanyň we Kahystanyň beýleki ülkeleri bolsa, soltan Abu Sagyda degişli bolsun».

Ýaraşyk işi hakykatdan subut bolansoň, Jahanşa Mürze gyssanmaçlyk bilen dolandy. Soltan Abu Sagyt Mürzäniň emirleri Hyrat şäherine geldiler. Heniz Jahanşa Mürzäniň leşgerleri

[1] Aby Ruşan — Jüweýnä bagly bir ýeriň adydyr.

şäherdedirler. Abu Ýusup Mürze Juma metjidinde juma namazyna häzir bolup durka, soltan Abu Sagydyň ordasyndan Seýit Asyleddin, Pälwan Hüseýin Diwana, kazy Kutbeddin Ahmet Herewi şäheriň derwezesine gelip ýetdiler. Abu Ýusup Mürze Melik bazaryndan daşary ugrady. Soltan Abu Sagydyň emirleri Melik derwezesinden içeri girdiler.

Olar Erk galasynyň eteginde sataşdylar. Emirler uýan çekip, pespällik düzgünlerini berjaý edip, salam berdiler we Abu Ýusup Mürzäni geçirip goýberdiler. Iki leşger biri-birine garyşypdy. Hyradyň pis we näkes kişileri topar-topar bolup, Jahanşa Mürzäniň leşgerine topulyp, çapawulçylyk elini zarbadyr talaňçylyk bilen uzatdylar. Bir toparyny ýalaňaçladylar we ýaraladylar. Jahanşa Mürze şäheriň üç parsahlygyna gelip ýetdi. Soltan Abu Sagyt şähere girdi we türkmen leşgeriniň galan-gaçanlaryny boşatdy. Näkeslere we gowgaçylara syýasat buýurdy.

Soňra Jahanşa Mürze göç edip, her gün on parsah, on iki parsah ýöreýärdi. Goşundakylar topar-topar birleşip, sagdan-soldan iki günlük, üç günlük ýola gidýärdiler, welaýatlary talaýardylar. Ýesirdir olja getirýärdiler. Nyşapura ýetenlerinde, Pir Pudak Mürze Şiraza ýöriş edip, ordadan aýryldy. Abu Ýusup Kermana gitdi. Bu perzentleriň ikisi talaňçylyk edip gidip barýardylar. Pir Pudak Mürze Ýezde ýetende, ilki başdan boýnyýogynlyk edip çäkden çykdy, şähere, welaýata salgyt, peşgeş we töleg saldy. Yspyhanyň käbir welaýatlaryna, ýagny Ruýdeşte, Natanza we Erdestana daruga, salgytçy we gözegçi ugratdy. Ululary we han-begleri çagyryp, Natanza we Erdestana ýüz tümen salgyt ýükledi. Babyr Kuha ýetende hem hut şu ýörelgäni ýerine ýetirdi.

Jahanşa Mürzäniň Hasan Alynyň üstün çykaýmagyndan gorkusy bardy. Pir Pudak Mürze atasynyň Töwrizden dolanmaga mejalynyň ýokdugyny bilýändigi üçin, tabynlyk ýolundan sowlup, bozuk pikirler onuň beýni şähristanyny gaplap aldy.

Batyl höwesleriň möwçleri onuň dogry aňynyň çyragydyr şemini öçürdi. Onuň barlyk we ýaşaýyş çeşmesiniň tagamly içgisine pitnedir bulam-bujarlyk çaňyny we çöp-çalamyny oklady.

Jahanşa Mürze Semnana ýetende, Damganyň darugasy şäheri taşlap, özüni ordagähe ýetirdi. Yzygiderli we üznüksiz göçüşlikden we ýüklerden ýaňa, takmynan, ýigrimi müňe golaý düýe, on müňe ýakyn at we gatyr heläk boldy. Her menzilde gap-gaçlardan, düşeklerden we çadyrdyr kepbelerden ybarat bolan sansyz-sajaksyz ýükler we goş-golamlar dökülip galýardy. Her iki ädimde bir düýe, ýa-da at, ýa-da bir gatyr ýykylýardy. Bir parsah aralykda bu bende sanap görende, ýolda gören maslygy üç ýüzden geçýärdi.

## HASAN ALYNYŇ TOPALAŇYNYŇ BEÝANY

Hasan Aly Mäku galasynda on bäş ýyla golaý tussaglykda we bendilikde bolupdy. Jahanşa Mürze Horasany eýeläp, onuň soltanlyk güneşi ähli adamlaryň çürdepesine we halypalyk ýyldyzy asmanyň dik başyna ýeteninde, ýaşyş-batyş düşünjesi heýjana geldi. Ilki bilen onuň perzentleri terslige we boýun towlamaga ýüz urdular. Hasan Aly topalaň baýdagyny parlatdy. Jahanşa Mürze onuň terslik alawyny öçürmek üçin, Töwrize gitmek islände, soltan Abu Sagyt bilen ýaraşyk hekaýaty ara düşdi.

Türkmen leşgeri onuň dolanandygy baradaky habary eşidenlerinde, yzly-yzyna eýeçilik we talaňçylyk elini uzatdylar. Ýollardan asudalyk we aman-esenlik göterildi. Güýçlüler bolup, gaýgyrman zulum we sütem edýärdiler. Hezreti Haktagala özüniň arassa kämil hikmeti bilen edil beýni öýjüklerini özüne çekmek üçin, hassanyň aýaklaryna em gaýgyrman ýapýan tebip ýaly, Hasan Alynyň topalaňyny Horasanyň asudalaşmagynyň sebäbi etdi. Türkmenleriň bozuklygyny we erbetligini ol ülkelerden Töwrize tarap çekdi.

Taňrynyň arypy we Ýaradanyň saýlany Hoja Abdylla Ensarynyň «Hudaýyň Abdylla bilen ähdi bar, Ol Hyratda hiç bir zalymy goýmaz» diýen pikiri aýdyň boldy. Hasan Aly özüni bendilikdir tussaglykdan halas etdi. Emir Arapşany we Mahmyt beg Akgoýunlyny hem bendilikden çykardy. Onsoň Töwrize gidip, emirleriň şäherdäki aýallarynyň baryny emirlerine we nökerlerine paýlady. Şäher ilatynyň gyzlaryny her kese berýärdi. Soltan hazynalarynyň goragçylary bolan galadarlary gala häkimlerine hoşamaýlyklar bilen namalar ýazyp, öz tarapyna geçmäge çagyrýardy.

Etraplardaky pislerden we näkeslerden ybarat bolan adamlar oňa garşy ýüz öwürdiler. Galalaryň ilatlary howpa we tolgunma

düşdüler. Jahanşa Mürze Hyratda bu habary eşitdi. Şeýle hem daş-töwerekden duşmanlar baş göterdi. Soltan Abu Sagyt Mürze Samarkantdan sansyz arabadyr böwsüji leşger bilen Hyrada ugrady.

Soltan Hüseýin Baýgara Astrabada eýe bolupdy. Ol Jahanşanyň uly emirlerinden we onuň ýakynlaryndan hem-de Astrabadyň häkimi bolan Hüseýin beg Sagdlyny tutup, ony türkmen leşgeriniň uly topary bilen bilelikde öldürdi. Babyr Mürzäniň zamanynda ol ýeriň häkimi bolan emir Baba Hasany hem tutup öldürdi.

Hasan Şyh Teýmir Hajremde ýollary bekledi. Kahystanda hem Peser Mahmyt Nadany üstünlik gazandy. Welaýatda bolan türkmen emirleriniň nökerlerini we darugalaryny tutýardylar. Jahanşa üçin meýdan daralýardy. Töwriz tagty elden çykdy. Hazynalaryny talapdylar. Onsoň haýran bolup, soltan Abu Sagyt Mürze bilen ýaraşyk etmekden we Töwrize tarap dolanmakdan başga çäre tapmady.

Ýaraşyk ilki kesgitlenip, ýokarda beýan edilen ýagdaýda Töwrize dolanyp, Reýe ýeteninde, Damganda tussaglykda bolan Aýna beg Hamza Hajy Sulany Sahypkyran tarapyndan orda ýetirdiler. Rüstem Tarhan bilen söweşende ýesir düşen we Diýarbekrde tussaglykda galan Pir Aly Aly Şüküri hem getirdiler. Hasan Aly Mürze şol wagtda emir Gylyç Arslany emir Arapşany we Mahmyt beg Akgoýunlyny Erdebile tarap ylgar edip iberipdi. Olar Jahanşa Mürzäniň howpy zerarly Hasan Alydan ýüz dönderdiler we Jahanşa Mürzäniň ordasyna birleşdiler. Jahanşa Mürze Reýde düşlän wagtynda, Şasuwar begiň, Sulan begiň we Pir Aly Aly Şüküriň serdarlygynda Töwrize tarap bir ylgar ugratdy.

Hasan Aly Gylyç Arslanyň we Arapşanyň ýüz öwrendigi barada habar tapan badyna, Töwrizden gaçdy. Jahanşa Mürzäniň emirleri Töwrize geldiler. Hasan Aly: «Heniz Jahanşa Mürze

Töwriz sebitlerine gelmändir» diýip eşideninde, Hossun Oglunyň serdarlygynda Töwrize ylgar ugratdy. Töwrizdäki emirler daşary çykdylar we bu ylgar bilen Töwriziň Ajy Suwunyň[1] boýunda garşylaşdylar. Söweş etdiler. Hossun Ogly öldürildi. Hasan Alynyň ylgaryndan üstün çykdylar. Bu habar Hasanala ýeteninde, Maku galasyna gaçyp gitdi we onda gabaldy. Jahanşa Mürze Töwrize geldi. Emir Arapşany ýene-de diwan emiri etdi. Şol aralykda emir Baýezit Bistam wepat boldy. Onsoň dogany emir Abulfathy diwanda onuň ornunda oturtdylar. Emir Pirzat Buhary we Sulan beg hem emirlik diwanynda möhür urdular.

Hasan Alynyň tarapdarlygynda dem ýa-da gadam uran her bir kişiniň demini haram saýyp, ýokluk ýoluna rowana etdi. Hasanala ilçi iberip, perman ýazdy. Onuň mazmuny şeýledir: «Eger özüniň emirini we wezirini öldürip, olaryň başlaryny Jahanşanyň dergähine iberse, biz oňa aman bereris hem-de onuň günäleriniň üstüne ýalkaw synyny örteris».

Hasan Aly atasynyň buýrugyna laýyklykda, weziri Hoja Şemseddin Hüseýini we öz emirlerinden birnäçesini öldürip, başlaryny dergähe ugradyp: «Aýal doganym gelip, we meni älemiň penakäriniň dergähine eltsin» diýip, haýyş etdi. Jahanşa Mürze onuň özüniň uýalaryndan birini ugratdy. Ol ony ähdi-peýman bilen Sehent ýaýlagyna getirdi. Uly emirler ony garşylap, orda getirdiler, öý belläp berdiler hem-de ony perzentleri, nökerleri we tabynlary bilen bilelikde şol öýde ornaşdyrdylar.

Ertesi boýnuna guşak salyp, atasynyň ýanyna geldi. Ýalkaw we görmezlige salmak didesine mynasyp bolup, aýşy-eşret mejlisinde oturdy. Ol mejlisde emir Arapşa-da bardy. Ol Arapşany ýamanlamaga başlady hem-de emir Arapşanyň göwün açyşlyk

[1] Töwrizden akyp geçýän Ajy çaý.

we lap uruşlyk ýerinde serhoşlykda aýdan sözlerini biedep sözler bilen Jahanşa Mürzäniň arzyna ýetirdi.

Mejlis gutardy. Birnäçe gün geçenden soň, Jahanşa Mürze emirlere şikar niýeti bilen atlanmaklaryny we Hasan Alynyň ordasyny gurşap alyp, ony tutmaklaryny buýurdy. Emir Abulfath, Pirmuhammet Tuwajy, Pirzat beg we beýleki emirler atlandylar. Onuň öýüniň golaýyna ýetenlerinde, ol atlylaryň hüjümlerini görüp, howsala düşüp, atlandy we atasynyň öýüne tarap ugrady. Pirmuhammet Tuwajy at çapdyryp, oňa gelip ýetdi we ok atyp, ony ýaralady. Hasan Aly atasynyň haremhanasyna penalandy hem-de Jahanşa Mürzäniň beýleki perzentleriniň enesi bolan, ahyrynda-da şu penalanan Hasan Alynyň elinden ölen Begimi özüniň halas boluşynyň serişdesi etdi. Birnäçe günläp onuň ýaralaryna em etdiler. Birnäçe wagtdan soň, atasy onuň ýurtdan çykmagyna höküm berdi.

Pir Pudak Mürze Horasandan dolanan wagtynda, boýunegmezlik çyzygyna gadam goýup, Yragyň mal-mülkine el uzadansoň, Pir Pudakda hiç bir ornaşara ýer we gaçybatalga galmaz ýaly, Bagdady onuň eýeçiliginden çykarmak isledi. Onsoň Hasan Alyny Begime tabşyryp, oňa ony Bagdat ýolundan Jam sebitlerine ýetirmegi we bu ýolda Bagdady Pir Pudagyň emeldarlygyndan almagy tabşyrdy. Bu mekirligiň ysy bagdatlylaryň burunlaryna ýeteninde, geçiş ýoluny beklediler we Begimiň girmegine razylyk bermediler. Hasan Alyny Bagdatdan geçirip, Şama rowana etdiler.

Bu ýagdaý hem duşmançylygyň öwezine öwrüldi. Begim Bagdadyň işiginde yzyna öwrülip, Pir Pudagyň Yragyň we Ýezdiň baýlyklaryna eden gödek eýeçiliginiň öwezine elli müň öýli bolan Gara Ulus obasyny tutuşlygyna göçürip, Yraga we Töwriz sebitlerine getirdi.

Dogrusyny Alla ýagşy bilýändir.

## JAHANŞA MÜRZÄNIŇ OGLY PIR PUDAGA TEMMI BERMEK ÜÇIN ŞIRAZA TARAP LEŞGER ÇEKMEGINIŇ BEÝANY

Baharyň başynda Jahanşa Mürze Yspyhan gyşlagyndan çykyp, Şiraza ýüzlendi. Şol wagtlar: «Pir Pudak Neriz sebitlerinden elli parsah töweregi bolan Şulustan serhedine çenli aralykda diwar çekip, laýyk bilen her ýerinde sütün dikeldipdir we derwezeler goýlupdyr» diýip, habar gelipdi.

Jahanşa Mürze Yspyhandan çykyp, Pir Pudagyň meýliniň tersine Şirazy ogly Muhammedi Mürzäniň adyna belledi. Yspyhany özüniň ýörite diwanyna degişli etdi. Izethast galasynda düşledi. Ol galanyň darugasy Pir Pudak tarapyndan bellenipdi. Onsoň galanyň üstünde jeň gurdy. Üç günläp saklandy, emma galany bermediler. Soňra onuň arzyna: «Bu gala seniň ýaly patyşanyň gabaw astyna almagyna laýyk bir ýer däl. Eger patyşa bizi bagyşlap, geçip gitse, onda galanyň häkimligini her kime berse-de, biz oňa boýun bolarys» diýipdiler.

Jahanşa Mürze ol ýerden göç edip, tä Bedenä çenli gitdi. Ýoluň beklidigini görende, uýanyny Abarkuha we Beýawanat welaýatyna tarap burup, Serdsiriň tutuş welaýatlaryny talady, ýesir tutdy, talaňçylyga saldy. Welaýatlaryň talanandygyna garamazdan, gallanyň gymmaty soňky çägine ýetdi. Yspyhandan müň kişini diwary ýykmak üçin getirdiler. Olar üç aýa golaý wagt diwary ýykmagyň küýünde agyr gymmatçylykda we sergezdançylykda gün geçirdiler.

Emirlere we leşgerlere kömek üçin, Yragyň hazynalarynyň jemlenýän ýeri bolan Tarum galasyndan dört müň Töwriz tümenini getirdi we emirlere karz berdi. Olar ol puly öz leşgerlerine mertebedir aýlyk haklaryna laýyklykda paýladylar. Kumdan diwan gallalaryny leşgergähe getirip, leşgere satdylar. Beýle görnüşli paýlaşyklar bilen Pir Pudagyň işi teňleşip başlady.

Ýaýlaglarda ornaşmak bilen gala diwarynyň uzaboýuna gezim edip aýlanýardylar.

Şu ýagdaýda göç ugrunda bu göwni synyk bende Muhammedi Mürzäniň weziri Süleýman bilen hemra boldy. Şonda joşa düşen derwüşleriň «lisany gaýb»[1] atlandyrýan Hapyz Şirazlynyň (goň, oňa rehmet bolsun!) diwany orta geldi. Bu pakyr ýokarda ady agzalan ýoldaşyna:

— Bu kitapdan Pir Pudak Mürzäniň ahwalyny pal atma ýoly bilen seljereliň — diýdim.

Kitaby açdyk, sag tarapky sahypasynyň ýokarsynda şu Beýt gabat geldi:

«Isleseň gursagyňy ataşkede oduna bas,
Isleseň Dejle suwun gözüň eýlesin höwes».

Kalbymyzy doly ynandyrmak üçin, ýene-de bir gezek kitapdan Jahanşa Mürzäniň ahwalyna pal atdyk. Şonda şu Beýt gabat geldi.

«Eger ýanyndan gitsem, uly pitne turuzýar,
Ýanyn alyp otursam, edip kine, turuzýar.
Ömür sürmek isleseň, sabr et, bu jadygöý çarh,
Bu müň oýun edip, müň bir hile turuzýar».

Birnäçe günden soň ýene-de şol dogruçyl kitap we göwündeş hemra sataşdyk. Bilelikde ýokarda agzalan kitabyň yşaratyna haýran galdyk. Ýene-de oturanlaryň kalbynda Şirazyň ahwaly barada pal açyp görmek islegi döredi. Oturanlaryň biri şu niýet bilen kitaby açdy. Kitapdaky şu Beýt gabat geldi:

[1] Gaýyby dil.

«Deňsiz-taýsyz Şirazy görmedik çeker arman,
Biribarym, penaňda ony saklawer aman».

Bu ýagdaýyň ahwaly emirleriň mejlisinde arz edildi. Bu pakyr aýtdy:

— Şirazyň ýok bolmasy ony eýelemegiň terk edilmegidir.

Emir Abulfath jogap berip, aýtdy:

— Ýalňyşma, Şirazyň ýok bolmasy ony eýelemegiň gijikdirilmegidir. Umuman, şu iki günüň içinde, Hapyzyň dogasynyň bereketi bilen eýelenjekdir.

Edil şonuň aýdyşy ýaly-da boldy. Patyşa şol iki günüň içinde Bewanatdan Sary köşgüne meýil etdi. Ol ýaýlagda şeýle waka ýüze çykdy:

Jahanşa Mürzäniň garawullary Pir Pudak Mürzäniň garawullaryndan bir toparyny ýesir tutdular. Pir Pudak namys edip, diwan emiri bolan Muhammet Aly Şüküri, Tarhan Rüstem Tarhany we Şady begi bir müň bäş ýüze golaý atly bilen ylgara ugratdy. Ujan menzili Jahanşa Mürzäniň leşgergähidir. «Şeýle ylgar ýetip gelýär» diýen habar gelip ýeten badyna, Muhammedi Mürze, Abulfath Bistamy, emir Şa Aly, emir Aly Şükür we Kasym perwanaçy dagy uly emirlerden we esgerlerden bäş müň atly töweregi uly topar bilen gyssanmaç olary garşylamaga çykyp, ordanyň bäş parsahlygynda biri-birine sataşdylar. Uly söweş ýüze çykdy. Muhammet Aly Şükür we Şady beg gözel ýigitlerden we görkli pälwanlardan bolan üç ýüze ýakyn kişi bilen ele düşdüler.

Ertesi Muhammedi Mürze we emirler ol ýesirleri orda alyp geldiler. Muhammet Aly Şüküri we Şady begi diwana getirdiler we sorag etdiler. Ol jemagaty agşam çagy häzir etdiler. Pirmuhammet beg Tuwajy häzir boldy. Muhammet Aly Şükürden we Şady begden başga hemmesini gyrdy. Ol ikisine emir Aly

Şüküriň hatyrasy üçin aman berdiler. Olardan ähdi-peýman alyp, Pir Pudagyň gaşyna ugratdylar.

Ölenleriniň her biriniň Jahanşa Mürzäniň ordasynda garyndaşlary, ene-atasynyň ýakynlary, doganlarydyr doganoglanlary, degişli kişileri we ýakynlary bardy. Şonuň üçin iki topara-da betbagtlyk indi. Olaryň öldürilmesinden halaýygyň ýürekleri edil gan deňzi deýin tolkunyp, gözler gözýaşdan Araz çaýydyr Jeýhuna öwrüldi. Öldürilýän wagtynda käbirleri kimdir biriniň hemaýaty astynda aman galypdylar. Ýarygije çagy olara hem gelmeklik jar edildi. Ol kişileri-de öýlerden daşary çykaryp, şemleriň ýagtysynda gyrdylar.

Birnäçe gün geçenden soň, Pir Pudagyň perwanaçysy hem-de aýşy-eşretdeşlerinden we söhbetdeş ýaranlaryndan bolan, şeýle-de egindeşlik we söhbetdeşlik ýörelgesinde olaryň oňa saýlanany bolan Şady begiň ogly Ybraýymşa beg özüne tabşyrylan derwezesinden çykyp, gaçyp Jahanşanyň ordasyna garşy ýüz öwürdi. Işigi ogşamak hormatyna gowşandan soň, halat, hormat sowgat-serpaý, golaýlyk we aýşy-eşret hemralygy hormatyndan peýdalandy. Onuň gaçmagy Pir Pudagyň dargamagynyň we sandyramagynyň golaýlamagyna sebäp, Jahanşalylara bolsa Şirazy eýelemek hem-de daryşgynlykdan we azyk önümleriniň gymmatlygyndan halas bolmak umydynyň hasyl bolmagyna esas boldy. Onuň gaçmagy sebäpli, ýaraşyk sözi ara düşdi. Pir Pudagyň ejesi oglunyň haýyşy bilen ýaraşygyň araçysy boldy. Şeýle karar edildi: «Pir Pudak atasynyň namysyny goramagyň we saklamagyň bähbidi üçin, Şirazy tabşyryp, Tester tarapyna gitmeli. Birnäçe wagtdan soň, ýagny bulagaýlyk we günäkärlik yzlary onuň ahwal ýüzünden syrylandan, älemdäkilere atasynyň emrdir gadaganlyklaryna tabyn bolup, onuň buýrugyna boýun bolýandygy aýan we mälim bolandan, ata-

enesine boýun bolmazlyk heläkçiliklerinden hukugyny seljermek ýörelgesine gelenden soň ýene-de il-halaýygyna we Şiraza dolanmaly».

Şu kararlara laýyklykda, Pir Pudak Testere tarap göç etdi. Pir Pudak Testere tarap gidip, Şiraz golastyna geçenden soň, Jahanşa Mürze ýurda tama edip, perzendi bilen eden ähdini bozup, oňa: «Ol ýerden Bagdada gitmeli we Şirazdan tamaňy üzmeli» diýip, habar berdi. Onsoň Hoja Reşit Gazwini diwan tarapyndan maliýe işlerini hasaba almaga bellenilip, Şiraza gitdi. Birnäçe günden soň, Jahanşa Mürze ähli perzentleri, emirleri we döwlet sütünleri bilen şähere geldi. Şiraza degişli ýerlere we sebitlere darugalardyr iş dolandyryjylar iberildi.

Jerundan, Lardan, Tarumdan ilçiler sowgatdyr serpaý we peşgeşler bilen patyşanyň dergähine geldiler. Welaýatlara göwün awlaýjy ýeňiş namalary iberildi. Ol diýaryň ýaşaýjylarynyň öňünde merhemetlilik we mähribanlyk gapylary açyldy. Abu Ýusup Mürzäni Şiraz welaýatynyň häkimligine belledi. Kazruny, Habry we Serdsiri Muhammedi Mürzä, Kermany Bewanat bilen bilelikde Abulkasym Mürzä mülk edip berdi. Beýleki welaýatlary Şa Aly beg, Şasuwar, Läle Saparşa we beýlekiler ýaly uly emirlere berdi. Yspyhany ýene-de Muhammedi Mürzä degişli etdi.

Şirazyň işi düzgünleşenden soň, güýzüň ahyrlarynda, Abarkuh ýolundan Yspyhana gitdi we ol welaýatda gyşlag tutundy. Muhammedi Mürzäniň adamlarynyň jebir-süteminden ýaňa jandan doýan we pyçak etinden ötüp, süňküne ýeten Yspyhanly mähnetkeşleri ýük astyna çekip, «Teňňä sekiz-on man galla satmaly» diýip, olara dört müň harwar[1] galla ýükledi. Ol pakyrlar

[1] Harwar — agram ölçegi. Töwrizde 300 kg, Hyratda 400 kg hasaplanýar. Göni türkmençe manysy eşek ýüki diýmek.

ýigrimi man gallany karzyna satýardylar, onuň bahasyna iki man satyn alýardylar we berýärdiler

Şol gyşda Pir Pudak hem Bagdada gitdi.

## HEZRETI SAHYPKYRANYŇ AHWALYNYŇ BEÝANY

Halyl Tuwajy Sahypkyran tarapyndan Mişem galasynyň gabawyna meşgul boldy. Kürtlerden iki ýüze golaý kişini tutup öldürdi. Baharyň başynda şäheri, güýzde bolsa galany basyp aldy. Melik Halaby öldürenler bolan Melik Eýýuby ýasaga[1] ýetirdiler. Şäher sebitleri we welaýat «Soltanlyk bakylygy» lakamy bilen şazada Halylylla (goý, ol belent atasynyň soltanlyk baýdagynyň saýasynda baky bolsun!) degişli edildi. Ylahy goldawçylaryň jarçysy özüniň hoş owazy bilen: «Soltanlyk tabyn boldy» sözlerini goldawçylary bazarynyň başynda sahawatly soltanyň nökerleriniň gulaklaryna ýaň saldy. Melekut äleminiň[2] haremhanasynyň habarçylary jeberut äleminiň[3] çadyrlarynyň astyndan nygmatlarynyň artyş we sahawat özenleriniň köpeliş buşlugyny ähli ymmatlaryň gulaklaryna, şeýle-de:

Rowaçlyga ýar bolsun döwletiniň daňy atyp,
Ykbalynda görünsin säheriň alamaty.

ýüzlenmesini hezretiň razylyk gulagynyň eşidiş hormatyna ýetirýärdiler. Ruhuňy joşduryjy we hoş owazly nagmaçylar yhlas we sapa eşretçileriniň bezminde depdir çeňiň ýaňagyna çalyp we kakyp, meýlisdäkileri şu aýdymyň heýjany bilen söze getirýärdiler:

Hoş ýakar bu şähere, eger bolsaň soltany;
Melhem bolar bu sere, eger bolsaň serdary.

---

[1] Ýasak — gadaganlyk.
[2] Melekut älemi — perişdeler älemi.
[3] Jeberut älemi — ruhy älem.

Gyş düşdi. Sahypkyran gyşlaga gitdi. Jahanşa Mürze Kumda gyşlady. Baharyň başynda Jahanşa Mürze Duharlydan[1] Baýburt galasyny talap etdi. Olar Sahypkyrandan gorkusyna bu talapdan boýun towladylar hem-de Jahanşa Mürzäniň buýrugyna boýun bolmadylar we yzyna eýermediler. Soňra Sahypkyrana: «Galany dergähiňiziň bendelerine tabşyrmak isleýäris» diýip, arz etdiler. Jahanşa Mürze galanyň ilatynyň özi bilen duşmançylyk we boýun egmezlik ýagdaýyndadygyny hem-de Sahypkyranyň boýun we tabyn bolmak niýetindedigini aňyp: «Baýburt galasyny şol doganlykly gatnaşykda bolan jenaba bagyşladyk» diýip, görkezme ugratdy. Onsoň galany dergähiň bendelerine tabşyrdylar.

Şeýle-de şu pasylda Hasan Aly Mürze Arapdan (Yrakdan) baky döwlete garşy ýüz öwürdi we Sahypkyranyň ünsüniň hemaýatyna penalandy. Birnäçe gün ünsli mähribanlyklar bilen gün geçirdi, söhbetdeşlik we aýşy-eşret bilen gurbat ynjysyny dep etdi we döwrüň gussalaryny daşa kowdy. Soň ýene-de atasynyň hyzmatynyň höwesinde Yraga tarap gitmäge meýil etdi. Aly Kürt diýen ýere ýetenden soň, gidip bilmedi we howp edip, ýene-de yzyna — Sahypkyranyň dergähine dolandy. Soň ýene-de pytraňňy pikirleriň hüjüminden ýeňlip, atasynyň hyzmatyna ugrady. Ýene-de şol ýere ýeteninde, atasy tarapyndan ylgaryň gelýändigi baradaky habarlar agyz-dilde ýaňlanyp başlady. Onsoň ýene-de yzyna dolandy.

Öňki ýörelgelerine laýyklykda, oňa hormat we üns bilen garalýardy. Ahyrynda, Sahypkyrana onuň namazy terk edýändigi, aýallara el uzadýandygy, ini hapalananda, gusuly terk edýändigi we şuňa meňzeş gabahat işleri subut we mälim bolandan soň ony öz ýanyndan kowdy. Ol Bagdada gitdi. Pir Pudak Mürze ony

[1] Öňki sahypalarda-da getirilişi ýaly, Duharly Garagoýunly ulusyna degişli bolan ýerleriň (sebitleriň) biridir.

mertebeläp hormat we sarpa gapylaryny açdy we hyzmat wezipelerine girişdi.

Bu gyşda Jahanşa Mürze Sawede gyşlady.

Baharyň başynda Sahypkyranyň söwerlerinden we tarapdarlaryndan bolan Ybraýym beg Garamany wepat boldy. «Melik Zülkadyr Garaman welaýatyny talady» diýip habar geldi. Ol welaýatyň ilaty bolsa ony dep etmekde Sahypkyranyň goldaw synyndan ýapyşdylar we aslyşdydar. Sahypkyran ol mazlumlaryň haýyşy bilen, Jahana hemaýatkär baýdagyny Melik Aslanyň zulumyny dep etmek üçin, Garamana tarap parladyp ugratdy. Ol welaýaty özüniň hemaýat saýasyna çekip, Melik Aslanyň wagşylarynyň penjesinden halas etdi. Zülkadyryň nökerlerini talap, Melik Aslany dargatdy we ýeňdi. Ol welaýatyň häkimligini Yshak bege berdi. Özi bolsa gyşlaga ugrady.

Jahanşa Mürze bu baharda we tomusda Sawe gyşlagyndan çykyp, Bagdada Pir Pudagy ýok etmäge ugrap, ýuwaş-ýuwaşdan Yrak ýaýlaglarynda seýr edýärdi. Gyşlag wagty Bagdadyň töwereklerinde düşledi. Reýden gallany arap düýesiniň üstüne ýükläp, Hemedan welaýatyna getirýärdiler. Ol ýerden bolsa getirmeli kişiler öz ulagyna ýükläp, onuň leşgergähine getirýärdiler. Araplar ol ýüklegler sebäpli, onuň zulmunyň çydam ýüküni sabyr gerdeninden agdaryp, göç etdiler hem-de Derwüş Jelaleddin we Reýiň yşaratçylyk hem ekerançylyk eýeleriniň ulularyndan bolan Derwüş Şemseddin ýaly Reýiň tanymallary bilen Horasana gitdiler. Soltan Abu Sagyt Mürze olara üns berip, ýer berdi we sarpalady.

## BAGDADYŇ GABALMAGYNYŇ WE EÝELENMEGINIŇ BEÝANY

Ýedi ýüz birinji[1] ýylda Jahanşa Mürzäniň gulagyna: «Pir Pudagyň ata-enesine boýun egmezlik we bulagaýlyk alamatlary aýan boldy. Hasanala hem Bagdada gelmäge ýol berdi. Oňa hormat we sarpa goýmakda uly yhlas görkezýär. Ätiýaçlyk azyk üçin welaýatlardan galladyr azyklary çekmek bilen meşgullanýar. Hemişe atasynyň garşysyna dilini uzaldýar. Dinsizleriň bir topary onuň söhbetdeşliginde üýşüp, şerigata we dine tagna ýapýarlar. Din we şerigat bendiniň şäherinden çykyp, haramlyk sährasyna gelip, orazadyr namazy terk edip, yslam dininiň borçlaryny taşlamaga başlapdyr» diýip, habar gelip ýetdi.

Jahanşa Mürze ülkeleriň etraplaryna we gyrak-bujaklaryna leşger jemlemek üçin wekilleri ugratdy. Muhammedi Mürze hem Yspyhandan we beýleki ýerlerden, ýagny welaýatlaryň jümmüşinden emirleri we mülkdarlary jem etdi hem-de sansyz leşger toplady. Türkmenleriň nökerlerini göçürip, leşgergähe goşdy. Harrakan we Soltanyýa ýaýlaglaryndan göçhä-göç edip, ahyry Bagdady ada ýaly edip, gurşap aldy. Derýa köpri gurdy. Muhammedi we emirleriň uly bölegi derýadan geçip, şäheri orta çekdiler.

Bagdada gelip ýetmezinden öň, Sahypkyrana ilçi iberdi we: «Mosul, Erbil we Sanjar jenap doganlarymyzyňky bolsun. Ýöne bir şert bilen, derýanyň ol tarapyndan mümkin boldugyndan kömek we goldaw ýoluny bermeli hem-de Pir Pudak üçin gaçyş ýoluny beklemeli» diýen habar beripdi. Sahypkyran kömek bermek hereketini ýerine ýetirdi. Ondan soň Harpert galasyny gabamaga ugrady. Öňräkden leşgerdir nökerlerini ýaýlaglara ugratdy.

[1] Milady ýyl hasaby bilen 1301-1302-nji ýyllar.

Jahanşa Mürze iki ýyl Bagdadyň daşynda oturdy we öýler gurdy. Bagdadyň yssylygyndan ýaňa, öýleri ýerden gazdylar. Gündizine yssynyň joşa gelýän wagtynda, şol nagymlara we garymlara sümülýärdiler. Pir Pudak we şäheriň içindäkiler kynlyk bilen gün geçirýärdiler. Ahyry köp halky şäherden daşary çykardy we öz leşgerine ynamsyz boldy. Onuň ýakynlaryndan birnäçesi onuň atasynyň ýanyna gaçyp gitdiler. Beýleki bir topary bolsa gaçmak niýetindediler. Pir Pudak olar barada habarly bolanda, ol kişileriň birtoparyny öldürdi we birnäçesini suwa oklady. Öz aýallaryny öldürdi. Olaryň biri hökmürowan patyşa emir Halylylla Şirwanynyň (goý, ýatan ýeri ýagty bolsun!) gyzydy. Beýleki biri Elwent Mürzäniň aýallaryndandy. Ol ony Elwent Mürze wepat bolandan soň, öz nikasyna girizipdi. Gaçan kişileriň aýaldyr çagasyny we dogan-garyndaşlaryny hem çagalary bilen bilelikde suwa oklady. Ahyrynda elini namartlyk etegine urup, atasyndan aman diledi. Dogany Jahanşa Mürzäniň diwan emiri bolan emir Abdyrahman geldi we patyşadyr döwlet sütünlerinden kimi gören bolsa, olara kasam içirdi.

«Şäheri tabşyrmaly we öz saýlantgylaryndan birnäçe kişi bilen şäherden daşa gitmeli» diýlip karar edildi. Ilki bilen bolan esbaplaryny we hazynalaryny, patyşalara laýyk gymmatbaha bezeglerini atasynyň ýanyna ugratdy. Ondan soň şäheri atasynyň emeldarlaryna tabşyrdy we daşary gitmek taýýarlygyna meşgul boldy. Daşardakylar birden şähere hüjüm etdiler. Muhammedi Mürze we Pirmuhammet beg Tuwajy gylyçlar syryp, onuň öýüniň içine girdiler. Haýbat bilen ýerinden galkyp turdy we Tuwaja sögünip aýtdy:

— Eger meni öldürmek barada höküm berlen bolsa, onda Muhammedi öldürmeli. Seniň meni öldürmekde näme dahylyň bar?!

Ol şu gürrüňleri aýdanda, zarbalar urdular we onuň işini tamamladylar.

Geň zat, Pir Pudak Mürze Şirazdan Bagdada geleninde, Jahanşa Mürze bolsa heniz Bagdatdan daşda wagty, her iki-üç günden agşam, derýanyň aňry tarapyndan, Pir Pudak Mürzäniň öýüniň golaýyna bir kişi gelýärdi we belent owaz bilen türki, käte parsy, käte bolsa araby dilinde Pir Pudaga gargynýardy we:

— Eý, betbagt, toba et, bolmasa, geler, seni we ähli tabynlaryňy öldürer, aýaldyr çagaňy ýesir eder — diýýärdi.

Pir Pudak bu ýagdaýdan ynjalyksyzlanýardy. Ony tapmak üçin suwa gämiler salýardy. Emma ony tapmak başartmaýardy. Onuň gözleginde adamlar derýanyň ol tarapynda gizlenip ýatýardylar, emma tapylmaýardy. Ol owaz ýaň salanda bolsa bular gaçýardylar. Üç aýa golaý şeýle boldy.

Bu bende onuň wepat bolan senesi üçin şu birnäçe beýdi ýazdy:

Ol Pir Pudak Mürze hoşdur bagtyndan,
Esli wagt oturdy Jem tagtynda[1].

Soň Alla takdyry, pederniň sözi
Bilen ýola düşüp, sökdi dag-düzi.

Göwünsiz terk edip gözel Şirazy,
Bagdat galasyna atdy ol özün.

Soň ol ýerde ýöredip öz hökümin,
Azyklykdan ýetirdi öz ýüküni.

Soňra onuň ömür çyragy öçdi,
Azygyny goýup, o dünýä göçdi.

---

[1] Jem tagty — Jemşidiň tagty.

Onuň weziri bolan Muhammet Aly Şükür derwezede hüjüme böwet bolup, darugany kabul etmek üçin dik durdy. Ol hüjümiň zarbyndan aýak astynda galyp öldi. Şäher göz açyp-ýumasy salymda, beýiklerdir pesleriň tutluşygydyr talaňçylygynyň siline öwrüldi. Aýallardyr erkekleriň kalplary gan tupanynyň möwjünden Bagdat şäheri ýaly harap boldy, gözler ahy-nala gözýaşynyň silinden Bagdadyň derýasy deýin suwdan doldy. Çagalar ata-enelerinden binesip bolup, zary-girýan aglap göwüsden daman süýt deýin toprakdyr gana togalandylar. Aý ýüzli we hilal gaşly boý gyzlaryň gözellik aýy bela halkasyna düşse, hilal gaşlylar melal toruna düşdüler. Olaryň güneş sypatly mübärek ýüzleri ýelda gijesi[1] deýin zülpleri bilen perişan boldy. Gün tegelegi batyş çöwgeniniň egremçesine düşdi.

***Goşgy***

Barynyň gözleri — baharyň buldy,
Ol bulut ýaşdan däl, gandan doludy.

Türk leşgeri peýda bolup-da birden,
Gowga sesi göge galdy her ýerden.

Doga edip diýdi garrydyr ýaşy,
«Eýämiz, azapdan gutar bu başy!»

Metjitler öwrüldi bir zibilhana,
Bozuk niýetliler doldy çar ýana.

Ýasan bolup bir meňzeş zat münbere,
Hutbaçyny deňediler eşege.

---

[1] Ýelda gijesi — iň uzak gije.

Indi töweregi gaplanok azan,
Oňa derek hemme diýýär aman.

«Basrany harap edenlerinden soň, «Bagdatdan göç edip, soltanlyk öýi Töwrize ugradylar. Ol ýerde gyşladylar hem-de Şirwany eýelemäge öjükdirmek bilen juwanbagt we bagtyýar şazada bolan emir Halylyň ogly Şirwanşa Ferruh Ýesara ilçiler iberýärdi. Olaryň nebersiniň Şirwan soltanlygynyň gadymylygy, şejerede Nowşirwan bilen baglanyşýandygy älemdäkilere bellidi. Hergiz hiç bir patyşa olary mülkden çykarmandy. Ol nesilşalykdan soltanlyga göterlen her kesiň mertebesiniň hormatyny saklamagy her bir döwürde ýurtdur şäher bolan döwürdeşleri zerur hasaplaýardylar.

Şamahynyň we Şirwan welaýatynyň ýaşaýjylarynyň hem watanlaryndaky ýaşaýyş we berkeýiş binýady türkmen leşgeriniň haýbatyndan dargady. Sabyr-karar sütünleri tebigy durkundan üýtgäp, ýüklerini, goş-golamlaryny we aýal-oglan-uşaklaryny Derbent tarapa göçürmäge meşgul boldular. Metjitlerde we ybadathanalarda tagat we ybadat wajyplyklary berjaý edilenden soň, ellerini asmana göterip, ahy-nala bilen «el-aman» diýýärdiler. Ol misginleriň dogasynyň hormaty bilen menziller we mesgenler türkmenleriň pitnesinden aman galdy. Salyh kişileriniň demleriniň ýeli olaryň ahy-nala we ýandyryjy oduna garyşyp, birden sütemkär soltanyň pikirler harmanyna düşdi. Onsoň olar çadyrdyr kepbeleriniň ýüzüni Şirwana ýüzlenişden Diýarbekre tarap öwürdiler.

### *Goşgy*

Eý garakçy çyn zat oýun bolmasyn,
Metjitlere atly girmesin asyl.

Ukusyzlyk has gowudyr, oýa bol,
Özgä azap berme, ynjamasyn ol.

Rumy, Hindistany sal golastyna,
Emir nirä barýaň? Biraz dursana!

## SAHYPKYRANYŇ GÜRJÜSTAN SÖWEŞINE ÝÖRIŞINIŇ BEÝANY

Şol ýylda Sahypkyran Yslama ýardam we resula (goý, oňa Allanyň salamy we salawaty bolsun!) kuwwat bermek üçin, yhram guşagyny kapyrlaryň galalarydyr topalaňçylaryň saraýlaryny harap we ýok etmek hem-de bulagaýlyk we nadanlyk binýadynyň kadalarydyr kanunlaryny bozmak kasdy bilen, ýöriş we baryş biline guşady. Bir demde ganhor duşmanyň läşini serýän iki tygly gylyjyny tekepbirlik we gaflat ukyhanalaryny agdarmak üçin, gynyndan sogrup, ony edil säher baýdaklary deýin kapyrlyk garaňkylygynyň üstünde parlatdy. Eýýam hereketli, takdyr ýörelgeli, söweş ylgarly Süleýmanyň tagty ýaly ýel bilen uýandaş bolýan gara atyna atlanyp, emirleri, döwlet sütünleri, ýurduň şäherleridir galalarynyň serdarlary, çozujy batyrlary we menzil geçip ülke aşýan şasuwarlary bilen ýarag-şaýyny üpjünläp, Amyt şäherinden Gürjüstan söweşine ugrady.

### *Goşgy*

Çozup gelip araplar — kän atsuwar,
Çykarýardy deňziň düýbünden gubar.

Kemançy hem peýkamçydyr naýzabaz,
Jeňe girip, göge galýar goh-owaz.

Duşmanyny Gün deý ýakar, tyg çeker,
Bahar buldy deýin sahawat döker.

Jeň içinde baýdagydyr belent ser,
At salyp, her ýerde bir keşbe girer.

Amyt şäherine ýeten wagtynda, Pir Aly Aly Şüküri azat edip, Tebs ýolundan Jahanşanyň ordasyna ugratdy. Onsoň dag togalaýan sil deýin Fyrat derýasynyň kenaryna ýetdiler. Fyrat joşup, möwç urýardy. Ondan geçmek üçin mümkin bolan ýerlerden ýaplar böwsüp, suwy pytratdylar. Onsoň bir ötelge peýda boldy. Şol ötelgeden her topary ýedi-sekiz atly edip geçirmeli boldy. Soňra ählisi pytraňňy görnüşde suwdan geçip, Tarmuk ýaýlagyna geldiler.

Ordany ol ýerde goýup, Terjana gitdiler. Birnäçe gün saklandylar, galan leşgerler hem jem boldy. Bu ýerde Sulany azat edip, Jahanşa Mürzäniň ýanyna ugratdy. Soňra Gürjüstan tarapyna ýola rowana boldular.

Yslam hemaýatkäri bolan baýdagyň ýöriş dabarasy ol diýaryň galalarynyň, şäherleriniň, obalarynyň we ýerleriniň habarçylarynyň barynyň gulaklaryna ýeteninde, birtopary ýurtdan gitmäge ýüz goýdular. Birnäçeleri bolsa kükregini bela peýkamynyň galkany edip, arkasyny «galalar bilen mäkämledik» diýip hasaplansoňlar, öz ýerlerinden gozganmadylar. Gala ilaty olaryň haýbatyndan we howpundan ýaňa galany taşlap gaçdylar. Yslam leşgeri ol ýerden geçdi we Haýbardan has mäkäm bolan Samakar galasyna ýetdiler. Söweşe girişdiler.

Gala ilaty galanyň mäkämliginden dörän çäksiz ynamyndan we başarnygyndan ýaňa:

— Bu gala hiç bir asyrda hiç kimiň eline düşen däldir. Yslam esgerleri ýeňiş we üstünlik bilen hergiz bu galany eýelän däldir. Gala almakda taýsyz bolan we nyşana göni degýän bir peýkam bolan emir Teýmir hem bu galanyň düýbünde oturyp galdy. Ýeňiş gazanmak pikiri bilen her gapydan girip çyksa-da, oňa ýeňiş gapysy miýesser bolmady. Isgender Gara Ýusup bu matlabyna ýetmek niýeti bilen birnäçe wagtlap pikir-aňynda ilkinji başlangyçlary tertipläp, parasatlylaryň kynçylygy çözüji pikirini bilmekden ötri, çar tarapa ugrady. Ahyrynda-da ol

pikirleriň ýalňyşdygy we bu başlangyçlaryň hasylsyzdygy halka aýan boldy — diýşip, perýat edýärdiler.

Hezreti Sahypkyran bu ýaňramalar bilen mäkäm gadamyny sandyratmady. Garadan gaýtmaz ýigitleri we çalasyn pälwanlary yslamyň abadançylygy üçin gadam urmaga we galkmaga öjükdirdi. Olar howadaky guş kibi galanyň we küňräniň üstüne perwaz urup, birnäçe küňräniň üstüne çykdylar. Parahatçylyk we asudalyk wagtynda, eger bir kişi ol küňrelerden düşjek bolsada başarmazdy.

Ilkibaşda iki ýigit bir küňräniň üstüne çykdylar. Biri şehitlik derejesine ýetdi. Beýlekisi özüni bir gaçybatalgada penalady. Soň bir topary aşaky derwezä tarap ýüzlendiler. Derwezäni aldylar. Kapyrlar ýene bir gala diwary bilen gurşalan galanyň üstüne çykdylar. Ol juwan küňräniň üsti bilen geldi. Oňa gylyç urdular. Ol ýigit gylyç tutdy we özüni ol tarapa oklady. Kapyrlar bilen gylyçlaşyp, şehit boldy. Ýene-de bir batyr bir tarapdan geldi. Ony hem öldürdiler. Ýene-de sekiz kişi birden geldi. Olaryň ikisi şehitlik derejesine ýetdi. Şeýdip, galanyň we diwaryň üstüne çykýardylar we öldürýärdiler. Ahyry galany zor we güýç bilen aldylar. Ölçegsiz nygmatdyr baýlyklara eýe boldular. Ol galanyň ýaşaýjylarynyň erkeklerini gyrdylar. Aýaldyr çagalaryny oljalap, ýesir aldylar.

Ol ýerden göç edip, ýeňiş alamatly baýdak dikip, Bikdiýe Etrekere (?) gelip ýetdiler. Ähli etraplary tä Enhan ybadathanasyna we Tawaýyl sebitlerine çenli çozup aldylar. Kapyrlary ýesir tutup oljaladylar. Dowarlardan, engamlardan we mal-garalardan köp oljalar peýda boldy. Sahypkyranyň bu ýörişden maksady Ahsahany[1] ele salmakdy. Garahysar we Kemah galasynyň häkimleri bu söweşden çete çekildiler. Harapçylyk edip, duşmançylygyny we tekepbirligini aýan edipdiler.

[1] Asyl nusgada şeýle, ähtimal Aksaka bolsa gerek.

Mülk abadançylygy we ýurt abatlygy üçin, olaryň duşmançylyk oduny we bozuklygynyň özenini dep etmekligiň zerur we gerekli bolandygy üçin Sahypkyran mübärek ýöriş uýanyny Ahsaha ýörişinden Arzuruma tarap öwürdi. Ol ýerden şazada soltan Halyly, Halyl Tuwajyny, emir begi, Suhrap Şyh Hasany we Seýit Mahmyt Arapgiri Kemah galasyny gabamaga ugratdy. Özi şahsy leşgerleri bilen Garahysara ugrady. Garahysar bilen Arzurumyň arasy sekiz günlük ýoldy. Kemah bilen Garahysaryň arasy hem şonça mukdardy. Ol iki ylgar bu iki aralygy üç günde geçdiler we bu iki leşger bu iki galany gabadylar. Hoşgadam Kil galasyny aldy, Mamaş Ybraýym bolsa Kurnary tutdy.

Şu gabaw wagtynda, olaryň gulaklaryna: «Soltan Muhammet Rumly bu iki galanyň ilatyna ilçi iberip, olary goranmakda berklik görkezmäge çagyrypdyr hem-de olary kemandyr beýleki uruş ýaraglary esbaplary bilen goldapdyr. Ýogsa bu iki galanyň ilaty rumlulara garşy pitneler turzup, olara zyýanlar we zeperler ýetiripdirler» diýip, habar ýetirdiler. Bu habar anyk bolansoň, Sahypkyran mübärek ordasyna birleşdi. Şazada Muhammet Mürzäni Garahysary gabamaga belledi.

Sähel salymdan bu iki galanyň ikisinde-de ýaşaýjylarynyň arasynda agzalalyk ýüze çykyp, şazadalara ýeňiş nesip etdi. Kemah soltan Halyla, Garahysar bolsa Muhammet bege degişli edildi. Erestäni, Ýenkany we Elkäni[1] hem eýeläp, gyşlaga ugradylar. Osman beg tarapyndan eýelenen, ondan soň kürtler tarapyndan eýelenen Kürdüstan galalary baharda basylyp alyndy.

Sahypkyranyň dogany Jahanşa beg permana laýyklykda, Mehrewan we Saj galasyna tarap gitdi. Iki galany hem gabawa saldy. Aly beg Perwana hem Terjili eýeledi. Aly Goja Hajy Nuşat galasyny aldy we Aýnyddar galasyny gabady.

---

[1] Ýenkanyň hem-de Elkäniň haýsy ýerdigini takyklap bolmady.

Iki aýdan soň Aýnyddaryň suwy kesildi. Şol sebäpli-de gala eýelendi. Sahypkyran ýaýlaga gitdi. Mundan öň: «Rüstem Tarhan gelen wagtynda, oňa rugsat bermedi» diýlip beýan edilen Palunyň häkimi bendelik we tabynlyk halkasyna girdi. Ony tutdular we Paluny hem eýelediler. Sahypkyran ol ýerden Terjana ugrady. Saru Gaýa diýen ýerde düşledi.

Jahanşa Mürze Hoý gyşlagyndan çykyp, ýaýlaga gelipdi. Kürtler Jahanşa Mürzeden Ahlat galasyny alyp eýeläpdi. Onsoň Jahanşa Mürze Ahlata ibermek üçin, bir leşger taýynlady. Leşger Arzuruma geldi. Sary Gaýa bilen ol ýeriň aralygy ýigrimi parsahlykdy. Maksat özleriniň ýörişinden «Sahypkyranyň ordasynda howsala peýda bolýarmy ýa-da ýok», şony bilmekdi. Onsoň emirler we döwlet sütünleri birleşip, ahyry: «Bu leşger biziň üstümüze gelýär. Habardar bolmak wajypdyr» diýip, Sahypkyrana arzyny ýetirdiler. Sahypkyran üns bermän, mäkäm aýagyny ornundan gymyldatmady we ornaşan ýerinde watan tutdy. Bu ylgar ol gelnen karardan Sahypkyranyň ornaşyp oturşyndan habar tapanlaryndan soň, ol menzilden yzyna dolandylar we Ahlata gitdiler hem-de ýagdaýy Jahanşa Mürzä arz etdiler.

Onsoň Jahanşa Mürze ilçi ugratdy we ötünç diläp, Sahypkyrana: «Birden leşgeriň Ahlata tarap geçmeginden pikir-hyýalyňyzyň töweregine nämylaýym oý-pikir geläýmesin» diýen manyda nama ýazdy. Ilçi Jahanşa Mürzäniň tarapyndan ant içmek we Sahypkyrana-da ant içirmek isledi. Sahypkyran:

— Kasam içmegiň ne hajaty bar. Çünki, ant içýän mynapykdyr[1], onuň kasamyna neneňsi ynam bolsun?! Eger mömin bolsa, onuň sözi has ynamly bolýandyr, kasama mätäçlik bolýan däldir. Onuň sözi kasamdyr — diýdi hem-de tussaglykda saklanýan Aly Şükür begi öz ilçisi Hurşyt beg bilen hemra edip, Jahanşa

[1] Mynapyk — ikiýüzli.

Mürzäniň ýanyna iberdi. Şol aralykda Tarabzon soltanynyň dogany Sahypkyranyň ýanyna geldi we köp baýlyklar getirdi.

Güýz pasly gelip ýetende, Sahypkyran Arzynjan sährasyna tarap hereket etdi. Özüniň doganynyň ogly Myrat begi Rum soltany Muhammet Ibn Myrat hanyň ýanyna: «Tarabzony bize berdiler, olar bolsa jezýe[1] kabul etdiler, haýyş ... meniň diňe bir goýnum bar»[2] wakasyny ýatlasynlar hem-de Tarabzona azar bermesinler» diýip, habar bermek üçin ilçilige iberdi.

Soltan Muhammet ol habara üns bermedi. Onsoň Sahypkyran Agarly Muhammet begi Koýlyhysara tarap ugratdy. Ol gysgajyk wagtda galany eýeledi. Halyl Guwajyny birnäçe emirler bilen ugratdy. Olar Melet galasyny gabadylar, ol galanyň daş-töweregini taladylar we sansyz baýlyklary ele saldylar. Soňra Sahypkyran Arzynjan sährasynda älemdäkileriň şazadasy, serwerlik burjunyň[3] ýyldyzy, jahanperwerlik bossanynyň serwisi, şatlyk bagynyň täze güli, amanlyk daragtynyň belent şahasy —

«Zeminu-zamanyň paýhasly Aýy,
Jahan atly gelniň mynasyp taýy.

Bagtyň depesinde ýyldyz deý ýanýar,

---

[1] Jezýe — paç, töleg.

[2] Gurhanyň 38-nji (Çag) süresiniň 22-nji aýaty. Bu ýerde Dawut pygamber bilen baglanyşykly rowaýat ýatlanylýar. Dawut pygamber 99 sany aýalynyň bardygyna garamazdan, bir garybyň ýeke aýalyna göz gyzdyrýar. Onsoň Dawut pygamber ol adamy urşa iberýär. Ol hem söweşde öldürilýär. Onsoň Dawut pygamber ol aýaly alýar. Şondan soň iki sany perişde adam sypatyna girip gelýär. Şonda olaryň biri: “Biz iki dogandyrys. Ine munuň 99 goýny bar, meniň bolsa birje goýnum bar. Ol şony-da almak isleýär» diýip, arz edýär.Dawut beýlekini näletlände, olar: “Biz perişdelerdiris. Biz diňe öz günäňi ýatlatmaga geldik» diýýärler. Bu ýerde şu rowaýat ýatlanylýar.

[3] Serwerlik burjy — ýyldyzlar topary.

Boýy serwi, şemşat deýin uzalýar».

— bolan soltan Halyl Mürzäniň gelin toýunyň taýýarlygyna meşgul boldy. Uly toý tutuldy. Aýşy-eşret we şatlyk suprasyny ýaýdylar. Hoş sedaly sazandalar we hoş owazly aýdyjylar şatlandyryjy owazalaryny noşa-noş bezminde üýşüp oturanlaryň we kümüş baldyrly, gül gulakly sakylarynyň gulaklaryna ýetirýärdiler. Çeň çalyjy Zöhre ol aý ýüzli juwanlary görmek, çeňiň, uduň hem-de ruhlary joşduryjy aýdymlaryň owazlaryny we şatlykly heňlerini diňlemek bilen ýüregini elden berip, elini çeňden aýryp, pelek akyllaryny käýinje çekýärdi. Her zaman sabry-u karar ýüzünden perde syrýardy.

***Goşgy***

Zemin şeýle görk alypdyr bu toýdan,
Ýyldyzlar kör boljak bolsa golaýdan,

Aý, Günem şeýle bir gelipdir golaý,
Goluňy uzatsaň, geljekler golaý.

Nikalaşmak işi düzgünleşenden we gowşandan soň şazada Muhammet begi Garahysarda goýup, hezreti Sahypkyran ýeňiji leşgerler bilen edil atalarynyň billerinden, eneleriniň rehmlerine düşýän adamzat perzentleri ýaly ol ýaýlagdan gyşlagyň içine geldiler. Onsoň tä bahara çenli, reýhanlar we güller şahalaryň jübülerinden, ot-çöpler beýikllikleriň ýakalaryndan baş çykaryp, şatlyk çadyry we amanlyk saýawany çemenzarlygyň we akar suwuň başynda tanaplaryny çekýänçä, ol gyş şol ýerde ynam bilen karar tutdular.

Şol wagtda: «Rumdan ýigrimi müňe golaý kişi Koýlyhysara gelipdir we galany gabaw gurşawyna aldylar» diýip, habar ýetirdiler. Şazada Muhammet beg leşger jemläp, Garahysardan çykdy. Garşy durup bilmejegini bilip, yzyna dolandy.

Gyşdy. Şulara meňzeş habarlaryň bardygyna garamazdan, duran ýerinden gadam urmady. Ahyry bahar ýüki, ýük deýin döwürleriň ýatgysyndan çykandan soň, şa Jahanşa Mürze gyşlag tarapa ýaýlaga ugrady.

Şol aralykda «Anyň sebitleriniň araplaryndan Seýf atly bir kişi soňsuz tabynlary bilen salamatlyk we mäkämlik ýolundan daşa gadam basyp, ol welaýatlaryň nökerleriniň maldyr baýlyklaryna tama we talaňçylyk elini uzatdy» diýip, habar gelip ýetdi. Sahypkyrana şazada soltan Halyly ugratdy.

Ol şol araplary talaňçylyk aýagy bilen depeläp, sähelçe pursatda yzyna dolandy. Mazlumlaryň araplar tarapyndan alnan mallarynyň köpüsini yzyna gaýtardy. Soň Sahypkyran Asgardy gabamaga ugrady. Gabaw wagtynda ýene-de Rum leşgeriniň Koýlyhysara tarap edýän ýörişiniň habaryny olaryň gulaklaryna ýetirdiler.

Bu habarlaryň yzygiderli gelip durmagy sebäpli, Sahypkyran ol ýerden Koýlyhysara tarap ylgar edip, Pamykly diýen ýere ýetdi. Ol ýerden elli parsahlyk aralygy iki günde geçip, Ýyldyz dagyna gitdi.

Rum halky Sahypkyranyň ýörişinden ýaňa pytradylar. Sahypkyranyň buýrugy bilen Siwasyň gallasyny Koýlyhysara çekdiler. Koýlyhysara barýan wagtynda Pamykly diýen ýerde Jahanşa Mürzäniň tarapyndan Aýnal atly ilçi gelip ýetdi. Ol sowgat görnüşinde tylla guşakly gylyç we köp sanly parçalar getirdi. Sahypkyran ony ýagşa ýorup, tylla guşakly gylyjy biline baglady we: «Guşakly gylyç ibermek soltanlyk işini tabşyrmakdyr» diýdi. Ilçiniň we sowgatlaryň gelmegi örän geňdi. Sebäbi Rüstem Tarhan öldürildi, onuň ýanynda bolan emirleriň

birtopary öldürildi, birnäçeleri bolsa tussag we bendi edildi. Şeýle sarpalar etmegi Jahanşa Mürzeden örän ajap görünýärdi.

Tarmuh diýen ýere ylgar edenden soň, mübärek orda gowuşdy we ähli ordasy bilen rumlulara garşy ugrady. Rumly soltan Muhammet Muş Alyny ýaraşyk soramak üçin iberdi. Ilçi gelmezinden öň, Sahypkyran Kasym Emir Ahury emir Ogly Hasan we boý nökerlerden bir topary bilen rumlular tarapyna ugratdy.

Olar uly talaňçylyk etdiler. Talaňçylykdan soň, yzlaryna dolanyp, bir sebitde dynç almak üçin düşlediler. Olaryň her haýsy kalby asudalyk bilen bir ýerde aram tutup, uka gitdiler. Birden, rumlularyň ylgary agyr uky deýin olaryň üstüne çozdular. Şol dynç alyp ýatan jemagat gapyllykda kalby asudalykda we duşman howpundan aman bolup ýatandyklaryna garamazdan, ýatan ýerlerinden böküp turdular we uruş ýaragy bilen duşmany dep etmäge birleşdiler.

Aralarynda uly zarba we söweş ýüze çykdy. Kasym Emir Ahur garşydaşlarynyň gylyjynyň täsiri astynda galypdy. Hüseýin Ybraýymyň mertlikde we gaýduwsyzlykda oky nyşanady, onuň okunyň yzy zamananyň ýüzünde saklanyp galdy. Ýegeni Pir Aly daşary atsyz gitdi we eýersiz bir ata atlandy. Biline sagdagyny baglap, özüni leşgergähe ýetirdi. Garşydaşlardan bir atlyny peýkam bilen atdan agdardy.

Derrew bu «az jemagat»[1] şeýle leşgeri ýeňdi hem-de Allatagalanyň ýardamy bilen ol uly toparyň köpüsini ýesir tutup, yzyna dolandylar. Sahypkyran ýesirleri ýesirlik bendinden halas etdi. Mundan öňräk gelip ýeten Rum ilçisini Sahypkyranyň özüniň uly emirleriniň biri bolan Hurşyt beg bilen Trabzony we ol sebitleriň galalaryny talap etmek üçin, soltan Muhammediň ýanyna rowana etdi.

---

[1] Gurhanyň 2-nji (Bakara) süresiniň aýaty.

Rum soltany Sahypkyranyň emirler bilen baglylykda eden şol kereminiň barabarynda öz emirlerine ilçi iberdi we olary Trabzon tarapdan gaýtmaklaryna hem-de ony Sahypkyranyň emeldarlaryna goýmaklaryna emr berdi. Onsoň hezreti Sahypkyran şazada Muhammet begiň gelin toýunyň taýýarlygy üçin, Arzynjan sährasyna dolandy.

## SAHYPKYRANYŇ ARZYNJAN SÄHRASYNDA ŞAZADA MUHAMMET BEGIŇ GELINALMA TOÝUNY TUTMAGY BUÝRUŞYNYŇ BEÝANY

Suwy sap we tagamly şerap deýin, topragy häsiýetde anbar deýin bolan Arzynjan sährasynda bu toýuň tutumyny tutdy. Bu toýuň tutulýan ýeri Tur jülgesi ýaly şatlyk we şadyýanlyk şemleriniň nury bilen nurlanyp, mylaýym howasy bakylyk behişti deý atyrlandy. Ol toýuň şerapdyr tagamyndan ýaňa: «Onuň ýalyny göz görmedik we gulak eşitmedik» hoşboý ysyny adamlaryň burunlaryna ýetirdi. Ýyldyz deýin ýüzleriň çyragdyr şemlerinden ýaňa, gijelerdir gündizleriň gam-gussalarynyň saýasy hemmeleriň ýüreklerinden syrylýardy. Bulgur serhoşlar deýin käte bu tarapa meýil edýärdi, käte bolsa adamlaryň gujagyna dolýardy, käte-de takwalar kibi agyz bekleýärdi. Özüni ajy we ýiti edip, öz daşyny nagyşdyr bezeg bilen bezeýärdi, içini haram maldan doldurýardy. Pyýala özüniň lebini mahbubyň lebine ýetirip, açyk el bilen, näme bar bolsa, yhlas tabagyna goýup, olaryň iýmiti edýärdi. Paýlanyş humhanasyndan ajydyr şirinden özüne ýeten her bir damjany özünden geçirýärdi. Her dem käsesi derwüşleriň kisesi deýin boşap galýardy. Onsoň ýene-de gedaýlyk we binowalyk edip, küýzäniň we golçanyň işiginden geçýärdi hem-de ýuwaşjadan: «Bize jennetiň suwundan sepiň»[1] aýatyny okaýardylar. Başarnyk dili bilen dogaçynyň sözünden şu iki beýdi düzýärdiler.

### *Goşgy*

Lebim lebe goý, eý, derýaýy esrar,
Lebimi goýma gury, misli kenar,

[1] Gurhanyň 7-nji (Syrat) süresiniň 48-nji aýaty.

Biz ol söhbetiň leb teşnesidiris,
Yşk şerabynyň jam, çüýşesidiris.

Onuň islegdir yhlasyndan küýzäniň bedeninde gan joş urýardy we ýüzbe-ýüz oturyp üznüksiz sözler diýýärdi, ony hoşhal edip yzyna gaýtarýardy. Ol hem her näme alan bolsa, mejlisde oturanlaryň ortasynda goýýardy. Hemmäni özüniň berimi we seçgisi bilen özüne şeýle bir bendi edýärdi welin, ony uzakdan görenlerinden, pespällik edip, ýerlerinden turýardylar, görnüş edýärdiler. Birtopary onuň muhabbet şerabyndan ýaňa özüni şeýle bir elden giderýärdiler welin, aýak ýerine baş goýýardylar. Şeýle bir bihuş bolýardylar welin, olary naýyň, depiň we çeňiň owazdyr perýadyndan özge hiç kim oýaryp bilmeýärdi.

Jahandan akyp gelýän ýaly meý,
Gutarmaz pyýaladyr bulgur doly meý.

Toý sowulandan soň, ýeňiş şygarly baýdaklary Harun Reşidiň ýaýlagy bolan Rokka gyşlagyna tarap parlatdylar. Şol wagtlarda Hetaç galasynyň we Kürdüstan galalarynyň emirleri dergähi ogşamaga gelip ýetdiler we Asgart galasynyň sebitlerinde galalaryň açarlaryna tabşyrdylar. Bu ýerde ýene-de: «Rumly soltan Muhammet ýüz müň goşun we doly taýýarlygy bilen bu diýara ýüzlendi» diýip, habar gelip ýetdi. Sahypkyran günorta «gyşlagdan» demirgazyk «ýaýlaga» ýüz goýan güneş kibi, Arzynjan diýarynyň ýaýlagyna garşy ýüzlendi.

Şol wagtda Jahanşa Mürze Yspyhandady. Ol Şiraza tarap ýüzlenmekçi bolup, Sulan begi ähdi-peýman almak üçin, Sahypkyranyň ýanyna iberipdi. Bu ýurtda Sulan beg geliş hormatyna

ýetdi we patyşalara laýyk serpaýlar bilen Sahypkyrany ähdi-peýman bermäge çagyrdy. Sahypkyran ýene-de şol sözi aýtdy:

— Eger kişi imanlylardan bolsa, onuň dostlugynda kasam içmegiň hajaty ýok.

Sulan beg bu babatda tagalla we haýyş baryny edýärdi. Ahyry Sahypkyran onuň çagyryşyny kabul etdi we Möwlana Ubeýdi ugratdy. Jahanşa Mürze hem ant içdi. Heniz Sulan beg Sahypkyranyň ordasynda wagty Rum soltanynyň Ermen diýaryna ýöriş edendigininiň habary gelip ýetdi. Sahypkyran uruş esbaplarydyr ýarag-şaýlaryny tertiplemäge we taýýarlamaga meşgul boldy. Etraplardan goşun jemledi.

Soltan Rumdan ýörişe ugranda, Kastomonyň häkimi Ysmaýyl begi tussag etdi we Kastomony eýeledi. Soltanyň Kastomona tarap ugran wagtynda, Sahypkyranyň leşgerleri: «Häzir Diýarbekr tarapa ýöriş yza çekdirilipdir» diýip, pikir edip, her kim öz ýerine dolandy. Kastomon eýelenenınden, ýene-de onuň ýörişiniň habary gelip ýetdi. Sahypkyran ýene-de leşgeri tertipläp we üpjünläp, öňe gitdi. Soltan Koýlyhysary gabaw halkasyna alypdy. Sahypkyran tarapyndan ol galanyň häkimi bolan Ýaraly beg ýeňiji esgerler bilen ol galanyň aralygynyň daş bolandygy üçin: «Birden, ol tarapdan hiç bir medet gelip ýetişmez, onsoň soltan galany gazap we zor bilen alyp, galanyň ilatyny düýbi-teýkary bilen ýok etmäge höküm berer» diýen howpdan gorkup, ähdi-peýman bilen galany oňa berdi.

Rumlular ol ýerden Arzynjana ugradylar. Sahypkyran Orumsaraý diýen ýerde, Rum soltany bolsa Ýasy çemen diýen ýerde düşlediler. Sahypkyranyň garawullary: «Soltan ertir Arzynjan sährasynda düşlejek» diýip habar ýetirdiler. Sahypkyran öz ýakynlaryndan we emirlerinden Ýusup begi, Mehmet begi, Ýaraly begi, Emir begi, Omar begi, şazada soltan Halylullanyň nökerlerinden Hemze begi we Eziz begi iki müň atly bilen Daşkürt diýen ýerde olaryň bukusynda belledi. Hut hormatly özi

bolsa iki müň atly bilen Keýkup diýen ýerde buky gurdy. Garşydaş tarapdan Şasuwar Zülkadyr, Süleýman beg, Enguriýäniň we Bursanyň häkimi Perhat beg etrap emirlerinden ýigrimi kişi bilen uruş niýetinde atlanyp, Daşkürte gelip ýetdiler. Iki leşger hem düzgün-tertipsiz biri-biriniň üstüne döküldiler. Meýdandan çaň-tozan göterilip, pelegiň süýrdepesine ýetdi. Nur serçeşmesi çaň-tozanyň içine siňdi.

### *Goşgy*

Jülge sökýän atlaryň toýnagynyň zarbyndan,
Jeňçileriň oýnaýan jeň oýnunyň zarbyndan,

Çöldür sähraň gumy, daşlary — hemme ...
Sowruldy-da, boldy gözlere sürme.

Ot ýandy, ähli ýer uçgundan doly,
Göwnüňe gury zat galmadyk ýaly.

Ýusup beg merdana jeň edip, rumlulardan iki ýüz adamy gyrdylar. Olaryň tanymallaryndan altmyş kişi ýesir düşdi. Mehmet beg söweşde we jeňde mertlik görkezip, Bursanyň häkimi bolan Rum leşgeriniň batyrlarynyň birine naýza urup, ony isleg atyndan agdardy. Ýiti gylyjy we pitne dörediji aty bilen duşman üçin gaçyş ýoluny baglady. Duşmanyň tebildir sanjagyny paraladylar we döwdüler. Onsoň böleklerini awlanan haýwan ýaly, atlaryň syrtlyklaryna bagladylar. Rumuň galan leşgerleri mahrum bolup, ýeňlip, ýykylyp-sürşüp, soltanyň leşgergähine dolandylar. Soltan duşmany ýeňendigini we uly emirleriniň ýeňlip gaçandygyny görende, yzyna dolanmaga gyssandy. Onda

berk kuwwaty galmandy. Ýollar araba üçin arassalanan bolsa-da, gelmäge mejaly galmady we dagyň jaýrygyndan saplaryň ýygnanyşmaly ýeri we deňleşmeli mekany bolan düzlüge gelip bilmedi. Sahypkyrana gelmäge hajat galmady. Rum soltany Kelkite tarap göç edip: «Biziň musulmanlar bilen dawamyz we gapma-garşylygymyz ýok. Biz Trabzon gazawatyna yhram bagladyk» diýip, ilçi iberdi. Sahypkyran hem ol ýerden göç edip, olaryň leşgeriniň öňüni almak üçin, Sakgaltutan[1] ýolundan ýola rowana boldy. Akgoýunly ýigitler we pälwanlar çar tarapdan ýesirler tutup, oljalar aldylar. Gaýduwsyzlyklar bilen olaryň üstüne çozýardylar we olary pytradýardylar. Akgoýunlylaryň arasynda soltanyň Trabzon gazawaty üçin, yhram baglandygy ýaýrandan soň, Sahypkyran öz leşgerini olara hüjüm etmekden we talaňçylykdan saklady.

Päklik penasy bolan Sahypkyranyň enesi, Möwlana Ahmet Ýekreji we beýleki ulamalar birleşip: «Ol musulman patyşadyr we gazawata barýar. Onuň bilen dawa-jenjel etmek şerigata laýyklykda halanmaýan we nädogry işdir. Onuň bilen ýaraşyk etmek yslamyň abadançylyklaryndandyr hem-de adamlaryň göwünleriniň rahat we asuda bolmagyna sebäpdir» diýdiler. Onsoň Muhammet hem ilçi iberdi we:

— Eger Sahypkyranyň ejesi ýaraşyk pikiriniň maslahaty üçin gelse, öwezine Trabzony berjek — diýip, habar berdi.

Sahypkyran päklik penasy bolan enesini iberdi. Olar hem Gutlyşanyň ogluny iberdiler. Şol usulda ýaraşyk baglaşyldy. Rum soltany wadasyna wepa bermän, Trabzony basyp aldy we ol ýerden Çenk ýoly bilen gitdi. Onuň jüpbehanasy we ordasy

[1] Niredigini anyklap bolmady.

boşap galdy. Sahypkyran ýaraşyga laýyklykda, hiç hili ters hereket etmedi we yzyna dolandy. Leşgeri jemläp, Gürjüstan gazawatyna ugrady.

## GÜRJÜSTAN GAZAWATYNYŇ BEÝANY

Ýeňiş şygary baýdak Arzyruma ýeteninde, şäheri boş we derwezäni açyk görse-de, Jahanşa Mürze bilen eden ähdi-peý-manyna laýyklykda oňa, zat degmedi. Ol ýerden Awnyga ýetdi. Ol ýerde gallalara we ekerançylyga zyýan ýetiren birnäçe kişini öldürdi. Ol ýerden Ahsyha[1] ýetdi we tä Gara deňziň kenarlaryna çenli sürdüler hem-de musulmanlardan hergiz hiç kimiň entek ýetip bilmedik birnäçe ýerine baryp ýetdiler. Nagt puldur parçalar we mal-garalar oljalap, sag-salamat yzyna dolandylar. Kapyr galalarynyň birtoparyny gazap we zarp bilen basyp aldylar. Ol galalary ýom-ýok we agdar-düňder edip, ýer bilen ýegsan etdiler. Arzynjan sährasyna, leşgergählerine dolandylar. Onsoň gyşlaga ugradylar. Şol aralykda: «Asgardy Melik Halapa tabşyrdylar» diýip, habar gelip ýetdi. Sahypkyran: «Asgardy hakykatda biz alypdyk, siziň onda hakyňyz ýok. Haky ýerine ýetirmek wajypdyr» diýip, ilçi iberdi. Mälik Halap kabul etmedi. Sahypkyran hökmürowan şazada Halylullany (goý, uzak ýyllar belent atasynyň goýy saýasynda onuň adalat saýasy musulmanlaryň depesinde baky dursun!) ýörite esgerler bilen Kif galasyny gabamak üçin ugratdy. Ol galany uzak wagtlap gabady. Eýelemek miýesser bolmandan soň, ony yzyna çagyrdy we gyşlaga ugrady.

Saýlantgylaryň jenaby Baba Abdyrahmanlaryň keramatla-ryndan ýene-de biri şudy: Beýany öň edilen we gupbajyk daky-lan bir gylyjy göterdi we Kif galasyna tarap yşarat edip:

— Seni şeýle bir öldürerin welin, hiç bilmersiň — diýdi.

Onsoň şol birnäçe günlükde: «Mälik Halapy Mälik Zeýnela-bedin we Mälik Eýýup hammamda öldüripdirler» diýip, habar gelip ýetdi. Takyklap görseler, ony şol yşarat edilen günde

[1] Öň Ahsaha görnüşinde gelipdi.

öldüren ekenler. Soňra hormatly hezreti Sahypkyranyň hut özi Kif galasyna tarap ugrady. Şäheri gabamaga höküm berdi. Şazada Ugurly Muhammedi nökerler we hyzmatkärler bilen gyşlaga ugratdy.

## HARPERT GALASYNYŇ EÝELENMEGINIŇ BEÝANY

Öňden beýan edilişi ýaly, Jahanşa Mürze Bagdada ýüzlenende, Sahypkyrana: «Mosul, Erbil we Sanjar saňa degişli bolsun, ýöne şu şert bilen: derýanyň ol tarapyndan ýardam we goldaw wezipelerini ýerine ýetir we Pir Pudagyň gaçyş ýoluny bekle» diýip, habar iberdi. Sahypkyran goldaw ýörelgesinden ýöräp, Harperte ýüzlendi. Ol galany gabady. Leşgeriniň köpüsini ýaýlaga iberip, özi nagym gazyp, galany geň galyş kynçylygyna okaldy.

Melik Aslan köpüsi ýaýlaga gideni üçin, leşgerdir nökerleri az görüp, olary ýeňmegi tama edip, leşger bilen agşam Malatyýa tarapyndan Fyrat suwundan ötüp, Süleýman beg Biçeni, Haly Tuwajynyň dogany Ybraýym Agany otuz atly bilen bilelikde ele saldylar. Süleýman Biçen bu söweşde mertlik we gaýduwsyzlyk görkezdi. Emma olar üstünlik bilen gaýratlandylar we üstün çykdylar. Sahypkyrana habar baryp ýetende, öz leşgerini jemledi. Hyýalynda: «Harpert sebitlerinde iki topar söweş bilen duşuşarlar» diýen pikir bardy. Onsoň Melik Aslanyň gelmekden saklanandygyny bilip, onuň tarapyna ugrady. Ýeňiş hemaýatly baýdagy şol tarapa parlatdylar. Gidip barýan wagtlarynda, garawula: «Melik Aslan Şam türkmenlerinden otuz müňe golaý bolan uly leşger jem edip, suwdan geçdi» diýip, habar getirdiler.

Sahypkyran goş-golamdyr aýal-çagalaryndan bölünip, ylgar etmegi ýüregine düwdi. Melik Aslan özüni orta çykaryp bilmän, Malatyýa gitdi. Sahypkyran ondan habar tapdy we suwdan geçdi. Melik Aslan ýene-de takat getirip bilmän, ol ýerden Ebelistana gitdi we gorkdy. Ygtyýar uýany elinden gideni we mäkäm gadamy ornundan sypany üçin, hiç bir ýerde sabyr-takat tapyp bilmedi. Ol ýerden hem galkyp, Esendere diýen ýere gitdi.

Ebelistan ýeňiş sypatly leşgeriň hüjüm bilen talaňçylyk halkasyna düşdi.

Melik Aslan ejizligini arz, kelte gaýdanlygyny aýan, bendelik we tabynlygyny ykrar edip, mübärek leşgergähe ilçi iberdi hem-de: «Her bir zat we her bir talap babatda dergähiň bendelerine hökümdir görkezme çykarylsa, jan bilen kabul ederin hem-de şonda-da heniz özümi keltelik mekanynda we günäkär ornunda hasaplajakdyryn» diýip, beýan etdi.

Sahypkyran Harpert galasyny tabşyrmagy buýrup, jogap berdi hem-de Çiçek Ogluny, şeýle-de Sahypkyran diwan we mülk ynamdary bolan Möwlana Ýahýany talap edip: «Şu iki kişi gelsin we galany tabşyrsynlar, goý dostluk we muhabbet binasy esaslansyn hem-de duşmançylyk kadalary aramyzdan aýrylsyn» diýdi.

Şeýle ilçilikleriň bolandygyna garamazdan, Sahypkyran Melik Aslan tarapa ýene-de birnäçe göç etdi. Melik Aslan Esenderede hem saklanyp bilmedi. Çadyrdyr kepbeleriň köpüsini duran ýerinde taşlap, Jahan[1] suwy sebitlerine gitdi. Onsoň ýokarda agzalan ynamdarlary ugratdy. Ýesirleri hem ugratdy we galany tabşyrdy. Sahypkyran mürewwetiniň we jomartlygynyň ýokarydygyna laýyklykda, onuň üçin dört müň eşrepi iberdi. Soň ol ýerden gyşlaga ugrady. Şol wagtlar hem Pir Pudagyň ähdi we Jahanşa Mürzäniň biwepalygy baradaky ýagdaýyň habary ýaýrady. Sahypkyran Bagdatdaky sütemiň we gyrgynyň barabarynda hökmürowanlyga, aýşy-eşrete we şadymanlyga ýüz goýdy.

[1] Jahan — häzirki Jeýhan.

# HEZRETI SAHYPKYRANYŇ HORMATLY OGLY ZEÝNEL MÜRZÄNI ÖÝLENDIRMEK ÜÇIN, TOÝ TUTMAGYNYŇ BEÝANY

Sahypkyran soltanlyk lybasly, adalat jöwşenli perzendi Zeýnel Mürzäniň nikasy üçin, ýaýlagda uly toý tutdy. Toý tutulan ýaýlagyň giňişligi edil behişt gülşeni ýalydy, howasy bahar pasly kimin sapdy.

***Goşgy***

Ähli daş, çägeler suw bolup akdy,
Onda gül gögerip, ýylgyryp bakdy.

Ýeriň damaryna suwlar berýär jan,
Gyrtyçlar näz edýär, yranýar durman.

Uly bir çemenlik Zeminiň ýüzi,
Çeşmelerden doly depesi, düzi.

Aralygy iki ok atym we gurşawy, takmynan, parsahyň altydan biri bolan tegelek ýeri saýladylar. Emirler we döwlet sütünleri ol tegelek ýeriň gurşawynyň daş-töweregine çadyr, kepbe we pelege meňzeş saýawanlar çatdylar.

Her kim öz tabynlary bilen oturyp, mejlisleri şerapdyr bulgurlaryň nury bilen, şeýle-de peri bedenli sakylar, ruh joşduryjy ýaranlar, gamlary aýyryjy egindeşler, hoş owazly bagşylar we göwün awlaýjy nagyşçylar bilen edil belent behişt we hüýrüň ýüzi deýin bezediler. Her bir köşeden çeňdir uduň owazy, her bir ýerden naýdyr doly pyýalynyň nalasy bilen sazdyr heňiň ýaňy gelýärdi. Her kim özüni gymmatbahaly lybas bilen bezäp,

mejlise gyssanýardy. Enesinden doglany bäri hiç kime ýüzüni görkezmän hum hüjresinde basyrygly ýatan üzüm gyzy ol bezimde serhoşlar deýin her wagt bir lybasda gelýärdi we her kime jilwe kakýardy. Käte pakyrlyk lybasynda we gara palasda gelip, özüni oklady, käte bolsa özüni mazamlaýan juwanlar kibi, kümüş lybaslarda köpçüligiň başyna çykýardy. Her kim bilen bir görnüşde sözlerdir jümleler çykarman dilsiz dili bilen şol gizlin syrlary bilişiňçe jikme-jik beýan edýärdi. Oturanlaryň sabyr-karar gämisini hyjuw möwçleriniň tolkunlary joşgun tupanynyň gomlary bilen tanyşlyk ummanyna gark edýärdi. Her kim bilen halyna laýyk dilde şu Beýt dile geldi:

Öz dostuňy ýatla, köňül ursun joş,
Ölmezden öň bol bu duýgudan serhoş.

Naý biziň kalbymyzdaky syryň ugrunda başdan-aýaga agyz boldy, aý we ýyldyz ýüzler üçin, gözler seretmekden açyk galdy. Käte dil astyndan gözelleriň waslynyň beýanyny, käte bolsa ýaňdyr efgan bilen aýralygyň ýitiliginiň düşündirişini aýan edýärdi.

Bu hoşluk mejlisinde hiç bir gürrüňçi ýokdur —
Naýdan başga dogruçyl, sözsüz yşkyň ýanynda.

Söýginiň Zeburyndan hadyslar gürleýär,
Onsoň gan ýaş görünýär öý-hanalaň gözünde.

Jülgelerde bolupdyr seýr-u seýran ýollary,
Ol ýerlerde ýol tapmaz desti ajal gelende.

Bolýar onuň perwazy uly yşk ganatyndan,
Akyl alýar ol ýerde agyr höküm ädende.

Gel, eý, Tährany indi, mukaddes demlerinden,
Atsyz-sorsuz, möhletsiz medet isläniň günde.

* * *

Biz ol söhbetiň leb teşnesidiris,
Yşk şerabynyň jam, çüýşesidiris.

Çeň kamaty egilen bükük goja deýin binowalyk käsesini gedalyk keşbi bilen göterip, döwrüň betbagtçylyklarynyň saz çalyş çöpüniň dyrçanaklamasyndan we gije-gündüziň hadysalarynyň temmisinden gaçyp, adamlaryň depesindäki Allanyň saýasy bolan yslam patyşasynyň bezminde gelip penalandy hem-de raýasyz dogaçylar deýin, ilki öýleniş toýunyň gutlagynda heňlere başlady welin, ol owazdan Zöhrede ornaşara jaý galmady. Onsoň haýran bolup, Utarydyň ýakasyna penje urdy. Raks oýnap, bökejekläp, çür belentlikden peslige, pesçuňlukdan çür belentlige gelip gidýärdi. Gutlag aýtmakdan boşandan soň, päk niýet we sap göwün bilen Sahypkyranyň döwletiniň dowamatynyň dogasyna joş urýardy. Özüniň jan damarlaryny nalyşdyr doga dyrnagy bilen dyrnaýardy we şeýle diýýärdi:

Tä kamatym egilýänçä misli «dal»
Tä «waw» deýin, elim bolýança bimar,

Tä nesibim bolýança ussatdan gürz,
Şa döwleti artmakda bolsun mydam.

Başga bir ýerden depregiň, surnaýyň we nagaranyň owazy zemin-u zamana «wülwüle» (ýaň), çarhypelegiň aýlanýan gümmeziniň gulagyna «tentene» (heň) salýardy. Etraplardan we daştöwereklerden ýakynlardyr ýatlar ulagly we pyýada bir topary çakylyk bilen, bir topary tomaşa etmek üçin jemlenişdiler.

***Goşgy***

Jemşit dabaraly şanyň ýalkymy bar her işde,
Dag-u düzler öwrülýär ol arzyly behişde.

Gijesine Zemin döner asmanyň üçegine,
Söýgüliniň ýüzi hem Aý bolup dogar, ine.

Ösümligi sünbüldendir, kafurdandyr mes topragy,
Üzüm dalyndan bal bolup akyp gaýdýandyr bulagy.

Juwanlary şemşat boýly, bakyşlary jan alyjy,
Olara bahyllyk edýär ajaýyp tuby agajy.

San-sajaksyz çadyrlaryň saplaňda gara, agyny,
Belent başlary ýatladar Elwentdir Sehent dagyny.

Saýawanlar gögi örter buludu ýaly baharyň,
Ýaradanyň ýardamyndan durýar sütüni olaryň.

Ol bagtyýar aýşy-eşretden, birleşik toýundan we juwanlary jübütleşdirmek şagalaňyndan boşaşandan soň, Sahypkyran gyşlaga gitdi. Bagdat tarapdan Jahanşa Mürzäniň ilçisi Pir Pudak Mürzäniň öldürilendiginiň we Bagdadyň eýelenendiginiň habary bilen Sahypkyranyň ordasyna gitdi. Ol Bagdatda öldürilenlerden birnäçesiniň kellesini-de äkitdi.

Sahypkyran onuň barabarynda bir arap atyny Hasan Haja hemra edip, oňa tarap iberdi. Jahanşa Mürze Töwrize tarap göç edip, Töwrizde gyşlag tutdy. Ol şol ýerde emirler emiri we sahyp diwan bolan emir Şa Aly Baýramyny birnäçe hyýanat işi bilen günäkärläp, tussag etdi we gala iberdi.

Diýarbekriň üstüne ýöriş şaýyny tutmaklary üçin, uly emirleriň hersine özüniň ülkesine we welaýatyna gitmegine rugsat berdi. Muhammedi Mürze Hemedan welaýatyndan Bäşbarmak ýaýlagyna baryp, Yspyhana ugrady. Ýene-de Yspyhany tölenmesiz ýükleriň we kabul edilmesiz tölegleriň aşagyna oklady. Musulmanlaryň malyna we baýlygyna el urdy. Bahar pasly ýakynlaşanda, ýene-de olaryň bedenlerinde pisatlyk özenleri heýjana geldi. Olaryň kalplarynda pitnedir topalaň öjükmeleri galkdy.

Her kim gyşlagda dawa-jenjel gapylaryny açyp, hamalyň başlarynda her bir mähelleden Töwrize ýöriş ederleri ýaly, ýarag-şaýlaryny tertiplediler. Diňe welaýat merkezi Kerman bolan Abulkasym Mürze Sahypkyranyň giýewiliginiň hormatyna esaslanyp, öz welaýatynda ornaşmaga rugsat alypdy.

## JAHANŞA MÜRZÄNIŇ PERZENTLERINIŇ AHWALYNYŇ BEÝANY

Jahanşa Mürze Pir Pudagy Şirazdan çykardy. Ol Bagdada ugrandan soň, Abu Ýusup Mürzäni Şirazda onuň ornuna belledi. Şirazdan onuň iýmiti üçin bäş müň tümen belledi. Beýewanaty, Hyraty we Merwdeşti Şiraz welaýatyndan alyp, Kerman welaýatynyň goşundysy etdi. Muhammedi Mürzäni Yspyhana gaýtardy. Şirazyň gyşlaglaryny Kazrun, Hafr we ýazlaglaryň birnäçesi bilen bilelikde Yspyhanyň goşundysy etdi, onuň hem azyk çykdajylary[1] doganlarynyň azyk çykdajylary bilen barabar boldy.

Abu Ýusup Mürze Şirazda aram ýaşady. Emma Muhammedi Yspyhanda on dört ýyla golaý bir boluşda, zulum we sütemde ömür geçirdi. Pitne, bozuklyk, zulum we adalatsyzlyk amallaryndan ýekeje amaly hem boş goýmady. Zalymlary we pesleri häkimdir emeldar edýärdi. Olar hem mümkin boldugyndan ähli ýaşaýjylaryň harap bolmagynda tagalla baryny edýärdi. Ahyrynda emeldarlary hem azaba, ejire, gynamalara we jebire giriftar edýärdi. Mallaryny zorlap alandan we azapdyr gynamalary soňky çäge ýetireninden soň bolsa asmak we öldürmek karar edilen emrdi. Ol bozuklaryň birnäçesini şäher we welaýat ilatyna satýardy. Ejizlerden we misginlerden ýüz tümen alýardy. Olary ölüme sezewar edýärdi. Soň ýene-de başga birine emel berýärdi, serpaý buýurýardy hem-de raýatlaryň üstüne musallat edýärdi.

«Takyk, Allatagala möhlet berýändir, emma ünsden düşürýän däldir». Zulumyň ahyrynyň erbetdigi we şumluk bilen soňlanjakdygy anykdyr.

---

[1] Şu ýerde “azyk çykdajylary» diýip, esasan eýelik edýän ülkeleri we olardan ýygnamaly salgytlar göz öňünde tutulýar.

Eý, sütemkär endişe et jezadan,
Gork ahyry kyýamat gün beladan,

Hem bu ýerde jeza berer ruzygär,
Ne haşarda durarsyň, ne günüň bor.

Ad, Semudyň eýwanyna nazar sal,
Toprak boldy, alyp gitdi gara ýel.

Orundyr malyňa näz etme dogan,
Orunyň guýudyr, malyň hem webal.

Emma Abulkasymyň ýaşaýyş beýany şeýle boldy. Kämillik ýaşyna ýeten wagtynda we juwanlyk möwsüminde, şöhwet we şerap höwesi, bozuklyk we oýunbazlyk hyjuwy onuň ters häsiýetine we tutuk tebigatyna eýe boldy. Bir aýlyk şikar etjekdigini jar etdi. Kermanyň tutuş sebitleriniň we etraplarynyň ilatlaryny ýazlagda we gyşlagda öldürýärdi we azaldýardy. Ýerlerde we obalarda, adamlaryň öýlerinde we saraýlarynda bir bahana bilen düşläp, gözel gyzlary çekmek we gulamdyr aýallary sanamak üçin, wekilleri we ogurlaýjylary ulanýardy hem peýdalanýardy.

Ynamdar kişileriň bir toparyndan şeýle diýip eşidildi:

Aw-awlap barşyna bir oba ýetdi. Şerigat hökümi bilen bir gyzyň «möhürini» aldy. Indiki ýyl hem awda onuň güzeri şol ýerden düşdi. Ol ýeriň aýallarynyň birnäçesi kinaýa we kemsidiş ýoly bilen ol gyza:

— Köreken geldi — diýdiler.

Abulkasym ol ýere gelip ýetende, ol betkär gyzy şol iş üçin çagyrdy. Onuň bilen adat bolşy ýaly barlyşyk we bu dolanyşynyň sebäbi barada gürrüň etdi. Ol gyz şol ýeriň zenanlarynyň

kinaýasy we kemsidişi barada şikaýat edýär. Abulkasym gaharlanyp:

— Üç gije-gündizläp, aýallardyr erkekleriň juwanlar hem garrylary bilen jynsy gatnaşyk etmek özümden beýleki esgerlere-de rugsatdyr — diýip, jar çekdirdi.

Üç günläp şu pişede bolup, ol ýeriň her bir öýünde bir berk sütün dikeltdiler we öýüň uly-kiçi girdejilerini deňlemek üçin her bir hüjräniň işiginde agaçdan terezi asdylar. Adamlary torba sakgallary bilen eşek deýin öz ýüküniň astyna çekýärdiler. Aýallary ärleriniň we ýakynlarynyň, boý gyzlary bolsa ata-eneleriniň öňünde zynadyr lowat[1] etmek bilen ýüzigara we ryswa edýärdiler. Käte Kerman şäherinde:

— Aýallar meýdanyň gyrak-çetlerinde güý we çowgan güýmenjesine ýygnansynlar — diýip, jar çekdirýärdi.

Ýygnananlaryndan soň, şöhwetiniň tiz maksada ýetýän dor atyny jöwlana getirip, gözelleriň isleg güýüni zulum çöwgeni bilen ogurlaýardy. Ol ahyrynda lezzetleri weýran edijiniň-ölüm perişdesiniň çapyksuwarynyň «Takyk Belent Taňrynyň karar eden wagty gelgijidir»[2] diýen aýatyny aýagynyň astyna çekip, ar alyş meýdanyna geljegini we «özüňi gabyr eýelerinden bil» diýen owazyny şöhwet çöwgençileriniň depesinden inderjegini hem-de isleglериniň güýüni olaryň çöwgen taýagynyň egremçesinden ogurlajakdygyny, olary lezzetler meýdançasynda şöhwet atyndan agdaryp pyýada galdyrjakdygyny we oýunda «mat» etjekdigini bilmedi.

***Goşgy***

[1] Lowat — beçebaz.
[2] Gurhanyň 29-njy (Enkebut) süresiniň 4-nji aýaty.

Neçün gelýäň lezzet meýdanyna tiz,
Baş bilen harlyk laýyna bökme, eziz.

Hakyň perman çöwgeninden baş sowma,
Ötlem-ötlem howpdan rahat-boş bolma.

Köp sanly şazadalardyr, patyşa,
Aý-Gün bilen bir boldular çadyrda.

Olaň çöwgeninde, zemin bir güýdi,
Ýeňiş öňlerinde, döwlet hemdemdi.

Bilmediler şeýle serwerlik gadryn,
Raýat perwerligi, diniň hormatyn.

Ýykyldylar birden myrat atyndan,
Hiç kim turmaz beýle berk ýykylmadan.

Emma Pir Pudak Mürzäniň ahwalynyň beýany Jahanşa Mürzäniň ahwalynyň dowamynda köp beýan edilensoň, bu ýerde onuň beýan edilmeginiň zerurlygy ýok. Şonuň üçin «wagşylygy beýan etmek wagşylykdyr» düşünjesini peýdalanyp, ony beýan etmekden we gaýtalamakdan saklanmak gowudyr.

Jahanşa Mürze Bagdatdan Töwrize tarap ugrady. Hezreti Sahypkyran şazada Zeýnel Bahadyryň toýundan boşandan soň, Harpertdan gyşlagyna tarap ýola düşdi. Sahypkyran tarapyndan...[1] häkimi bolan Mahmyt beg...[2] diýen ýerdedi. Säher bilen

[1] Asyl nusgada boş ýer goýlupdyr.
[2] Asyl nusgada boş ýer goýlupdyr.

ýokarda agzalan galany[1] gabadylar. Gazap we zor bilen galanyň Müsür soltanynyň nökeri bolan häkimini galadan çykaryp, galany eýeçiligi astyna çekdiler.

Ol gala Şam welaýatynyň serhedidi. Her haçan ýagy ol welaýatda basybalyş baýdagyny parladan wagtynda, galadakylaryň ol galada ýakan odunyň alawy Halapda görünýärdi. Şol ataşdan delillenip, bigäne leşgeriň hüjüm edendigini bilýärler we Halapda hem şol bada ot ýakýarlar. Şu usulda şol gije her bir menzilde ot ýakýarlar. Şeýlelikde, bäş sagadyň dowamynda bigäne leşgeriň çozandygynyň habary Müsüre baryp ýetýär.

Müsür soltany galany özüne bermekligi haýyş edip, Sahypkyranyň ýanyna ilçi iberdi. Ylalaşyk kararyna gelindi. Sahypkyran tarapyndan onuň egindeşi we nazar salany bolan hem-de wezirleriň soltany Hoja Reşide[2] garyndaşlyk ilteşigi bar bolan Hoja Reşit ylalaşyk üçin, Şamyň emirler emiriniň ýanyna ýola rowana boldy. Soltan Şam welaýatynda Beýtilmaldan sekiz ýeri satyn aldy we ony galanyň öwezine Sahypkyrana berdi. Sahypkyran Yrak ülkelerini eýeländen soň, üç ýyllap ol ýeri haýyr-yhsan üçin, wakf etdi.

Allatagala ony kabul etsin we olaryň berimini haýyr etsin! Has dogrusyny Allatagala bilýändir!

---

[1] Bu gala şol boş goýulan ýerde agzalan gala bolmaly.

[2] Bu ýerde «Jamyg et-tawaryh» kitabynyň ýazary Reşideddin Fazlylla göz öňünde tutulýar. Diýmek, Sahypkyran tarapyndan iberilen Hoja Reşit Reşideddin Fazlyllanyň garyndaşydyr.

# JAHANŞA MÜRZÄNIŇ DIÝARBEKRE TARAP EDEN ÝÖRIŞINIŇ BEÝANY

Aýan we beýan ediş eýeleriniň yşaratyna takmyn we güman (çaklama) ýaranlarynyň görkezmeleriniň kanunlaryna laýyklykda, zaman ilatynyň agyz-dillerinde şu düşünje ýaýrapdy:

«Gurhany mejidiň diliniň ol barada sözleýşi we döwletleriň üýtgeýşine yşarat edişi ýaly, ýyllar...[1] ýylda Şam we Rum sebitlerinden, belki jahan eýeleýji Oguzyň neslinden aňly-paýhasly we adalat ýörelgeli bir patyşa ülkelere eýe bolmalydyr we zulumyň zor salyjylarynyň penjesini towpyk çigininiň güýji bilen gaňryp döwmelidir».

Jahana täzeden berer ol bezeg,
Halklara adalat goluny berer.

Sütem ülkesini bererler ada,
Adyl ellerini bir salgan bada.

Ol döwürde zamananyň patyşalaryna edil turanşalyk hökümleriniň hem şu düşünjeden esaslanyşy ýaly, ahwal batyşy we ýagdaý ýok boluşy gelip ýetmelidi. Şol wada edilen şahsyň patyşalygy ähli ülkelere adalat baýdagyny parlatmalydy.

Näçe wagtlar bilim eýeleriniň akyldarlary bu buşluga uly umyt bildirdiler. «Eýsem alawundan zulumyň çöp-çalamlary, jebir-sütemiň köki-özenleri ýanar ýaly, neneňsi ot ýakylarka, ýada çaňyndan şol meýdan gezýän atlylar peýda bolar ýaly nähili gubar asmana göteriljekkä?» diýip, umyt bilen garaşypdyrlar.

---

[1] Asyl nusgada boş ýer goýlupdyr. Ähtimal ýyllardan «pylanynjy» ýylda görnüşinde bolsa gerek.

*Goşgy*

Jahany örtmese gijäniň tümi,
Ýyldyzlar şat etmez munda hiç kimi.

Balçy bal ýygnamaz çakdyrman ara,
Tikensiz gül tapmaz daşyny goran.

Halk şu pikirlerde ýüregini ýakyp, umyt bilen ýol başynda intizardylar. Birden, bu çykyşyň ulgamy we bu gelşiň öňbaşy merhum we päk patyşa Jahanşa Mürze tarapyndan herekete gelip, ýüze çykyp ugrady. Hiç bir daşky sebäpsiz onuň duşmançylyk damary herekete geldi. Onuň hezreti Älem eýeleýji Sahypkyran bilen eden ähdi-peýman duýgusy aramlykdan aşak gaçdy. Onuň ähdi-peýman degnasy ähdi bozmaklyk we unutmaklyk alawy bilen bulam-bujar boldy. Şeýlelikde, akyl tebibi we hiç bir çäre tapyjy kişi onuň alajynyň çäresini tapyp bilmedi. Günbe-günden bozuklyk we pitne özenleri artýardy. Şeýdip, döwletiniň durky keltelik we ejizlik pesliginde çöpi-çärelerden saklanyp galdy. Ajal tagty Taňry takdyrynyň gynyndan çykyp, Hudaýlyk ýazgydynyň jellady ony duran ýerinden aldaw we umyt ukysyna çekip, ylgadyp, «gözlerini elek-çelek edişlerini görersiň, olar edil ölümden çaşan kişiler ýalydylar»[1] diýlen daryşganlyga ýetirdi. Çäresiz her bir eden pikiri nädogry boldy, kalbynda bişiren her bir hyýaly köýmek bilen mümkin bolmady.

Sekiz ýüz ýetmiş birinji[2] ýylyň Baýram aýynyň onunda Töwriz, ülkesinden çykyp, ähdi bozuş guşagyny biline baglady. Leşgeriň sanyny we üpjünçiligini tertiplemän, Diýarbekre tarap

[1] Gurhanyň 33-nji (Ahzab) süresiniň 19-njy aýaty.
[2] Milady ýyl hasaby bilen 1466-1467-nji ýyllar.

ýola düşdi. Jahanşa Mürze Töwrizden çykyp, iki-üç menzil göç edende, Sahypkyrana habar gelip ýetdi. Sahypkyran doly aň-paýhasyna we kämil akylyna laýyklykda, üpjünlenip, ýaýlaga ugrady.

Jahanşa Mürze Hoý şäherçesinden geçip, Hoý meýdanyndaky Sukman oba ýaýlagyna ýetende, ýene-de söweş pikirini ýöriş atynyň arkasyndan taşlap, bezm esbaplaryna meşgul boldy. Aýşy-eşret we şatlyk saçagyny ýaýdy. Göz degiş bukyhanasyndan gorkusyz öte sahypjemallar, hemdem ýaranlar, mährem egindeşler, hoş owaz nagmaçylar we kalby eýeleýän sazandalar bilen oýun-güýmenjä we şagalaňa oturdy. Mejlis edil gözel görklüleriň gaşlary kibi biri-birine bitişdi. Her bir çüňkden kalby eredýän we ýüregi eýeleýän bir owaz ýaňlanyp, her bir tarapdan mahbubyň gamzasy tutda-bas bolup, birnäçe günläp şu görnüşde gijeleri gündize öwürdi. Göz degme gaflatyndan oýanmakdan hem-de belentlik we mertebe eýýamyň geçmeginden bihabar boldy.

### *Goşgy*

Gijeki ýaşaýyş öldürer basym,
Gyzgyn meý öçürer kalbyň ýylysyn.

Ondan diňe tapyp biler dirilik,
Göz bilen iýýänler biri-birini.

Ol ömri ogurlap goýar azara,
Ahmal bolanlary çeker ol dara.

Bu oýun güýmenjäniň we şadyýanlygyň joşan wagtynda hem-de bu geň-täsin işleriň dowamynda, Adyl Juwazda häkim

bolan Mahmyt Myhmandyryň ýanyndan bir çapar gelip: «Diýarbekrden ýiti söweşjeň, bulut ýörişli, meýdan geçişli, ýolbars uruşly, Aly şekilli, Hüseýin syratly, şir haýbatly, Isgender mahabatly, belent asylly, ýagşy gylykly, gün şekilli we Jemşit goldawly şazadalaryň bir topary bilen:

### *Goşgy*

Söweş wagty ýatladarlar Rüstemi,
Söhbetde ýatladar meý bilen güli.

Deňiz ýaly sahy elin açanda,
Nejebiň şiri[1] kibi seri göçende.

Serwerlik gülüniň näzik gunçasy,
Hem ýeňiş täjiniň gözel gupbasy

— diýlişi ýaly, şeýle-de her haýsy gan içiji gylyç, jöwşeni deşiji peýkam deýin bolan, özüniňkilere baglylykda yňdarmalykda keman deýin tabynlyk bilini egip, özüni soltanyň kuwwatly elinde mäkäm edip, naýza deýin duşmanyň kükregine uzaboýuna dil, dostlarynyň gamyny iýmekde başdan-aýaga çenli agyz bolan on iki müň atly bilen:

Jeňde ýeňse bermez gorkup ölümden,
Duşman durup bilmez olaň öňünde.

— Diýarbekriň serhedinden buludy nikap edinýän gün deýin daglaryň, jülgeleriň we depeleriň oýtumlaryna geldi. Alty

---

[1] Bu ýerde Hezreti Aly göz öňünde tutulýar.

gündür ýüzüni haýsy tarapa öwürendigi barada hiç kimiň habary ýokdur» diýip, habar getirdi.

Bu habar orda ýaýranda, käbiri bir möhümini bitirmek, käbiri başyny oýuna goýmak üçin, patyşa garşy çykan bir topar kişi gaçyş aljyraňňylygyna we howsala suwuna, patyşa bolsa şerapdyr gözel gowgasyna çümdi. Hiç kimde bu mejlisde ol perişan habary öňürtiläp aýtmakda gaýrat tapylmaýardy. Ertesi agşam adat edilen usulda mejlisiň gyzmaly wagty, soltan bigäneleriň külpetinden çekilip, gamgusar mahbuplar bilen ülpet bolmanka, hylwaty şatlyga öwürmek isledi. Pirzat Bahary, Şa Hajybeg Hemedany, Rüstem Ýakuby, Mehmet we onuň dogany, Girumşy Şeki, Emen Ogul Hüseýin, Läle Saparşa, Şyh Bählul Çagataý ýaly patyşa bilen bile ýören emirleriň bir topary ynaklaryň bir topary bilen bilelikde soltanlyk dergähiniň öňüne üýşüp geldiler. Patyşa olaryň jemlenişmeginden habar tapanda, bu ýagdaýdan daşlaşyp, olaryň jemlenişmesiniň günäsini açyklamaga meşgul boldy. Mährem egindeşlerinden bolan Kazy Abdylla:

— Belki bir habar eşidenlerdir ýa-da bir maslahatyň pikirini edendirler. Olary mejlise çagyryp getirmek we ahwallaryň ýagdaýyny soramak gerek — diýip arz etdi.

Emirler habar soralanda, habarlaryň boluş ýagdaýyny beýan edip, jogap berdiler. Bu habarlar gulagyna baryp ýetende, endişe leşgeri onuň aýşy-eşret suprasyna çozuş etdiler, ýürek we kalp rahatlygynyň hany-many wehim we hyýal hüjüminiň aýak astynda depelendi. Birtoparyny ordanyň çäklerine garawullyga we ýollaryň goragyna ugratdy. Ol agşam şerapsyz we aýşy-eşretsiz emirler bilen maslahatlaşyp geçirdi. Ahyry gündogar soltany agşamlyk çadyryndan näz edip çykyp, ýer ýüzüniň tekiz

meýdançasyny «zilzile (titreme) sagady örän uly zatdyr»[1] çadyrlygynda serhoş we bihuş eden wagtynda, aýşy-eşretdir şatlyk bilen Erem bagy deýin, horram we şadyýan bolan orda bir sur sypatly zarbada kyýamat meýdany deýin, gowga we topalaňa düşdi.

Bu ýalan habaryň gözbaşy şudy: Akgoýunly nökerler Halyl Tuwajynyň ýolbaşçylygynda Beýik Köl ýaýlagyna gelip ýetipdir. Ol bir topar nökeri aw üçin atlandyrypdy. Olar ýöriş bolar diýip pikir edipdir. Bu habar şoňa esaslanýardy. Mahmyt Myhmandaryň ýanyndan oňa bu ýalan habar gelip ýetende, ol bitakatlykdan haly perişan bolup, sazanaklap, özüniň we beýleki emirlerdir esgerleriň çagalarydyr goş-kötellerini ordanyň üç parsahlygynda bolan Noýan galasyna ugratmaklaryny buýurýardy. Özi emirlerdir esgerler bilen Sahypkyranyň ylgar ediş ýoluny beklemek üçin, şol sebitlerdäki leşgeriň geçäýjek ýeri bolan jülgä tarap ýola düşdi. Ýolda şol wagtlarda Sahypkyranyň ýanyndan ilçilik düzgüni bilen gelen Hydyr beg Tarhandan:

— Näme üçin Hasan beg leşger jemläp atlandy — diýip, sorady.

Hydyr beg:

— Bu habar ýalandyr. Patyşa bu wagtlar Harmutda düşledi. Ähli nökerler Kabsy ýaýlagynda jemlenen — diýip, jogap berdi.

Jahanşa Mürze ol söze ynanmady we şol ýalan habar onuň kalbyna täsir etdi. Onuň gazap ody şeýle bir alawlady welin, hiç zat bilen onuň öçmegi mümkin bolmaýardy. Onsoň Muhammet Saparçyny ilçilige iberip:

— Älem etraplarynda ylgar habary ýaýrady we bu pitnäniň uçguny zamana halkyna alaw urup başlady. Bu özeniň köşeşmegi Sahypkyranyň ýa-da onuň perzentleriniň biriniň gelmegi

---

[1] Gurhanyň 22-nji (Haj) süresiniň 1-nji aýaty.

bilen bolup biler — diýip, habar berdi. Ilçi Sahypkyranyň tagtynyň huzuryna baryp, habary ýetirdi we gödeksi sözleri beýan etdi. Ol ilçilik wezipesini ýerine ýetirýän wagtynda, şeýle beýan etdi:

— Jahanşa Mürzäniň ýüz elli müň jöwşen geýnen esgeri bar.

Sahypkyran:

— Jahanşa Mürzäniň leşgeriniň ýagdaýyndan habarym bar. Onda otuz müňden artyk kişi ýok — diýdi.

Soň ýene-de Sahypkyran:

— Onuň öňünde görnerim ýaly, men onuň hyzmatyndaky Şa Aly Baýramy we beýleki emirler ýaly däldirin. Şeýle-de Jahanşa beg soňky derejedäki gorkak adamdyr. Ol öz nökerlerinden bolan Muhukdan aladalanyp howp edýärdi we soňky çäkdäki gorkudan ýaňa ony öldürdi. Eger öz oglumy ibersem, her oglumyň ýanynda Muhuk ýaly batyr adamlardan birnäçe müňüsi bar. Mundan başga-da eger oňa ýeten bu habar dogry bolsady hem-de hakykat bilen laýyk gelsedi, onda «sataşmak» (duşuşmak) bilen düşündirdim. Diýmek, hakyky däl, onda ol ýalançyny öz jezasyna ýetirmek gerek — diýdi.

Ilçi gödek sözler aýtdy we ilçiligi berjaý etmekde nadanlyk bilen hereket etdi. Onsoň Sahypkyran jogap berende, kiçigöwünlik kadasyndan çykyp, hak sözleri sugşurdy we aýtdy:

— Haçanda güneşiň zerli baýdaklaryndan bir baýdak bolan säheriň nusgasy göçüş tebiliniň gykylygy we ugur-utgasyz depregiň tapyrdysy bilen garaňky gijäniň gara ulusyndan gelende, onuň aýlanyş we ýagtylyş jemalynyň alnynyň şuglasyndan ýaňa, gijäniň maşgala-nökerleri üçin, birleşik ýer we onuň çadyry üçin, dikeldiş ýer nirede saklanyp galar! Edil ýeliň hekaýaty bilen çybynyň kyssasy ýaly bolar.

Şeýle rowaýat getiripdirler:

Bir gün bir çybyn Süleýman pygamberiň (goý, oňa Allatagalanyň salawaty bolsun!) ýanynda ýiti ýelden şikaýat edipdir. Süleýman jogap berende:

— Bar, öz duşmanyňy hem getir — diýipdir.

Eger ýeli getirse, özi gider ornundan,
Neneňsi goldaw eder özi aýakdan galan.

Jahanşa Mürze bilen biziň aramyzdaky ähtnama iman bilen berkidilendir hem-de bu iş älemdäkileriň ählisine bellidir. Men şol ähtde durandyryn. Eger ol haýsydyr bir habar baran badyna, ähdini bozsa, onuň netijesi älemiň ýüzüne aýan boljakdyr. Beýikligi beýgelmiş hezreti Haktagala adyl kazydyr. Ol her kimiň jezasyny özüniň amalyna laýyklykda berer. Aranyň daşlygyna garamazdan, ol ýalan sözi tassyk edýärler we ötünç soramagy wajyp hasap edýär. Huzurynda bolsam we öz ygtyýarymy onuň eline bersem, meniň halym neneňsi bolar?! Ata-babalarymyzyň arasynda hemişe dawa we jenjel bolupdyr, indi hem eger şol ýörelge öňe sürülýän bolsa, hoş bolgaý. «Bir gün onuňky oňuna bolsa, bir gün biziňki bolar. Bir gün unudylsak, bir gün unudylar».

Eger käte ýeňiş olaryň tarapynda bolaýsa-da, käte bize-de bolar. Muňa meňzeş zatlar örän köp ýüze çykandyr. Size-de Hak tarapyndan ýeňşe ýarlyk we dowamly görnüşde ýeňiş gelip ýeten däldir.

Bil baglasak Alla — keremli Haka.
Belki ýeňiş bize ýylgyryp bakar.

Gara Ýusubyň hemralaryndan bolan Pir Omara: «Gara Osman gelip ýetdi» diýip, habar berenlerinde, hiç hili tolgunma

hem alada bolmady we ornundan hem gozganmady. Ol ahyrynda ýeňilse-de, goşunyň öň hatary peýda bolan wagtynda, atlanyp merdana söweşler edipdi.

Geň ýagdaý, Jahanşa Mürzäniň ýanynda mertebeler bilen özüni Pir Omardan ýokary saýýan adamlar barka, oňa näme bolduka, ýalan we ygtybarsyz bir habar gelip ýeten badyna, munuň ýaly üýşmeleň we tolgunyşyk edýärkä?! Bu zatlar onuň döwletiniň ýok boluşynyň we biziň haýbatymyzyň ösüşiniň delilidir. Görnüşine görä, döwlet nobaty bize gelip ýetipdir. Gaýyp äleminiň çapary Baba Abdyrahmandan käte-käte: «Garagoýunlylaryň zulumdyr sütemi we bozuklygy soňky çägine ýetdi. Beýikligi beýgelmiş we ululygy zyýadalanmyş Haktagalanyň islegi bilen ot pürkýän gylyjyň lowurdysyndan olaryň döwrüniň köki-damary sogrular» diýen manyda aňlatmalar gelip ýetýär. Gaýyp äleminiň röwşenligi görkeziji jamy bolan Hudaýa ýakynlaşanlaryň täji Baba Abdyrahman mübärek ýüregine ilkinji Sahawatlydan bu aňlatma joşgun berip durandyr. Onuň tolgundyryjy jümleleriniň we özüne çekiji hereketleridir oturyşlarynyň arasyndan Garagoýunlylaryň döwletiniň, ýok bolşunyň alamatlary aňlanylýar.

Soň ýene-de aýtdy:

— Şu «ylgar edildi» diýen söz hakyky däldir. Onuň ýalandygy älemdäkileriň ählisine aýandyr. Naýzany çuwalda gizläp bolmaz. Şonuň üçin şu habary ýetiren kişini özüniň jezasyna ýetirsinler. Beýle kişi serhetleri gorap saklamaga laýyk bolup bilmeýär. Bize öz perzentlerimizden birini ol tarapa ibermegimizi buýrupsyň.

Ýagdaý şeýle, siz hemişe musulmanlaryň namys perdesini ýyrtmakda tagalla baryny etdiňiz. Ýaşuludygyňyza we soltanlyk şöwhetiňiziň beýikdigine garamazdan, sizden mydama ogryjümrülerden we talaňçylardan ýüze çykýan hereketler ýaly erbet hereketler ýüze çykýar. Bu bolsa şeýtanlaryň sypatydyr.

Soltanlara laýyk sypat däldir. Soltan Allanyň saýasydyr, şeýtanlaryň saýasy däldir. Şeýle bir usulda ýaşaýyş tutmak gerekdir welin, adamlar mejbur etmesiz öz ygtyýary, tabynlygy we meýli bilen siziň ýanyňyza gelmelidir we perzentleri ugratmalydyr. Emma ýaşaýşyňyz şeýle görnüşdedir welin, hiç kes öz ygtyýary, tabynlygy we meýli bilen perzendini siziň ýanyňyza ibermeýärler hem-de öz ygtyýary bilen öz namysyny ýele bermeýärler. Mundan başga-da, biz siz ýaly bigaýrat we binamys däldiris. Eger siziň kowumyňyzda ar-namys bolanlygynda Isgender eje hökmünde bolan kakasynyň aýallaryndan iki kişini öz nikasyna girizmezdi we oňa hyýanat elini uzatmazdy.

Jahanşa Mürze-de özüniň aýalynyň uýasyny süýremezdi, özüniň aýalynyň doganlary (aga-inileri) bilen bozuklyk etmezdi. Uly ýaşuludygyna we soltanlyk derejesine garamazdan, biri beýleki biri bilen beççebazlyk eder ýaly, hut öz eli bilen şem tutmazdy. Öz emirleriniň, hemralarynyň we nökerleriniň gyzlarydyr oglanlaryny ýanyna çekmezdi. Ahwaly şeýle görnüşde bolan bir kişä kişiniň neneňsi ynamy we ynanjy bolup biler!? Özüni soltan atlandyrýar, onda soltanlaryň sypatlaryndan haýsy sypat bar?! Megerem onda diňe Darabyň sypaty bar. Ilki bilen tutuş gijeläp oýa we gündizlerine ukyda bolýar. Hergiz hiç bir jandar ony gündizine gören däldir. Adalat gözleýjiniň hiç bir dadyna ýeten däldir. «Gijäni size örtük etdik we gündizi siziň ýaşaýşyňyz etdik»[1] buýrugynyň tersini özüniň ýörelgesi edindi. Rum soltany ony ýerganata gowy meňzetdi. Patyşa gündizine halaýygyň dadyna ýetişmeli. Ne oňa nurdan nesip, ne-de halaýyga adalat gözlemekden peýda bar. Muhammedini leşger bilen ibererin» diýipsiň. Meger bize Muhammediniň «agtyk» däldigi mälim dälmi?! Biziň ondan gorkarymyz ýaly, ondan näme hünär çykar?

---

[1] Gurhanyň 78-nji süresiniň 10 we 11-nji aýatlary.

Gyrnak ogly işe ýaramaz asyl,
Şähriýar bolaýsa onuň atasy.

Mundan başga-da öň siziň we biziň aramyzda bolan ylalaşyklar gorkudyr howpa esaslanmady. Bize siziň köplügiňizden we känligiňizden hiç hili gorkudyr howp ýok. Ol ýaraşyk halaýygyň asudalygy üçin bolupdy. Tutuş älem bilýär, biziň ata-babalarymyz ýekeje towşanjyk hem peşgeş bermändirler. Maksat halkyň söweşleriň aýak asty bolmazlygydy hem-de ahyret azabynyň derdeseriniň bize öwrülmezligidi. Bolmasa, söweş meýdanyndan gitmän saklanardyk hem-de çagyryş sedasyny aýdyň urardyk» «Şunça-az jemagat Allatagalanyň ýardamy bilen köp jemagatlary ýeňendir»[1].

Şondan soň Sahypkyran ýeňiji esgerleri jemlemek üçin, etraplara we sebitlere çaparlar ugratdy. Soňra seýitleriň gaýmagy, kazylaryň buýsanjy, dogry pikirleriň we mäkäm garaýyşlaryň eýesi, kesgin kelamy bilen ilçiligi ýerine ýetirmekde hem-de ylmynyň artyklygy, dininiň we aňynyň kämilligi esasynda, yslam abadançylygyna delalat etmekde ussat bolan Kazy Alaeddin Alyny mynasyp peşgeşler bilen Jahanşa Mürzäniň gaşyna ugratdy.

Jahanşa Mürze onuň gelýänliginden habar tapan badyna, oňa ilçiligini ýerine ýetirmäge mejal bermedi. Gelmekden saklamak üçin, onuň öňünden adam iberdi we ony orta ýoldan yzyna dönderdi, peşgeşini hem kabul etmedi. Şeýle-de «ýaraşyk emri Hasan begiň ýa-da onuň perzentlerinden biriniň gelmegine baglydyr» diýip, habar iberdi.

Kazy Aly dolanyp, ahwaly arz edende, Sahypkyran uruş yhramyny baglap, söweş esbaplarynyň taýýarlygyna meşgul boldy.

---

[1] Gurhanyň 2-nji süresiniň 250-nji aýaty.

Jahanşa Mürze hem Muhammedini Yspyhandan, Abu Ýusuby Şirazdan, emirleri bolsa Sawe we Soltanyýa ýaýlaglaryndan hem-de ülkelerdir welaýatlardan çagyrdy. Sahypkyran hem hezreti Haktagala ynam we töwekgel edip, ýola düşdi. Öwlüýäleriň kalplaryndan medet diläp, olaryň belent hümmetleriniň ýolbeletligi bilen ýola düşdi.

Baba Abdyrahman syhdan gyzgyn kebaby sogrup, oňa berdi we ony atlandyryp, Jahanşanyň leşgeriniň üstüne rowana eýeledi. Soňra: «Eý, ogul! Olary tut we öldür» diýdi. Bu yşaraty we tabşyrygy eşidende, Haka ýakynlaşanlaryň täji — Abdyrahman bilen baglylykda özüniň öňki aýdan Sahypkyranyň ynamy iki esse artdy we zyýadalandy.

Mundan başga-da geň-taň täsinlikleriň biri-de şudy: Asmanyň sahawatly kitabyndan (Gurhandan) pal açanda, onuň sag tarapky sahypasynyň başynda: «Pyrgaunyň üstüne git, ol takyk hetden aşypdyr»[1]diýen sahawatly aýaty ýüz görkezdi. Mesnewi[2] kitabyndan hem-de Aşyk Paşanyň türkmençe kitabyndan[3] hem pal açyp görende, olarda hem Musa bilen Pyrgaunyň hekaýaty gabat geldi. Şonuň ýaly-da salyh kişiler hem düýşlerinde Jahanşa Mürzäniň göwher başyna goýup, Sahypkyranyň öňünde raks oýnaýandygyny dört gezek görüpdir. Şonuň ýaly-da Akgoýunlylaryň salyh kişileri geň-taň düýşler görýärdiler. Olar düýşlerini arz edýärdiler hem-de tejribelerine daýanyp, «Sahypkyrana ýeňiş we üstünlik anykdyr, duşmanynyň heläk bolmagy bolsa kesgitlidir» diýip tekrarlaýardylar.

Ol ýerden Amyda geldi. Amyda gelip ýeten wagtynda «Jahanşa Mürze Erjişden geçdi» diýip, habar geldi. Sahypkyran hem dogany ýalkanan patyşa Jahangir Mürzä (goý, ýatan ýeri ýagty bolsun!) ýagdaýy habar berdi. Jahangir Mürze hem

---

[1] Gurhanyň 20-nji (Taha) süresiniň 24-nji aýaty.

[2] Jelaleddin Rumynyň «Mesnewi» eseri göz öňünde tutulýar.

[3] Bu kitap şübhesiz Aşyk Paşanyň (1272-1333) «Garypnama» atly eseridir.

meşhur perzentleri Myrat beg hem-de Ybraýym beg bilen bile öz leşgerini jemläp, Sahypkyranyň mübärek ordasyna birleşdi. Ol ýerden bolsa bilelikde Jahanşa Mürzäniň üstüne ugradylar.

Isgender Pilteniň nökerlerini aňtawçylyga iberdiler. Olar Şyh Idris diýen ýerde Jahanşa Mürzäniň garawullaryna sataşdylar. Garawullaryň arasynda söweş ody tutaşdy. Garagoýunlylar ýeňildiler. Birtoparyny öldürdiler. Birini bolsa habarlary takyklamak üçin orda iberdiler. Ol kişi: «Jahanşa Mürze Erjişden geçdi. Häzirjek gelip ýeter» diýip, habar berdi.

Sahypkyran duşman leşgerini garşylady. Tekiýe Malgysy diýen ýerde berkitme gurdy. Akgoýunly nökerler gorkansoň, topar-topar bolup, etraplara gaçdylar. Ýöne Sahypkyran alamatlary bilen kalby dok bolansoň, şazadalary we emirleri ugradyp, leşgeri jemleýärdi hem-de jezalandyrýardy. Birnäçesiniň burnuny deşýärdi. Yhsan Aga bir toparyny agta edipdi. Onuň guran birinji diwarynda on iki müň kişi işläpdi. Ýaňadan adamlary jemlediler we mäkäm bir berkitme gurdular.

### *Goşgy*

Bir-birine edip daşlary münder,
Gurdular göýä bir seddi — Isgender.

Şonuň bilen ýapyp geçelge ýolun,
Goýdylar duşmana gaçalga ýolun.

Jahanşa Mürze ülkesiniň etrabyndan we sebitlerinden gaşyna çagyran, ýurtlaryň jümmüşinden we gyrak-bujaklaryndan, ýagny Parsdan, Yrakdan we beýleki ülkelerdir welaýatlardan, Hurmuz, Genç, Mekran Gilan we Tabarystandan ýygnan ulaglardyr ýaraglar, jüpbedir jöwşenler bilen ýarag esbaby doly üpjün bolan, böwsüji leşgeri bilen Muş sährasynda san-sajaksyz

çöl garynjalardyr akar çäge ýaly üýşüp, jemlenmek ýörelgesini öňe tutdular welin, çadyrlardyr saýawanlaryň ak reňkleri ýagty gündizde günüň ýüzünden, garaňky gijede aýyň ýüzünden şugla alýardy.

### *Goşgy*

Uly goşun — ýyldyzlar deý bihasap,
Barýardy çöl bilen täze ýol ýasap.

Göýä Gündogardan dogdy täze Gün,
Bulutdan ýagyş däl gan akar bu gün.

Güýjüne ynanmak bilen çemenlikde seýil edýän juwanlar kibi, tekepbirlik çignini rahatlyk bilen ýassanyp, rahatlyk we amanlyk galasynda bolýan bigamlar kibi bada içip, şatlykdyr şagalaňa çümüp, ýuwaş-ýuwaşdan hereket edýärdi. Goş-golamyny, oglan-uşaklarydyr hatynlaryny, pullardyr parçalaryny hem-de hazynalaryny Töwriz gyşlaglaryna iberdi. Özi bolsa gyssanmaçlyk baýdagyny Sahypkyran bilen göreşmek üçin parlatdy. Muş sährasyndan çykyp, Çapahçurda düşledi.

Sahypkyrana: «Ybraýymşa Fyrat suwundan geçip, Çapahçur galasyna gelip ýetdi. Gözlegdir barlag edenden soň, yzyna dolandy» diýip, habar getirdiler. Sahypkyran şazada soltan Halyly Suhrap beg, Şyh Hasan beg, Hurşyt beg, Ýusup beg hem-de iki müň atly bilen ugratdy.

Hezreti Sahypkyran eden ähdine laýyklykda, öz ülkesiniň çäklerinden daşary gadam goýmady. Hemişe pesgöwünlik we tabynlyk ýörelgesini öňe tutýardy. Eger ol pitne uruş bilen gutarjak bolsa, diňe şonda hüjüm edijini dep etmegi parz zatlardan hasaplaýan pygamber alaýhyssalamyň şerigatynyň pitwasyna laýyklykda, dep ediji we böwet bolujy gylyjyny ar gynyndan

çykarmak üçin, uruşdyr söweş hereketini we garşylyk gadamyny başardygyndan gaýra goýýardy. Aýagyny şerigatyň we yslamyň çäklerinden daşary goýýan, musulmanlaryň ganyny dökmegi we ar-namysyny ýere çalmagy dogry saýýan her kesiň boýnuny Allatagala boýun bol» permanyna boýun bolmazlyk ýükünden halas edýärdi.

Iki toparyň arasyndaky uzaklyk bir günlük ýa-da iki günlük çäginde bolanda, emirlerden her kişi garawullygy haýyş edýärdiler. Şol sanda Tarumyň emiri bolan soltanyň (Jahanşa Mürzäniň) gaşynda ýakyn gulamlaryndan hasaplanýan hem-de ýurduň ynamdary bolan Kasym Perwanaçy perwana deý özüni Sahypkyranyň şeminiň alawuna urmak isleýärdi.

Ol saýlantgy nökerlerden bir bölegini alyp, aňtawçylyga ugrady. Fyrat suwundan geçende, Çapahçur galasyndaky şazada soltan Halylyň garawullyga çykan leşgerlerinden habar tapdylar. Söweş ody tutaşdy. Olardan segsen kişi öldürildi we altmyş kişi ele salyndy. Köpüsi hem gark boldy. Kasym Perwanaçy ganatperini ýakyp, utançdyr gyjalat webalyna tutaşyp, Jahanşa Mürzäniň ordasyna dolandy.

Jahanşa Mürze bu habardan howpa düşdi. Ulumsylykdyr tekepbirligiň bet habary aýan boldy. Ululygy we gopbamsylygy harlyga we peslige öwrüldi.

Sahypkyran Akgoýunly ýigitleri ýel bilen oýnaýan we bulut bilen bäsleşýän bedew atlara ataryp, Jahanşa Mürzäniň çar tarapyndan garawullyga iberipdi. Olar hem dynuwsyz onuň ordasynyň gyrak-bujaklaryndan adamlaryny ýesir tutýardylar hem orda bazarynda daryň astyna çekýärdiler.

Jahanşa Mürzäniň günbe-günden gam-gussasy we howsaladyr gorkusy artýardy. Şazada soltan Halyl bu ýeňişlerden soň, mübärek orda birleşdi. Öldürenleriň başlaryny ülkelere we welaýatlara ugratdylar. Howpdan ýaňa pytran Akgoýunlylar ýüreklendiler we batyrgaýlandylar. Baba Abdyrahman Hüseýin Hajy

Ynagy atdan düşürdi we Sahypkyranyň gaşyna getirip, ýaňadan ony atlandyryp, Mürze Jahanşanyň gaşyna rowana etdi.

Şol aralykda şazada soltan Halyl Mürzä salyhlaryň düýşlerine laýyklykda, Gurhandan pal atdylar. Şonda ilkinji açylan sahypanyň ýokary ýüzünde: «Ähli aýyplardan päk bolan Taňrytagala öz bendesi Muhammet pygamberi gijelikde Mekgedäki hormatly metjitden Beýtil-mukaddesdäki Aksa metjidine çenli seýir etdirdi»[1] ösüşine berk delildi hem-de hökmürowan we ýagşy gylykly şazadanyň ykbalynyň ornunyň we derejesiniň artjagynyň anyk şaýadydy.

### *Goşgy*

Onuň nury siňen kalba bigüman,
Ezeli syrlar hem bolýandyr aýan.

Ýüzüň maşrygydyr iman ýolunyň,
Pikiriň Günüdir zemin iliniň.

Biçen borly Bakylygyň soltany,
Seň boýuňa deňäp şalyk donuny.

Şol dogruçyl düýşlere laýyklykda, iki günüň içinde pikirden herekete geldi, mümkinçilikden aýdyňlyga çykdy. Duşman ordasy weýran boldy. Onuň perzentleri bentdir zyndana düşüp, döwlet sütünleriniň we haýbat daýançlarynyň bir topary janalyjy ýiti gylyçdan geçip, birtopary kündedir gandala duçar boldular.

Jahanşa Mürzäniň ölendigi ýa-da nämälim bolup duran wagtynda, şadyr şazada oýdur pikire batdy. Her tarapdan gözlegdir sorag etdiler. Şol oý-pikir arasynda hökmürowan şazadanyň

---

[1] Gurhanyň 17-nji (Gijeki seýr) süresiniň 1-nji aýaty.

güzeri şahsy hazynanyň üstünden düşdi. Hazyna çekilen oljalaryň arasyndan bir Gurhany eline aldy we bu ýagdaýy aýdyňlaşdyrmak üçin, pal atdy welin, ýene-de şol aýat gabat geldi we edil röwşen güneş deýin gaýyp gözýetiminden dogup, şöhle saçdy...[1] Bozuklyk we ýowuzlyk eýelerini dep etmek bendeleriň Eýesi tarapyndan amala aşdy.

Jahanşa Mürze Antur diýen ýerde birnäçe gün saklanyp, emirler bilen geňeş etdi. Şondan soň ol ýerden dolanyp, Daman Kuhda düşledi. Ol ýerden hem Sanjak diýen ýere gitdi.

Onuň dolanandygy baradaky habar Sahypkyranyň gulagyna gelip ýetende, Akgoýunly emirler geňeş etdiler hem-de agzybirlik bilen onuň mübärek arzyna:

— Jahanşa Mürze bize hiç hili zyýan ýetirip bilmedi. Ýeňlip we umyt üzüp, yzyna dolandy. Biz hem oňa päsgel bermäliň[2] — diýip, arz etdiler. Sahypkyran muny kabul etmedi. Agşam atyna atlandy we berkitmeden daşary çykdy. Ýanynda alty müň atly bardy. Jahanşa Mürzäniň yzy bilen gidip barýardy.

Ol Jahanşa Mürzäniň ilkinji düşelgesinde düşledi. Daň atansoň söweş kasdy bilen atlandy. Garawullardan: «Jahanşa Mürze göçüni ýola salyp, özi şahsy leşgeri, emirleri, baý nökerleri we perzentleri bilen ýurtda galdy. Olar düşeklerde rahatlyk ukysynda ýatyrlar. Pursat ganymatdyr» diýen, habar gelip ýetdi.

Söweş ýollary ýapylan we böwet gapylary gapylan şol gün, ýagny ýokarda agzalan aýyň on ikisine merhum patyşa: Gyş gahrymany ähli sowukdyr gar esgerleri bilen çöldür sährada çadyr dikdi. Kowus[3] peýkamçylary ýaýyň çillesini dartyp, tutuş çarwadarlary aw eýläp, gardyr ýagyşa talatjakdyr. Gowusy, bu sebitlerde yza dolanyp, Töwriz welaýatynyň gyşlaglaryna do-

---

[1] Golýazmada boş ýer goýlupdyr.

[2] Golýazmada boş ýer goýlupdyr.

[3] Kowus — ýaý diýmegi aňladýar.

lanmaly. Bahar soltany ösümliklerdir agaçlaryň damardyr köklerinde orun tutan gyşlagdakylaryň ösüş güýjüni herekete getirip, gülleriň, reýhanlaryň, läleleriň we nesrinleriň çadyrlaryna bahar şemalynyň perraçlary bilen bossanlarda we sähralarda agaçlaryň şahalarynda akar suwly tanaplar bilen müň dürli ösüşdir ýylgyryş beren wagtynda, biz hem gyşlaglardan çykarys hem-de täze ýörelge we sansyz leşger bilen Diýarbekre ugrarys — diýen netijä gelipdi. Agşam şol jeňňelde kütek pikirli emirler bilen maslahat geçirdi. Perzentlerini hem-de olaryň käbir emirlerini hem bu geňeşe gatnaşdyrdy.

Elkyssa, geňeş ýokarda aýdylan görnüşde karar edildi. Daňdan ýüklerini we goş-golamlaryny ugratdy. Özi gaflat ukusynda we rahatlyk düşeginde ýatdy. Perzentleri, emirleri, ynamdarlary, bütin söweşjeň batyrlary, meýdan tutýan atly söweşijileri, hyýrsyz ýigitleri, jeň gözleýji atlylary soltan hem-de şazadalar bilen galdylar.

Hezreti Sahypkyran tarapdan batyr kişiler hem-de söweş jeňňeliniň şirleri bolan kalby röwşen we pikirleri aýdyň emirler olary göç üstünde ýalaw gylyjyň lukmasy etmek üçin günortanlyk soltanynyň baýdagy günortanyň belent halkasyndan geçip[1], ýüzüni aşak garşy egmäge başlanda, bukudan çykyp, edil bahar buludy we oý-beýigi bilmez sil deýin böwsüji goşun bilen sagdan-çepden ýel ýörişli we ýyldyrym gopuşly atlara atlanyp, ýetip geldiler we olaryň gaçyş ýoluny beklediler. Olaryň berk aýaklaryny howsala harlygy bilen ýaraladylar. Gury gamşa düşen ot deýin söweşdir zarba bilen olara garyşdylar. Şadyr şazadalar hem-de goşunyň beýleki emirleri söweşden gaýry hiç bir çykalga görmediler.

---

[1] Gün günortadan geçenden soň diýen manyda.

## JAHANŞA MÜRZÄNIŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ HEM-DE ONUŇ PERZENTLERINIŇ WE EMIRLERINIŇ ÝESIR DÜŞMEGINIŇ BEÝANY

Soňra Sahypkyran tarapyndan Akgoýunly emirler aýralyk ýoly birleşik ýoluna öwrülmez ýaly, onuň yza dolanyş ýoluny tutdular. Akgoýunlylaryň emirleriniň, serdarlarynyň we bu nesilşalygyň şazadalarynyň her biri Garagoýunly şazadalaryň we serdarlaryň biri bilen ýüzbe-ýüz boldular. Ajal gassaby ganhora öwrüldi. Uruş alawy ýitileşdi we güýçlendi. Lebi teşne ýalaw gylyçlar gandan ganyp, howany kesýän we kepderi deý uçýan peýkamlar göwün awlaýjy mahbuplaryň jigerleriniň kastynda näzeninleri kükrekleri üçin öz dişlerini çarha tutdular. Keman bolsa gykylykdyr pygan bilen gulakdan tutýanlaryň bukusyndan sypyp, gulaklaryny üşertdiler. Söweş meýdany edil serhoşlaryň bezmi ýaly bulam-bujar boldy. Kümüş baldyrly sakylaryň kelleçanaklary gan bilen garyldy.

### *Goşgy*

Gün-kuýaş aýryldy ýagty nurundan,
Howa ýaýran dem-nepesleň bugundan.

Ol buglardan, ýasaldy başga asman,
Oňa ýyldyz boldy gürz, gylyç, galkan.

Ol ýerde «hormatly» artyk sanardan,
Naýzanyň ujundan, är gylyjyndan.

Bu merhum patyşanyň näzi-nygmatly çadyrlaryna bady saba hem hiç haçan ýol tapyp bilmeýärdi. Gündür aýyň şuglasy hem

onuň çadyrdyr ýatyşhanasynyň gupbalaryna şöhle saçyp bilmeýärdi.

Mejlisi daşdady jebir — kemlikden,
Bezelendi aýşy-eşret, şatlykdan.

Ol bezimde dostluk hekem bolardy,
Kimler tabynlykdan heýkel bolardy.

Ömründe görmändi gam ýüzün bir dem,
Zamanadan oňa ýetmändi sütem.

Ne «deý»[1] oňa uzatdy talaň elin,
Ne «tir»[2], «nurdat»[3] ýetirdi dert-ejirin.

Tutuş günläp gaflat uka giderdi,
Tutuş gije aýşy-eşret ederdi.

Ne diwan, dergähe perwaýy bardy,
Ne säher ahyndan hederi bardy.

Ornudyr mülküniň aýnasy birden,
Döwüldi sütem görenleň ahyndan.

Döwründe örän kän damja dökülen,
Derdi artyk pakyrlaryň gözünden.

---

[1] Deý — Eýran gün kalendarynyň 10-njy aýy (Bitaraplyk aýynyň 22-23-den Türkmenbaşy aýynyň 20-21-ne çenli).

[2] Tir — Eýran gün kalendarynyň 4-nji aýy (Gorkut ... Oguz ...).

[3] Nurdat — Eýran gün kalendarynyň 5-nji aýy (Oguz ... Alp Arslan aýlaryna gabat gelýär).

Olar birden jemlenip döndi sile,
Kökün sogrup eltdi sähra-deňize.

Sütem bilen içen halkyň kän gany,
Müň dert bilen bogazyndan rowany.

Örän köp zer ýygdy, emma ne peýda,
Ol ony taşlady, ýow kyldy ýagma.[1]

Yzyňda galdyrmak eý nam-nyşany,
Ýagşydyr, ýygandan kän hazynany.

Şunuň ýaly badyhowa patyşa haýran-u sergezdan we perişan bolup galdy. Şeýle nadanlyga, atsyz-sorsuzlyga, harlyga çümen we el-aýagyny ýitiren mahalynda, biri oňa gylyç urdy. Soňra ony tutup, ýesir etdi. Ýarasy şeýle ötgür boldy welin, bir zarp bilen ömri ahyra ýetdi. Heläk bolmazyndan öň, halas bolmak we aman galmak umydy bilen özüniň ganhoryna:

— Meni öldürme, Hasan begiň ýanyna elt. Saňa köp peýdalar bolar — diýdi.

Emma ölüm howply ýarasy bar bolany hem-de naladyr pygan edip, çydam edip bilmeýändigi üçin, ýaňky kişi ony bu dertden halas etmek isläp, onuň işini ahyryna ýetirdi. Soňra: «Eger Sahypkyran mundan habarly bolaýsa, birden jeza beräýmesin?!» diýip, alada edenligi sebäpli, ony gizlemäge çalyşdy.

Ertesi takdyr ýörelgeli perman bilen agtaryjylar çar tarapdan patyşany gözlemäge we agtarmaga ugradylar. «Kim ony öli ýa-da diri halda tapyp, älem penakäriniň huzuryna getirse, patyşalara laýyk sylag-serpaýa mynasyp bolar» diýip, jar çekdirdiler. Ýaňky öldüren kişi umydygärlik bilen bolan ahwaly

---

[1] Ýagma — talaň, çapawul.

gürrüň berdi hem-de patyşanyň başyny pelek höwürtgesiniň işigine getirdi. Onsoň göwresinini hem talap edip, ony getirmek barada mübärek perman berildi. Ony-da getirdi. Onsoň tanaýjylar geldiler. Ondan anyk deliller we alamatlar tapdylar. Onsoň ýagdaýy dergähiň bendelerine mälim etdiler. Onuň başyny Horasana soltan Abu Sagyt Mürzäniň paýtagtyna tarap ugratdylar. Göwresini bolsa Gara Ýusubyň mazaryna garşy rowana eýlediler. Ahwal dili onuň ölen senesi barada şu iki beýdi söze girizdi.

Batyr serdar Jahanşanyň ordasy —
Bir esbaby, kuwwatlysy, hordasy,

«Hasan beg öldürdi» senesi içre,
On ikinji rebigüssede duwlandy ýere.[1]

Perzentlerinden Muhammedi hem-de Abu Ýusup bilen bilelikde onuň uly emirleri, hormatly ynaklary, ýakynlary, hyzmatynda bilini guşan göwündeşleri hem ýesirlik duzagyna duçar boldular. Söweş meýdanynda kinekeş batyrlaryň we gan içiji gaýduwsyzlaryň aýak asty bolan, böwsüji peýkamlaryň nyşanasy we gylyjyň lukmasy bolanlaryň arasynda diwan emiri Pirzat beg, salgytçylaryň emirleriniň diwan başy Rüstem Alapawut, Läle Saparşa, Gurmuşy Şeki Tarumyň häkimi Kasym Şyh Aly, Hüseýin Aman ogly dagylar bardy. Bu emirleriň bary tebildir nagaranyň eýesi bolup, müňlik tümenleriň serdarlarydy. Şeýle-de Şirzadalardan Isgender Şasuwar, Gylyç Arslanyň doganlary, bir ogly, Isgender Duharlu, Gaýtmyş Emir Ahyr, Baýezit beg Kürt, Kör Läle, Şaweli Baharly Zyýal we beýleki ynaklar, goşun emirleri, mübärek mejlisiniň egindeşleri, meşhur

[1] Ebjet hasaby bilen 872 (1467)-nji ýyla gabat gelýär.

ýigitler, başa-baş söweşiň saýlantgylary sandan-sajakdan we hetden-hasapdan aşyp, bela we duşmançylyk siliniň «Otlar ýaly ýele sowrularlar»[1] diýen sarsar ýeline duçar bolup, hakykatdan hem «Pylan hili diýip, aýdylar ýaly belli bir zat däldi»[2] ýagdaýyna öwrüldiler. Her kim zulumdyr duşmançylyga nyşana bolan bolsa, bela peýkamy bilen jan tabşyrdy. Bigünä bolanlaryň bir topary göç edip, aradan çykdylar. «Günäkärlerden aýrylyň»[3] takdyry zalymlar toparyny gaflat ukusyna saldy. Şeýlelikde, «Olaryň üstüne aýdyň hökümler bilen geldiler»[4] leşgeri hemmesini gurşap aldy.

Gan arygy akdy her on ädimden,
Sil gelen dek ol Gyzyl suw dagyndan.

Syrdam boýly, açylan gül deýin müňlerçe ýigitler birje badyhazan bilen gandyr topraga garyldylar. Müňlerçe gämi ýörişli, läheň hereketli, zerli eýerli, zynatly elwan jully-ýapynjaly, zerli toý lybasly, atlaryň uýanlary eýesiniň elinden, üzeňňileri çapyksuwarlarynyň aýaklaryndan ýyldyzlar toplumynyň säherde tawus ganatlaryny we bag şahalaryny aldyryşy ýaly boş galdy.

Şaglawuk deý güwlär ahy-pygany,
Ýyldyrymlar çakyp, gök gürlän ýaly.

Her kim söweşden öň göç eden bolsa, öýünde orun tutup, agşam öz öýlerine dolanyp gelerler diýip, patyşa we esgerlere

---

[1] Gurhanyň 18-nji (Kähf) süresiniň 43-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 76-njy (Ynsan) süresiniň 1-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 36-njy (Ýasin) süresiniň 59-njy aýaty.
[4] Gurhanyň 10-njy (Ýunus) süresiniň 75-nji aýaty, hem-de 30-njy (Rum) süresiniň 46-njy aýaty.

garaşyp, çar tarapda aýşy-eşret, şatlyk-şagalaň saçagyny ýazyp, zöhre maňlaýly, aý jemally gözelleriň görküniň şemi, ählisi inçeden düşünýän we şorta sözli, hoş häsiýetli egindeşler, hoş tagamly şeraplar bilen oturşyp, wagtlaryna dolanandyklary, ýakynlaryny we doganlaryny görendikleri üçin, şatlanyşyp, gijäni gündize çapdylar. Olar ýaranlarynyň damak çalýan gylyçlarynyň dop-doly şeraply jamlaryny we takdyr şeraphanasynyň al-elwan badalaryny ajal sakylarynyň we arzuwlary weýran edýän badakeşleriň elinden noş edip, mes-serhoş bolup, belent-peslikde çalam-çaş süýnüp, gam-gussanyň aýakasty bolandyklaryny bilmeýärdiler.

Olaryň söweş eden ýerleri serhoşlaryň mejlisi deýin gowgaly bolup, her gadamda kelleçanak rubabyň kellesi deýin kül-uşak bolup, damarlardyr tarlar çatlaşyp üzülipdi. Her ädimde näzik beden köne küýze deýin ýykylyp ýatyrdy. Ondan bolsa gan şerap deýin dökülip, guma garylýardy. Birden, «güman etmeýän ýerinden»[1] ylgar owazasy ordada, obada ýaýrady. Ähtimal, şol gan dökülip, heýjanyndan we kyýamat odunyň şuglasyndan gaçyp sypanlaryň birnäçesi bu ulusa gelip ýetendir. Bu gorkunç habar edil howply zäher deýin, göz açyp-ýumasy salymda gorky we howp leşgerini «hoş dolandyk» ukusynda dynç alýanlaryň kalplaryna küşgürip, garrydyr juwanlaryň içlerinden perýatdyr pygan göterildi. «Ol günde ýeriň yranyşynyň gatydygyny, her bir enäniň öz balasyny taşlap, ony unudýandygyny görersiňiz»[2] ýagdaýy şol gije göwresindäkiler» hakynda gabat geldi.

Hudaýa şükür, gijelik zulmaty garaňkylyk örtügini ol iki toparyň arasynda örtüp, ar alyş gözüni kör eden wagtynda Sahypkyran ol ýurtda emir Jahanşanyň çadyrynda orun tutdy. Ýesir

[1] Gurhany 65-nji (Talak) süresiniň 2-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 22-nji (Haç) süresiniň 2-nji aýaty.

düşen goşun serdarlaryny gylyjyň lowurdysy bilen ýokluk ýoluna ugratdy. Diňe Muhammedi bilen Abu Ýusuby goýdy. Üç günden soň olaryň atasynyň ahwaly mälim bolandan soň, Muhammedi Mürzäni hem ýoklaýyş ýoly bilen ata-babalaryna gowuşdyrdy. Abu Ýusup Mürzäni bolsa bentläp, goraglap saklaýardylar. Bagtyýar patyşa soltan Muhammet baýyň ogly, emir Jahanşanyň terbiýeçisi Ýadygär Muhammet Soltany (ol hem esgerleriň eline ýesir düşüpdi) hormatlap, mertebä eýe etdi. Abulhasan Tarhan, Bählül, Fazlylla Pirzat hem-de beýleki bir topar ele düşen çagataý emirleriniň ähliisini goraglap, şoňa degişli etdi. Ony patyşalara laýyk wadalar bilen umytly etdi. Günbe-günden onuň mertebesini ýokary göterdi. Horasan ülkesini boý gyz deýin onuň soltanlyk nikasyna adaglady. Onuň mertebesini kalplaryň aw duzagy we kowumlaryň hereket gapany etdi. Mirasdarlara söýgi ýazgydyny belent mertebeli şazada Ýadygär Muhammet soltan hakynda amala aşyrdy.

Günäsi ötülen we ýagşy nazar salnyp, hormatlanan emirlerden we emirzadalardan Aly Şüküriň neberelerinden Pir Alyny, Aly beg Çäkirini, Muhrap Rüstem Tarhany, Rüstem Alpawudy, Pirmuhammet Alpawuty görkezmek bolar. Şu iki günüň içinde: «Hiç kim ýeňlip gaçan leşgeriň yzyndan gitmeli däldir, olara zyýan ýetirmeli däldir» diýip, jar çekdiler. Aýaldyr erkeklerden galan-gaçanlaryň we ejizleriň göwünlerini awlap engamdyr ulaglar we ýol azygyny berip, watanlaryna dolanmaga rugsat berdi.

Nagt pullardan, parçalardan we mal-garalardan dürli-dürli şeýle bir köp oljalar hiç bir kynçylyksyz döwlet ýaranlarynyň eline düşdi welin, olaryň sany-sajagy ýokdy.

Ýeňlen goşunyň galan-gaçanlary edil betbagtlyk we bagtyýatanlyk kerwenleri ýaly bolup, Töwrize we Yraga tarap ýüz öwürdiler. Sowugyň ýol urujy garakçysy olaryň ýoluny kesen hem bolsa, güýzüň talaňçy leşgeri talaňçylyk ýaýyny çillesine

çenli çekip, olary gar-ýagyşyň okuna duçar eden hem bolsa, kimde lybas ýa-da palas bar bolsa, galkan edip depesine çekip, gaçyp-turup, ýykylyp-sürşüp gidip barýardylar. «Ol gün ynsan özüniň doganyndan, ejesinden we atasyndan gaçar»[1] jümlesiniň mazmuny olaryň başyna geldi. Howanyň garaňkylygyndan we perişanlygyndan ýaňa gündiz agşama sepleşdi, aýallardyr erkekler haýran we sergerdan bolup, lezzetlerdir şöhwetden boş galdylar. Aýal ärden geçip, är aýaldan gaça durdy we daşlaşdy. Ne onda erkeklik duýgusyndan nyşan bar, ne munda aýallyk ahwalyndan alamat bar... bu ýalançylykdan «asmanlar ýarylmaga, ýerler eleme-deşik bolmaga we daglar darka-darka ýarylmaga ýakynlady»[2].

Şol aralykda soltanyň adalat düzýän we jahan bezeýän pikiri ýeňiş tumarly baýdagyny Töwriz tarapda dikmäge, adyldyr yhsan saçagyny ýazmaga, bozuklary duşmanlyk we zulum hapysalyklaryny dep etmäge meýil etdi. Döwlet emirlerine, mülk we millet eminlerine ýöriş taýýarlygyny we söweş adamlarynyň üpjünçiligini häzirlemäge berk görkezme berdi. Ýöne emirler oňa şeýle arz etdiler. Eger Jahan bezeýji pikirde bu wagt Töwrizi we galalary zabt etmek üçin, göç etmek meýli ýüze çykaýsa, hem bu leşgere hem-de öz watanlaryna dolanan Garagoýunlylaryň leşgerinde hem uly gowşaklyklar ýüze çykar. Çünki, hezreti Sahypkyran ol perişan ruzygärli topary özüniň hemaýat we goldaw saýasyna alyp, ýol azygydyr ulag bilen dolanyş ýoluna salyp goýberdi. Eger ýeňiji esgerler olaryň yzyndan gitse, ähli Garagoýunlylar ýok boluş meýdanyna düşerler. Eger patyşa birnäçe günläp, ýöriş galasyny gorap saklamak bilen gaçýan leşgere aman berse, gowy görünýär. Şonda hem bu leşgere esas, hem ol jemagata uly hasyl bolar. Eger olaryň

[1] Gurhanyň 80-nji (Abes) süresiniň 34-nji we 35-nji aýatlary.
[2] Gurhanyň 19-njy (Merýem) süresiniň 92-nji aýaty.

yzyndan garama-gara we haýaljykdan gitsek, olar bu sebitlerden haýsydyr bir gaçybatalga ýetip bilmezler. Şeýle-de garyň köplügiden we howanyň sowuklygyndan ýaňa, biziň üçin ýol ýapyk. Haçanda, gyşyň serhoşlygy synandan, doňaklygyň kuwwaty peselenden, dagdyr sähralaryň howasy aramlaşandan soň, biz hem gyrtyçlar, reýhanlar, anbar ysly we müşk kokunly bahar şemaly deýin dem alyp we öwsüp başlarys. Onsoň Sahypkyranyň soltanlyk, adyllyk yhsanynyň rehmet barany we çygy bilen älemi şady-horram älemdäkileri şadyýan we keýpi-sapaly ederis.

Sahypkyrana bu ýagşy pikir dogry göründi. Emirleriň garaýşy mynasyp görüldi. Onsoň:

— Hawa, bize Garagoýunly emirler gerek. Eger birnäçe gün saklansak, jan damagymyzy bozgaklyk, bulam-bujarlyk, pitneçilik we dawa-jenjel küýzesiniň löderesinden humarly duşmanyň alada-işiniň gerdi-gubaryndan ýüz sowup, munuň ýaly nygmaty gysganman beren Taňrynyň şüküriniň tagamly şeraby bilen hem-de Biribaryň öwgisiniň zynat bezegi bilen, birnäçe mejlisi düzetsek, «Pygamberlerden aýratyn hümmetlileriniň sabyr edişleri ýaly sabyr et»[1] takdyryny ýörelge edinsek, ýörişi gijikdirmekde, «gyssanmaçlyk şeýtanyň işidir» düşünjesini öňe tutsak, hakykatdan hem dogry bolar — diýdi.

Belent pikirli şu karara gelensoň, ýöriş pikirini bes etdi. Hamyt ady bilen meşhur bolan Amyt şäherine gelip, Allatagala öwgi aýdyp we beren nygmatyna şükür edip, aýagyny köşeneşinlik[2] synyna çekdi we elini rahatlyk etegine urdy.

### *Goşgy*

---

[1] Gurhanyň 46-njy (Akhaf) süresiniň 34-nji aýaty.

[2] Terkidünýä bolup, ilden çetde, ýekelikde ybadata meşgul bolmak; çüňkde ýeke oturyp, ybadat etmek.

Ol ülkä ýagypdyr rehmet barany,
Diýdiler: «Bu ýerdir Hakyň halany».

Şüdügär topraga kök urdy tohum,
Bir gudrat gögerdip, çykardy ony.

Adyllykdyr, haýyr-yhsan, görk bilen,
Ol Amyda geldi — bedenleň jany.

Bu habar ýaýrandan soň, ýatlanan ülkeleriň ählisinde ahwallar bulaşdy. Pitneleriň gapylary halaýyklara tarap açyldy. Töwrizde Isgenderiň nebereleri baş göterdiler. Ondan soň Jahanşa Mürzäniň ogly Hasan Aly baş göterdi. Soltanyýýada Şamansur Şasuwar, Tarumda Zeýnelabedin Şyh Hajy Yraky Gilan emirlerine ýardamdyr medet bermek üçin, Gazwinde soltan Muhammet Lagejiniň emirleri, Reýde we Hawarda Rüstemdaryň we jelawylaryň emirleri, Kumda şäheriň darugasy bolan Şaweli Kuz, Kermanda bolsa Yrakdyr Töwrize ýöriş etmek üçin leşger jemläp, Jahanşa Mürzäniň ogly Abulkasym Körekenli baş göterdi. Şu soňky dünýäden geçen hakan emir Teýmir Körekenliniň nebereleridir.

Ol Türküstanyň we Mawerannahryň uzak sebitlerinden hemde Horasandyr Sistanyň jümmüşinden tä Tabarystana çenli, ondan Yraga tarap leşger çekip, älemi eýelemek niýetini tutdy. Ilkibaşda Yrak tarapda ýerleşen şäherleriň häkimlerini Yrak welaýatyna ugratdy. Ondan soň emir Seýit Mezit Arguny goşunyň öň hatary hökmünde ýola rowana etdi. Onuň yzyndan bolsa emirleri we leşgerleri ýardam üçin ugratdy. Baharyň başynda özi-de böwsüji goşun we bäş müň araba bilen ýola düşdi. Düşelgelerde ordagähini şol arabalar bilen goraýardy.

Diýarbekr tarapdan hezreti Sahypkyran bagdatlylaryň haýyşy boýunça ilki bilen Bagdady gabamak üçin emirleriniň birnäçesini ugratdy. Ondan soň özi agyr leşger bilen ýola düşdi. Baharyň başynda Bagdadyň daşynda düşledi. Şäheriň häkimi Pirmuhammet günäkärlikde we boýun bolmazlykda berk aýak diräp duransoň, ýeňiş şygarly baýdak Hasan Alyny dep etmek we Töwrizi eýelemek üçin, şol tarapa parlady. Şol aralykda Hasan Aly Mürze Töwrizi ähli galalary we hazynalary bilen eýeläp, tä Kum sebitlerine çenli basyp alypdy hem-de şäherlere darugalar iberipdi.

Ülkeleriň giňişleýin ahwalyny indiki bapda jikme-jik beýan etjekdiris. Inşa Allatagala.

## ÜLKELERIŇ JAHANŞA MÜRZE ÖLDÜRILENDEN SOŇKY AHWALYNYŇ BEÝANY

Ilki başda şerlikde we bozuklykda bir dälirän düýe dek bolan Sarbanguly gaçanlaryň birtopary bilen Töwrize geldi we özüni pesleriň öňbaşçysy edip, tersçillik we körlük etmek bilen çapawullyk elini uzatdy. Sergezdanlardan we galtamanlardan bir toparyny özi bilen ýar edip, şäheri zabt etmäge meşgul boldy. Ol gije-gündiziň gözegçisiniň durýan we hereketlenýän ýüz müňlerçe ýyldyz kerwenini ýaşyş we batyş owazy bilen gan içiji hadysalaryň beýewanynda Hudaýy ýatlaýyş şikaýaty bilen:

Eý, kerwençi, ýuwaşrak sür düýäni,
Ýol garaňky, saýgarman kyn dünýäni.

— diýen hiňlenme bilen imanlylyk ýüzlenmesini dünýä menzillerinde sapar edýänleriň gulagyna okaýandygyndan bihabardy. Şol iki günlükde ajal ulagyny onuň arzuw hanasynyň işiginde inderdiler we edil Ýedigen deýin pytradylar. Emir Jahanşanyň doganoglanlary bolan, Isgenderiň gyzlary Araýyş begim bilen Şasaraý begim harbylaryň bir toparynyň gatnaşmagynda Töwrizde gozgalaňa çagyryş bilen herekete geldiler. Şol pytran topar hem olara goşuldy we Sarbangulyny öz öňünde edil gurban edilen düýe ýaly, para-para etdiler.

Şäherdäki hazynanyň nagt pullaryny we parçalaryny esgerlere paýladylar. Aýratynam, Araýyş begim zenan bezeg şaýlaryny söweş gurallaryna çalyşdy. Çadyrasy tuwulga öwrüldi. Galkany nikap deýin başyna çekdi. Özi bilen barabarlyk edýän özüni görkezýän aýnasyny iki ýüzli gylyç etdi we duşmanyň ýüzüne syýrdy. Hemişe gözelleriň gaşlary bilen bäsleşik dawasyny edýän kemal bilen onuň synasyna şeýle bir ok atdy welin,

peýkam onuň arkasyndan çykdy. Gan dökmekde gözelleriň kirpikleri bilen bäsleşýän naýzasyny göneltdi. Onsoň meýdanyň erkek şirlerden boşap galandygyny görensoň, soltanlyk binýadynyň çyzgysyny çekip, emir Şamuhammet Gäwrudy hem-de emir Alaeddin Syddyk Kejejini emirlik we wezirlik diwanyna belledi. Ondan soň Hüseýin Alyny şol işe belledi. Ol olaryň doganydy.

Ol nam-nyşansyzlyk künjünde rahatlanyp, terkidünýälik çyzygyndan daşary gadam goýmaýardy. Edil merkez deý öz ornundan gymyldamaýardy. Hemişe galamyň gözi we dili ýaly gadymy Kelamy okamaga meşgul bolýardy. Pakyrlykda garalama kagyzy ýaly gara reňkli lybas örtünip, altyn çaýylan tugra gözüniň gyýtagy bilen hem seretmeýärdi.

***Goşgy***

Işiginiň çaň-tozany meniň täjim-telpegimdir,
Ýykylanlyk hem sürşenlik meniň galam-u kendimdir.

Akyl goşuny nirede kalbym leşgerini ýeňer,
Yşkynyň mähir saýasy meniň pena-daýanjymdyr.

Ol zenanlaryň aldawyndan we urýanlaryň bukusyndan ýaňa gönülik aýagyndan we ýolbeletlik taýagyndan galdy. Bäş günlük nowruzlyk emiri şalyk keşbine girensoň hem-de ömürlik ýaşaýşyň halady bolan derwüşlik jindesinden çykandan, adyna zikge kakylyp, onuň lakamlary bilen hutba okaldy.

Horasandan soltan Abu Sagyt Mürze tarapyndan emir Jahanşanyň gaşyna dostluk, ýaranlyk we doganlyk hökümlerini ündew etmek üçin ilçilige iberilen Aly beg Çagataý heniz duşuşyk hormatyna we ilçilik maksatlaryny arz etmäge ýetişmänkä, Töwrizde buýruga görä saklanyp galypdy. Isgenderiň

nebereleri tarapdarlygy aýan etmek bilen soltan Aby Sagydyň goldaw synyndan ýapyşmak we mirasdüşer ýurdy garap saklanmakda onuň hemaýaty bilen hökümdarlyk etmek islediler. Şonuň üçin oňa mähribanlyklar etdiler. Hutbada soltana doga etmek bilen şol maksada ýetmek islediler.

Şeýle görnüşde birnäçe gün geçdi. Olaryň topalaňynyň owazasy Jahanşanyň hormatly aýalyna baryp ýetdi. Şol aralykda ýaňky aýal Jahanşanyň hergiz çadyryna hiç bir nämährem aýak basmadyk, belki-de zenandygyny «Güne we çäş wagtyna kasam»[1] ýüzlenmesinden we diňlenmesinden aňandygyna garamazdan, öz ýüzüni günüň şöhlelerinden örtüp, bahar perraçlary güller çadyryny gyşyň garhanasyndan çekip, çöldür sährada diken wagtynda, «Ol sizi (eneleriňiziň) ýatgysynda bolan wagtyňyzda özi islän suraty beren zatdyr»[2] nakgaşy «çadyrlarda saklanan hüýrlerdir»[3] aýatyny olaryň päklik dergähiniň ýüzünde nämähremlere «daş dur» diýilmegi üçin ýazan belent mertebeli gyzlary bilen «gyş sapary aňsat edilen»[4] Sarban ýygnaýyş ýüküni baglap, oňşuksyzlyk bilen sähradan obalyga çekende, päklikleriň jenap perdeçisi «Ol jennetlerde gözlerini (bigäne kişilere seretmekden) saklaýjy gyzlar bar welin, olara öň ne bir yns, ne bir jyn ýanaşypdyr»[5] perdesini olaryň belentlik atlasynyň işiginde goýanda hem-de iki topar we iki goşun goşulýan wagtynda, Hoýda gyşlag tutupdyrlar.

Bu ýagdaý ýüze çykansoň, göç edip, Maraga we Jöwşen galasyna tarap gyssandylar. Ol ýer olaryň şahsy hazynalarynyň saklanýan ýeri, şeýle-de hormatly zenanyň doganlary Hamza

---

[1] Gurhanyň 91-nji (Şems) süresiniň 1-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 3-nji (Äli Ymran) süresiniň 6-njy aýaty.
[3] Gurhanyň 55-nji (Rahman) süresiniň 72-nji aýaty.
[4] Gurhanyň 106-njy (Kuraýyş) süresiniň 2-nji aýaty.
[5] Gurhanyň 55-nji (Rahman) süresiniň 56-njy aýaty.

beg bilen Kasym beg ol ýerde saýlantgy nökerleri bilen penalanypdyr. Olar Araýyşyň we Isgenderiň beýleki nebereleriniň topalaňyndan habarly bolanlarynda, olaryň oduny söndürmek üçin, bir gyzyny öz dogany Hamza bilen şäheri Araýyşdan ýapyp saklar we manysyz ýagdaýlary döreder ýaly, soltanlyk öýüne ugratdy. Kasym we onuň ýegeni ugranlarynda şähere: Bir topar halaýyk bäri ugrapdyr. Aýdyşlaryna görä, ol Hasan Alymyşyn. Ol Mäku galasynyň derbendinden çykypdyr we mirasdüşer mülkini eýelemegiň isleginde «tozgalap ýören perwanalar kibi bolup galarlar»[1] leşgerini jemläpdir» diýen owaza düşdi.

Isgenderiň perzentleri bu habaryň haýbatyndan, alada batyp, aýlyk we hak-hukuk beren emirlerinden bir toparyny özleri bilen daşary çykardylar. Olar: «Eger bigäne bolsa, onuň bilen garşylaşmagy, eger Hasan Aly bolsa, dostluk we doganlyk bilen onuň synyndan ýapyşmaly» diýen karara geldiler.

Iki sany az topar biri-biri bilen sataşandan, ilkibaşda Hamza söweş etdi. Emma nökerleri Hasan Alynyň adyna salawat aýtdylar. Onsoň Isgenderiň perzentlerinde mäkäm aýak diremäge we berk gaýtawul bermäge gaýrat galmady. Olaryň leşgeri sähelçe şemala seçelenýän güýz ýapraklary deýin seçildiler.

Hüseýin Aly Jahanşanyň döwlethanasy bolan Sahyp Abat öýüniň sebitlerinde öldürildi. Aýal doganlary ýesirlik kemendine duçar boldular. Atlylardan we pyýadalardan birnäçesi dirilik atyndan, mäkämlik aýagyndan typyp, ýokluk topragyna ýykyldylar. Hamza şäherde talaňçylyga we çapawullyga gol uzatdy. Nagt puldur parçalardan başaryp bildigini jemläp, özi bilen äkitdi. Hasan Alynyň topalaňynyň howpundan çydam aýagyny berk basyp bilmän, göç edip, aýal doganyna birleşdi.

[1] Gurhanyň 101-nji (El-Karya) süresiniň 4-nji aýaty.

## HASAN ALYNYŇ MÄKU GALASYNDAN DAŞARY ÇYKMAGYNYŇ WE ONUŇ SOLTANLYK TAGTYNDA OTURMAGYNYŇ BEÝANY

Hasan Aly topalaň edendigi we ata-enesiniň ýanynda günäkär bolanlygy sebäpli, iki ýyllap Mäku galasynda tussagda bolupdy. Atasynyň ölendigi, Isgenderiň öwladynyň topalaň edendigi hem-de pitnelerdir agdar-düňderişikleriň ýüze çykandygy baradaky habar oňa gelip ýetenden soň, ol galadan daşary çykdy. Emirleriň, emirzadalaryň we nökerleriň birtopary onuň bilen birleşdiler. Olar öň Hasan Aly atasy bilen tersleşip, sähralarda we çöllerde gezip ýören wagty, onuň bilen bile hemra bolan kişilerdi. Olara şonuň üçin «Çöli» diýip at beripdi. Hemmesini özüniň ýakyny, mähremi we ynagy edipdi.

Bular birnäçe günläp galanyň eteginde oturdylar. Iki-üç müň adam onuň gaşynda jemlendi. Ondan soň Töwrize geldiler. Daştöweregiň emirleri, emirzadalary we esgerleri oňa tarap ýüz öwürdiler. Şeýle-de gaçmak bilen Diýarbekrden dolanyp gelen hem-de Erdebil ýolunyň boýunda patyşalygyň belli bir kişide karar tutmagyna garaşyp, özüni ady ýitiş synyna çolap oturan Şahajy beg Gäwrudy özüniň Isgenderiň öwladyndan ýüz öwren dogany Şamuhammet bilen başga bir tarapdan bolsa, Gylyç Arslanyň ogly Seýdi Kasym, Hajy Hasan Agajeri, şeýle-de Garagoýunlylaryň ulularyndan bolan başga-da bir topar kişi gelip, oňa birleşdiler.

Bu ýygnanyşykdan birnäçe gün geçenden soň, etraplara özüne meýillendiriş namalaryny ugratdy. Welaýatlarda goşuna eýe bolup duran atasynyň emirlerini ýanyna çagyrdy. Kahkaha galasynyň tussaglygyndan çykan, öz nökerlerini jemläp, özüniň şahsy ülkesine dolanan Şa Aly beg Baýrama hatlar we göwünlik beriji namalar ugratdy. Emir Şasuwar Baýramynyň ogly Şamansura bolsa görkezmeler, göwün awlaýjy namalar, ilçiler we

hatlar iberýärdi. Ol bolsa oňa ylalyşyk bildirýärdi. Ol mundan soň gaçyp, atasynyň ülkesi we özüniň önüp-ösen şäheri bolan Soltanyýa gidipdi. Iki müňe golaý kişini öz nökerligine jemläpdi we doly hökmürowanlyga eýe bolupdy. Ol hezreti Sahypkyranyň ýeňiş alamatly soltanlyk we älem eýeleýjilik baýdaklarynyň Töwrize tarap parlamagyna garaşýardy hem-de özüni ykbal ganatynyň saýasyna çekmek we atasy Jahanşanyň ýurdundan çykarylan wagty, Sahypkyran bilen emele gelen gadymy hyzmatlaryna daýanyp, özüni ýeňiji döwletiň ýaranlarynyň we ýardamçylarynyň düzümine goşmak isleýärdi.

Hasan Alynyň leşgeriniň sany ýigrimi müňe ýetdi. Günbegünden oňa gelip goşulýanlar köpelýärdi. Topar-topar bolup, terbiýet umydy bilen gelýärdiler. Özleriniň mertebelerinden artyk halatdyr engamlara eýe bolýardylar. Pul we parça hazynalary onuň öňünde açylyp, emirlere, «çöllilere» we beýleki esgerlere paýlanylýardy. Bir aýyň dowamynda onuň soltanlyk bazary rowaç aldy. Daş-töweregiň adamlaryndan ýigrimi müňe ýakyn kişi onuň goşun diwanynda hak-hukuk almaga bellenildi. Mahmyt beg Akgoýunly emirlik diwanyna bellendi. Emir Seýit Aşyry we emir Alaeddin Syddygy wezirlik diwanynda ornaşdyrdy. Ondan soň Pir Pudak Mürzäniň weziri bolan wezirlik dony onuň katdy-kamatyna örän laýyk gelýän bir halat bolan, emir Müjdeddin Ysmaýyl Şirazyny olar bilen galamdaş etdi. Emir Şa Aly hem onuň hyzmatyna birleşdi. Uruntu we Alanjyk galalarynyň hazynadarlary hazynany oňa tabşyrdylar. Alanjyk galasynyň eýesi bolan Ýakup Çehre onuň dergähine geldi.

Ol atasynyň ýyllarboýy jemlenen we toplanyşyň soňky çägine ýetirilip, özüniň diri wagtynda ellenmedik hazynalaryny mülk işleriniň zerurlygy we ülkeleriň eýelenmegi üçin sarp etdi. Ýaramla — ýaramsyza, degere-degmeze sahawatlylyk elini açdy. Ululary urup, ýeňilenlerdir ezilenleriň kalplaryny döwüp

jemlenen pullary ygtybar ölçeginde agram we mukdary bolmadyk halaýyklaryň üstüne seçdiler.

Adamlaryň nazarynda köplenç gözüň göreji ýaly gözüň nuruny artdyrýan arassa teňňeler ýol topragyna barabar boldy. Mundan iki aý öň her kimiň satjak bolýan, emma hiç kim tarapyndan satyn alynmaýan her bir närsesi şeýle bir rowaçlyk bazaryny döretdi welin, ýigrimi dinara satýardylar. Hiç kim zat satmaýardy. Uruş gurallaryny satyn almak uruş gurallarsyz miýesser bolmaýardy, ýagny diňe alyş-çalyş edilýärdi. Gury çöpden elsiz-aýaksyz ýasalan, keç we gyşyk hereket edýän küşdüň aty ýaly bir ulagy ele salmak üçin, onuň yzyndan iki atly kowmalydy. Lybas üçin sabyr köýnegini don deýin çäk-çäk etmelidi hem-de isleg synyny yhlasdyr tagallanyň arasynda ýazyp, köçeme-köçe ylgamalydy. Üstki lybasa ýüzüň düşmegi üçin, sygryň gözi deýin müň gözi açmalydy. Bu ahwallaryň hetden aşan wagtlarynda, Hasan Alynyň gulagyna: «Yrak elden gidiş meýdançasynda dur. Her bir şäherde bir häkim, her bir welaýatda bir hökümdar peýda boldy. Ülkeler heläkçilik meýdançasyna düşdi. Diýarbekrde Sahypkyranyň ykbal we döwlet güneşi her gün biziň isleg-myradymyzyň tersine, üznüksiz derejeli ötüp geçýär hem-de basybalyşyň çür depesinden Töwriz diýaryna nazar salýar» diýip, habar gelip ýetdi.

### *Goşgy*

Ýolbaşçylyk baýdagyny parlatdy,
Gahar-gazap odun ýakdy, lowlatdy.

Şalaryň köşgüne salan haýbaty,
Belent üçeginden indi mähneti.

Ýiti tygyn dynman urýar demme-dem.

Ýokluk ýoluna ugradyp köp adam.

Onsoň döwlet emirleri we gadymdan hyzmat görkezen «çölileri» bilen maslahatlaşyp, Pirhajy beg Gäwrudynyň ogly Şa Hajy begi tutuş Yrak ülkeleriniň emirligine belledi. Ol emirlik sungatlarynda we ýolbaşçylyk işlerinde mirasdüşerlik boýunça-da, kesbi boýunça-da hemme zady bilýän danyşmentdi. Söhbetdeşlikde we egindeşlikde hoş häsiýetli we röwşen ruhly bir ýoldaşdy. Onuň ýüzugra düzýän henek-degişmeli şygry gymmat bahaly dür ýalydy. Inçelikleri çözmekde onuň nazary lowurdaýan gözüň ataşy ýalydy. Ony Yrak ülkeleriniň emirligine belläp, tug, nagara, mynasyp engamlar, haýran ediji serpaýlar, agyr hak-hukuklar, sansyz wadalar, Jemşit beg Akgoýunly, Hajy Hasan Agajeri, Şaguly, Läle Saparşa ýaly emirlerdir emirzadalardan birnäçe kişi, Muhammedi Mürzäniň nökerlerinden we ynaklaryndan bolan Dini beg Çagataý we Jahangir hem-de bäş müň atly bilen Yraga tarap ugratdy. Her şähere bir emiri belledi. Hemedany we Kumy Şa Hajy bege, Yspyhany bolsa Muhammedi Mürzäniň ogly üçin zabt eder ýaly, Dini bege Gazwini Hajy Hasana, Natanzy we Jurbadykany Şagula, Soltanyýýany Şamansura degişli etdi. Şeýdip, ony gözel hileler bilen Soltanyýýadan daşary çykarmak isledi.

Şa Hajy begiň ýörişiniň owazasy Şamansura baryp ýetende, «bu ýörite leşger özi üçindir» diýip, pikir edip, ejesini, doganlaryny, naýyplaryny we leşgerini Soltanyýýada goýup, birnäçe kişi bilen gyssanmaç Töwrize ugrady. Şahaja we emirlere orta ýolda sataşdy. Şahajy beg öňki dogruçyllygy sebäpli oňa zyýan bermedi. Ýogsa Hasan Aly begiň ony tussag etmek baradaky haty-da ýanyndady. Şamansur gitdi. Emirler sowugyň gazaby we bady-sabanyň ýitiligi daňyň atmagy, ýagny söýgüli ýaryň habarynyň gelmegi bilen öçýän we aýrylýan ýüregini aldyran aşyklaryň kalbyndaky hijran derdi we aşyk gijesiniň zulmaty

ýaly bolan döwründe, ýagny delwiň[1] ortalarynda gardyr sowuk ýaly bolup, Soltanyýa geldiler.

Emir Şahajy Soltanyýa gelip ýetdi. Ol Hasan Alynyň hutuň[2] sowugy ýaly ygtybarsyz, hamalyň[3] yssysy ýaly durnuksyz bolan leşgerini şäherlileriň öýlerinde düşürdiler. Olar raýatlaryň we misginleriň öýlerini eýeçilik bilen gurşap aldylar we ol şäheriň garyp-gasarlarynyň ätiýaçlyk anbarlaryna talaňçylyk ellerini uzadyp, bir hepdä golaý wagtlap ol ýerde saklandylar. Şemi Eýran galasynyň kütwallygy eginlerinde bolan emir Kasym Perwanaçynyň nökerlerine tarap ilçi ugradyp, Jemşit begi olara daruga edip iberdiler. Galanyň eýeleri görkezmä tabyn we boýun bolup, tabynlyk boýnuny egip, Jemşit begi gala çagyrdylar. Emir Şahajy beg hem tutuş leşgeri bilen ylgar edip, eger miýesser etse, hazynadan bir zatlar eýelär ýaly Jemşit begiň yzyndan gitdi.

Jemşit beg galanyň içine girdi we galanyň işiklerini mäkämledi. Şeýlelikde, Şahaja özlerini dep etmäge pursat bermediler. Ol hazynadan harjylyk sorady. Ol kabul etmän:

— Ýagdaýy patyşa beýan edeýin. Eger rugsat bolsa, bererin — diýip, jogap berdi.

Şahajy beg ol galadan namut bolup, saklanmazdan leşgerini Tarumdan daşary çykardy we Sawe tarapyna ugrady.

Hajy Hasan we Sagadatýar Gazwine gitdiler. Soltan Muhammediň darugasy we leşgerleri şäherden çykyp, şäheri we

---

[1] Delw — 1. 11-nji ýyldyzlar toplumy (Wodoleý); 2. Eýranyň gün-hijri şemsi ýyl kalendarynyň 11-nji aýy. Ol bähmen aýyna (21-nji Türkmenbaşy — 19-njy Baýdak) gabat gelýär.

[2] Hut — 1. 12-nji ýyldyzlar toplumy (Ryby); 2. Eýranyň gün ýyl hasabynyň 12-nji aýy. 27-nji Baýdakdan 20-nji Nowruza gabat gelýär.

[3] Hamal — 1. 1-nji ýyldyzlar toplumy (Owen); 2. Eýranyň gün ýyl kalendarynyň 1-nji aýy. Ol Nowruz aýynyň 21-nden Gurbansoltan aýynyň 20-sine gabat gelýär.

welaýaty Hajy Hasanyň eýeçiligine goýdular. Emma olar tiz yzlaryna dolandylar.

Şahajy beg we beýleki emirler bilen Sawede düşledi. Şol aralykda soltan Abu Sagyt Mürzäniň darugalary Jahanşa Mürzäniň wepat bolandygynyň habary bilen Yraga gelipdiler.

Indi şu ýerde soltan Abu Sagydyň darugalary iberişini beýany etjekdiris. Şondan soň, soltan Hasan Aly ibn Jahanşa Mürzäniň ahwallaryny beýan etmäge dolanarys.

## SOLTAN ABU SAGYDYŇ DARUGALARY YRAGA IBERIŞINIŇ BEÝANY

Mundan öň Alybeg Çagagtaýyň, soltan Abu Sagyt Mürze tarapyndan ilçilige gidendigi we onuň Töwrizde saklanandygy barada gürrüň berlipdi. Şol Alybeg Töwrizdedi. Ol Jahanşa Mürze heläk bolandan soň, soltan Abu Sagyt Mürzä ýagdaýlary yzygiderli habar berip durdy. Bu waka ýüze çykandan soň, Aly begi ibermekden şunuň ýaly habara garaşýandygy hem-de munuň soltanyň arzuw we islegi şeýle-de maksady bolandygy sebäpli, bu uly nygmaty buşlamak üçin bu habar ýaýran badyna derrew Saba şäheriniň hüthütinden, belki-de saba şemalyndan çalt hereket edýän bir çapary soltana garşy ugratdy.

Bu hadysa Diýarbekr sebitlerinde Dört tirkeşikleriň ikinji aýynyň on ikisine bolup geçipdi. Bu ýagdaý Dört tirkeşikleriň üçünji aýynyň üçüne soltana habar berildi. Bu habar gelip ýeten badyna, ol Damganyň darugasy Aly Jelaýyr, Sebzewaryň darugasy Muhammetýar we Sennalyň häkimi Seýitmuhammet Hezar Jeribi ýaly serhet emirlerine ilçiler we hökümler ugratdy. Olara Yraga gitmäge perman berdi.

Bu habar häkimlere baryp ýetensoň, olar permana laýyklykda Yraga ugradylar we Reýde düşlediler. Çagataýlaryň hüjüminiň dabarasy Yrakdyr Töwrize ýaýrady.

Yragyň ilaty ýyllarboýy jahanşalylaryň zulmunyň astynda depgilenen soňra, janlary bokurdagyna gelip, pyçak süňke ýetip, dertkeşleriň dogalarynyň zäherli peýkamy işe girip, döwletiniň ýolbaşçysy harlyk topragyna bulaşyp, täji-tagty we dereje mertebesi buýur-bulaşyk bolandan soň, raýatyň arzuw-isleg meýdanynyň sakylygyny ýerine ýetirýän, raýata betbagtlyk we dert getirýän, ejiriň hapa-hupasyny syýasat we gorag goly bilen aradan aýyrýan patyşalyk rehmet baranynyň intizary, adalat

dury çeşmesiniň lebteşnesi bolansoňlar, çagataýlaryň emirleriniň hüjümine şatlandylar. Ilki bilen soltan Abu Sagyt Mürzäniň nökerlerinden Hüseýin Horezmi bilen Derwiş Jelaleddin Razy Reýe gelip, ol diýaryň zulum we sütemdedigini görüp, raýatlary sünnülik adalaty bilen umydygär edip, ekerançylyga we tabynlyga meşgul etdi.

Şahajy beg Sawä gelip ýetdi hem-de Dini begi Yspyhana tarap, Şaguly Saparşany bolsa Jürbadakana tarap ugratdy. Özi bolsa Kumy eýelemek hem-de ol welaýaty Şajahanly wakadan soň, Kumda hökmürowanlyga eýe bolan Şaweli Guzuň elinden almak üçin saklandy. Şaweli Kumy taşlap gaçdy hem-de müň sany nökeri we degerli ýarag şaýlary bilen Hasan Alynyň dergähine ugrady. Şahajy beg heniz Sawedekä Şaweli Guz Saweden geçdi.

On günden soň, çagataýly emirler birleşdiler, hem-de şäheriň işigine geldiler. Şahajy beg daşary çykdy. Iki tarap hem saplar düzdüler. Emma Şahajy beg emir Hasan Alynyň emirlerini ygtybarsyz hasaplany üçin çagataýlylara tarap meýil etdi. Perzentleri hem-de özüniň degişli kişileri Töwrizde bolansoň, ýüz öwrüp bilmän saklandy. Dogany Şamuhammet we aýalynyň dogany Muhsyn Aly bulardan ýüz dönderdiler hem-de çagataýlylaryň hataryna goşuldylar.

Türkmen esgerleri bu haldan habarly bolansoňlar, gaçmaga ýüz goýdular. Çagataýlylaryň bir toparlary hüjüm edip, Şahajy begi tutdular. Onuň garşylyk görkezmäge niýetiniň ýokdugyny ak göwün we sap ynam bilen uruşdyr söweşden ýüz öwrendigini bilseler-de, ony bent etdiler hem-de onuň maldyr esbabyny taladylar. Bir kütwaly oňa hemra edip, ony Horasana ugratdylar.

Kumda we Sawede darugalar belläp, hökümdarlyk elini türkmenleriň baýlyklardyr, diwan hukuklaryna uzaltdylar. Kaşan tarapa Yspyhany we beýleki ülkeleri eýelemek üçin agzibirlik bilen hereket etdiler.

Abulkasym Mürzäniň Kerman tarapyndan Yragy basyp alyş baýdygyny parladyp, ybadat öýi bolan Ýezde gelendigini, patyşalara laýyk ýarag-esbapdyr köp leşger bilen Yspyhana ugrandygyny eşidende bu jemagat sanlarynyň azdygy we kemdigi sebäpli garşylaşyp bilmejek bolansoňlar, keseden synlamaga durdular hem-de medet we ýardam umydy bilen Horasana göz dikip, yzly-yzyna ol tarapa ilçi iberdiler. Iki aýa golaý wagt käte sabyr-karar aýagyny bekeldip, käte gaçyş ýoluny gözlediler.

Hemişe Yspyhanyň han-begleriniň we ýolbaşçylarynyň köpüsinden Abulkasymyň hökmürowanlygyň, onuň zulum etmekde bozuk ýörelgelerden amal etmekde öte geçýändiginiň mahabaty sebäpli, tiz-tizden çagataýlylara öjükdiriji hatlar gelip ýetýärdi. Hoja Ymadeddin Mahmyt Haýdar Astorjanynyň kakasy soltan Muhammet Baýsunkaryň weziridi. Ýyllarboýy Yrakda we Horasanda hiç hili şäriksiz wezirlik we häkimlik edipdi. Şonuň ogly emir Seýfeddin şu sebäpli tarapdarlary bar bolan soň, gapma-garşylyk ýoluny öňe tutup, Abulkasymyň goldaw hemaýaty bilen halky öz goşunyna çagyryp, çalt kömek ibermegini sorap, Abulkasymyň emirlerine arznamalar iberýärdi. Şu aralykda iki tarapdan hem ýagny, hem Abulkasym tarapyndan, hem çagataýlylar tarapyndan Yspyhanyň ilatyna hökümler, namalar we özüne çekiji habarlar iberilýärdi. Bu toparlar gije-gündiz biri-biriniň yzynda aram-kararsyz bolýardylar.

## ABULKASYMYŇ ÝEZD ÝOLY BILEN KERMANDAN ÇAGATAÝLY EMIRLERIŇ KUM WE KAŞAN TARAPYNDAN YSPYHANA UGRAMAKLARYNYŇ BEÝANY

Jahanşaly waka ýüze çykandan soň, Abulkasym Mürzäniň ejesi bu habaryň takyk bolan güni, Hoý gyşlagyndan Kerman tarapa ýas dessuryny ýerine ýetirmek we perzendiniň mülküni we döwletiň eýeçiligini ygtyýaryna almaga we soltanlyk işlerinde öňürtilemäge ündemek ýörelgesi bilen ilçi iberdi.

Gyşyň ulusy ýol ugrunda gara çadyrlaryny dikip, çapawullyk elini ülkelerdir ýurtlara, sähralardyr çöllere garşy uzadypdy. Agaçlaryň başy belent juwanlarynyň ýüzlerinden perdelerini çekdi. Dik serwileriň aýaklarydyr boýunlaryndan päkize suwdan edilen zynjyrlarydyr kündeleri asypdy.

Ol wakalara garamazdan Şazadanyň hem beden mülküne kesel duşmany el ýetiripdir. Durkunyň aram aman-esenligini aýryp, beýni galasyny duýgy kütwallary bilen dert ýassygy kalbyň rahatlyk meýdançasyny ýyrtyjylaryň jülgesine öwrüp, käte-käte tebigatyň kämil sungaty tebibi hikmet kanuny we dogrulyk ýolunyň aýdyňlygy bilen tiz şypa bermek üçin bozuklyk diliklerini ýapýardy. Käte bolsa kesel hökümdary bozuklyk özenleriniň gowgasy bilen pitnedir-bulagaýlyk gapylaryny tebigata tarap açýardy.

Birnäçe wagtlap ýagdaý şu görnüşe geçenden soň, perişan bolan mülküň çäreçileri we togtap galan pikiriň eýeleri ony üpjinlemek üçin agyz birikdirip, Yraga tarap ugradylar. Onuň kejebesini tabyda meňzedip ýüklap, basyp almak çagyryşy bilen özlerini pikir eýeleriniň masgarasy etdiler. Hutuň başlarynda ölmeýän we baky diriniň takdyryna laýyklykda ähli nökerleri, ýükleri we goş-golamlary bilen Kermandan Yraga ugradylar. Ybadat öýi Ýezde ýakyn ýeten wagtlarynda, ybadat öýi Ýezdiň darugalary bolan Şyh Latyp we Aly Kürt şäher gapylarynyň

açarlary we sowgat-serpaýlary bilen garşyladylar. Ýezd şäheriniň daş ýüzi düşleg çadyryna öwrüldi.

On günüň içinde iki ýylda toplap bilmejek maldyr peşgeşine eýe boldular. Ol ýerden ýuwaş-ýuwaşdan Yspyhana garşy göç etdiler. Şol aralykda Hoja Seýdi Ahmet Şirazynyň ogly Hoja Şemseddin Muhammet Horasandan Häkim hökmünde bir topar kişi bilen Naýyn şäherine gelip ýetdi. Onuň atasy Bagtyýar hakan Şahruh Mürzäniň weziridi. Özi bolsa soltan Abu Sagyt Mürzäniň terbiýesinde önüp-ösüpdi. Ol oňat çäre tapyjylygy, parahaty, kämil işjeňligi bilen bezelipdi.

Şu aralykda Hoja Jelalyl Yslam Sagydy emir Seýfeddinden ýeňlip, oňa tabyn bolupdy. Oňa Hoja Jemaleddin Muhammediň zamunlygy bilen tereke beripdirler. Ony heläk etmek pikirinde ýörkäler, Naýyn şäherinden oňa: «Hoja Şemseddin Muhammet Yspyhan şäheriniň darugalygy üçin gelýär» diýen habar gelip ýetdi.

Hoja Sagydy bu habary eşiden badyna Ruýdeştiň we Kahpa-ýanyň serkerdelerine: «Beýle döwlet gizlin gaýypdan ýüz görkezdi. Bu welaýatyň serkerdeleriniň başlaryny aýak edip, ony garşylamaklary we Hojany şan-şöhrat bilen şähere getir-mekleri gerek» diýip nama ýazdy. Onsoň iki müňe golaý kişi baýramyň öňi birnäçesi şatlyk bilen özüni bezeýän juwanlar kibi doly ýarag-esbaplary bilen biri-birlerine «Turuň, eý, hoş täleý-liler, aýyň dogar wagty boldy» diýen owazlar bilen ýüzlenip, Hojanyň bagty we ykbaly boljak Baýram aýynyň başynda Naýyn şäherine tarap gitdiler. Şäheriň eteklerine ýeten wagtynda Hoja Sagyt olary garşylamak üçin gyssandy.

Abulkasymyň tarapdarlary bolan we ony baglap, gapma-gar-şylyk uýanyny ylalaşmak we ýaryşyk tarapyna öwüren bir topary birleşik we goşulşyk elini ýaraşyk boýnundan geçirdiler. Nadanlaryň öjükdirmegi sebäpli muhabbet we dostluk ýüzünde ornaşan çaň-gubary yhlas we sapa suwy bilen iş ýüzünde süpü-rip, garşylamak bilen duşuşdy. Hojany ýa-da mejbury ýagdaýda

mülkdir baýlygyň çözülişdir baglanyşygyň jylawyny onuň parasatly aýasyna tabşyrdylar.

Şu görnüşde ýigrimi gün geçenden soň, Abulkasym Mürze Naýyn we Kahpaýa ýolundan harapçylyk edip, Yspyhanyň işiginde düşledi. Şäheriň daş-töweregini edil gözüň göreji kimin ak çadyrlar bilen gurşap aldy. Şäher ilatynyň gözi gamaşyp, akly çaşdy. Olaryň toýy ýasa öwrüldi. Olaryň kalplaryndaky şatlyk suwuň ýüzündäki nagyşlara döndi. Halk janyndan umyt üzüp, hasrat elini dişlediler. Olaryň ýürekleri şäher galasy kimin para-para we harap dodaklary guran hendek kibi suwsuz galyp, gözlerinden ýaşlar edil Zenderudyň suwy deýin akdy. Olaryň kesbi-kärleri kerwen düşlän bag deýin weýran boldy. Olaryň dodaklaryna halallyk bezminiň sakylary howply, damagyňy tutup barýan ajy meýli bulgurlary guýýardylar. Merhemet nogluny daş ýüreklik zäheri bilen gardylar. Şäheriň zenanlary ahy-nala başlap, başlaryny gapydyr diwara urup ugradylar. Çeň deýin uzyn saçlarynyň zülpleriniň tarlaryny söz tarlary deýin kesdiler. Ahy-nalaly owaz bilen biri-birlerine goşulyşdylar. Derdiniň alawyny şu Şygyr bilen goşup, şeýle diýýärdiler:

Haýsy serhoş bize ýolbelet boldy?
Ol saky, bu bada nireden geldi?

Düşlänlerine iki gün bolanda Fenalbag derwezesiniň garşysynda üç ýüze golaý atly söweş niýeti bilen öňe süründiler. Şäheriň içinde welaýat serkerdelerinden Reýis Berke atly biri ýüz elli sany çalt ok atýan pyýada goşuny bilen şäherden daşyna çykdy.

### *Goşgy*

Pidadan gorkmazlar, synalar-galkan,
Bary peýkam deý tiz ýerinden galkar.

Olar şeýle çakgan, gitseler göni,
Yzlaryn tapmarsyň gündiziň güni.

Peýkam bilen ýaman duşman gözüni,
Garaldyp bilýärler Günüň ýüzüni.

Olar mert ýykyjy peýkamynyň we sapanynyň daşynyň zarby bilen ol demir dagy «Kel Yhnyl maňwuş»[1] etdiler. Ot pürküji gylyjynyň lowurdysy bilen olara gaçyş ýoluny görkezdiler. Ol it ogullary şäheriň işiginde birje gün oturdylar. Gözlerini diwaryň laýynyň samany deýin ýumdular. Käte meýillendiriji ilçiler, söweş esbaplaryny görkezmek bilen şäher ilatyny gorky gysajynda tabynlyga çagyrýardylar. Hoja Şemsetdin Muhammet we beýleki ulular Haktagalanyň goldawy we ýardamy bilen galada penalanyp, gan içiji Gulzumda gämisi döwlüp, möwçli tolkunlarda iki ýana urunýan, dogalary pitnäni öçürýän deňizçilere meňzeýän şäheriň ýaşaýjylaryny «Elbetde Allatagala sabyr edýänler bilendir»[2] leňňeri bilen köşeşdirýärdiler. Her gün söweş gözleýän peleň häsiýetli, şiri ýykyjy jöwşen sowutsyz ýigitler şäherden çykýardylar we olar bilen daraşýardylar.

Ýigrimi günüň içinde leşgeriň meşhurlaryndan iki ýüze golaý kişi öldürildi. Köp halaýyk gyryldy. Ýaraşyga ýer galman soň, söweşiň köplüginden ýaňa ylalaşyga mejal bolmansoň, obalarda we sähralarda örän köp harapçylyk etdiler. Göçüş tebleni kakyp, Jürbadakan welaýatyna ugradylar. Onuň ugran ýolunda ekerançylyklary ekmän taşladylar. Mümkinçilik dörän ýagdaýynda, güýçleriniň ýetdiginden talaňçylyga, çapawulçylyga we şer oduny tutaşdyrmaga girişdiler. Jürbadakandan emir

[1] Gurhanyň 101-nji (Karyga) süresiniň 4-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 2-nji (Bakara) süresiniň 148-nji aýaty.

Şüküriň perzentleri we tabynlary boýun we tabyn bolmaga gadam urup, goldaw berer diýen umyt bilen Hurura tarapyna rowana boldular.

Soltan Abu Sagyt Mürzäniň emirleri Natanyz welaýatynda garaşýardylar. Abulkasym Mürze Yspyhanyň eteginde ýeňlip gaçdy. Olaryň bir menzilden uzaga gitmäge güýç-kuwwatlary ýokdy. Abulkasym Mürzäniň göç edendiklerini eşidenlerinde, ylgar edip Yspyhany jeňsiz eýelemek islediler. Dört günläp lukma tamasynda galdylar. Dört günden soň ýolbarslar deýin ýöne ýyrtyjy şir, belki göwüsden akýan aýallaryň süýdi[1] deýin Yspyhandan Kuma tarap dolandy.

Mülküň we soltan Abu Sagyt Mürzäniň baýlygynyň çeşmesi bolan goşunyň çözüliş we baglanyş uýany güýçli penjesinde bolan emir Seýit Mezit Argun ýigrimi müň kişi we iki müň araba bilen Horasandan gadymky emirlere goldaw bermegi üçin gelipdi. Olar gelip goşuldylar.

Emir Seýit Mezit ähli leşgeri jemläp Abulkasymy çykarmak üçin Harura tarapyna ugrady. Aralaryndaky aralyk ýygrylyp, iki topar ýakynlaşyp, iki tarapdan goşun tertiplemäge we düzmäge meşgul boldular. Uruş başlanan badyna Abulkasym Mürze birnäçe adam bilen leşgerden bölündi. Mal baýlyklaryny we leşgeri heläkçilik meýdanynda goýup, ajalyň ugratmagynda dogany Hasan Alynyň ordasyna birleşik ýoluny öňe tutdy. Şeýdip onuň hemaýaty saýasynda zamanyň betbagtçylyklaryndan aman galmak isledi. Ol özüniň nälaýyk işleriniň ýakasyndan tutup, çeke-çeke soltanlyk tagtynyň belentliginden gaýgyruwsyz gylyjyň aşagynda oturtjakdygyny bilmeýärdi.

Hiç zat peýda etmez bir gaýtsa bagtyň,
Sowrar ýokluk ýeli täç bilen tagtyň.

---

[1] Bu ýerde söz oýnadylýar. «Şir» sözi pars dilinde «ýolbars» hem-de «süýt» diýen manysyny berýär. Bu ýerde diňe söz oýnatmak üçin şeýle beýan edilipdir.

Doganyny özüniň ýarany we hemaýatçysy hasaplap, atasynyň emirlerini bolsa binowalyk gününiň ýesiri saýyp, doganynyň ol emirleri özüniň ganyny dökmäge bellejekdiginden gapyl galdy.

### *Goşgy*

Käte degmez dost-doganyň peýdasy,
Bolmaz ýaly bu durmuşyň pidasy.

Ýagşy işler etgin. Bu hemmä aýan:
Şol işleriň soňra bererler aman.

Birini öldürseň, alsaň janyny,
Dökerler seniňem bir gün ganyňy.

Şol aralykda Hasan Aly Mürze Töwrizden Akzyýarat ýoly bilen Yraga leşger çekdi. Abulkasym Akzyýarat sebitlerinde orda ýakynlaşdy. Hasan Aly onuň ýeňlip gaçanyndan habarlydy. Onsoň «Birden, doganym jahan penakäri Sahypkyranyň dergähinden pena gözläýmesin» diýen gorky bilen döwlet sütünlerini we emirlerini Abulkasymy gözletmek üçin, ylgar hökmünde ordadan çykaryp ugratdy. Olar ordadan bir menzillik uzaklykda ony tutup, ordanyň bir parsahlyk galaýyna getirdiler.

Hasan Aly bolsa Emirşa Aly Baýramy, Şamansur Şasuwar beg, Ýaraly Aly Şükür, Ybraýymşa beg ýaly emirlerden birnäçe kişini ony bileleşip öldürmek üçin belledi. Emirler buýruga laýyklykda onuň boýnuna tanap okladylar hem-de ony çala çalnan towuk ýaly süýräp topraga gatdylar. Abulkasymyň ejesini hem ähdi-peýman we Gurhanyň sözünden ant içip, hem-de perzentlik we hyzmatkärlik wadalaryny berip, bendelik we jan pidalyk şertlerini ýerine ýetirip ýaşajakdygyny aýdyp, doganlary

bilen bilelikde Juşin galasyndan alyp gaýdypdy. Ony-da (Abulkasymyň ejesini-de) hut şol gün, doganlary bilen bilelikde öz uýasyny teperrik hökmünde onuň (Hasan Alynyň) nikasyna girizen, welileriň penakäri emir Seýit Nygmatyllanyň üsti we ilçiligi astynda öldürdi. Hatyny hem Abulkasymy öldürişi ýaly öldürdiler.

Köňlüni olar tarapyndan ynjaldandan soň, ol menzilden uýan burup, çägedir garynja ýaly köp, bezegli we zynatly nowjuwan ýaly tertipli we görkli leşger bilen Yragy çagataýlylardan arassalamak niýeti bilen Myýana diýen ýere geldi.

Çagataýlylaryň öň hatarky goşunynyň serkerdesi bolan emir Seýit Mezit Argun, Abulkasymy ýeňip gaçyrandan soň, şazada soltan Mahmyt Astrabatdan gelip, oňa goşulypdy. Onsoň ol emirlerden Baba Hajy Şyhaly Bahadyr, Hüseýin Horezmi, Pälwan Ýusup Şirazy ýaly birnäçe kişini Soltanyýa iberdi. Başga-da birnäçe kişini Soltanyýany goramaga we soltan Muhammet Hudabendäniň (goý, oňa rehmet bolsun!) galasyny ymarat etmäge ugratdy. Özi bolsa şazada bilen bilelikde Soltanyýanyň Owa diýen ýerine geldi.

Ol: «Hasan Aly Yraga azm edip, Miýany diýen ýere leşger çekipdir» diýen habary eşiden badyna, oňa garşy ilçi iberdi. Şeýle-de ilçi bilen Hasan Alynyň soltan Abu Sagyda: «Yrak we Şiraz welaýatyny golastyna geçirseler, men tarapdan hiç hili päsgelçilik ýok. Çünki bizde Akgoýunlylar bilen uly waka ýüze çykdy. Biz şonuň üçin ol ülkeleri goramaga hereket edip bilmeýäris» diýip ýazan namasyny Hasan Alynyň uly emirlerine iberdi. Hem-de: «Biz onuň razylygy we rugsady bilen Yraga geldik. Häzir bolsa, bu namada ýazylanyň tersine iş edilýär. Bu ýagdaý hezreti soltan Abu Sagyt bilen baglylykdaky tarapdarlyk we dostluk binýadynyň sarsmagynyň esasy boljakdyr» diýip, habar berdi. Ilçi Hasan Alynyň ordasyna gelip, namany arz edensoň hem-de emir Seýit Mezit Argun dolanyş ýoluny öňe tutup, Hurura tarap ugradansoň, Hasan Aly «Şazadany Şiraza

ugradýaryn we ýola salyş düzgüni bilen birnäçe menzil gidýärin» diýen bahana bilen iki günlük ýoly bir günde geçdi hem-de ähli leşgeri Ymam Sähl ibn Aly ibn Abutalyba (goň, oňa salamlar bolsun!) tarap çekdi.

Hasan Alynyň ordasyna ilçi gelip ýetenden soň, onuň ahwaly hem Seýit Mezidiň we çagataýlylaryň ahwalyndan has perişanrak boldy. Diniň penakäri patyşa Sahypkyrandan gorkusyna Töwrize daýanyp bilmedi. Ol gorkudyr umydyň arasynda birnäçe günläp, şol sebitlerde pergar[1] deýin aýlanyp gezdi we aýagy duşaklanana döndi. Halkyň köplüginden we iýmitdir-içginiň azlygyndan ýaňa goşun haýranlyk daryşganlygyna giriftar boldy. Goşun şeýle bir köp derejede jemlendi welin, hiç bir taryhçynyň galamy şeýle köp goşuny beýan etmegiň çyzygyna gadam basmandy. Hiç bir dogruçyl habarçynyň dili beýle uzyn orda barada maglumat bermändi.

Şol aralykda hezreti Sahypkyran Bagdatdan Töwrize ugrady. Soltan Abu Sagyt Mürze bolsa, Horasandan Yraga tarap ýola rowana boldy. Şeýdip, ol ikisiniň arasynda giriftar bolup galdy.

---

[1] Pergar – sirkul.

## SAHYPKYRANYŇ BAGDADA, ONDAN SOŇ TÖWRIZE TARAP UGRAMAGYNYŇ WE HASAN ALYNYŇ WEÝRAN BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Jahanşaly waka ýüze çykandan soň hökmürowan Sahypkyranyň ýeňiş bezegli we üstünlik şygarly baýdagy hezretiň soltanlyk tagtynyň durýan ýeri bolan halaslyk öýi Amyda tarap ganat kakdy. Ol gyş şol ýerde gyşlag tutup, göwün awlaýjy we özüne meýillendiriji namalar bilen Jahanşanyň emirlerine, kürtleriň we Bagdat welaýatynyň galalardyr şäheriniň darugalaryna ilçiler iberip, olary tabynlyga we boýun bolmaga çagyrdy. Öňräk ilkibaşda Halyl Agany Sanjara gönderdiler we Mosuly eýelediler.

Sanjaryň häkimi Şa Aly Sahypkyranyň elini ogşaýyş düşegine tarap gitdi, hem-de mähribanlyklara we serpaýlara eýe boldy. Erbili oňa bagyş etdiler. Şa Aly Hajylu permana boýun bolup, Polat galasyny we Erbil galasyny, emir Sagadatýar bolsa Mosuly dergähiň bendelerine tabşyrdylar hem-de ykbal ýaly bolup, halypalyk tagtynyň etegine geldiler. Olar şol ýerde dürli mähremliklere we hormat-sylaglara eýe bolup, patyşalara laýyk halatlardyr nygmatlara mynasyp boldular. Soltanyň hazynaçylaryndan tylla gynly gylyçlar, gymmatbahaly atlar, hatar-hatar düýeler, çadyrdyr saýawanlar we beýleki gymmatly zatlary aldylar hem-de ynaklaryň we soltanyň ýakynlarynyň hatarynda orun tapdylar.

Bu ahwaldan birnäçe gün geçdi. Bagdatdan Pirmuhammet Alpawudyň ilçisi tabynlyk we gulluk bildirmek üçin beýik tagtyň etegine ýetip geldi. Bagdadyň ilaty — kazylar, ulamalar, asylzadalar, han-begler: sap niýetlerini, bu döwlete hemişe dogada boljakdyklaryny tabynlyk we gulluk ýolunda berk durjakdyklaryny, beýiklik we belentlik baýdagynyň astynda saýalanjakdyklaryny beýan edip, arznama iberdiler.

Olary haýyşlaryna laýyklykda Şazada Muhammet bege özüniň iki müňe ýakyn şahsy nökerleri bilen Bagdada tarap rowana bolmaklary barada belent perman gelip ýetdi hem-de Sagadatýar ol leşgeriň öňbaşçysy we habarçysy bolmaly diýlip, karar edildi.

Gyşyň başlarynda permana laýyklykda ýola düşdüler. Sagadatýar ol ýerleriň dag depeleriniň jümlelerinde öňbaşçy bolup ýörşüne leşgeri şol ülkäniň gyrak-bujaklarynda gyşlaýan kürt jemagatlarynyň üstüne çekdi. Olary talaňçylyga duçar edip, leşgeriň eline köp oljalar düşdi.

Emir Jahanşa ogly Pir Pudak Mürze ölenden soň Bagdadyň emirligini Pirmuhammet Alpawuda beripdir. Ol boýun bolman, aýak diräp, şäherde mäkämlendi hem-de özüni tabynlyk tagtyndan mahrum etdi. Emirzada Muhammet beg ýagdaýy belent tagtyň etegine arz etdi. Sahypkyran Bagdada gitmek niýeti ýok hem bolsa, Töwrizi eýelemegi has zerur we ähmiýetli hasaplaýan-da bolsa Bagdadyň kazylary we ululary nalap kömek islänsoňlar, çakylygy esasan hem haýranlyk sährasynda aňňalyp galanlaryň çakylygyny kabul etmegi özüniň belent hümmetine lazym hasaplady. Onsoň şol tarapa ýüzlenip, niýet ýüküni jahany we ýollary söký än ulagyna ýükledi. Goşunbaşylar we serkerdeler göç ediş owazlaryny ýaňlandyrdylar.

Bahar kerweniniň emiri bagşy guşlaryň hoş owazly jaňjagazlaryny herekete getirdi. Bahar şemalynyň Hudaý gözleýän we süýji hiňleňýän sarwany (düýekeşi) azer aýynyň[1] bulut düýelerini dagdyr düzlerde seýran etdirip, deňizden ýagyş derýasynyň tagamly ýüküni alyp, Perwerdigäriň mähremlik we Ýaradanyň mähribanlyk miwesi bilen ýerde oturýan ösümlikleriň hem-de düzlüklerde ýiten lebi teşneleriň diýaryna äkidýärdi.

Sahypkyran arap Yragynyň ýaşaýjylaryna rahatlyk we adalat isläp, Amytdan hereket etdi. Ol Amytdan göç edip, baharyň

[1] Azer aýy – Sanjar aýynyň 22-sinden Bitaraplyk aýynyň 21-ine gabat gelýär.

başynda gül deýin ykbal çadyrlaryny Bagdadyň daşynda gurdy. Pirmuhammedi bakylyk döwletiniň tabynlygyna çagyrdylar. Onuň hataçyl pikiriniň gämisi döwleni hem-de howsala girdabyna we nädogry pikirleriň «Dejlesine» gaçany sebäpli kabullyk gapysyny älemi eýeleýji döwletiň garşysynda ýapyp goýdy. Bendelik we tabynlyk gadamyny ony garşylamaga urmady. Şeýdip, iki jahanyň bagtyndan mahrum galdy. Çünki, patyşalara boýun bolmaklyk Hudaýa tagat etmekligiň üçden biridir.

***Goşgy***

Döwleti yzyna gaýdan kişiniň,
Deregi bolmaz bar eden işiniň.

Kimiň güni gelip, çüwende bagty,
Galjak bolmaz gargyşyna iliniň.

Gün ortadan agyp, sapanda öýlä,
Yza gaýtmak bolmaz taşlap ýoluňy.

Kim gündiziň güni ýaksa çyrasyn,
Biderejik harçlar ýakan ýagyny.

Bagdat meýdanynyň howasynyň gyzgynlygy sadranç öýleriniň artyşy ýaly artyp başlady. Sahypkyran Bagdady kyrk günläp gabanyndan soň ýöriş uýanyny Töwrizi basyp alyş şaýoluna sowdy. Kütek pikiri Pirmuhammedi «pil» daryşganlygynda «perzi» deýin çarhy pelegiň «mat» etmesinde goýup, ýaýlaglar ýolundan Töwrize tarap ýeňiş baýdaklaryny parlatdy.

Töwrize we Hasan Alyny dep etmäge ýüzlenmeginiň esasy sebäbi şudy. Hemişe onuň mübärek gulaklaryna: «Hasan Aly yslamyň berk dininiň göni ýolundan gümralyk sährasyna we

zulum edijilik çölüne düşüp, gabahat ýoly saýlap alypdyr. Özüniň ýogyn boýnuny şerigatyň päk emrleriniň halkasyndan çykaryp, zulum elini uzadyp, musulmanlaryň ganlaryny we ar-namyslaryny aýak astyna oklap, depeläpdir. Şol sanda enelik hukugy bolan atasynyň aýalyny biganeleriň we nämähremleriň eline berip, harlyk topragyna bulap, boýnuna tanap salyp öldüripdirler. Öz doganlaryny hem şeýle edipdir. Emirleriniň we ynaklarynyň zenanlaryny bir ýerde jemläp, özi olaryň arasynda oturýar hem-de olar bilen oýun-güýmenjä meşgul bolýar. Aýallara aýdym aýtmaga we raks etmäge buýurýar. Haýsysy bilen birleşmek meýli dörese, niýetini amala aşyrýar. Mülküň ululundan haýsy birini bir bahana bilen gazabyna duçar etse, olaryň aýallaryny hut şol gün, talak berilmezden we şerigatda bellenilen gün geçmezden beýlekileriň nikasyna girizýär» diýip habarlar gelip ýetýärdi.

Onuň ýöriş etmeginiň ýene-de bir sebäbi şudy:

Sahypkyran Bagdatdan dolanmazyndan öň Hasan Aly emir atly ilçini belent tagtyň etegine ugratdy hem-de: «Ol hezret bilen duşuşan wagtymyzda eden ähdimize, ýagny atamyň meni kowan we onuň söhbetdeşlik hormaty we dostluk döwleti bilen beýgelen döwrümde edilen ähdimize berk gadam urýandyryn. Mülke we hazyna hiç hili päsgelçilik ýok, doganlyk we dostluk ähdi berk, ylalaşyk we ýoldaşlyk peýmany düzüwdir. Atamyň we doganymyň huny üçin hiç bir melal we gubar ýok. Atam we doganym özüniň ýaramaz işleriniň we ähdini bozmalarynyň jezasyna giriftar boldular. Meniň olar bilen atalygym we doganlygym manydan boş bir ýagdaý ýalydyr, başga zat däldir. Mähirsiz atalyk we mürewwetsiz doganlyk biganelik ýalydyr. Atalyk we doganlyk hereketlerini men diňe ol hezretden görendirin. Olar tarapyndan gören nygmatym özge elleriňkiden köpdür. Eger üns uýanyny biz tarapa öwürseň, ýolda hiç bir kynçylyk ýokdur.

«Kerem et, gel düşle, bu öý, seniň öýüňdir» diýen mazmunda bir hat iberipdir. Onsoň hezreti Sahypkyran şu sebäplere laýyklykda ýola düşdi. Göz ede-ede, Muş sährasyna gelip ýetdi. Şu aralykda Hasan Aly ejesini we doganyny öldürenden soň, çagataýlary dep etmäge meýil edip, Miýana diýen ýeri hem-de türkmenleriň obasyny, ýaýlagy aýlanýardy. Sahypkyranyň ugrandygy barada habary eşidende, ýene-de şol öňki wadalary tekrarlap we ähtdir-peýmany ýatlap, resmi namalar bilen bir ilçi ugratdy. Onuň maksady şudy: Ol «Sahypkyran bu içi boş we daşy bezelen pöwhe sözlere we kiçelmelere aldanyp, meniň ahwallaryma gatyşmakdan saklanar we çekiler» diýip, pikir edýärdi. Emma Sahypkyran biderek samramalara üns bermedi. Ilçi bu ýagdaýy görüp, ýörişiň ýagdaýyny we her günlük göçi Hasan Ala ýetirdi. Onsoň Hasan Aly çagataýlylara garşy ýörişini goýbolsun edip, Merende tarapyna gitdi.

Seýit Mezit Argun onuň yza gaýdanlygy we Sahypkyrana tarap ýüzlenendigini eşidip, batyrlarça Miýana geldi.

Şol aralykda Sahypkyran bir bahana bilen birini onuň ýanyna ibermek hem-de onuň leşgeriniň ýagdaýyndan we sanyndan habar almak isledi. Şonda soltan Mahmyt Hajyly hezreti Sahypkyrandan Hasan Alynyň Sahypkyranyň merhemet saýasynda penalanan wagtynda özüniň Hasan Ala ýagşy hyzmat edendigi, hem-de onuň özüne «eger patyşa bolsam, saňa patyşalara laýyk merhemet ederin» diýen wadalary esasynda özüni ilçilige bellemegi haýyş etdi. Hezreti Sahypkyran onuň haýyşyny kabul edip, ony ýola saldy.

Ol Hasan Alynyň çagataýlylara eden ýörişinden gaýdyp gelýän wagty onuň ordasyna birleşdi. Habaryny we namasyny oňa arz etdi hem-de onuň üns bermegine mynasyp boldy. Şol halda emirler özlerini Hasan Ala tarapdarlyk lybasynda görkezmek isläp, ol ilçini öldürmegi haýyş etdiler hem-de: «Eger patyşa rugsat berse, biz bu ilçini ýanyndaky otuz sany nökeri bilen bile

öldüreliň. Şonda Hasan beg biziň bilen ylalaşmakdan tamasyny üzer hem-de oňa biziň onuň tabynlygyna ýüz öwürmejekdigimiz belli bolar» diýdiler. Bu haýyş Hasan Ala ýagşy göründi. Onsoň olara tutuş musulmanlarda gabahat hasaplanýan bu ýaramaz işi etmäge rugsat berdi.

Bu jemagat soltan Mahmydy ýanyndaky otuz kişi bilen bilelikde şehit etdi. Onuň tabynlaryndan diňe bir kişini yzyna dolanmagy we ýagdaýy gürrüň bermegi üçin diri goýdular.

Bu habar mübärek gulaga baryp ýetende, Sahypkyran ol ýerden göç edip, rowana boldy. Kowsäri diýen ýerde düşlände, Sahypkyranyň özüniň Bagdat sebitlerindäki Hasan Alynyň gaşyna iberen Emir atly kişisi gelip ýetdi. Ol «Hasan Aly tabynlyk mekanyndadyr hem-de ähdine wepalydyr. Atasynyň ýurdundan we hazynalaryndan paý berjekdir» diýip, habar getirdi. Onsoň Sahypkyran soltan Mahmyt atly kişini onuň bilen hemra edip, ýene-de Hasan Alynyň gaşyna iberdi hem-de wada laýyklykda Ownuk we Adyljuwaz diýen ýeri özüniň bellän kişilerine bermegi sorady.

Ol ilçileri ugradansoň, jahany alyjy baýdagyny göçürip, Alyşkürde ýetdi. Bu ýerde: «Hasan Aly ilçileri tussag edip, tegelek gurşaw ýaly halka edilen ýüpi olar bilen hiç kim garyşyp bilmez ýaly, ilçileriň daşyndan aýlandyryp goýupdyr» diýip, habar berdiler. Onsoň Sahypkyran göç edip, tä Hoý şäherine çenli gyssanmaçlyk bilen gitdi. Şol ýerde düşledi. Şol menzilde: «Bidlisiň kürtlerinden birtopary Hasanala kömege gitjekler» diýip, habar ýetirdiler. Sahypkyran Sopy Halyl Bekdaşy iberdi. Ol olaryň baryny tutup, mübärek orda getirdi. Höküm takdyry şeýle boldy: Olar Haky görmediler, gözüni batyl zada dikdiler. Şonuň üçin olaryň gözlerini göz owalaryndan patladyp çykardylar.

Ol tarapdan Hasan Aly Merende baryp ýetdi we bir ýerde mekan tutup, öz ordasyny çuňňur hendek gazmak bilen haýbatlandyrdy. Hezreti Sahypkyran Akgoýunlylardan topar-topar atlyny onuň ordasynyň daş-töweregine iberýärdi. Olar batyrgaýlyklar we gaýduwsyzlyklar görkezýärdiler. Keferli jemagaty Dezederisan[1] diýen ýerde Hasan Alynyň nökerlerinden bir topar kişini ýesir tutup, orda getirdiler. Goşunyň beýleki bir bölegi Töwriziň boýun egmezekleriniň üstüne çozdular hem-de Garagoýunlylardan köpüsini ýesir edip, orda getirdiler. Satylmyş Emir Ahur bir topar atly bilen Hasan Alynyň hendeginiň üstüne ylgar edip, Garagoýunlylardan bir toparyny öldürdi. Bu batyrgaýlyklar Hasan Alynyň howsala düşmegine sebäp bolýardy hem-de öz ornundan gymyldap bilmeýärdi. Onuň ordasy siňegiň aşa köplüginden, haýwanlaryň zyýadalygyndan we mal-garalaryň ölmeginden ýaňa erbet porsady. Ot-bede tapylmaýardy. Şeýlelikde, onuň ordasyna gahatçylyk düşdi.

Hezreti Sahypkyranyň buýrugyna laýyklykda, esgerler sapan üçin daş jemlediler. Onsoň ähli̇si sapandan daş atmakda nyşana urujy we uzak oklaýjy batyrlar bolan segsen müňe golaý goşun gullukçylaryna we ýigitlerine: «Iki topar ýüzbe-ýüz bolan wagtynda aýally zynakeşiň we ynamsyz çopanyň toparlarynyň üstüne daş atyp ugraň» diýip, belent perman berildi. Sahypkyran ol ýerden göç edip, gaçýandygyny aýan edip, Hasan Aly bu gaçyşa aldanar hem-de batyrgaýlanyp duran ýerinden çykar ýaly bir günlük ýola çenli yza süýşdi. Emma Hasan Ala gorkudyr howp şeýle bir üstün bolupdy weii merkezi nokat ýaly meýdançadan daşary gadam urup bilmeýärdi.

Şol aralykda çagataýlylar bilen Sahypkyranyň arasynda ilçileriň hatary uzalyp başlady. Bu ýerde çagataýlylar tarapyndan

---

[1] Asyl nusgada şeýle. Bu ýeriň niredigini anyklap bolmady.

Sahypkyranyň gaşyna ilçi geldi. Ol: «Çagataýlylar Gara Çymkakda düşlediler» diýip, habar getirdi. Onsoň Sahypkyran hem Rüstem Myhmandary akgoýunly batyrlardan otuz kişi bilen çagataýlylara tarap olary hereket etmäge itermek üçin tizlik bilen iberdi. Bu jemagat talaňçylyk edip, tä Töwriziň sebitlerine çenli gelip ýetdiler. Heniz olar dolanmaka, Hasan Aly gaçyş ýoluny tutdy.

Söweşiň narda oýnunda jahanyň ýeke-tägi bolan Sahypkyran Hasan Alynyň bu uzak wagtlyk togtamasynda gam-gussa batyp, pikir etse-de peýdasyz bolýandygyny bildi. Hasan Aly nardanyň çöpleri ýaly, käte bu ýurtda, käte ol mekanda orun tutup, gaçyp we göçüp ýördi. Şeýlelikde, onuň pikiriniň şärikdeşleri onuň nardasyndan näumyt boldular. Onsoň narda tagtasyny göterip zyňyp, peýdasyz ymtylyşdan el çekdiler. Barja zatlaryny garşydaşlaryna goýup, gaçmaga ýüz urdular.

Heniz emir Jahanşanyň bentdir tussaglygyndan halas bolmadyk emir Şa Aly Baýramy pursat tapyp, ondan ýüz öwrüp, doganoglany Şamansur Şasuwar beg we emir Ybraýym şa bilen bile gaçyp, Sahypkyranyň ýeňiji döwletine ykbal deýin ýüzlendi. Perzentleriniň we degişlileriniň bir toparyny onuň ordasynda goýup gaýtdylar. Şol gün Hasan Ala bu ýagdaýy habar berdiler. Ol olaryň käbir degişli kişilerini öldürtdi. Beýik emirlerden soltan beg Aly paşany hem öldürdi.

Pelek bezmi ýaly aý ýüzli zöhre alynly, gün jemally perileriň üýşüp oturýan, çadyr saýawanlaryň ülker deýin jemlenişýän, şatlyk şemleri gözelleriň görkli jemalyndan tutaşýan, gamlandyryjy zatlaryň gözelleriň nurly gözünden köýýän, her çüňkünde dür gapdaky dür we asmandaky ýyldyz deýin nur saçýan, aýperi oturýan we gan döküji kirpik hanjarlary bilen aşyklaryň ganyny dökýän, ol orda çalt geçýän ömür deýin, göz açyp ýumasy salymda ylla serhoşlaryň mejlisi deýin çöküp galdy hem-de badadyr gan deýin garym-gatym boldy.

*Goşgy*

Naý-da ýok, bagşy-da. Gözde ganly ýaş,
Meý-de ýok, bulgur-da, ýöne ser serhoş.

Peýkam degen agyp düşýär bir ýana,
Eller ýer garbaýar, ähli gaplar boş.

Her kim başaryp bildiginden aýal, oglan-uşaklaryny, mümkinçiliginiň boldugyndan baýlygyny göterip, çar tarapda bahar sili deýin gabat gelen ýere ýüz öwürdiler. Hersi aýlanýan pelek ýaly bolan otuz müňe golaý çadyrlar başyny asmana çekip, etegini guma garyjy ýeliň etegine berdiler. Ol orda Şetdadyň behişdi deýin iki günläp boş galdy.

Emir Şa Aly düşegi ogşaýýş eliniň hormatyna baryp ýetende, şalyk mähremlikler bilen başy belende göterilip, Hasan Alynyň yzyndan ylgar edilmegini ündedi. Şoňa laýyklykda onuň yzyndan gitdiler. Iki günden soň ol ýere baryp, ordany talap, gabat gelen zady eýelediler welin, ony ýazmakdan we sanyny beýan etmekden döwrüň kätipleriniň eli we aňy gysgady. Atasynyň ordasynyň synan döwründen bäri aýagy ýesirlik kündesinde bolan hem-de hasrat gözi bilen mülküň jemalyna göz ujy bilen gytaklaýyn seredýän we öz «gelnini» (döwletini) özgeleriň gujagynda görýän emir Ýusubyň gözüniň görejini göz hanasyndan çykarmaklary barada hem-de ony ejesiniň we kakasynyň gabrynda müjewür etmekleri barada perman berildi.

*Goşgy*

Ýusup gözi bilen görýärsiň köpi,
Häzir bol, gözüňe atdyrma çöpi.

Il malyna diken çagyň gözüňi,
Ýakup deý gyrarsyň öz gözüň kökün.

Atasynyň mal-baýlygyny humara utduran betpygyl perzent Hasan Aly ryswa we perişan boldy:

Şäherme-şäher, obama-oba, öýme-öý gezdi,
Özüniň baýlygyny, puluny, parçasyny başdan-aýak utdurdy.

Ol özüniň aýşy-eşret mesgeninden aýrylyp, gam-gussa çümüp galdy. Aýaldyr perzendi ondan aýrylyşdy. Ol leşgergähden Bardaga tarap gitdi. Şahanşaly wakadan[1] soň, ol diýaryň häkimligine ornaşan Piri Garamanynyň perzentleri ony tutup, Sahypkyranyň dergähine ibermek islediler. Ýöne ýene-de demini çykarman, ony öz ugruna goýdular. Ol Erdebile tarap ýüz öwürdi we özüni uly şyhlaryň işigine oklap, ol ýerden Şyh Takwapenah bilen bile iki aýdansoň, soltan Abu Sagyt Mürzäniň dergähine geldiler.

Hasan Alynyň ordasynyň weýran bolan wagty Seýit Mezit Argun Germrut welaýatyna gidip, ol welaýaty harap edip, Hasan Alynyň harapçylygyna garaşýardy. Birden onuň weýran bolanlygy barada habar gelip ýetdi. Onsoň derrew soltan Abu Sagyt Mürzäniň ýanyna bu ýagdaýy habar edip ilçi iberdi hemde Töwrize daruga belläp ugratdy.

Hökümdarlyk ýüzüginiň gaşy ol,
Älemi ýagtyldýan şuglabaşy ol.

Welaýatyň baýdagynyň nagşydyr,
Ýeňşiň nyşanydyr, paýhas daşydyr.

---

[1] Ýagny Jahanşa öleninden soň.

Daňyň ýagtysyndan artykdyr nury,
Daň oňa mätäçdir köp ýyldan bäri.

Atasy güneşdir, olam şöhlä taý,
Atasy baýramdyr, olam täze Aý.

Sahypkyran tarapdan älemdäkileriň şazadasy, hökmürowanlyk tagtynyň bezegi, bagtyýarlyk täjiniň nagşy bolan soltan Halyl Bahadyr (köp asyrlap hökmürowan egindeşleri we meşhur doganlary bilen bile Sahypkyranyň baýdaklarynyň saýasynda daňyň tilkiguýrugy ýaly ýeňiş we älem eýeleýjilik gününiň öň hatarynda bolsun!) pitneleriň alawyny öçürmäge we soltanlyk öýi Töwriziň ilatyny arkaýynlaşdyrmaga bellenildi. Ol çaltlyk bilen Töwrizde ykbal çadyrlaryny dikdi. Welaýatyň şäherleriniň halaýygyny aman-esenlik gurşawynda we arkaýynlykdyr rahatlyk halkasynda ornaşdyrdy. Adyl, ýolbars sypatly, güler ýüzli, ýagşy pikirli, oňat häsiýetli, gaty sahawatly Muhammet atly, Aly şöhratly şazada Muhammet begi Juşyn tarapa, Ýusup begi Mahmyt begiň we akgoýunlylaryň gaçyp gidenleriniň yzyndan Sarawa tarap iberdi. Şa Alybeg Purnagy ýeňiji esgerleriň birtopary bilen Alanjyk galasyna tarap iberdi. Ýurtdaka: «Mäku galasynyň häkimi tabynlyk mekanyndadyr. Ol şol galada bolan Hasan Alynyň aýalyny tutup, Sahypkyranyň ýanyna iberdi» diýip, habar gelip ýetdi. Onsoň ol galany eýelediler.

Hary diýen ýerde: «Şa Alybeg hem Alanjyk galasyny eýeledi» diýen habar gelip ýetdi. Sähelçe wagtyň içinde şeýle berk gala kynçylyksyz hazynalary bilen ele düşdi. Öňki sahypkyran emir Teýmir Körekenli şeýle şan-şöhratlydygyna garamazdan, ony on ýedi ýyla golaý wagtlap gabady. Gabaw wagtynda dünýä

inen kişi ulalyp, gabawçylar bilen söweş edipdi. Ol örän muşakgatlar we kynçylyklar bilen eýelenipdi. Bu mäkäm döwletde bolsa Taňrynyň ýardamy bilen ülkeler we hazynalar azajyk wagtyň içinde ele düşdi hem-de yklymlaryň ýaşaýjylaryna hiç hili zyýan-zeper ýetmedi.

Seýit Mezit tarapyndan maňlaýdaky goşuna ýolbaşçy bolýan çagataýly daruga bu ýagdaýy görüp, basybalyş we höküm sürüş elini kuwwat ýeňinden hem-de pitne döredijі başyny howp ýakasyndan çykaryp bilmedi. Ol ýagdaýy emir Seýit Mezide mälim etdi. Onsoň ýagdaýy arz etmek üçin soltan Abulsagyt Mürzäniň belent tagtynyň etegine rowana boldy. Şol aralykda soltanlyk baýdaklar Soltanyýadan çykypdy.

Bu habar gelip ýetende Hasan Aly Mürze hem özüni perzentlik meýdançasyna girizip: «Öz atamdan hergiz mähribanlyk görmedim. Onuň ezýetli şekleriniň agramyny aýagymdan aýryp bilmedim. Hemişe meni tussag we bendiwan etdi. Üç gezek baş göterdim, täleýim medet bermedi. Eşret bossanyndan hiç döwlet gülüni tirmedim. Indi meniň elim pakyrlyk we terkidünýälik eteginde bolar. Eger soltanyň mähremligi ahwalymy gurşap alsa, bir çüňkde terkidünýä boljak» diýdi.

Şyhyl Yslam söhbet gutarandan soň, ýerinden turdy we bellenilen bir menzilde düşledi. Hasan Alyny hem düşürdiler. Omar beg bar bolan şan-şöhweti bilen göwün söýen bir menzilinde düşledi.

Ertesi şyha Abdyrahmanyň öýünden jaý berdiler. Soltan ony zyýarat etmäge geldi. Nesihatlardan doly uzak wagtlyk söhbet boldy. Tagzym we «hoş geldiň» däp-dessurlary ýerine ýetirildi.

Şyhylyslam Omar beg bilen bile soltanyň ýarag-şaýy üçin Erdebile dolandy. Üç günden soň derwüşleri sylaýjy, pelek perwazly soltan, ýagny älem nurlandyrýan gün, Nimruz mülküniň şasy, ýürekleriň jümmüşine, menzillerdir gözýetimleriň depesi-

ne çykyp, penjirelerden we gözeneklerden hylwathanalary özüniň garaňkylygy ýakyjy nury bilen ýagtyldyp, pakyrlardyr derwüşlere olary «diňle we gör» hadysyny okanda, soltan Abu Sagyt Mürze şähere geldi. Onsoň asman päklikli, päkize sypatly pakyrlaryň we aryplaryň kyblasy bolan Şyh Safyýyl Hak sypatly şyhyň hanasyna naladyr zary bilen ýetip geldi. Şol ýerlerde bolan emirler, ulular, mertebeliler we ulamalar mejlis etdiler. Her bapdan söhbet etdiler. Adamlaryň ahwallaryna laýyk naharlar çekdiler. Söhbet tamamlanandan soň, soltan ordasyna dolandy.

Gallalaryň we azyk önümleriniň gözleginde, şäherdir welaýatyň ilaty bela duçar boldular. Oba ilaty aýal, oglan-uşaklary bilen daga garşy ýüz öwürdiler. Şäher ilaty gahar-gazap bilen tutuldylar we galla satmak ýüküniň astynda batgada batan eşek deý lagşap çökdüler. Esgerler nan üçin gapy-gapy ykýan it kibi gezdiler.

## JAHANŞA MÜRZÄNIŇ SOLTAN ABU SAGYDYŇ ORDASYNA GOŞULAN EMIRLERINIŇ BEÝANY

Soltan orda golaý aralyga gelip ýetdi. Onsoň Alydan gaçan emirlerinden bir topary her gün onuň ordasyna gelip goşulýardylar hem-de ýagşy merhemete eýe bolýardylar. Ilki bilen Sahypkyranyň doganoglany Mahmyt beg Akgoýunly, Aly beg Agajeri hem-de Suhrap Rüstem Tarhan, Gylyç Arslan ogly, Şa Aly Hajyly, Uweýs Ynal ýaly emirzadalaryň birtopary soltanyň huzuryna gelip ýetdi. Olaryň yzyndan Pir Aly Aly Şükür doganlary bilen bilelikde gelip ýetdiler. Gelip ýeten ähli emirler atýaragy üpjün nökerleri bilen bilelikde geldiler. Olaryň gelmegi bilen soltan Abu Sagyt Mürzäniň ordasy uly kuwwat we doly bezeg tapdy.

Arap ata atlanan on müňe golaý türkmen ýigidi onuň ordasyna goşuldy. Hut şu ýurtda wagty emir Ýusup Jahanşa Mürze gan ýaşly gözleri bilen Töwrizden gelip, onuň ordasyna birleşdi. Soltan oňa uly hormatlar etdi. Patyşalara laýyk mährem wadalar bilen onuň göwnüne teselli berdi. Ony onuň özüniň ata-babalarynyň depin edilen ýeri bolan Töwriziň Muzaffaryýa atly hanakasyna iberdi. Soltan Abu Sagyt Mürze bilen Sahypkyranyň arasyndaky duşmançylyk işi aýdyňlaşandan soň, Hasan Aly Mürzäni hem Töwriziň soltanlygynyň permany bilen şol tarapa ugratdy. Sahypkyranyň doganoglany Mahmyt begi bolsa, Sahypkyranyň hal-ýagdaýyny gowşadar ýaly Diýabekre tarap iberdi.

## SAHYPKYRANYŇ MYRAT BEGI ILÇILIGE IBERMEGINIŇ BEÝANY

Sahypkyran Nahçewan welaýatyna gelmezinden öň, şazada soltan Halyly Töwrize ugradypdy. Çagataýlylar tarapyndan hem Töwrize we Töwriziň beýleki welaýatlaryna darugalar iberilipdi hem-de olar tarapyndan ýaramaz hereketler ýüze çykyp durdy. Onsoň Sahypkyran:

— Bu darugalar nadandyrlar. Birden olaryň bozuklygynyň we näkesliginiň netijesinde köne dostlaryň arasyna duşmançylyk düşäýmesin. Bu habar soltan Abu Sagyt Mürzä ýetäýse, öz adamlaryny bu bozuklykdan saklar ýa-da welaýatlardan çykarar — diýdi.

Nahçewanda mübärek düşleg edilenden soň, şol aralykda: «Jöwşen gala, Öýnük gala, Baýezit gala we Gerni gala döwlet emeldarlarynyň eli bilen tabyn edildi» diýen habar gelip ýetdi. Sahypkyran özüniň doganoglany Myrat beg bilen patyşalara laýyk peşgeşleri soltan Abu Sagydyň dergähine iberdi hem-de göwün awlaýjy habarlar bilen muhabbet zynjyryny herekete getirdi. Sahypkyran: «Özüniň tabynlyk ýolundan ýöreýändigi, duşmançylygyň hem özi tarapyndan ýok edilendigi, mülküniňde günbe-günden giňeýändigi üçin soltan Abu Sagyt ygtybar alar hem-de Sahypkyranyň gaýgyruwsyz gylyjynyň mübärekligi bilen ele alnan Yrak bilen kanagat edip, tamakinlik aýagyny Töwrizden çeker» diýip, umyt edýärdi.

Myrat beg Myýana sährasynda soltan Abu Sagydyň ordasyna ýetende ony ordanyň töwereklerinde sakladylar. Ordany arabalar bilen gurşadylar, köp sanly çadyrlar, kepbeler we saýawanlar dikdiler. Iki günden soň, ony orda getirdiler. Bir topar kişini häzirläp goýdular we «Bu jemagat adamhorlardyr» diýýärdiler.

Myrat beg araba berkitmesiniň ýanyna gelende bir kişini onuň gözüniň öňünde şol adamhor kişileriň eline berdiler. Olar ony derrew öldürdiler hem-de iýeliň diýip, para-para etdiler. Myrat begiň peşgeş diýip getiren birnäçe atyny ürküzdiler. Ol berkitmä girende, ilki bilen ony diwana eltdiler. Ol ýerde soltan Abu Sagyt Mürzäniň ogly soltan Muhammet hem-de diwan emirleri bilen duşuşdy. Ondan soň ony soltanyň bargähine getirdiler. Ullakan saçak ýazdylar. Soltan tagtynda oturdy. Myrat begi tagtyň astynda oturtdylar hem-de patyşalara laýyk zynatlary arz etdiler. Ol habaryny berenden soň, soltan Abu Sagyt Mürze:

— Hasan begiň Töwrizi bize goýmagy gerek. Ol meniň atamyň gorhanasydyr. Mundan başga-da perzentlerimizi Rum we Şam tarapa ugratjakdyryn. Inşa Alla, ol diýar eýelenenden soň, Töwrize derek bir welaýaty oňa bagyşlajakdyryn — diýdi.

Ol bu gürrüňi edip Myrat begi ýola salanda bir ilçini-de onuň bilen hemra etdi hem-de şol ýokarky sözler bilen habar iberdi. Bu habar hem Sahypkyrany uruş we jeň etmäge öjükdirmedi.

Myrat beg bilen ýaňky ilçi döwletiň tagtynyň etegine gelip, Myrat beg bilen duşuşylan wagtynda peşgeş berlen atlary ürküzenligi, bir kişini öldürenligi barada habar eşidende, şeýle-de ýaňky habary arz edenlerinde Sahypkyran:

— Atlary ürküzmek döwleti ürküzmekdir, adamhor ýasamak, bir biçäräni olaryň elinde heläk etmek we ondan soň para-para etdirmek zulum bolup, onuň ýaly işleri kapyrlar edýändir. Yslam, adalat we şerigatperwerlik edýän kişi neneňsi beýle zatlary rowa görüp biler. Şu, ýagny Töwriz mülküne dawa edýänligi we «Biziň gorhanamyzdyr» diýýäni dogry gürrüňdir, elbetde döwletiniň ýaşmagy we özüniň heläk bolmagy şu diýarda boljakdyr — diýdi.

Geň-taň zat, ýyldyzlaryň hökümlerini çykaryjylar, ýagny müneçjimler takwymlarda: «Şu ýyl Samarkandyň patyşasynyň

pikirdir çäresine perişanlyk ýüz berer hem-de onuň heläk bolmagyna sebäp bolar. Eger ol kanunlardan[1] sag-aman geçse, ýagdaýy oňatlaşar» diýip, ýazypdyrlar.

Sahypkyran ilçisiniň jogabynda şeýle diýdi:

— Meniň we onuň, ýagny ikimiziň tymsalymyz iki doganyň tymsalyna meňzeýär: Bir sährada iki dogana teşnelik üstün gelipdir. Ol iki doganyň biri iki küýze suw tapyp, birini doganyna berýär, birini bolsa özünde saklaýar. Beýleki dogany açgözlüginden we harsydünýäliginden ýaňa küýzesini heniz doly içip gutarmanka, beýleki küýzä-de tamakin bolýar. Dogany oňa: «Bu iki küýzäni hem men tapdym, ýöne doganlyk mürewweti üçin, ony böldüm. Sen heniz öz küýzäňi gutarmankaň, meniň küýzäme göz dikýäň» diýýär. Yrak bilen Töwriz iki küýzedir. Munuň ikisini hem men tapdym. Yragy oňa goýdum we Töwrizi özüm üçin sakladym. Soltan Abu Sagyt Mürze heniz Yraga doly eýelik etmän, ýüzüni Töwrize öwürdi. Bu örän mürewwetsizlikdir.

Soltan Abu Sagyt Mürze tarapyndan ilçi bilen bile iberilen namada Sahypkyrany mekirlikdir aldawdan bihabar eder ýaly hem-de arkaýynlyk bilen ol ýerden göç edip, Kahkara dolanmak niýeti bilen rahatlanmaga mynasyp we laýyk bolan başga bir menzilde düşlär ýaly, dostluk we muhabbet sözlerini beýan edip, ony berk iman bilen berkidipdi we ol barada jan edipdi. Emma özi Myrat beg bilen ilçini ugradan badyna göç edipdi.

---

[1] Kanun — Siriýa-Wizantiýa kalendarynda iki sany aýyň ady. Bu at gadymy Babyl (Wawilon) bilen baglanyşyklydyr. Bu at Palmir ýazgylarynda hem ýylyň aýlarynyň biri hökmünde ýatlanylýar. Soňra siriýalylaryň iki aýynyň adyna öwrülipdir. Bu aýlar Siriýa kalendarynyň üçünji we dördünji aýy bolup, olaryň birinjisi Sanjar we Bitaraplyk aýlaryna, ikinjisi bolsa, Bitaraplyk we Türkmenbaşy aýlaryna gabat gelýär.

Hezreti Sahypkyran çäksiz hüşgärliginden, aň-parasatyndan ýaňa onuň ilçini ugradan badyna göç edip, şol ýurda penalanjakdygyny, dostlukly habarlardyr sözler bilen özüni gapyl etjek bolýandygyny hem-de üznüksiz göç etjekdigini aňdy. Onsoň ilçiniň gelip ýeten güni göç edip, soltan Abu Sagyt Mürzä tarap ýola düşdi hem-de Soltany Bany diýen ýerde düşledi. Subutnamalara, delillere we çaklamalara laýyklykda üstünligiň we ýeňşiň onuňkydygy aýan boldy.

Subutnamalaryň biri şudy: Myrat begi ilçilige iberen döwründe Myrat beg soltan Abu Sagydyň ahwal ýüzünden onuň Töwrizi eýelemek niýetindedigini hem-de bu niýetinden dönmek we gaýtmak pikiriniň ýokdugyny açyk görüpdi. Onsoň ýagdaýy Sahypkyrana mälim edipdi. Şonda Sahypkyran söweşdir jeň çäresi babatda ýarag-esbaplary taýýarlamaga we çäresini tapmaga meşgul bolupdy. Bir gün düýş gördi, düýşünde örän mahabatly we diýseň daýaw göwreli bir kişi oňa ýüz öwrüp, ýöräp ugrady. Ýakyn gelende, onuň aýagy howa göterildi we başy ýere degdi. Ondan geçiniň eýlenen, gyzyl derisi şekilinde bir baş peýda boldy. Daň atandan soň, bu ýagdaýy Gurhanda pal atmak bilen berkitmek isläp, şu niýet bilen Gurhany kerimi açdy. Şonda «Olary astyn-üstün edip goýberdik»[1] diýen ýagşy tymsally aýat çykdy we öýüniň gapysyny açdy. Hudaýa ýakynlaşanlaryň täji Baba Abdyrahmanyň: «Eýran we Turan seniňkidir» diýeni görnen ýaly boldy.

Soltanly menzilinde ilçi gelip ýetdi. Şeýle-de bu menzilde şazada soltan Halyl hem Töwrizden dolanyp, mübärek orda goşuldy. Ordalarynda ilçilerdir namalar dowamly we yzygiderli gatnady. Pitneleriň özeni günbe-günden ersip, mähnetleriň gubary pursatsaýyn üýşýärdi. Bu bozuklygy düzetmekde kalby nurly akyl çäresiniň piri edil süýt emýän çaga we kör goja döndi.

---

[1] Gurhanyň 11-nji (Hut) süresiniň 82-nji aýaty.

Pelegiň kazysy bolan hem-de zamananyň ýagşy-ýamanyny ýazýan Utaryt bu wakada iki duşmany hernäçe ýaraşyga çagyrsa-da, olar razy bolmaýardylar. Soltan Abu Sagyt Mürze wagtyň şaýatlygy we aýyň delilligi bilen mülki küýsemäge, Sahypkyran bolsa Osmanyň hökümine, Hudawy takdyryň täsirine razy boldy. Ýogsa Zöhre sazdyr heň bilen, çeňdir çagananyň owazy bilen olary ol jeňden bezime we jeňi terk etmäge çagyrýardy. Myrryh gahar peýkamy we temmi gylyjy bilen olary bu çapawullykdan saklaýardy. Güneş her daňdan şöhle gylyjyny syryp, zulmat leşgeriniň gandöküşliginiň yzyndan, başyny gözýetimiň jübüsinden çykarýardy.

Sahypkyranyň baýdagy köpçüligiň depesinde ýaranlara we medetkärlere tarap ýeňiş we üstünlik alamatyny parladýardy. Aý döwletleriň özgeriş palasyny depesine çekip, Hytaý ýolundan çagataý soltanynyň ýasyna yşarat edýärdi hem-de Baýyndyrdyr Oguzyň we Baýsunkaryň ruhlaryna hoş habarlar berýärdi.

Sahypkyran ilçi gelenden we onuň habaryny diňläninden soň, goşun kazysy bolan Kazy Alaeddin Alyny Nygmatylla bilen gelen, soltanyň Aly atly şol ilçisi bilen bilelikde soltana tarap ilçi edip iberdi. Sahypkyran käbir iberen namalarynda: «Her bir patyşa bir welaýata ýöriş etse we musulmanlaryň bir toparynyň üstüne leşger çekse, onuň bu ýörişinde berk delili we subutnamasy bolmaly. Kesgin delilsiz, kesgir gylyjy syrmak jahany eýelemeklik we hökümdarlyk kanunyna tersdir hem-de dinperwerlige we adalata zyýan ýetirýändir. Ýagdaý şeýle, bizden soltana ýagşylykdan we ýardamdan başga zat ýeten däldir. Yrak we Pars bu döwletiň rehimsiz gylyjynyň syrylmagy we haýbatynyň täsiri netijesinde onuň üçin azat edildi» diýip ýazypdy.

Soltan bu habaryň jogabynda: «Bu ýörişde delil we subutnama şudur: Töwriz biziň atamyzyň gorhanasydyr. Şu birnäçe

ýyllykda ol nebere (nesilşalyk) bu neberä boýun we tabyn bolandyrlar. Indi hem tabyn we boýun bolmaklyk ata-babalaryň däp-dessurlaryna görä bolmalydyr. Meniň pikirim şeýle netijä gelýär: Ol Töwrizden tamasyny üzüp, Diýarbekre dolansyn. Onuň deregine Kum we Şam eýelenenden soň, oňa welaýatlar bagyş ederin» diýip ýazypdy.

Sahypkyran Kazy Alyny soltanyň ordasyna rowana edende, bu habaryň jogabyny şeýle ýazyp iberipdi: «Tä şu wagta çenli bizden dostluk ýörelgesinden ýöremekden gaýry hiç bir zat ýüze çykmady Beýik emir Teýmir Körekenliden (goý, ýatan ýeri ýagty bolsun!) biziň neberämiz hakynda ýüze çykan mähribanlyklarydyr mähremlikleriniň barabarynda tarapdarlykdyr döwletdarlykdan näme zat karar edilen bolsa, biz tarapdan berjaý edilendir. Şonuň bilen birlikde-de şu wagtlar hem yzygiderli we hemişe mürewwet düzgüninden we ýörelgesinden näme zat bar bolsa baryny berjaý edendiris. Indi ýagşylygyň ýerine ýamanlyk isleýän bolsa hem-de hukugynyň kabul meýdançasyna ýetmeýän bolsa, hernäme bolsa, özünden bilsinler. Biz öň dessesi siziň eliňizde bolan we duşmana garşy syrylýan bir gylyçdyk. Indi onuň dessesini duşmanyň eline berdiňiz we ony özüňize urýaňyz.

### *Goşgy*

Ýardam berip, durup ähdi-peýmanda,
Köp tagalla etdik, galdyk armanda.

Daş ýaly berk bolar söýgi riştesi,
Dostluk onuň akar suwly çeşmesi.

Riştäniň ujuny saklamak gerek,
Çeşmäniň başyny dykmazlyk gerek.

Dostluk bolar edil bir pasly bahar,
Ondan dag-u dere bolar lälezar.

Duşmanlyk hem bolar edil pasly gyş,
Onda bad-u baran ýyldyrym, ýagyş.

Ilki baharyňy tut sen ganymat,
Gül-gunça bürener dag-dere, bar zat.

Başdan çykar men-menligiň ýelini,
Ýele berme asudalyk gülüni.

Kän täçliler, tagtlylar-u bagtlylar
Jeset tagtasyna goşun[1] dakdylar.

Heläk deňzine özlerin atdylar,
Bu üýşmek topragy hem terk etdiler.

Indi işiň netijesidir karary uruşdyr jeň boljak bolsa, men Garabagda saňa garaşaryn. Söweşe taýyn bolmaklary hem-de durmazdan söweş meýdanyna ýüz öwürmekleri gerek».

Şeýle diýensoň, şu üç-dört beýdi türkmen dilinde düzdi.[2]

Soňra ýene-de şeýle dowam etdi: «Siziň mirasdüşer mülküňizi Jahanşa Mürze eýeläpdi. Eger Ýezdden birje harwar[3] ýük ýüklemek islänlerinde, Ýezdiň darugalaryna on gezek arz etmeýänçäler (ýüki ýüklemäge) rugsat alyp bilmeýärdiler. Şeýlede siziň ilçiňiziň üstüne çadyr dikmekleri miýesser bolmaýardy. Siziň onuň bilen jeň etmäge düýbünden mejalyňyz ýokdy.

[1] Tabyda goş-golamyny ýüklediler manysynda.
[2] Asyl nusgada boş ýer goýlupdyr.
[3] Harwar — bir eşek ýüki, takmynan 200-300 kg.

Züljelalyň towpyky bilen siziň döwlet ýyldyzyňyzy şol webaldan gutardyk. Siz Yrak ülkeleriniň bir bölegini bize bermelidiňiz. Häzir Töwrizi — mirasdüşer ýurduňyzy gylyjyň zarby bilen eliňizden alan patyşanyň elinden gaňryp aldym welin, sen ony mekir, hile, aldaw, ýalan kasamlar we süýji dil bilen menden almak isleýärsiň. Bu aňrybaş naýynsaplykdyr. Biziň we siziň hekaýatyňyz edil Abu Müslim bilen Mansur Dowanykynyň hekaýaty ýalydyr. Abu Müslim Apbasly neberesiniň goldamagynda Merwan neberesini agdardy. Mülki Apbaslylar üçin arassalady. Ahyrynda-da ol Abu Müslimiň kastyna çykdy. Megerem, biziň hakymyz siziň gaşyňyzda zaýa bolan hem bolsa, Allatagalanyň gaşynda zaýa däldir».

Sahypkyran ilçini şu habarlar bilen yzyna ugratdy. Ikiýüzlülik lybasyna bürenip duran duşmançylyk äşgär boldy. Akgoýunly garawullar çapawulçylyklar edip başladylar. Ilki emir Hüseýin hajy gitdi. Ol çagataýlylardan birnäçe kişini ýesir etdi. Birnäçesini öldürdi, birnäçesini diri getirdi. Ondan soň şazada Ugurly Muhammet gitdi we talaňçylyk etdi. Bulardan ýüz öwren Çäkirliniň bir topary onuň talaň we ýesirlik eline giriftar boldular.

Üç aýyň dowamynda goşunyň batyrlary soltanyň araba berkitmesiniň we hendeginiň töwereklerine çozuş edip durdular; ýesir tutýardylar we talaýardylar. Belent owazdyr gaty seda bilen çagataýlylara sögünç dilini uzadýardylar. Berkitmäniň içindäki halaýykdan hiç kimiň çykmaga we söweş etmäge gaýraty ýokdy.

Şu wagtyň dowamynda çagataý leşgerinden emirzadalardan we atly kişilerden adamlar üznüksiz gaçýardylar we Sahypkyranyň ordasyna goşulýardylar. Olar: «Soltan Abu Sagyt Mürze bäri geçmegine puşman edýär we haýran bolup galdy» diýip, habar getirdiler. Soltan Abu Sagyt Mürze çäksiz puşmandan we howsaladan ýaňa özüni dostluk mekanyna çekýärdi. Çäre ýoly

ýapylyp, haýranlyk eli açylandan soň her zaman bir serişdäniň eteginden ýapyşyp, özüni bu heläkçilikden halas etmek ýa-da Sahypkyrandan üstün bolmak isleýärdi. Onsoň ol ilçi iberip: «Bu ýerden yzymyza dolanýarys. Eger aramyzda ýaraşyk berjaý edilse gowy bolar» diýip, habar berdi.

Sahypkyran Rüstem Myhmandary şol ilçä hemra edip ugratdy. Ol bolsa, Rüstemi tutup, göç edip, gyssanmaçlyk bilen Mehri derýasyndan geçip, Gyzyl Agaja gitdi. Bu göç edişlikden onuň maksady şudy: Ol ýer howp-hatardan boş ýer däldi. Ol ýerde söweş edip bilmejekdi. Ol ilçi ibermek bilen Sahypkyrany şoňa meşgul we arkaýyn edip özi göç edipdi.

Şol aralykda Horasandan «Birtopar kişi we köp baýlyk bilen soltan Abu Sagyt Mürzäniň jüpbehanasy gelip, soltanyň ordasyna ýakynlaşdy» diýip, habar getirdiler. Sahypkyran emir Omar begi ugradyp, oňa: «Olary jüpbehanasy we baýlygy bilen ýoldan sowuň we mübärek orda getiriň» diýip tabşyrdy. Emir Omar beg ýyrtyjy şir, böwsüji pil, ýakyjy ýyldyrym, tutaşdyryjy ot kimin bolan üç ýüz ýigidi özi bilen hemra edip äkitdi hem-de jüpbehanany ýanyndaky ähli kişileri we baýlyklary bilen bilelikde eline geçirip, ony mübärek orda getirdi.

Garagoýunly emirler ilkibaşdan oňa birleşipdiler. Ondan soň Hasan Aly oňa birleşdi. Bu barada öňräk mälim edilipdi.

Soltan Ferruh Ýesar Şirwanşa Şirwanynyň hem özüne ýardamçy we kömekçi bolmagyny, gallalar, azyklar we beýleki serişdeler bilen çagataýlylara kömek etmegini hem-de Akgoýunlylardan daşlaşyp, olardan ýüz öwürmegini, şeýdibem olaryň (Akgoýunlylaryň) perişan bolmagyna sebäp bolmagyny isleýärdi. Şonuň üçin ilçi iberip, Şirwanşadan gyzyny gelinlige diledi. Abdylgapbara hem-de garamanly emirlere gynly gylyç we halatlar bilen ilçi ugratdy hem-de olary özüne çagyrdy. Şol jähetden Abdylgapbar Şeki we garamanly emirler Sahypkyranyň mähremlik döwletinden mahrum galdylar.

Şol aralykda Akgoýunly batyrlar töwerekleri çapawullamak we pursatsaýyn çagataýlylary awlamak pikirine geldiler. Hüseýin Goja garawullyga gitdi. Ol mertlik we pälwanlyk görkezip, olardan birnäçe kişini öldürdi, birnäçe kişini ele salyp, orda dolandy. Ondan soň Alybeg gitdi. Ol hem doly üstünlik gazanyp, ellä golaý kişini gyryp, köp arabalary çagşatdy. Hydyr beg Tarhan hem gitdi. Ol hem köp kişini ýesir tutup, orda getirdi. Ondan soň şazada Muhammedi iberdi. Ol hem olardan köpüsini öldürdi. Ondan soň Şa Alybeg gitdi. Ol hem olardan ellä golaý kişini öldürip, köp arabalary çagşatdy. Ondan soň soltan Hemze we Ýusup beg ikisi gije çozuş edip, çadyrlary ýykdylar. Ondan soň Şamansur, Hüseýin Uweýs we Zunnun dagy gidip, mertlik görkezdiler.

Soltan Abu Sagyt Mürze bu batyrgaýlyklary görende, onuň aňňalmasy has-da artdy. Zor salyş gaýraty çat açdy we yza ýüz öwürdi. Ol bu ýerden göç edip, Mahmyt Abat we Şirwan sebitlerinde düşlemek isledi. Ýol ugurda Garasuw arygy bolup, goşunyň ondan geçmesi kyn bolansoň, onuň buýrugy bilen on müň harwar gamşy geçelgä okladylar. Emma heniz ýeterlik bolmady. Onsoň: «Her kimde artykmaç ýük we goş-golam bar bolsa, şol ýolda ýaňky gamşyň üstüne oklasyn» diýip, jar çekdiler. Kilim, keçe, kilimçe we beýleki goş-golamlardan näme zat bar bolsa, baryny okladylar. Goşun ol ýerden üç günde geçdi. Ol geçişde uly pitne peýda boldy. Geçenlerinden soň adamlarda uly şatlyk we begenç peýda boldy. Olar özlerini täzeden ömür tapan ýaly duýdular. Soltan şol arzuwlan ýerinde düşledi. Onuň bir tarapy Körsuw arygydy, beýleki tarapy bolsa deňizdi. Sahypkyranyň ordasy ýerleşýän beýleki bir tarapyny bolsa, hendekdir arabalar bilen mäkämledi.

Çäksiz gorkudan ýaňa hendekden daşary gadam goýup bilmeýärdiler. Onsoň ordanyň arasynda guýular gazdylar. Körsuw

bilen aralykda otluk ýer bardy. Ony ulaglar üçin gaýym eýelediler. Şol aralykda Sahypkyran şazada soltan Halyly, Şa Aly beg Baýramyny, Şyh Hasan beg Purnagy, öz doganoglany Aly Mürzäni, Ybraýymşa begi, Myrat beg ibn Jahangir Mürzäni we Aly hany üç müň sany batyr we gaýduwsyz ýigit bilen gijeki çozuş üçin soltanyň ordasyna ugratdy.

***Goşgy***

Olar şir awçysy, gaplaň deý arly,
Mäkämlikde mermer daşy deý bary.

Bary peýkam ýaly atylýar öňe,
Jeň güni duşmana bermezler önem.

Olar arap atlaryna gonanda,
Bolýar gül dalyna güller gonan deý.

Şazadadan galman, salýarlar saýa,
Görenler olary akar suw saýar.

Ol gijelikde soltanyň ordasynyň içinden örän köp kişini öldürdiler. Berkitmäniň we hendegiň daşynda atdyr düýeden we gatyrdan näme tapsalar baryny oljalap äkitdiler. Olaryň ordasyna uly gowga düşdi. Bular merdana söweşler edip, yzlaryna dolandylar. Birden soltan Abu Sagyt Mürzäniň ýüregi ýerinden gopup, aýagyndan ysgyn-kuwwat gitdi. Onuň ordasyndan her kim gaçyp bilse togtamady, ýa Şirwana gaçdy, ýa-da Sahypkyranyň ordasynda penalandy.

Bu görnüşde birnäçe gün geçip, soltanyň ordasyndakylar her kim Şirwana gaçansoň ýollar açykdy. Şirwandan orda üznüksiz

gallalar gelip, aralarynda aluw-satuw giňeldi. Sahypkyrana: «Soltan Abu Sagyt Mürzäniň ordasynyň bir parsahlygynda bir geçelge bar. Ol ýerde şirwanly söwdagärler aluw-satuwda we söwda meşguldyrlar» diýip, habar gelip ýetdi.

Ol Osman beg ibn Jahangir Mürzäni Hemze Bektaş we ýüz atly bilen ugratdy. Olar çagataýlylardan köpüsini gyrdylar, taladylar. Soltanyň ordasy ýakyn hem-de Osman begiň leşgeri az bolansoň, ordadan bularyň üstüne ylgar iberildi. Osman begiň ýanynda bolan Hurus Bahadyr atly bir şahs gödek we samsyklaç jeň edenligi sebäpli çagataýlylaryň eline ýesir düşdi. Osman beg uýanyny çekip, jeň edýärdi hem-de yza çekilip, özüni duşmanyň arasyndan alyp çykýardy. Duşman «ähtimal bir buky bardyr» diýip, batyrgaýlyk görkezip hem-de Osman begiň yzyndan gidip bilmeýärdiler. Ahyrynda ýaňky ýesir düşen kişiden sorag edip, hiç hili bukynyň ýokdugy mälim bolansoň, Osman begiň üstüne batyrgaý topuldylar. Osman beg ýanyndaky ýigitler bilen çagataýlylara garşy merdana jeňler etdiler. Söweşe-söweşe özüni söweş meýdanyndan alyp çykdylar.

Tä şu wagta çenli çagataýlylar bilen muwapyk bolan hem-de aralarynda birleşik sözi bar bolan şirwanlylar bu batyrgaýlyklardan ybrat aldylar we soltan Abu Sagyt Mürzeden umyt üzdüler. Onsoň olar Abdylhalyk atly bir kişini ylalaşyk gapysyny kakmak we birleşik ulgamyny döretmek üçin soltanlyk dergähine we adalat tagtynyň etegine ugratdylar. Çagataýlylardan çetleşip, galla we beýleki zatlary satmagy bes etdiler. Sahypkyran tarapyndan Jahanşa Mürzäniň hemdemlerinden bolan emir Abdylhak dostluk we enaýat habaryny aýan etmek üçin emir Ferruh Ýesar Şirwanşanyň ýanyna gitdi. Ony mähribanlyk ýörelgeleri bilen umydygär etdi. Şol aralykda ýene-de Baba Abdyrahmany düýşünde gördi. Ondan ýeňiş söýünjisi bilen umydygär boldy.

Soltan Abu Sagyt Mürze ýene-de howsala düşüp, yza dolanyş ýoly bilen bir göç edip, yza süýşdi. Bu habar Sahypkyrana gelip ýetende, ol emir beg Omary, Baýyndyr begi, Muhammet begi, Beşarat begi, emir Arslan Zülkadyry, Mansur Owşary, Myrat begi, Ýusup beg ibn Jahanşa begi, Abu Sagyt Ynagy we Musa beg Araby müň kişi bilen iberdi hem-de olara daşdan özlerini çagataýlylara görkezmeklerini we olary gorkuzmaklaryny tabşyrdy.

Sahypkyran şeýdip olary (duşmanlary) birnäçe gün saklamak isleýärdi hem-de olaryň saklanyp duran wagtynda özüniň öň hatarky goşunyna birleşmegi, olar bilen birleşip, duşmanyň üstüne çozmagy niýet edinýärdi. Emirler şu pikire laýyklykda permana boýun bolup, özlerini olaryň üstüne urýardylar we olary gyrýardylar. Daş-töwerekden uly geçelgeler ýasaýardylar.

Sahypkyran Taňra töwekgellik edip, kynçylyksyz atlanyp, Araz suwundan geçdi. Ýanynda alty kişiden artyk adam ýokdy. Onuň kötel (ýan) atyny pyýada çekýärdiler. Mahmyt Abat sebitlerinde düşledi. Atlanan wagtynda onuň atlanandygy barada sagda-çepde hiç kime habar düşmändi. Göýä bu atlanyşykda ol ygtyýarsyz bolup, gaýypdan gelen yşaratyň hökümine laýyklykda atlanan ýalydy. Bu menzilde ýeňiji esgerleriň az sanly bölegi gelip ýetdi. Şeýle-de bu ýerde salyhlardan bir kişi düýş gördi. Düýşünde Baba Bährem Çelebi boýny kelte we aýagy gyzyl bir düýä münüp: «Duşman şudur. Bar, men ony ýere pylçaryn» diýip, yşarat edip ol düýäni tutdy hem-de ýere pylçap urdy.

Daňdan gündogar türki (gün) ar gylyjyny gynyndan sogrup, ýel aýak we şemal hereketli dor atyna münüp, beýiklik halkasyndan düzlük giňişliginiň meýdançasyna ýüz öwrende hem-de Hebeşiň we garalygyň başaşak ýykylan döwletiniň gara

ulusyny, ýagny Şam[1] garaňkylygynyň haýbatyny we zulmat leşgerini agdar-düňder edende, Sahypkyran meýdan sökýän, duşman tutýan we şir deý söweşýän tohum dor atyna mündi.

Ýeňiş öňünden çapýar, ykbal uýandaşydyr,
Hak towpygy hemrasy, ýeňiş jylawdaşydyr.

Ol özi bilen dört ýüz atlyny hemra edindi. Yshak Agany, Möwlana Şyh Ahmedi we Şa Aly Purnagy bolsa ýurt tutmak üçin öňden iberdi. Ýolda: «Çagataý leşgeri ýeňiş gazandy. Olar emir Omar begi ýeňipdirler. Goşun gaçypdyr» diýip, habar ýetirdiler.

[1] Bu ýerde söz oýnadylýar. Şam — 1. Ýurt ady; 2. Agşam.

## EMIR MEZIDIŇ JEŇ ETMEGINIŇ WE ONUŇ ELE DÜŞMEGINIŇ BEÝANY

Emir Omar begden çagataýlylara örän uly zyýan ýetipdi. Olar onuň batyrgaýlyklaryndan we gaýduwsyzlyklaryndan ýaňa jana gelipdiler. Onsoň barlap görüp, onuň ýanynda azajyk adamyň bardygyny bilensoňlar, gowga turzup, birden hendekden daşary çykyp olaryň üstüne döküldiler. Çagataý emirlerinden emir Seýit Mezit, Muhammetýar Tuwajy, Hüseýin Diwana, emir Şirhajy, Şyh Bählul, garagoýunly emirlerden Aly Şüküriň öwlatlary we beýleki emirler emir Omar begi düýbi-teýkary bilen sogrup, ýok etmek niýeti bilen häzirlenip we tertiplenip daşa çykdylar. Emir Omar begiň leşgeri Sahypkyranyň geleninden bihabardylar. Şeýle-de olar «çagataý leşgerinden hem az sanlysy daşa çykandyr» diýip, pikir etdiler. Iki topar biri-birine ýakynlaşdy we gazaply söweş başlandy. Çagataýlylar köp bolup, akgoýunlylar az sanly bolansoň, olar üstün çykdylar. Akgoýunlylar uýan çekip, söweşe-söweşe gaçmaga ýüz urdular. Birnäçesine peýkam degip, atdan agdaryldylar we heläk boldular. Galanlary heläkçilik meýdanynda galdylar. Duşman leşgeri hem ýok bolansoň, emir Omar begi şol ýeňlen ýerinde atdan agdardylar. Jahanşa Mürzäniň ogluna...[1]

---

[1] Asyl nusgada boş ýer goýlupdyr.

## ÇAGATAÝLYLARYŇ ÝEŇILMEGINIŇ WE SOLTAN ABU SAGYT MÜRZÄNIŇ ÝESIR DÜŞMEGINIŇ BEÝANY

Bu wagt Sahypkyran bilen söweş gidýän ýeriň aralygy bir parsahdy. Möwlana Şyh Ahmet emir Omar begiň iberen kişisi Ylýas Hasan Perraş bilen bilelikde: «Häzirjek, çagataý leşgeri emir Omar begi ýeňip, ýetip gelýärler» diýip, habar getirdi.

Bu habary eşidenden, Sahypkyranda ornaşara mekan, rahatlanara mejal galmady. Onsoň hut özi atyň üstüne jul oklap, atlanmazyndan öň batyrlardan bir toparyny ýeňlen leşgere kömek bermäge iberdi. Olary öň hatary edip, sag we çep ganaty mümkin boldugyndan häzirledi.

Şeýle ýagdaýda çagataý leşgeri «Sahypkyran gelip ýetdi» diýen habary eşidenlerinden birden gaçdylar. Seýit Mezidi Şyh Aly Möhürdaryň ogluny ýesir tutdy. Emir Hüseýin Diwanany Aly Arap tutdy. Olar topar-topar duşmanyň elini arkasyna baglap, jahan penakäriniň dergähine getirdiler. Bu habar soltan Abu Sagyt Mürzäniň gulaklaryna ýetende bitakat bolup, serhet melikleriniň ulularyndan we Seýit Kowameddin Mazanderanynyň perzentlerinden bolan Gyýaseddin Mazanderanyny, Seýit Mezidi halas etmek lybasy bilen ýaraşyk haýyşy bilen Sahypkyranyň tagtynyň etegine ugratdy. Hem-de: «Sahypkyranyň islegi näme bolsa, şondan çykylmaz» diýip, habar iberdi.

Seýit Gyýaseddin ýola düşdi. Ol heniz dolanmanka, soltan çäksiz howsaladan we tolgunmadan ýaňa öz ejesini hem ugratdy. Ol seýitleriň ulusy hem-de Ymam Aly ibn Musa Ryzanyň (goý, oňa salamlar bolsun!) mukaddes Maşadyň[1] öňbaşçylaryndan bolan Seýit Abdylhy we Seýit Ybraýym Bakus Gumyny

[1] Maşat — şehit bolan ýeri. Häzirki Maşat şäheri hem Ymam Ryzanyň şehit bolan ýeri bolany üçin şol ady göterýär.

ejesi bilen hemra edip, ýaraşyk we Seýit Mezidi halas etmek çakylygy bilen ugratdy. Soltanyň ejesi seýitler bilen gelip ýetip, ýaňky sözleri arz edenlerinde, Sahypkyran:

— Soltan Abu Sagyt Mürzeden ýüze çykan şu mürewwetsizliklere garamazdan, eger özi ýanymyza gelse, onuň näme maksady bar bolsa, bary hasyl bolar — diýdi.

Şonda soltanyň ejesi:

— Onuň gelmegine uly ötünç-günä bar. Araňyza örän galyň perde düşdi — diýip, birnäçe ötünçler aýtdy.

Patyşa Sahypkyran:

— Eger Şamahmyt Mürzäni iberse, jogap isleýşi ýaly bolar — diýdi.

Daň atdy. Soltanyň ejesi yzyna dolandy. Ordanyň duran meýdançasy kyýamat gününiň meýdançasy ýaly zenzelededi we howsaladady. Ähli halaýygyň ýürekleri gan möwjündedi, gözleri göýä Araz we Jeýhun ýalydy, aýaklary çäksiz gandan ýaňa çadyryň myhy deýin ýere çümüpdi. Ne söweş edere ýeri, ne-de gaçara jaýy bardy.

Soltan hemişe mejlisde: «Zemin giňişligi azajyk ýerdir. Bu öýe bir kethuda kişi ýeterlikdir» diýýärdi. Yrak, Horasan, Mawerannahr we tä Hind we Hytaý sebitlerine çenli bolan giňişlik, onuň nazaryna edil türkileriň gözi ýaly dar görünýärdi. Häzir ol şol ýerde gizlenip biler ýaly bir deşik tapsa razydy. Ol aýallaryndan birnäçesini gijelikde ugradyp, özi garaşyp durka, ejesi ýetip geldi. Onda-da şypaly jogap ýokdy. Soltan gaçmaga ýüz urdy. Onuň buýrugy bilen nagara çaldylar. Ol perzentlerine garaşyp bir pursat saklandy. Soltan Muhammedi Mürze bilen Şahruh Mürze öz öýlerinden çykyp, oňa birleşdiler.

Şamahmyt Mürze öz öýünden çykyp, uly emirleriň bir topary bilen Soltanyýa we Reý ýoluna tarap ýüz goýdy. Soltan hem ordadan çykyp, gyssanmaçlyk bilen ugrady.

Sahypkyran hazynany zabt etmek üçin bir topar kişini goýberdi. Soltanlygyň şahsy öýlerini ýörite penagähine çekdi. Soňra: «Ordany talamakdan, gan dökmekden we namysa degmekden saklanmaly» diýip, hököm berdi.

Leşgerleriň eline sansyz we soňsuz baýlyklar, nygmatlar, pullar we parçalar düşdi. Ondan soň Sahypkyranyň hut özi orda nazar salmak üçin bir gyradan ýetip geldi. Öýlere nazar saldy. Ýaňky nagaraçylara buýruk berdi. Olar çagataýlylaryň nagaradyr surnaýlaryny çaldylar. Olar tebiliň owazy we kernaýyň sedasy bilen Myrryhyň gulak köşgüni deşik-deşik, pelegiň gulagyny bolsa gykylykdyr ýaňdan doldurdylar. Juwanbagt şazadalar soltan Halyl Mürze, Zeýnel Mürze we Şa Aly Baýramy dagy soltanyň yzyndan ylgar etdiler. Sahypkyran öz menziline dolandy. Soltan Abu Sagyt Mürzäniň aýallarynyň birnäçesi goragly we saklawly ýagdaýda galdy.

Birnäçe sagatdan soň, soltan Abu Sagyt Mürzäni yzyna gaýtaryp, mübärek orda getirdiler. Mübärek mejlis (ýagny soltan) ýakynlaşanda, Sahypkyran onuň şan-şöhratyna tagzym üçin, ony garşylap, çadyrdan daşary çykdy. Soltan bilen gujaklaşyp görüşdi. Çadyra girenlerinden soň, onuň bilen oturmakda mynasyp kiçigöwünlilik (pespällik) bildirmedi. Emir Şa Alyny ondan ýokarda oturtdylar. Soltan:

— Meniň jaýym bu däl — diýdi.

Sahypkyran:

— Eger seniň özüň gelen bolsadyň, seniň jaýyň ýokarda bolardy. Seni getirdiler, şonuň üçin seniň jaýyň şol ýerde — diýip, jogap berdi.

Soltan:

— Biziň we siziň öýüňiziň (neberäňiziň) arasyndaky dostluk ýüz ýyllykdyr, duşmançylyk bolsa üç aýlykdyr. Köne dostlugyň hakyny azajyk duşmançylyk bilen zaýa etmeli däldir — diýdi.

Sahypkyran aýtdy:

— Dostluk Şahruh Mürzäniň neberesiniň we biziň neberämiziň arasynda bolupdy. Biziň siziň bilen hiç bir dostlugymyz bolmady. Häzir Şahruh Mürzäniň neberesinden Ýadygär Muhammet Mürze biziň ýanymyzdadyr. Onuň beýik atasynyň hukuk sarpasy zaýa bolanok. Ol sarpalaryny we derejelerini saklap galdy. Oňa degişli ünsler we merhemetler ýerine ýetiriler. Sahypkyran bu sözden soň çölde galyp, iki küýze suw tapan doganlaryň tymsalyny orta atdy. Soňra ýene-de adalat islän bir aýalyň hekaýatyny aýdyp berdi:

— Bir aýal soltan Mahmydyň ýoluna çykyp, onuň leşgerlerinden şikaýat edipdir. Soltan Mahmyt:

— Häzir Ruma barýaryn. Dolanyp gelenimden soň, seniň işiň üçin Gura bararyn — diýipdir.

Şikaýat edýän aýal:

— Bu ülkeleriň baryny golastyňa geçirip, näme etdiň? Rumy hem eýeläp näme ederin öýdýäň? — diýip, jogap beripdir.

Hawa, seniň hekaýatyň hem hut şol hekaýata meňzeýär. Jahanşa Mürzäniň zamanynda Ýezdden bir harwar nary hem onuň möhri bolmazdan alyp gidip bilmediler. Muňa garamazdan, bu ülkeleri seniň üçin azat etdik. Emma gylyç zarby bilen eýelän Töwrizi bize bermediň, gaýtam: «Rum we Şamy alaýyň, onsoň saňa welaýatlar bereris» diýdiň. Rum bilen Şamy hem aldyňda, soň näme?

Ondan soň soltan aýtdy:

— Eger, meniň bilen ýagşy gatnaşyk etseň, ýagşylygyň zaýa bolmaz. Mende köp perzentler bardyr. Ählisi Mawerannahr we Horasan sebitlerinde patyşadyrlar. Olaryň köp ýurtlary we sansyz leşgerleri bardyr.

Sahypkyran aýtdy:

— Meniň olardan çekiner ýaly, senden nähili gorkym bardy?

Söhbet uzaga çekenden soň Sahypkyran yşarat etdi, onsoň ony daşary çykardylar hem-de bir öýde düşürdiler. Ony birnäçe

günläp gorap sakladylar. Ahyrynda öldürmeklik karar edildi. Sahypkyran soltan Abu Sagyt Mürzäni, bagtyýar hakan, hezreti Şahruh Mürzäniň aýaly bolan Göwherşat Begimi öldürendigi sebäpli ondan kasas-ar almaklygy Ýadygär Muhammede tabşyrdy. Gözegçiler ony atlandyryp, Ýadygär Muhammediň öýüniň işigine eltdiler. Ýadygäriň nökerleri ony öldürdiler.

Dogrusyny Alla ýagşy bilýär.

# ABU SAGYT MÜRZÄNIŇ HELÄK BOLANDAN SOŇ TÖWRIZIŇ, YRAGYŇ WE ÇAGATAÝ LEŞGERLERINIŇ AHWALYNYŇ BEÝANY BARADAKY BÖLÜM

## ÇAGATAÝLARYŇ AHWALYNYŇ BEÝANY

Gallanyň gymmatlandygy, azyklaryň we iýmitleriň gytalandygy we mallaryň ölendigi sebäpli uýanlar we jylawlar Töwriz we Yrak diýaryna tarap buruldy. Gulan awlaýan atlylar açlygyndan we keýik ýörişli pyýadalar ysgynsyzlyk we zatsyzlyk duzagyna düşdüler. Sahypkyranyň älem bezeýji pikiri ol sebitlerde birnäçe gün ornaşmaga karar edinip düşledi hem-de ýeňlen we goşunyň horlananlary üçin her gün köp sanly tagamlar berdi. Çagataýly emirlerden we ýesirlerden her kim öz watanyna gaýtjak bolsa, olary öz mertebelerine laýyklykda ulaglar, azyk we lybaslar bilen ezizledi. Özüniň tabynlygynyň we hyzmatynyň halkasyna düzülmek isleýän kişilere dereje berip, olara düýe hatarlaryny, çadyr, saýawan, harjylyk we ulaglar berip, derejelerine we mertebelerine laýyklykda sylaglady hem-de ählisini Şazada Baýsunkaryň tabynlygyna berdi. Horasan welaýatyny we Mawerannahryň beýleki ülkelerini onuň belent adyna degişli etdi. Ýardam we goldawlar bilen ol ülkeleri basyp almakda mähremlik bargähinden patyşalara laýyk wadalary berip, olary umydygär etdi. Älemi boýun ediji perman çykaryp şeýle diýdi: «Gaçanlaryň ahwallaryna zyýan ýetirmeli däldirler. Jahanşanyň esgerleri bilen edilen ýörelgäni çagataýlylar bilen hem saklamalydyrlar. Goý, olar hatyrjemlik bilen öz watanlaryna we ülkelerine dolansynlar».

Sahypkyran soltan Abu Sagyt Mürzäniň ejesine göwünlik berip, oňa soltanyň jesedini islän her bir ýerine äkitmäge rugsat berip, oňa harjylykdyr ulag bagyş etdi. Ol hatyn perzendiniň

jesedini ulaga ýükläp, Gyzylagaç sebitlerinden daşary çykardy. Garakçylar gelip ony taladylar. Ol perzendiniň jesedini çölde taşlap gaçdy. Ondan soň ýene-de mübärek perman berlip, soltanyň jesedini Horasana äkider ýaly emir Abdylkerim Sadry zynjyrdyr gandaldan boşatdylar. Oňa gerek zatlaryny berip, ýola rowana eýledi. Emir Seýit Medit Arguny goraglap, tagty rowan, düýe hatary, gowy atlar, engamlar we merhemetler bilen mülküň beýleki emirlerinden we ulularyndan tapawutlandyrdy. Merhum soltanyň döwlet sütünleri bolan emir Muhammetýary, emir Abdylwahhaby we emir Abdyrahym Sadry zynjyrlarda we gandallarda saklady. Tutuş başdan-aýak bet ahlakdan gurşalan Abdyrahym Sadr dogany Abdylwahhap bilen zynjyrdyr gandalyň astynda iki aýlap göçme-göç ýöredi. Ahyrynda onuň işi ölüme höküm edilmek bilen tamamlandy. Derisini soýmak barada mübärek perman berildi. Onuň dogany Abdylwahhap bendileriň hatarynda dört aýlap menzilme menzil pyýada ýöredi. Ahyrynda bagtyň penakäri, yslam ülkeleriniň saýlantgysy, milletiň gaýmagy Kerman welaýatynyň beýik asylly (asylzada) seýitleriniň biri bolan, dini we dünýewi ylymlarda ussat we köňli dana bolan Seýit Nyzameddin Abdylgapbaryň haýyşy bilen zynjyrdan halas boldy hem-de ähli maşgalalary bilen Horasana ugrady.

Merhum soltanyň perzentlerinde Astrabadyň häkimi bolan soltan Mahmyt Mürzä bolsa emir Seýitmyrat we onuň dogany Seýitmuhammet ýaly atasynyň beýik emirleriniň bir topary birleşdi. Atasynyň ordasyndan bulaşyklyk wagty gaçyp, Soltanyýa ýolundan talaňçylyk edip, Horasana ýüzlendiler. Gazwin welaýatyna ýetenlerinde, Seýitmyradyň dogany we Gazwiniň darugasy bolan Seýithasan Horasan serdarlarynyň birtopary bilen gelip, soltanyň ordasyna ýüzlendiler. Horasanyň başbozarlaryndan we talaňçylaryndan düzülen iki müňe golaý atly we pyýada ýörişiň gapdalynda gitmek üçin Gazwinde ýöriş şaýyna

meşgul boldular. Bu ýagdaý ýüze çykan badyna, Gazwindäki hazynalardan nagt puldur parçalardan ýükläp, olara birleşdiler. Jüpbehanany, gorhanany, galalary, basyp alyş serişdelerini, uly-uly gazanlary, at ýataklary, gatyrlary, düýe hatarlaryny, ulaglary Samarkandyň welaýatlaryndan Gazwine getirilen arabalary Gazwinde goýdular.

Olar gidenden iki gün soň, Seýit Karkyýa Soltanmuhammet Lahyjyny emirlerinden we Mazanderanyň emirzadalaryndan bolan emir Mazanderan Kyrkyýa Soltanmuhammet Lahyjynyň buýrugyna laýyklykda üç ýüz at we iki ýüz pyýada bilen Gazwini goramaga gitdi hem-de çagataýlylaryň baýlyklaryny agtarmaga we jemlemäge meşgul boldy. Mal we diwan hukuklary (salgytlary) gerekli şertler ýerine ýetirilmezinden öň ýygnaldy. Başaryp bilenini ýygnap, soltan üçin Gilana ugratdy. Äkitmäge ýaramsyz bolan her bir zady Gazwinde satdy. Arabalaryň hemmesini satdy. Atdyr-gatyrlardan ybarat bolan haýwanlara bolsa çagataýlylaryň goş-golamlaryny ýagny, çadyrlary, saýawanlary we uruş-ýarag esbaplaryny ýüklediler. Birnäçe günden soň bolsa Karkyýa soltanyň emri bilen emir Mazanderan we goşunyň serkerdelerinden bolan Kyýanmur dagy Şemgi Iran galasyna we Tarum welaýatyna tarap ugradylar.

Musa Gaznalynyň ogly Seýitazut Karkyýa tarapyndan emir Mazanderanyň ýerine Gazwiniň darugalygyna bellendi. Ol Gazwine ýeten badyna, zulum elini uzadyp, her kese bir bahana bilen günäler ýöňkedi. Hoja Abdyreşidi we Hoja Muhammet Şany dört ýüz tümen üçin salgytçynyň eline berip, Lemser galasyna ugratdy. Olaryň baýlyklaryny galama geçirdi. Hoja Kutbeddin Kabyzdan on tümen aldy. Muhammedi Mürzäniň weziri we şäheriň ulularyndan bolan Şasüleýman Deýlemi Seýit Azutdan gorkusyna şäherden çykyp, Sahypkyranyň suprasyny ogşamak üçin ugrady. Ol Jahanşaly waka ýüze çykansoň, öňbaşçylyk we şäheri goramaklyk işinde Yspyhanyň ululary bilen

şäriklik edindi. Soltan Abu Sagyt Mürzäniň döwründe Gazwiniň raýatlarynyň wekili we diwan işleriniň öňbaşçysy bolupdy.

Şäher tä Jahan penakäri Sahypkyranyň dergähinden Yrak ülkeleri we şäherleri üçin darugalara bellenip, Gazwine ýetmegine ýakynlan döwrüne çenli Gilanlylaryň elinde boldy.

## EMIR ÝUSUP MÜRZÄNIŇ WE HASAN ALYNYŇ HEMEDANA TARAP GITMEGINIŇ HEM-DE ŞAHÜSEÝIN LURUŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Soltan Abu Sagyt öldürilen döwürlerinde Aly Şükür begiň ogly Pir Aly Abu Ýusup Mürzäni häkimlige göterip, Hemedana ugratdy. Muhammet beg Akgoýunly bilen Hasan Alynyň ogly Soltanaly olara birleşdiler. Ýigrimi günden soň, Soltanalyny öldürdiler. Hemedan sebitlerine ýetenlerinde: «Kiçi Luruň häkimi Şahüseýin Hemedany çapawullap, Dürt şäherinden baharly ulusynyň üstüne dökülip, olary talapdyrlar» diýen habar geldi. Şol sebäpli ýeňiş nyşanly esgerler olaryň üstüne ylgar edip, gapyllykda olaryň üstüne döküldiler hem-de Şahüseýini ýaranlaryndan bäş ýüz kişi Hemedandan Jürdbadakana ugradylar. Gyrgynçylyga, talaňçylyga we welaýaty haraplamaga girişdiler. Mahmyt beg Akgoýunlyny Naýyny, Erdestany, Abarkuhy we Ýezdi çapawullamaga ugratdy we ol ýerden göçme-göç Şiraza rowan boldy.

Merhum soltanyň wakasy agza-dile düşüpdi. Sahypkyranyň adalatlylyk we jahanperwerlik wesýeti bolsa gulaklara dolupdy. Yspyhanyň ilaty arkaýynlaşypdyrlar we hatyrjem bolupdylar. Olar emir Abu Ýusubyň we onuň ýaranlarynyň gorkuzmalaryndan hiç bir alada etmeýärdiler we Ýakuby synlaýardylar.

## YSPYHANA WE BEÝLEKI ŞÄHERLERE DARUGALARYŇ BELLENIŞINIŇ BEÝANY

Soltan Abu Sagydyň wakasyndan soň, Taňrynyň gahar uçguny soltan Abu Sagyt Mürzäniň patyşalyk täji-tagtyny ýakypýandyrdy. Sahypkyranlyk sahawatynyň mähir ýükli buludy Taňrynyň mähir ýükli deňzinden çykdy. Onuň ordasynyň nan üçin tohum deý topraga ýykylan aç esgerlerini önüp-ösdürme bilen umydygär etdi. Adalat güneşi terbiýet şöhlesini hemmeleriň üstüne saçdy.

### *Goşgy*

Ýokdur gapyňdan başga bize gaçybatalga,
Teşnä Fyrat ýalydyr, gapyň her mätäç kalba.

Keremiň Nuh gämisi tupanda galanlara,
Baýdagyň ýol görkezer munda azaşanlara.

Birnäçesi mejburlyk bilen, bir topary öz ygtyýary bilen bu orda giriftar bolan Horasanyň, Yragyň we beýleki etraplaryň ululary we han-begleri esbaplary gidenden soň, sylag-sarpalary gidip, howsala we haýranlyk daryşganlygynda gyrgynçylykdyr talaňçylyga duçar bolandan soň, ýüzlerini älem penäkäriniň dergähine öwürdiler. Olar suruň çalynmagy bilen gabyrlardan ýalaňaç we çyplaň çykýan hem-de resullyk gupbasynyň şepagatyndan gaýry hiç bir gaçybatalga we penakärlik görmeýän kyýamat günündäki bendeler deýin haýsy gapa ýüz ursalar-da, onuň älem penakärlik dergähinden başga hiç bir açyk gapyny tapmaýardylar. Onsoň bu gussa çölünde azaşanlar hem-de gorky we howsala jülgesinde gark bolanlar «Ol hiç bölünip gitmeýän

pugta halkany tutandyr»[1] diýilýän hezreti Sahypkyranyň gaýgyruwsyz, nepis we berk synyndan ýapyşdylar.

***Goşgy***

Seniň uzan elleriň Günüň waspyn ýatlatdy,
Ol dünýäde zulmaty, şübheleri ýok etdi.

Tupanda galanlara Keremiň Nuhuň gämisidir.
Azaşanlara baýdagyň halaslyk daňydyr.

Seniň eliň gün deýin tyg urup,
Ýer ýüzünde zulmaty, şübheleri ýok etdi.

Ol hezret ula-kiçä tarap engam gapylaryny açyp, her taýpa we topara mundan öň beýan edilişi ýaly, zerur zatlaryny berip üns nazary bilen sylaglaýardy hem-de ýaşaýan welaýatyna iberýärdi. Diwan hukuklarynyň we salgytlarynyň işlerini hasaba almak boýunça eminler belledi. Yraga tanymal, hormatly adamlardan häkimleri we iş dolandyryjylary mübärek ordadan saýlap, gol astyndakylar we welaýatlaryň beýleki ýaşaýjylary bilen nähili gatnaşyk etmelidigi barada nesihatlar berip ugratdy.

Yspyhanyň ululary, ýagny Seýitleriň ulusy, öňbaşylaryň keremlisi bolan emir Seýit Zeýnelabedin beglerbegi, Şa Fahreddin Hädi hem-de uly jenapalaryň birnäçesi bilen Ýakup Aga atly darugany hemra etdi. Kumuň, Kaşanyň Natanzyň we Erdestanyň kazylary we beýleki welaýatlaryň ululary bilen goşup şu usulda häkimler iberdi. Jahanşanyň uly emirlerinden we ynaklaryndan bolan, raýatperwerlik, kämillik, ýagşy gylyk-hä-

---

[1] Gurhanyň 2-nji (Bakara) süresiniň 256-njy aýaty.

siýetlilik we tebigy sahawatlylyk ýörelgelerinde özgelerden tapawutly bolan emir Zahyreddin Ybraýymşany ybadat öýi bolan, Ýezdiň häkimine belledi. Hasan Çelebini Gazwine Zeýnelabedin Begtarymy Taruma, Ýaralyny Soltanyýa, Darabeg Börini hem-de Muhammedi Mürzäniň emirlerinden bolan Jahangiri Sawä belledi. Şeýle-de Muhammedi Mürzäniň ýakynlaryndan bolan hem-de Sahypkyrana hyzmat we bendelik etmekde egindeşlerinden tapawutly bolan Sagadatýar begi Kaşana, Hajy Aly Gapyçyny Erdistana, hem-de Hemedan we oňa degişli ýerler atasynyň miras goýan ýeri bolan Şamuhammet beg Pirhajy beg Gäwurudy Hemedana, Hoja Ymadeddin Mahmyt Haýdaryň ogly Hoja Nyzameddin emir Alyny bolsa Malyýat hökümetine belledi.

Şu soňky kişiniň atasy Yragyň ulularyndady we soltan Muhammet Baýsunkaryň şäriksiz weziridi. Şonuň ýaly-da Ýezdiň ulularyndan hem-de Şähriýar Münşi Gazwininiň dogany bolan Hoja Zyýaeddin Muhammedi hem olar bilen hemra etdi. Jahany tabyn ediji permanlar we gerekli görkezmeler bolan hoş meýilli namalar bilen Yragyň ilatyny doly adalatlylyk we kämil bilimdarlyk bilen umydygär etdi.

Bu ähli häkimler, eminler, ulular, hormatlylar, seýitler we ulamalar Halhal, Tarum we Gazwin ýolundan Yraga ugradylar. Taruma ýakyn ýetenlerinde Tarumda galany gabamaga we onuň töwereklerini talamaga meşgul bolan Karkyýa soltan Muhammet Gilanynyň leşgerleri gaçdylar hem-de Gilanyň şagallary ýaly ürkdüler. Gazwindäki Karkyýa tarapyndan häkimlige gelen bir topar kişi hem emirler Tarumdan geçip, Gazwine ýakyn gelenlerinde, tizden Kahpaýa hem-de Kahpaýa bilen Rudbaryň aralygynda ýerleşýän daglara gaçdylar. Olar uzakdan «ýene-de näme hadysa goparka?!» diýip, bu meýdança nazar salýardylar. Bular möjek deýin ýetip geldiler, lukma toplaýardylar. Bular Gazwinde düşlänlerinde emir Ybraýymşa Lemser galasynda

tussaglykda duran Gazwiniň eýelerini halas etmek üçin Karkyýa tarap habar iberdi. Yzygiderli habarlar arkaly olary halas edip, Gazwine getirdi. Hasan Çelebi darugalyk kürsüsinde oturdy. Emirler we häkimler agzybirlik bilen Yraga ugradylar. Emir Ýusup Yraga ýetipdi. Olar emri berjaý edýärdiler we ýuwaş-ýuwaşdan barýardylar. Heniz her kim öz barmaly ýerine we mekanyna ýetmänkä ýeňiji döwletiň duşmanlaryndan ýakymsyz habar Soltanyýa gelip ýetdi we beýleki welaýatlara ýaýrady. Ol habaryň mazmuny şeýledi:

Garagoýunly we çagataýly emirleriň bir topary emir Baýezit Bistamynyň perzentleri bilen birleşip, zamananyň apatlaryndan aman bolmuş mübärek orda çozupdyrlar. Jahanşa Mürzäniň heniz kämillik ýaşyna ýetmedik ogly Ferruhzady patyşalyga göteripdirler.

Bu ýalan habar gelip ýeten badyna Soltanyýanyň hojazadalaryndan bolan Muhammet Alaýy, ol sebitlerde gyşlaýan beýleki garagoýunly emirzadalar we perişan ruzgärli bir topar kişi bu habara ynanyp, topalaň we gozgalaň meýdanyna gadam urdular. Muhammet Alaýy Gazwiniň ilatyna nama iberdi hem-de bu manysyz habary gabahat agyzlara we bozuk ýollara ýaýratdy. Özüniň Şaweli atly doganyny Kürdüstana — Hasan Aly Jahanşa begiň ýanyna ugratdy hem-de bu ýagdaýy oňa arz etdi. Ony Soltanyýa we Gazwine çagyrdy. Hasan Aly Mürze däliligine we rahatlygynyň ýoklugyna garamazdan, bu habary tassyklamady we onuň çagyryşyna aldanmady.

Gazwin we Reý Gilan bilen Rüstemdaryň ýakynlarynyň hem-de Firuzkuhdyr Hawaryň emirleriniň şumlugyndan agdar-düňder boldy. Darugalaryň haýbatyndan Kahpaýa dagyna giden Seýit Azut bu habary eşidende oýlanmazdan leşger çekip, Gazwiniň etegine geldi. Derwezäniň daşynda sap çekip, darugany şäherden çykarmak isledi. Daruga Hasan Çelebi oňa hiç hili üns bermän, özüniň mäkäm we berkarar aýagyny jaýyndan

gozgamady, hat-da öýünden hem çykmady. Şäher ilatyndan hem ýardamdyr kömek soramady. Uruş esbaplaryna we ýaraglaryna el uzatmady.

Seýit Azut onuň mäkämligini we batyrgaýlygyny görende garşylaşmakdan boýun gaçyryp, ol derwezeden Rustakyl Katan derwezesine ugrady. Sebäbi ol mähelläniň pagta satyjylary onuň garyndaşlarydy hem-de seýitleriň mähellesi ady bilen meşhurdy. Ol özüniň ýakynlarynyň biriniň öýüne geldi. Goşunlaryny öýi goramak üçin saklady. Surnaýyň owazy we nagaranyň sedasy bilen şähere gulgula oklady. Onuň bu hereketinden Hasan Çelebiniň gaýrat damary tarsyldap, gazap ody lowlady. Nökerlerinden birtopar kişi bilen atlanyp, seýitleriň mähellesiniň başyna gelip, seýitleriň nökerleriniň üstüne haýbat atyjy habarlar ugratdy hem-de käýinje we sögünje dil açdy. Howp salma we gorkuzma bilen ony şäherden çykaryp, öz öýüne dolandy.

Seýit ol agşam Destjürt atly ýarym parsahlyk ýerde düşledi. Ol: «ýene-de şähere dolanyp barmak üçin habar geler hem-de onuň dogrulygy äşgär bolar» diýip, tama edýärdi. Daň atandan ol ýalan habar Muhammet Alaýy we ol ýeriň gyşlagçylary tarapyndan yzygiderli gelip başlady. Olar daruga (Hasan Çelebi) habarlaryň yzygiderli gelip durmagy we ony aýdýanlaryň kömegi sebäpli gorka düşüp, baýlyklaryny we degişli zatlaryny jemleşdirmäge hem-de gaçyş ýoluny häzirlemäge meşgul boldy.

Heniz Gün ýokary galmanka Seýit Azut ýene-de dumanlardan bir dumanjyk ýa-da garaňkylyklardan bir garaňkyjyk ýaly bolup, şäheriň gözýetimine ýetip geldi. Onuň geçen ýolundan bir gubarjyk köňül gözlüleriň köňlüne ornaşdy. Daruga gaçmak üçin pullary we goş-golamlary ýel aýak düýelere ýükledi. Onuň birnäçe nökeri bardy, olaryň sany gaty azdy. Ol nökerlerini düýeler bilen bilelikde özüniň öňüne salyp, gyssanmaçlyk bilen barýardy.

Seýit Azut onuň gaçanyndan habar tapanda, öz leşgeri hem-de zerurlyk hökümine we ýagdaýyň maslahatyna laýyklykda onuň bilen bolmagy mynasyp hasaplan şäher halkyndan bir topar bilen talamak we tutmak üçin daruganyň yzyndan haýdadylar. Olar Hasan Çelebini-de hut şol ýarym parsahlyk ýerde tapdylar.

Hasan öz yzynda olary göreninden nökerlerine düýeleri sürmegi we goramagy ündedi hem-de özi tenha olaryň üstüne at saldy. Olary tary-mar edip, batyrlyk görkezdi. Hasan yzyna öwrülende, Seýit ýene-de perişan topary biri-birine jemläp, ýene-de hüjüm etdi. Hasan ýene-de nökerlerini düýeler bilen öňe ugradyp, garşylyklaýyn hüjüm etdi.

Meňzäp şire hemem ýyrtyjy börä,
Ürkek goýun dek darady ol sürä.

Ol her hüjüminde birnäçe kişini ýaralaýardy. Haýsy tarapa ýüz öwürse, onuň öňünden gaçýardylar. Hasan özüniň naýzasyny oýnadanda olaryň gözüniň öňünde onuň her kirpigi bir naýza bolup görünýärdi. Haçanda gylyjyny gynyndan çykaranda onuň gylyjynyň lowurdysy olaryň gözüne ganhor Gulzum bolup görünýärdi hem-de olaryň sabyr-takat gämisini para-para edýärdi. Her haýsy bir atyň üstünde deňizde gark bolup, bir ygtybarsyz tagta bölegine münen hem-de uýanyny ýeliň eline berip, nirä düşjegini bilmeýän kişiler ýaly çar ýana urunýardylar.

Seýit Azut Gazwiniň mäjum satyjylarynyň terezisiniň dili ýaly, bagtyýarlyk çyzygyndan düşüp, isleg sahypasyndan öçürilen ýaly haýran we sergezdan bolup, käte günortadan käte demirgazykdan çozýardy. Gözleri syçan kürümi deýin nursuz bolup, möý deýin keç hereketli we bereketsiz bir ata münüp, isleg hyýalynyň tersine, şäher galasynyň daşynda aýlanýardy. Ters niýeti maksat öýjügine ýol tapmaýardy.

Hernäme-de bolsa, gün günorta bolanda ol şähere girdi we ýene-de düýnki düşlän öýüne gelip düşledi. Şol bagtsyz pursadynda hem betbagt täleýinden: «Jahanşa begiň döwründe Gazwiniň häkimi (ol şäher onuň mülküdi) bolan Rüstem Tarhanyň ogly Suhrap beg uly emirlerden bolup, tugdur tebiliň eýesi bolan kakasynyň dogany Läle Saparşanyň doganoglany Şaguly bilen birleşip, hut şol habar esasynda alty parsahlykda bolan gyşlagdan çykyp, şähere geljekmişler hem-de gilanlylardan ar almak we olaryň eline düşen lukmalary sogrup almak isleýärmişler» diýen habar gelip ýetdi.

Seýit Azut heniz Hasanyň söweşinden boşamanka, başga bir aladanyň içine düşdi. Özüniň soltanynyň emri bolmazdan hem-de bu iş barada döwlet ululiaryna we emirlerine geňeşmezden eden hereketi üçin garaňky zulmata düşen ýaly boldy. Karkyýa tarapyndan hem gorkuda galdy we ol gije heläk bolmaga razy boldy. Käte kesel emiri onuň el-aýagyny baglaýardy. Käte-käte tebigatyň häkimi azatlyk gapylaryny açýardy. Ahyry uky ýataklarynda aman-esen ýatanlar «namaz ukudan haýyrlydyr» sedasy bilen gaflat ukusyndan oýandylar. Arzuw was-wasynyň eýelerini zynjyrdyr gandal bilen bir-birden baglap, çeke-çeke amal meýdanyna getirýärdiler.

Emirzadalaryň gyşlaglarynyň sebitlerinden şähere ýük getirýän her bir kişi: «Emirzadalar türkmenlerden, kürtlerden we Lurdan bäş ýüze golaý atlyny we pyýadany jem edip, şäheriň hökümetine we gan dökmäge göz dikip, ýetip gelýärler» diýip habar getirýärdiler. Tutuş şäher halky daňdan edil günüň şöhlesi deýin, gapydyr üçekleriniň üstüne çykdylar. Ähli si haýran we perişandylar hem-de: «Eýsem bu çaň-tozandan neneňsi pitne, bu atly we pyýadadan, neneňsi oýun ýüze çykar» diýip, salyhlaryň, takwalaryň, dindarlaryň, alymlaryň, pakyrlaryň, misginleriň, şäherlileriň we obalylaryň kalplary Gilanyň howasy deýin

perişan boldy. Gözler Gulzum derýasy deýin ganly möwçden tolkun atyp ugrady.

Birden, Syýadahan tarapdan goşun garasy görnüp ýakynlaşdy. Şäheriň içinden Seýit Azut tebildir kernaý çaldyryp öňe çykdy. Atlary oýnadyp, daşary çykaryp, bu künçden ol künje, ol çüňkden bu künje çekip ugrady. Düýn bir atly bilen söweşip, tar-mar bolan hem bolsa, bu gün özüni bäş ýüz atlynyň we pyýadanyň garşysynda mäkäm gördi. Emirzadalar şäher derwezeleriniň biri bolan Epher derwezesiniň agzyna geldiler. Azut şäheriň içinden ol tarapa ugrady. Emirzadalar uýanyny burup, Gilan derýasy tarapy açyk bolan seýitler mähellesi derwezesine geldiler hem-de olaryň ýoluny tutmak we olary edil jeňňel haýwanlary ýaly türkmen, kürt we lur ýyrtyjylarynyň penjesine giriftar etmek islediler.

Seýit Azut hem hut şol tarapa ýüz öwürdi we bir topar kişini kömek soramak üçin Şyh Nureddin Abdyrahmanyň ýanyna iberdi. Seýit Azut derwezäniň etegine ýetende şyhyň ýanyndan alymlardan we salyhlardan iki kişi bulara goşuldy. Ýaraşyk mümkin däl bolup görünýärdi. Şyh hem öýünden çykyp, olara garşy ugrady. Şyh gelip ýeten badyna uruş ody lowlap ýanypdy. Gilan leşgeri gury gamyş deýin tutaşyp, otuza golaý adam öldürildi. Birtopary hem ýaralandy. Emma bir topary atdan düşüp, aýallar deýin öýlerinde gizlendiler. Seýit Azut bir atly bilen ilkinji zarbada heniz pitne özenleri gaýnap çogmanka bu aralykdan gaçdy we hiç ýerde uýan çekmän, dag etegine gelip ýetdi.

### *Goşgy*

Bir görgüli ýol şaýyny tutupdyr,
Lybasyny öz sygryna atypdyr.

Soň sygryny idip, ondan göçüpdir,
Öňünden ýap çykyp, aňry geçipdir.

Sygry kem galmandyr. Inseler derä,
Bir kölçe barmyşyn, giňmişin örän.

Sygyr batyp-çomup, örän arypdyr,
Palany hem bir gapdala agypdyr.

Garyp mahrum bolup öz lybasyndan,
Diýipdir: «Aýlansam seň yhlasyňdan.

Täp-tämiz bolupsyň, gözleriň aýdyň,
Arman meni goşsuz, eşiksiz goýduň!»

Talykanyň häkimi we goşunyň serkerdelerinden biri bolan Kyýaý Namwer ýesir düşdi. Ogly bolsa ýaradar boldy. Ikinji gün Gazwinde ogly hem hut şol ýaradan wepat boldy. Ýigrimä golaý kişi ýesirlikde galdy hem-de şyhyň haýyşy bilen ölümden halas boldular.

Emirzadalar şäherde mesgen tutdular. Gilanlylaryň we çagataýlylaryň galan zatlaryny eýelemäge meşgul boldular. Şol wagtda: «Karkyýa soltan: «Tutuş Gilandan we Rüstemdardan pilli-paltaly leşger çyksyn, Gazwini harap etsinler, gyrgynçylykdan ýesir tutmadan, talaňçylykdan we erbetlikden näme zat mümkin bolsa, baryny berjaý etsinler» diýip jar çekdiripdir» diýen habar ýaýrady. Ýalan hem bolsa, bu habardan tutuş halk janlaryndan el üzüp, ellerini asmana göterdiler.

Bu ýagdaý Oraza aýynyň ahyrynda ýüze çykypdy. Baýram güni daňdan hiç kimde şatlyga, nahar we tagam iýmeklige, nyzama çykmaklyga we baýramçylyk wezipelerini berjaý etmekli-

ge ysgyn galmandy. Şyh we salyhlardan bir topary juma metjidine geldiler. Namaz okap, doga we mynajata meşgul boldular. Hutbaçy münbere çykyp hutba başlady.

Metjitdäkiler edil dar astynda rahatlyga garaşýan günäkärler deýin, galagoply ýürekleri bilen hutba okap durkalar: «Kutbeddin Kabyzyň nökeri mübärek aradan geldi hem-de mübärek şanyň saglygynyň we salamatlygynyň (hemişe Allatagalanyň gorag saýasynda bolsun!) buşlugy bilen göwünlik beriji we galkyndyryjy namalary belent diwandan Gazwiniň ýaşaýjylaryna getirdi» diýip habar ýaýratdy. Halkyň üstünde «aşura»[1] güni deýin pitne we gowgadan doly bolup görünýän baýramçylyk, matam ýaslygyndan toýa öwrüldi. Ahwallar üýtgediji kalplary we gözleri özgerdiji takdyr bilen özgerdi.

Hutbaçy münberden düşende ýaňky kişi gelip, Oraza aýynyň ýigrimisine çykan jahany boýun ediji hökümleri halka ýetirip, okap berdi. Halk doga-dilegler etdiler. Ol kişi: «Şa tarapyndan bu şäheriň darugasy bolan Mansur beg we älemdäkileriň şazadasy soltan Halyl Bahadyr (goý, uzak ýyllar tanymal doganlary bilen bilelikde älemi eýeleýji baýdaklaryň goýy saýasynda belentlik, haýbatlylyk, kuwwatlylyk we kämillik kürsüsinde baky otursyn!) bilen hemra bolup geldim. Daruga Tarumdan geçdi. Ertir daňdan şäherde düşlär. Gaçan daruga onuň bilen dolanar» diýdi. Olar bilen bile gelýän Soltanyýanyň darugalygyna bellenen Şyhybeg atly kişi Tarumdan Zenjan tarapyna gitdi.

Ruh bagyşlaýjy bahar şemaly deýin bu habar gelip ýeten badyna şäher gulgula düşüp, jennet deýin açyldy. Ajala ýakynlaşan halk çüýrän bedeninde täze jan tapdy. Ol ýalan habaryň, ýagny Gilan leşger çekmesiniň howpundan ýaňa gorkan halk bu hoş

[1] Aşyr aýynyň ony. Şol gün ymam Hüseýin Kerbela sährasynda öldürilýär.

habara begendiler. Ertesi daruga iki aýy geçirip gelen Gurban baýramy deýin ýetip geldi[1].

### *Goşgy*

Bu ne baýram! Bu ne baýram! Merhaba!
Bir mübärek aýdan gelen deý habar.

Şyhy beg Zenjan ýolundan Soltanyýa tarap ugrady. Soltanyýadan Muhammet Alaýy çar tarapdan üç ýüze golaý atlyny we pyýadany jemläp, garşy durmak we dep etmek ýörelgesi bilen ony garşylamaga ugrady hem-de ýaňky darugany şäheriň töweregine goýbermedi. Hökmürowanlyk ýörelgesinde berk durdy. Ahyry ol habaryň dogrulygy şöhleli gün deýin aman-esenlik saýasyny ähli musulmanlaryň üstüne ýaýdy.

Hasan Aly Mürzäniň ýanyna çakylyga giden Muhammet Alaýynyň dogany ýas habaryny iberdi. Hasan Aly daglykdan Hemedana ýüz öwrüpdi. Şahajy begiň ogly Jahangir Hemedan galasyndadydy. Ol galany goramaga meşgul bolupdy. Ol Muhammet Alaýydan habarly bolansoň, hem-de öz ýalňyşyny aňansoň gaçmaga ýüz goýdy. Ondan bölünenlerden Abu Sagyt atly bir şyh onuň yzyndan gidip, ony tutup şähere getirdi. Muhammet Alaýynyň tussag eden emiri Aly atly öňki daruga ondan ähli ýarag-esbaplary yzyna alyp, tussaglykdan çykdy we Muhammedi ar alyş meýdançasyna çekip, gandaldyr zynjyra baglady.

Ikinji daruga hem şähere geldi we agzybirlik bilen Muhammet Alaýynyň nökerlerinden alty kişiniň derisini soýdy. Muhammet Alaýyny azapdyr gynama saldy. Topalaň eden döwründe ýygnan baýlyklaryny onuň elinden aldylar, soňra bolsa onuň

[1] Orazadan iki aýdan soň Gurban baýramy gelýär. Musulmanlar oňa uly höwes bilen garaşýarlar. Bu ýerde-de Daruganyň gelimi edil Gurban baýramynyň gelşi ýaly halky begendirdi diýen manyda gelýär.

derisini ýüzdüler. Onuň derisiniň ýüzülen güni bu bende, belent tagtdan çykarylan älem eýeleýji hüküme laýyklykda Soltanyýa gelip, beýik çadyryň guralan ýeri bolan Erdebil sebitlerine ugrady. Dogrusyny Alla ýagşy biler.

## HASAN ALYNYŇ HEMEDANA UGRAMAGYNYŇ WE ONUŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Öňden beýan edilişi ýaly soltan Abu Sagyt Mürze Miýana gelip, Hasan Aly belentlik öwjünden we kuwwatlylyk depesinden harlyk we horluk topragyna ýykylyp, Töwriz tagty şazada soltan Halyl Mürzäniň we Sahypkyranyň, döwlet ýaranlarynyň eline geçende, Hasan Aly Mürze kömek diläp, soltan Abu Sagyt Mürzäniň soltanlyk dergähine ýüz öwürdi. Sahypkyranyň agasy (kakasynyň dogany) Mahmyt beg merhum patyşa Jahanşa Mürzäniň emirlerinden, emirzadalaryndan we ynaklaryndan uly topar bilen Hasan Alynyň gelmezinden öň we geleninden soň ol dergähde jemlenipdi. Soltan «Sahypkyranyň garşysynda ar almaga gadam urarys» diýip, olaryň geljekdigine ynandyryp gaýtdy. Mülküň maslahaty üçin Mahmyt begi Diýarbekr sebitlerinde emir belläp ugratdy.

Töwriz şäheri merhum soltanyň küşt tagtasy deýin bulam-bujar bolany üçin, Hasan Aly Mürzede yza gaýtmaga ýüz galmady.

«Şa aradan aýrylandan soň, perzi näme edip biler».

Hasan Aly soltanyň heläk bolandygy baradaky habary eşidende, ornaşmaga mejaly galman, başaryp bilen zadyny göterip, Kürdüstan daglaryna we Hemedana ýüz öwürdi. Abu Ýusup Mürze hem şu ýörelgäni ulandy. Emma biri-birinden gaça durýardylar. Hasan Aly Kahystany käbir ýerleri bilen özüne berkitdi. Töweregine alty müň kişi jemlendi we ýuwaş-ýuwaşdan kuwwatlandy.

Abu Ýusup Mürze hem Aly Aly Şükür we Muhammedi Mürzäniň öwlatlary uly topar bilen bilelikde Hemedana we Yspyhana tarap ugrady. Onuň ol sebitlerde durmaga mejaly bolmansoň hem-de Hasan Alydan gaça durýanlygy üçin Hemedandan geçdi. Hemedany we ol welaýatyň galalaryny basyp almak

islegi Hasan Alyny Hemedana getirdi. Şaweýs Hajypiri, dogany Şamuhammet we Jahangirşa Hajy Sahypkyranyň tagtynyň eteginden Yraga darugalar giden wagtynda Hemedana we oňa degişli ýerleri zabt etmäge gidipdiler. Olar Hemedan galasynda mäkäm penalandylar we Hasan Alyny dep etmäge meşgul boldular.

Älemdäkileriň şazadasy Muhammet beg Yraga ýöriş etmäge bellenenden soň, Ahmet beg Ahmetlini Yspyhanyň darugalygyna öňden ugratdy. Ahmet beg Dergezine ýetende Şaweýs oňa Hasan Alyny dep etmäge ýardam we goldaw berdi. Ahmet beg goldaw bilen Hemedana ugrady. Hemedanyň işigine ýetende, Şaweýs galadan daşary çykdy we Ahmet beg bilen Hasan Alynyň garşysyna söweşmäge geldi.

Gazaply söweşler ýüze çykdy. Hasan Alynyň sag we çep ganatlaryny syndyrdylar. Hasan Alynyň adamlaryndan köpüsini gyryp, talaňa meşgul boldular. Hasan Alynyň merkezi bölegi Şaweýsiň merkezi bölegine hüjüm etdi we ony syndyrdy. Talaňçylyk sebäpli adamlary pytraňňy bolany üçin yza gaçmaklyk ýüze çykdy. Şaweýsi öldürdiler. Jahangir gala girdi. Ahmet beg gaçmaga ýüz goýdy. Hasan Aly onuň yzyndan kowdy. Ol üç gezek yzyna dönüp, onuň bilen söweşe girdi. Ahyrynda ol şehitlik derejesinde ýetdi. Bu habar şazadanyň gulaklaryna ýetende, müň atly bilen ylgar edip Hasan Alynyň üstüne çozdy. Onuň beýany tizara beýan ediljekdir.

## SAHYPKYRANYŇ YRAGA GIDIŞINIŇ BEÝANY

Baýram aýynyň başlarynda bahar gelip «süýji we içmesi aňsat»[1] Zülal suwuny nesterin pyýalasynda we nesrin jamynda reýhanlaryň we gülleriň hoşboý badalaryny süzenlerinde, serwi çemenlerinde ýapraklaryn dolduranda, akar suwuň göwün awlaýjy derýalarynyň sazandalary saz düzüp, dessan düzüji bilbiller hoş owaz bilen hiňlenip:

Gözel ýarym gelipdir, bahar gelipdir ýetip,
Takwanyň lybasyn geý, meý doly jamy getir

diýip, aýdyma başlanda, hezreti Sahypkyran Mugan gyşlaglaryndan ýeňiş nyşanly baýdagyny parladyp, Erdebil, Töwriz we Yrak ýörişine azm edip daş çykdy. Ol şaha hem-de adalat bossanynyň täze nahaly, häkimlik gülüstanynyň gunçasy, öňbaşçylyk daragtynyň nahaly, adalatlylyk äleminiň daňy, patyşalyk saýawanynyň ýaýrawy bolan älemdäkileriň şazadasyna hat ýazyp, özüniň nökerlerinden on müň ýigit bilen hem-de Osman beg Jahangir, Aly han Jahangir, Ybraýym beg, Muzapbar beg, Seýidahmet beg, Şamansur Şasuwar, Suhrap Rüstem Türk Tarhan, Şyh Hasan Pürnek , Şyh Mahmyt Kutbuguly ýaly birnäçe emirler bilen ylgar ýörelgesinde Hasan Alynyň üstüne çozmaklaryna, onuň bozuklyk we zulum binýadyny jahandan ýok etmeklerine, ol ýerden Yspyhana gitmeklerine, ýarag-şaýlaryny tutup, emir Ýusuby we onuň ýaranlaryny dep edip, Pars meýdançasyny we onuň töwereklerini saplamaga girişmeklerine görkezme berdi. Älemdäkileriň şazadasy permana laýyklykda mübärek ordadan edil Arazdan bölünýän bir derýa deýin ýola rowana boldy. Jan bagyşlaýjy gadamlarynyň hormaty bilen tä

[1] Gurhanyň 35-nji (Fatyr) süresiniň 12-nji aýaty.

Miýana diýen ýere çenli bolan menzilleri we mähelleleri rehmet ýagyşy deýin şady-horram etdi.

Ykbal nagmasynyň owazy we beýiklik baýdaklarynyň geliş ýaňy günme-günden aman-esenligi özüne dartyp, rahatlyga sebäp bolýardy. Tutuş Yrak ülkesiniň ähli adamlaryna belki, ähli musulmanlara ynam berýärdi. Miýana diýen ýerde düşlände ol esasy ulusdan aýrylyp, ylgar etdi we üç agşamy ara salyp, müň atly bilen Hemedan şäheriniň derwezesine geldi. Hasan Aly şäheriň galasyny gabapdy. Şamuhammet beg, Jahangir beg we onuň doganoglany Şahajy beg oňa garşylyk görkezipdiler. Hüjüm edijileri dep etmek üçin galadan daşary çykan, meşhur pälwanlardan alty ýüze golaý ýigit şehitlik derejesine ýetip, galanyň ýaşaýjylarynyň jany lebine ýetip, dada ýetişiji perýadyny we «Ýa Rep, ýa Rep» nagrasyny manjanyk deýin asman galasyna ugradýardylar. Hasan Alynyň surnaýynyň owazy galanyň ulusynda kiçisinde ýigrenç döredipdi.

Şazada ganhor sähradaky teşneleriň lebine damýan ýagar bulut deýin bagtyýarlyk ganatyny we halaslyk saýasyny Hemedanyň dänesi kem, ýyly bihasyl teşneleriniň üstüne oklady hemde ol kalby ýananlary, ol şum pikirliniň gahar-zäheriniň howpundan özüniň hemaýat goltugyna çekdi. Şol bir pursatda ol betpäl şäheri tary-mar etdi, ot saçyjy gylyjyň lowurdysy bilen onuň leşgerini gamyş deýin ýakdy.

Hasan Aly halas bolmazlyk duzagyna we gaçyp bolmazlyk gazabyna giriftar boldy. Ol taply gylyç we dürli kemsitmedir harlyk bilen jan berdi. Galanyň matam tutujylarynyň perýatdyr pygany Perýada Ýetişijä baryp ýetdi. Betbagtçylyga uçranlar — teselli, ýaralylar — melhem we gam çekýänler — göwünlik tapdy. Geň ýeri bir aýyň dowamynda pitneçi we dinsiz iki şa ýeriň ýüzüňde «pesleriň pesine» dowzaha we tamuga[1] çümüp

[1] Tamug – dowzah.

gitdiler. Olaryň biri Şahüseýin Lurdy, beýlekisi bolsa Hasan Alydy.

Bu ýeňişde hem dirhemdir dinardan, sansyz jöwherlerden, mal-garalardan, ýaraglardan we ýük ulaglaryndan ybarat sansyz nygmat, duşmany öldürýän we dosty güldürýän yslam ýardamçylarynyň eline düşdi. Hezreti şazada asudalyk we hatyrjemlik bilen göç edip, mübärek ordasyna, goşuna birikdi. Şol ýurtda şazada Hemedana ylgar etmek we Yspyhan tarapyna ugramak permany berildi.

Patyşazada Ýadygär Muhammet soltan hem götergilenip, oňa baýdak we tebil berildi. Bu şazadanyň yzyndan ornaşan we oňa eýeren çagataýly emirleriň ählisine täzeden sylag-serpaý berdi. Derejelerine laýyklykda patyşalara mynasyp sylag-serpaýlardyr engamlar bilen başyny belende göterdi. Häkimlik baýdagyny dikmek üçin mirasdüşer ýurduna — Horasan tarapyna gitmäge emr berdi. Belent asylly patyşazada, beýik hakanlaryň ýadygäri we şalaryň tapdyrgysyz düri bolan patyşazada (uzak ýyllar soltanlyk penakäriniň rahatlyk we mähribanlyk saýasynda zamananyň apatyndan aman bolsun!) emirler Şyh Abulfazl Aleýke, Abylhasan Tarhan, emir Piruzşanyň nebereleri emir Şyh Hajy, Şyh Bählul, Pirmuhammet Pirzat, Pir Osman Hinduke, Jahangir Mürze Barlas, soltan Ahmet Çarşenbe, Hüseýin Horezmi, Afzal Barlas, Kerimdat we beýleki emirler bilen bagtyýar, patyşa Abu Sagyt Mürzedir Jahanşa Mürzäniň yzyndan, takmynan, iki müň atly we pyýada bolup, Soltanyýa, Gazwin we Reý ýolundan göçme-göç, menzilme-menzil ýola rowana boldy.

Welaýatyň häkimlik açary bolan Semnanda daruga goýdy. Damgana we Bistama hem darugalar iberdi. 874-nji[1] ýylyň Aşyr aýynyň ortalarynda päsgelçiliksiz we uruş-jedelsiz mülk öýi

---

[1] Milady ýyl hasaby bilen 1469-1470-nji ýyllara gabat gelýär.

Astrabada geldi. Ol ülkeleriň münberlerini Sahypkyranyň soltanlygynyň baky bolmagynyň dogalary we tanymal lakamlarynyň beýany bilen bezedi. Ýörgünli dirhemdir dinarlaryň zikgesini baky hezretiň ady bilen kakdylar. Alladat atly birini ýeňiş habary bilen halypalyk tagtynyň etegine iberdiler.

Yrak ýörüşinde Sahypkyranyň baýdaklarynyň Hemedan sebitlerine, şazadanyň bolsa Yspyhanyň ýaýlaglaryna ýeten wagtynda, Alladat gelip ýetdi we ýeňiş hatyny tanymal naýyplaryň gulaklaryna ýetirdi hem-de şazada Ýadygär Muhammet üçin iberilen patyşalara laýyk sowgat-serpaýlary tabşyryp, yzyna dolandy.

Şol aralykda älemdäkileriň hezreti şazadasy Muhammet beg hökümdarlyk şäherinde, adalatyň bellenen ýeri bolan Yspyhanda düşledi. Mübärek gadamlarynyň hormaty bilen ol memleketi belentlik we haýbatlylyk çadyrlary bilen çadyrgäh etdi. Ululary we hormatlylary gadyr we mertebelerine laýyklykda mynasyp sowgat-serpaýlar bilen sylaglanyp, ýyllarboýy gam-gussanyň ýüküniň astynda zulum-süteme duçar bolan ol welaýatyň ýaşaýjylaryny sahawatly häsiýeti we hemmä deň mähremligi bilen umydygär etdi. Yspyhanda ýeňiji esgerleri üpjünlemek üçin bir aýa golaý saklandy.

Diwanyndaky ýörite kişiler ol welaýatyň bermeli wajyp malyny, aýlyk-günlükleri, tölegleri tölemek we gerek-ýarak zatlary ýygnamak üçin kesgitläp goýdular. Raýatlardyr hojaýynlar mübärek gadamyň gelmeginden, onuň adalatynyň ýaýramagyndan, Sahypkyranyň günbe-günden ösýän döwletinden ýaňa aňrybaş begenip, bir ýylyň dowamynda bermeli zatlaryny kynçylyksyz bir gezekde berdiler. Şazada birnäçe günläp syrdaş, egindeş, heňdeş, degişmeçi, henekçi, dessançy, hoş hüýli, güler ýüzli oturdaşlary, hem-de kümüş bedenli, zer ýüzli sakylary, şirin sözli we hoş hereketli mahbuplary bilen Zenderudyň kenarynda aýşy-eşrete meşgul boldular.

### *Goşgy*

Bary serwi boýly, ýüzler Aý ýaly,
Güle meňzär, ellerinde pyýala.

Biri el ýetirdi çeňiň taryna,
Biri nagyş çekdi öý diwaryna.

Biri bolsa uduň[1] sazyna goşup,
Ajaýyp sözleri heňleňýär joşup.

Beýlekiler ony alyp göterdi,
Başdan aýladylar gussany, derdi.

Dogrusyny Alla ýagşy bilýändir.

---

[1] Ud — 1. Hoşboý ysly, tütedilýän bir ösümlik; 2. Kakylyp çalynýan kirişli saz guralynyň bir görnüşi.

# JAHANŞANYŇ HADYSASYNYŇ ÝÜZE ÇYKAN DÖWRÜNDEN BAŞLAP, TÄ IKINJI SÜLEÝMAN, ÄLEM ALYJY SAHYPKYRANYŇ ÝEŇŞINE ÇENLI BOLAN DÖWÜRDÄKI ŞIRAZYŇ AHWALYNYŇ BEÝANY

872-nji[1] ýylyň Baýram aýynyň başlarynda Jahanşa Mürze Töwrizden Diýarbekre tarap leşger çekip ugranda, Pir Pudak Mürzäniň uly emirlerinden bolan hem-de onuň tarapyndan köp ýyllap Bagdatda garaşsyz we özerkli häkim bolan emir Seýdaly-beg Bagdadyny götergiläpdi. 871-nji[2] ýylda Jahanşa Mürze Bagdady basyp alandan we öz ogly Pir Pudak Mürzäni öldürenden soň ony (emir Seýdini) sarpalap, öz ýany bile hemra edip Töwrize getiripdi hem-de hormatlap Şirazyň häkimligine belläpdi. Mülk-u malyň hem-de döwletiň açylyşdyr çözüliş uýanyny onuň parasatly eline we kuwwatly goluna tabşyrypdy.

Seýdaly Boş aýynyň başlarynda mülk öýüne gelip ýetip, hökümdarlyk wezipelerini berjaý etmekde we şähriýarlyk düzgünlerini ýerine ýetirmekde atly häkimleriň ýörelgesine hem-de yslam häkimleriniň ýagşy däplerine laýyklykda gadam urdy. Ol diýaryň ilatyny ýürekdeşlik we göwündeşlik bilen özüne berlenlik halkasyna çekýärdi hem-de soltanlygyň bozuk hyýaly bilen köňül baglarynda söýgi nahalyny ekýärdi. Bagtyýar patyşa Diýarbekr sebitlerine ýetende we günbe-günden onuňdyr Sahypkyranyň arasyndaky duşmançylyk özeni artyp, has hem mäkämleşende, ol isleg has hem güýçlenipdi. Ol «küşt meýdançasynyň» kenarynda tomaşaçy bolup: «Pelegiň dereje beriji oýunçysy bu kuwwatly iki şany biri-biriniň garşysynda bir çüňkde

---

[1] Milady ýyl hasaby bilen 1467-1468-nji ýyllsrs gabat gelýär.
[2] Milady ýyl hasaby bilen 1466-1467-nji ýyllara gabat gelýär.

goýanda, olaryň haýsy birini myrat atyndan düşürip, «şa mat» meýdançasynda pyýada goýarka?» diýip, garap durdy.

Ahyrynda-da öz myradyna ýetdi. Bagtyýar patyşanyň heläk bolandygy baradaky habar bilen ol özüniň eken nahalyny suwaryp başlady. Berim we peşgeş gapylaryny etrap eýelerine tarap açyp, orun sütünini mümkinçiligine laýyk belende göterdi. Patyşanyň ülkelerde we mülklerde galan goşunlarynyň ululary hem-de gelip çykyş taýyndan özlerini belentlige göteren onuň ýakynlary nökerlige geldiler we öz derejelerine laýyklykda aýlyk-günlüklere we sowgat-serpaýlara mynasyp boldular. Olar şanyň tabynlyk halkasynda göwünhoşlukda gün geçirýärdiler. Mäkämlik döwrüne göz, salamatlyk eýýamyna nazar salýardylar. Jahanşa Mürzäniň perzentlerinden namut bolupdylar we Abulkasym Mürzäniň işiniň binýadyny hem gowşak görýärdiler. Hasan Aly Mürzäniň hem arasy daşdy, galyberse-de, akyly kem we beýnisi nogsanly görünýärdi. Olar şonuň üçin ol tarapdan hem näumyt bolupdylar. Onsoň bialaç Seýdaly bilen oňşup, özleriniň köňüllerine teselli berýärdiler.

Ahyry soltan Abu Sagyt Mürze Yragy eýeçilik gysymyna aldy. Şiraz welaýatynyň ýagşylaryndan bolan, näçe ýyllardyr öz watanyndan uzaklara düşüp, Hyratda okuw we bilim bilen meşgullanan hem-de soltanlaryň hormatynyň beýikligi we gelip çykyşynyň hormatlylygy sebäpli sarpasyny tutýan kişisi bolan bilimdarlaryň gaýmagy Möwlana Muhammet Sahyp Keşfi Yraga ýöriş eden wagtynda Horasan sebitlerinden Şiraza tarap ilçi ugratdy hem-de Seýdalyny özüniň tabynlyk we boýun sunujylyk işigine çagyrdy. Patyşalara laýyk wadalar bilen oňa hoşamaýlyk etdi. Bilimdar Möwlana Şiraza gelip ýetende, oňa hormat we tagzym etmekden ötri ony garşylamaga höküm berlipdi. Şoňa laýyklykda ony goraga aldylar sarpaladylar.

Şirazyň hojaýynlaryndan biri bolan Hoja Kowameddin Muhammedi tabynlyk we ýüz tutmakdan gyra çekilenligi üçin, ötünç dilemek düzgünlerini ýerine ýetirtmek maksady bilen mynasyp peşgeşler berip soltanlyk dergähine iberdi. Şonuň ýaly-da öňküsi deýin: «Şol öňki pelegiň dereje beriji oýunçysynyň ýenede bir oýun goparyp, üýtgäp durýan hyýaly bilen bu meýdançada geň-taň çapawullyk edäýmegi mümkin» diýen oý bilen töweregine ünsli garaýardy. Şonuň üçin yzyny üzmän, habarly bolup durmak üçin tabynlygyny arz etmek bahanasy bilen belent diwana çapardyr nama iberýärdi. Özüniň diwanalaşan aňynyň hyýallary bolan soltanlyk işini esaslandyrmaga girişýärdi.

Ahyrynda seýitleriň we hormatlylaryň gaýmagy, keremde döwürleriň saýlantgysy, aslynyň we beýikliginiň dogrulygy Eýranda meşhur bolan Seýit Ygtyýareddin Hasan Behbehanyny hem-de öz daýysyny Möwlana Şemseddin bilen hemra edip, soltan Abu Sagydyň ordasynyň ýerleşýän ýeri bolan Erdebil sebitlerine tarap ugratdy hem-de onuň ýeňilerine garaşýardy. Ýokarda ady agzalan Möwlana ilçiler bilen bilelikde Gazwine ýetdi. Şonda bu bende ony howp bilen saklady hem-de gadymky dostlugyna laýyklykda onuň bilen söhbetdeşlikde we ysnyşykda bolmaklygy berjaý etdi. Soltanyň ýeňilmeginiň we dargamagynyň alamatlaryny we nyşanlaryny oňa arz etdi. Ol ondan boýun towlaýardy we berk durup ynanmazlyk edýärdi.

Ahyry soltanyň heläk bolandygynyň habary aç, ýalaňaç, haýran we perişan bolup gelen esgerleriň yzy bilen Gazwine gelip ýetdi. Habara garaşýan Gazwiniň darugasy Möwlana Seýit Hasan hem-de doganlyk ady bilen onuň ýanyna gelen Horasan emirleriniň we emirzadalarynyň bir topary bu habar gelen badyna Horasana dolandylar. Seýit Ygtyýareddin bolsa saklandy. Şeýdip, bu bende bilen bilelikde Sahypkyranyň belent tagtynyň

eteginde buýsanja mynasyp we soňsuz sylag-sarpaýlara eýe boldy hem-de Seýdaly beg bilen baglanyşykly ýagdaýlar üçin doly derejede göwni awlandy. Soňra bolsa Şiraza ugrady. Seýit Ygtyýareddin Şiraza gelip ýetende, emirzada Ýusup Şiraza gelipdi we Seýdaly beg gaçyp, Ýezde tarap ugrapdy.

## EMIR ÝUSUBYŇ ŞIRAZA TARAP ÝÖRIŞINIŇ WE SEÝDALY BEGIŇ GAÇYŞYNYŇ BEÝANY

Seýdaly beg Şirazda garaşsyzlyk gazanyp, doly iki ýyllap Parsa hökümdarlyk etdi. Şirazda we oňa tabyn ýerlerde bolan soltanlyk we emirlere degişli baýlyklary golastyna geçirdi hem-de olary goşun we ýarag üpjünçiligi üçin sarp etdi. Pars we Huzustan şäherlerine, şeýle-de Yspyhan welaýatyna darugalar iberip, harapçylyklar edýärdi. Soltanlaryň ýörelgesi bilen Yragyň ulularyna we derejelilerine hökümler ýazyp iberýärdi. Onuň dabarasynyň ýaňy çar tarapa baryp ýetdi.

Emir Ýusup: «Seýdaly maňa ýardam berer, meniň soltanlygyma razy bolup, maňa tabyn bolar» diýen umyt bilen Şiraza tarap ugrady. Hemedan sebitlerinden Jürbadakan welaýatyna ýetende Yspyhanyň ulularyna mähribanlykly meýil etdiriji namalar ýazdy we olary patyşalara laýyk wadalar bilen gaşyna çagyryp, ilçi iberdi.

Seýdaly beg hem Şirazdan iki müňe golaý atlyny ýeňiş umydy bilen Yspyhan sebitlerine iberipdi. Yspyhanlylar bu iki toparyň hiç haýsyny kabullyk meýdançasyna girizmediler. Olar Sahypkyranyň belent tagtynyň eteginden Seýit Zeýnelabeddin begler begi bilen hemra bolup gelen Ýakup Aga has üns berýärdiler hem-de umyt gözüni jahan penakäri Sahypkyranyň baýdagynyň geliş şaýoluna dikip, intizar diwarynyň aňyrsynda otyrdylar.

Bu tarapdan Şiraz leşgeri Yspyhandan namut bolup, emir Ýusupdan gaçyp, Şiraza dolandylar. Olaryň yzyndan emir Ýusup hem yspyhanlylardan namut bolup, şol maksadyna tarap ugrady. Yspyhanyň ilaty hoş habara göz dikip durdylar. Birden günüň dogmagy bilen ýagtylyk çyrasyndan azatlyk tapdylar.

Muhammedi döwletiniň güneşi olaryň umydynyň gündogaryndan şöhle saçyp, dabara kuýaşynyň tygy naýza deýin duşmanlaryň gözlerine sünjülip başlady.

Hasan Alynyň öldürilendigi baradaky habar we şazadanyň Hemedandan Yspyhana ugrandygynyň alamatlary yzygiderli gelip, ýaýrap başlady.

## SAHYPKYRANYŇ ERDEBILDEN YRAGA WE PARSA UGRAMAGYNYŇ WE ŞAZADANYŇ YSPYHANDAN ŞIRAZA ÝÜZLENMEGINIŇ BEÝANY

Sahypkyran şazada Muhammet begi Yraga, Ýadygär Muhammet Mürzäni Horasana iberenden soň, Erdebiliň ýoly bilen Astaranyň soltany Emiräni ýok etmek niýeti bilen ýola düşdi.

Erdebiliň, Gyzylagajyň we Muganatyň emirligi we tutuş Çäkirli kowumlary we taýpalary emir Baýezit Bistamyň ogly, Emiraly begiň mirasdüşeridi. Sahypkyran Jahanşaly wakada oňa ölümden aman berip, mirasdüşer mülküniň emirligini ähdi-peýman bilen ugradypdy. Ol soltan Abu Sagyt Mürze bilen kän-bir gatyşmandyr we ondan gaça durupdyr. Soltan ölenden we harap bolandan soň bolsa ýeňiji döwlete tarap ýüz öwrüp, merhemetlere we sowgat-serpaýlara mynasyp boldy. Ony uly topar bilen Emire soltanyň gaçybatalgasy bolan Şendan galasynyň etegine ugratdy. Onuň yzyndan jahan alyjy baýdaklar hem şol gala birleşip duran Erdebil welaýatynda düşledi.

Aly beg Emire soltanyň dag jülgelerine we jeňňellerine girdi we onuň obalarynda we ýerlerinde köp harapçylyklar etdi. Leşgeriň hormatlylaryndan birnäçesi daglaryň bukusynda ele düşdüler. Emire soltan olary yslamyň uly şyhy Şyh Jagfaryň şepagaty bilen azat etdi. Sebäbi şyh Jagfar Emire soltanyň günälerini bagyşlamakda we göz ýummakda Sahypkyrana araçy bolupdy. Ol Şyhyň Sahypkyrandan eden haýyşynyň eteginden ýapyşmak bilen we ondan tabynlyk düzümine düzülmekde ähdi-peýman almak bilen, salgytdyr peşgeş bermegi kabul etmek bilen, hem-de galalaryň açarlaryny tabşyrmak bilen soltanyň gaharyndan we galanyň gabawundan halas boldy. Aly begiň daşary çykmagyna we mübärek ordanyň ol welaýatdan göç etmekligine mübärek perman berildi. Erdebiliň daşyndan we Şendan galasynyň eteginden göç edip, Seraw obasynyň we

welaýatynyň üstünden soltanlyk öýi Töwrize ugramaklyk karar edildi.

Seraw ýaýlaglaryndan kiçi şazadalar, päklik soltanlygynyň sallançagy bolan beýik enesi, diwandaky ýörite kişiler, ynaklar we ýakynlar bilen Boş aýynyň ahyrlarynda ulusdan çykyp, älemdäkileriň şazadasy soltan Halyl Bahadyry, Mürze Muhammet Towajyny we beýleki uly emirleri mübärek ordada goýup, päkize şäher bolan Töwrize tarap asman rehmeti deýin ýola rowana boldy. Gurban aýynyň başlarynda şähere giriş yhramyna dakynyp, «Allanyň emrine tagzym» donuna we «Allanyň halkyna şepagat» oýlugyna çümüp, Beýik Taňrynyň razylyk Käbesine hem-de dogrulyk we päklik kyblasyna tagzym etmäge belent dergähiň bendeleri bilen bilelikde öňe çykdy. Şäheriň ululary we beýikleri Haremiň müjewirleri ýaly bolup, halypalyk kejebesine tagzym we hormat etmäge çykyp, salam, doga-dileg we hamdy-sena sowgatlary we teperrikleri bilen owazlaryny ula-kiçä ýetirdiler.

### *Goşgy*

Salam aleýkim, hoş geldiň, munda seniň ornuň aýry,
Şäheriň bereketi sen, zamananyň uly haýry.

Bagtyýar baýram güni — Başgüni säher bilen gün dogan wagty ol şähere özüniň adalat saýasyny ýaýdy. Ol Jahanşa begiň hatynynyň gurduran, şeýle-de bagtyýar patyşanyň hatynynyň we perzentleri Muhammediniň hem-de Abulkasymyň depin edilen ýeri bolan Muzaffaryýa hanakasynyň we metjidiniň üstünden geçýän ýol bilen giriş uýanyny şähere tarap öwürdi. Metjit bilen hanakanyň arasyna ýetende uýan çekip, özüniň gan döküji hanjaryndan ölenlere «Fatyha» we doga okady.

*Goşgy*

Aperin saňa, aşyklaň kalby ýumşagy bolduň sen,
Gamzaňdan heläk bolanyň jynazasyna geldiň sen.

Hanakadan ýoluň ugruna teperrik supra çykaran müjewürlere pespällik ýüzünden şanyň we şazadalaryň üstüne zyýarat etmäge geljekdigine hem-de metjidiň, onuň ýeriniň, hyzmatkärleriniň we müjewürleriniň gözegçiligine üns berjekdigine wada edip, ol ýerden geçip, meýdan ýolundan ýöräp, merhum patyşanyň bina eden Sahyp Abat köşgünde mübäreklik we bagtyýar täleýlilik bilen düşledi.

Düşläniniň ikinji güni döwletiniň baýdagynyň saýasynda şähere gelen dürli ülkeleriň hem-de Töwriziň alymlaryny, seýitlerini we beýleki kişilerini özüniň mübärek mejlisine çagyrdy. Din we döwlet işleriniň emeldarlaryna wagyz-nesihatlar we ugrukdyrmalar aýtmak bilen mejlisi bezedi. Şol ýerde onuň gulaklaryna şerigat işleriniň mütewellileriniň we kazylarynyň hyýanatçylyklary barada şikaýat gelip ýetende kazylary gaty gorkuzdy. Birnäçe günden soň bolsa, ählisini işden boşatdy. Türk jenaplaryndan biri bu bendäniň taryplamagy hem-de belent kalplynyň goldamagy we mertebelemegi bilen şerigatçylaryň ýolbaşçylygyna bellendi.

Ol şäheriň we welaýatlaryň ýaşaýjylaryna bagtyýar şanyň we öňki soltanlaryň döwründe karar edilen diwan talaplaryna (kararlaryna) uly haýbat urdy. Beýik diwanyň kätipleriniň ykrar edilmegi wajyp bolan nyşanyny (hatyny) men pes bendäniň ýazmagyna we düzmegine tabşyryk berdi, ýagny meni kätiplerbaşy etdi.

Baýram namazy okalandan soň, mübärek ulusa birleşdi hem-de Hemedana çenli bir aýyň dowamynda menzilme-menzil göç

edip gitdi. Ol ýaýlaglarda Astrabadyň şazada Ýadygär Muhammet soltan tarapyndan eýelenendigi, patyşanyň mübärek lakamlarynyň Astrabadyň we Kumys şäheriniň münberlerinde beýan edilendigi, zikgedir dirhemleriň hem onuň älemi eýeleýji meşhur ady bilen kakylandygy baradaky habar Alladat atly biriniň ilçiligi arkaly onuň belent halypalyk tagtynyň dergähine gelip ýetdi.

Ýezdden hem emir Ybraýym şanyň bir nökeri, emirzada Ýusubyň Şiraza girendigi, emir Seýdalynyň harap bolandygy we onuň jahan penakäriniň dergähine penalanmaga gelendigi baradaky habar bilen arz edip, belent diwana geldi. Şeýle-de şol ýaýlagda leşger häzirlemek we Şiraza tarap ugramak barada şazada Muhammet begiň adyna mübärek perman çykaryldy. Ýadygär Muhammet soltanyň ilçisi şazada üçin berlen patyşalara laýyk halat hem-de mylaýym we dürli wadalar bilen ýazylan nama bilen yzyna gaýtdy.

Ýeňiş nyşanly baýdak Parsa ýöriş etmek niýeti bilen Ymam Sähl Alynyň (goý, oňa salamlar bolsun!) mukaddes şehit edilen ýerine we dünýäden öten Hoja Hasanyň mukaddes mazaryna tarap pasyrdady.

Şazada takdyr ýörgünli perman gelip ýetenden soň, Yspyhandan çykyp, Zenderudyň kenarynda düşläp, leşger tertiplemäge meşgul boldy. Belent tagtyň eteginden uly emirleriň birtopary oňa gelip birleşdi. Bir aýyň dowamynda hezreti Sahypkyran hem ýaýlagma-ýaýlag göç edip, Yspyhan welaýatynyň çäklerinde düşledi. Soňra Şazada menzilme-menzil göç edip, ýola düşdi. On günden soň Sahypkyranyň jahan penaly baýdaklary Yspyhan şäheriniň bäş parsahlygynda ýerleşýän Murgy Rüstem diýen ýerde düşledi. Ulular we begzadalar olary ykbal deýin garşylap, köp mähremlikler we yhsanlar bilen başlaryny belende göterdiler. «Garynjanyň aýagy we hezreti Süleýman»

deýin peşgeşlerdir sowgatlar çekdiler. Ol ýerden göç edip, ululary yzyna gaýtardy hem-de gyssanmaçlyk we howlukmaçlyk bilen ýola düşdi.

Şazada goşunyň öňki hataryndady. Ol bäş menzil öňden düşläp, göç edýärdi. Izethast sebitlerinde düşlände: «Sahypkyranyň hereketiniň we Şazadanyň ýörişiniň ýaňy emir Ýusuba ýetipdir. Onsoň onuň berklik we mäkämlik aýagy ornundan gopup, Kerman welaýatyna tarap gidipdir» diýen habar gelip ýetdi. Belent mertebeli şazada bu habarlar bilen baglanyşykly belent tagtyň dergähine nama ýazdy hem-de: «Şiraz tarapyndan uýan sowup, Abarkuha tarap öwür hem-de olaryň ýoluny böwsüji leşgeriň ýörişiniň ýaňynyň haýbaty bilen bentle!» diýip, perman aldy. Onsoň Şazada permana laýyklykda uýanyny burup, Abarkuha tarap ugrady. Çar tarapdan habar ýygnaýjy aňtawçylar gelip: «Emir Ýusup uly leşger bilen Şebankara ýetipdir. Onuň ol ýerde saklanmaga mejaly ýok» diýip habar getirdiler. Bu habardan soň şazada ylgar edip, Şebankara tarap ýola rowana boldy.

Göni ýoldan Sahypkyranyň baýdaklary menzilme-menzil göç edip, Şiraza ugrady. Ol aralykda Şazada bir ýerde mübärek düşleg etdi. Abu Ýusup Mürze bolsa Şirazdan çykyp gidipdi. Şirazlylar olaryň gowgasynyň kyýamatyndan sypyp, Sahypkyranyň adalat owazly dergähinden umydygärdiler. Onsoň olar ýagyş ýagdyrmak üçin şäherden daşa çykýan gurakçylyk ýylynyň suw küýseýänleri (teşneleri) ýaly daruga isleginde we aman-esenlik küýseginde sähra tarap ýüz urdular.

Uzak wagtlap pitne we bulagaýlykda ýençgilenen hem-de birtopar haly perişanyň aýak astynda depgilenen mülk öýi Şiraz ýagdaý dili bilen şu sözleri dile getirip şeýle diýýärdi:

«Gel, gözümiň göreji seniň öz höwürtgäňdir,
Kerem eýle, munda gal, bu öý seniň külbäňdir».

Belent tagtyň dergähinden Sahypkyranyň parasatly we ýagşy çäreli weziri, Pir Pudagyň, Hasan Alynyň we soltan Abu Sagyt Mürzäniň wezirliginden soň Sahypkyranyň diwanynda şu hormatly wezipä eýe we degişli bolan emir Mejdeddin Ysmaýyl halk köpçüligine we umumy halaýyga göwünlik bermek we özüne çekmek, mülk we baýlyk işlerini eline almak hem-de emeldarlary we kärlileri bellemek üçin belent görkezmä laýyklykda şähere has öňräkden geldi.

Etraplardan we sebitlerden ulular we hormatlylar topar-topar bolup, doga we sena sogaplary hem-de sydky-yhlas serpaýlary bilen umyt şaýoluna ýüz öwrüp, mübärek orda birleşýärdiler. Mübärek ordadan emirlerdir ynaklar topar-topar bolup, aýşy-eşret we joşgundyr hyjuw ýüzünden şähere gelip başladylar hem-de rehmet nyşanlynyň hemaýat bagynyň hanakasynda düşlemegi bilen söýünjileýärdiler.

### *Goşgy*

Belki, seniň ruhuňdyr demirgazyk şemaly?!
Mübärek täleýli guş, uçýarsyň tozga ýaly.

Nirä uçup barýarsyň, gelýärsiň haýsy ýerden?
Kime habar getirýäň näbelli ülkelerden?

Ýa-da seniň mülküňmi hoşgylyklaň bossany?
Esenlik jülgesimi ýa-da asyl mekanyň?

Hoş geldiň, sapa geldiň, beýikligiň çeşmesi,
Biziň kalbymyz seniň gözelligiň teşnesi .

Asudalyk hasyl bolup, ynam gazanylandan soň Sahypkyran beýiklik we belentlik saýasyny düzlüklere, depeliklere, öýlere we ýörelgelere saçdy. Adyllyk we yhsan günleriniň gündogary bilen duşmançylyk we zulum zulmatlaryny ol diýaryň ýaşaýjy-larynyň aýşy-eşret öýünden we işiginden şol bada göterdi. Şahyr şeýle diýýär:

«Şiraz Gün deý nurun eçildi göýä,
Behiştden müň gapy açyldy göýä.

Şanyň ter we tämiz gülüstany ol,
Bakylygyň arzyly bossany ol.

Bagtyýarlyk bilen meýdandan alyp gaçdy —
Aýşy-eşret we aman-esenlik güýüni».

Bu tarapdan Şiraz tagty döwrüň Süleýmanynyň permanyna tabyn boldy, beýleki bir tarapdan bolsa bozuklyk we gümralyk diwany jahan şazadasynyň gahrymanyna boýun boldy. Emirler we döwlet sütünleri azap gandallaryna we zynjyrlaryna giriftar boldular. Şazada birnäçe ýigit bilen şöhleli ýyldyz we asmany takdyr deýin çaltlyk bilen Şebankara tarap, şol sütemkär we jepa pişeli kowumyň (toparyň) üstüne at saldy hem-de segsen parsahlyk ýoly alty günde geçdi. Onuň haýbatynyň zarby as-mandan inen ajal ýaly olary gurşap alyp, olar damagy çalnanyň hereketini edýärdiler. Bir pursatda şazada bilen bir topar kişi ýyldyrym deý gopýan, gök gümmürdisi deý arlaýan ýel aýakly, ot hereketli, gulan ýykyjy we keýik hereketli dor ata münüp, on iki müň atlydan geçýän şol toparyň üstüne çozdy.

*Goşgy*

Gulagy baýdak deý nurun eçildi göýä,
Sesi tebildir sesin ýadyňa saldy.

Nuh alaýhyssalamyň gämisi misli,
Halas ediji bir galadyr üsti.

Süleýmanyň tagty ýaly ezelden,
Çopanda galanok sarsar ýelinden.

Olar ot syçradyjy gylyç bilen olaryň ykballaryndan gan syçradýardylar.

Görer gözi Ýakubyň gözi ýaly gapyşan hem-de mülk, baýlyk, aýal we oglan-uşaklarynyň işi Züleýhanyň zülpi deýin perişan we bulaşan emir Ýusup, ýesir bolup, ele düşdi. Günäsizleriň gany onuň eteginden aslyşyp, onuň işi ölüm bilen tamamlandy we leşgeriniň diňe belli-belli adamlary diri galdy.

*Goşgy*

Hormatam, harlygam Alladan gelýär,
Her kim öz mynasyp ýaryny alýar.

«Sen islän kişiňi eziz eder Sen»[1] aýaty onuň jemalynyň ýazgysydyr we «Islän kişiňi har eder Sen»[2] rowaýaty bolsa onuň beýikliginden daşdadyr.

---

[1] Gurhanyň 3-nji (Äli Ymran) süresiniň 96-njy aýaty.
[2] Şol ýerde.

*Goşgy*

Hiç bir akyl aňlap bilmez zatyňy,
Hiç bir pikir boýlamaz binýadyňy.

Deňleşjek kişi ýok kämilligiňe,
Paýlaşjak kişi ýok şan-şöhradyňy.

Dört tirkeşikleriň ikinji aýynyň ortalarynda emir Ýusup Mürze öldürildi we onuň pytran ordasy derbi-dagyn boldy. Pir Aly hümmetsizleriň bir topary bilen «garaňky gijelerdäki körler kibi» haýran we perişan bolup, zulumdyr sütemininiň we ähdi-peýmanyny bozanlygynyň şumlugyndan ýaňa, aman-esenlik goragyndan çykyp, ýardamsyzlyk heläkçiligine we topalaňdyr pitne ýörelgesine baş urup, aýal we oglan-uşaklaryny ýesirlik elinde goýup, pelek hadysalarynyň çöwgenininiň aýlamyna we gije gündiziň öwrümine düşen güý ýaly haýsy tarapa ýüz öwürse soňsuz güzaplara giriftar boldular. Öz bidöwletliliginden ýaňa her döwletde derbeder we her çöwgende iki para bolýan bir bölek gylyçdan sypanlar bilen Horasana tarap ýüz öwürdiler we soltan Hüseýin Mürzä birleşdiler. Şazada bu ylgardan boşandan soň, jahan penakäri Sahypkyranyň dergähine, ýeňiş owazly tagtyň ýerleşýän ýeri bolan Şiraza tarap ýüz öwürdi. Ol Dört tirkeşikleriň ikinji aýynyň ahyrlarynda döwletiň şatlyk-şagalaňyna duş gelip, kabul edişlik sowgatlaryna mynasyp bolup, belent tagtyň eteginden ýardama we kömege giden Sahypkyranyň uly emirleri bilen bile Şiraz şäherine geldi.

Sahypkyran iki aýlap goragly şäheri aman-esenlik goltugynda saklap, seýitleri, yslam kazylaryny, alymlary, meşhur ymamlary, salyhlary, pakyrlary, ululary we tanymallary mylaýymlyk

nazary bilen hormatlady. Hemmeleri dereje, kär, mertebe, mülk, serpaý, aýlyk bilen ezizledi. Mätäçleri maksadyna ýetirip, hoşal we şadyman etdi. Soňra gyşlamak niýeti bilen Abarkuh, Ruýdeşt welaýaty we Yspyhanyň Kahpaýa ýolundan gaýdyp, Kaşanda düşledi. Iki-üç gün saklanandan soň Kum şäherine ugrady hem-de Ylýas Hojanyň öýünde (döretmäge we gurmaga emr edeni bolan hormatly şahsyň öýünde) hormat we belentlik bilen düşledi.

Emirler we döwlet sütünleri hezretiň ýörite kişileri bilen gyş üçin tutulan bir öýde düşlediler. Her Hoşgüni öýüň öňünde tutulan soltanlyk köşgünde giňişleýin meýlis gurýardylar. Şol gün ol ýerde goragly ülkeleriň şikaýatçylary hajatlaryny arz edýärdiler hem-de maksatlaryny hasyl etmek we isleglerine gowuşmak bilen dolanýardylar. Gyşyň üç aýy we baharyň iki aýy şu usulda geçirildi. Her juma agşamy adalat tagtynyň etegine gelýän etraplaryň seýitlerini, alymlaryny, ulularyny we hormatlylaryny mübärek mejlise çagyrýardylar. Şeýdip, ol bu ýerdäkileriň gulaklaryny salyhlaryň we ýagşyzadalaryň ylymlary, bilimleri, degişmeleri, wagyzlary, nesihatlary we gürrüňleri bilen bezeýärdi.

Bu gyşlagda älemdäkileriň şazadasy, halypalyk gabynyň düri, ýolbaşçylyk ýyldyzynyň lowurdysy soltan Halyl Bahadyr jahan penakäriniň dergähiniň hyzmatyndady.

Güneş Hamal ýyldyzlar toplumyna gelip, ösümlikleriň ösüş güýjüniň gyşlagyny ýüz zynat we bezeg bilen çemen giňişliginde görkezende, bilbiller gülüstanda müň dessany döredip, saýrap başlady. Güli ýüz ýaprakdyr müň heň bilen bossanyň ýüzüne garadyp, ýylgyryp ýören serhoşa dönderdi. Säheriň hoştap şemaly ter gülüň ýüzünden nikabyny çekip, benewşäniň anbar ysly zülpüni kalby perişan toparlar üçin daraýardy. Nerkesiň ýarym serhoş gözi ýasemin gülüniň kümüşsow ýüzüne

garaýardy. Gunça nar gülüniň ýylgyrýan lebini ýatlap, lybasyny para-para edýärdi. Ine şu wagtda hezreti hakan Sahypkyran oňa öz mülki bolan Gazwine gitmäge, ol ýeriň ilatyna mübärek gadamynyň yzzaty bilen hemaýat baýdagynyň saýasynyň astynda ýer bermäge, şahsy leşgeri üpjünläp, ýeňiş nyşanly orda haýsy tarapa gitse, jahan baýdagynyň ganatynyň saýasynda oňa ýardam ýetirmäge rugsat berdi. Ol ýerine ýetirilmesi wajyp bolan perman esasynda Gazwine ugrady. Bir aýdan soň jahan penakäriniň dergähine dolandy. Heniz Sahypkyranyň baýdaklary Kum şäherinden ýaýlaglara tarap çykmanka, onuň üzeňňisini ogşamak hormatyna gelip ýetdi.

Söwr aýynyň sekizinde jahany tabyn ediji Sahypkyranyň emrine laýyklykda, soltan Muhammet Baýsunkaryň ogly şahsy leşgeri we beýleki uly emirler bilen Horasana ugrady. Bu wagtda älemdäkileriň şazadasy Zeýnel Mürze özüniň welaýat merkezi bolan Kermanda gyşlagda boldy.

# JAHANŞA WEPAT BOLANDAN TÄ SEKIZ ÝÜZ ÝETMIŞ ALTYNJY[1] ÝYLYŇ BAŞLARYNA ÇENLI ARALYKDA KERMANYŇ AHWALYNYŇ BEÝANY

Jahanşa Mürze nägehan ajalyň kesgir gylyjy bilen jan tabşyranda ogly Abulkasym Mürze ýurt eýelemek maksady bilen Kermandan Ýezde we Yspyhana tarap ýüz öwürdi. Bir aýdan soň soltan Abu Sagyt Mürze tarapyndan Kermana darugadyr emeldarlar gelip ýetdiler hem-de mülki we baýlygy hasaba alyş gysymyna gysmaga meşgul boldular. Soltan Abu Sagyt Mürze hem hut şol dözümli gylyja tabynlyk başyny egende we Seýdaly Şiraza eýe bolanda ol öz ogly Ahy Ferruhy Kermana ugratdy.

Sahypkyran tarapyndan hem şazada Ýadygär soltan Muhammediň daýysy bolan Ýadygär Togaýy Kermanyň häkimligine ugrapdy. Ahy Ferruh bilen garşylaşmaga mümkinçiligi bolmansoň, ol şäheri Ahy Ferruha berdi. Ol üç aýa golaý Kermanda eýelik baýdagyny parladyp, özüni «Söweş meýdanlarynyň şiri» atlandyrdy. Soltanlyk hyýaly bilen suwa «hat» ýazyp, salgymdan nem gözleýärdi. Günüň günorta çagydygyna garamazdan çyra ýakýardy. Şirazdan Kermana zire ösümligini eltip satýardy.

Emir Ýusup Yspyhandan geçende, Seýit Aly gaçyp, öz leşgerini «garyn darlygyna»[2] çekip, öz ogly Ahy Ferruhy Kermandan ýanyna çagyrdy hem-de kynçylyk bilen mäkämlik aýagyny berk diredi. Şonda Abu Ýusup Mürze Şirazy eýeländen soň leşger häzirläp, şol tarapa ýüzlendi.

Iki topar biri-birine ýakynlaşanda nadanlyk gaýratynyň özenleri heýjana gelip başlady. Men-menlik ýeli Ahy Ferruhyň aňyny buýr-bulaşyk etdi. Ol garpyşmak höwesiniň heýjany bilen

[1] Milady ýyl hasaby bilen 1471-nji ýyla gabat gelýär.
[2] 1. Daryşganlyk ýer; 2. Açlyk.

özüni öňe oklady. Atasyndan döwtalaplyk bilen leşger alyp, jeň niýetinde atasynyň ordasyndan goşun çekdi. Sap düzüp, öňe ugrady. Emma Jahanşaly döwletiň nygmatyndan önüp-ösen hem-de ata we ogluň emirliginden ar-namys edýän goşun ýolbaşçylary özlerini gapdala çekip saklaýardylar. Gapma-garşylyk wagtynda emir Ýusuba birleşmegi niýet edýärdiler. Ahy Ferruh bu ýagdaýy olaryň ahwal sahypalarynda görende ýöriş ýolundan uýan sowup, hut şol günüň özünde orda dolanyp geldi. Ulus emirleri dil birikdirip, ol ordadan kesilip, bölek ýerde düşlediler. Seýdaly bu bölünişigi olaryň ähdi-peýman halkasyndan boşamagynyň we tabynlyk halkasyndan çykmagynyň delili hasaplady. Onsoň agşam düşende ogly bilen dilleşip, tarapdar ýakynlary we ýürekdeş tarapdarlary bilen ol menzilden göç edip Kermana ýüzlendi.

Leşger şolbada Abu Ýusubyň hyzmatyna ýüz urdy. Seýdaly Kermana geldi. Ol häkimlik işinde damagy çalnanyň hereketine kaýyl bolmaly boldy. Emir Ýusup tarapdan Ýaraly Aly Şükür müň sany at-ýaragly ýigit bilen Kerman tarapyna Seýdalyny dep etmäge ugrady. Seýdaly onuň bu ýörişinden habardar bolanda daýanara ýer tapman Ybraýymşa begiň mededinden umydygär bolup, Pir Pudak Mürzäniň hyzmatynda wagty aralarynda bolan gatnaşyk hukuklaryna esaslanyp, onuň hökümet öýi bolan Ýezde ugrady hem-de ony «hyjaby» götermegiň serişdesi etdi.

Ybraýymşa beg bu ahwalyň ýagdaýyny, Seýdalynyň bendeliginiň saplygyny beýan edip, jahan penakäriniň dergähine nama ugratdy. Namada Yspyhan welaýatlarynda we ýaýlaglarynda mübärek mejlise arz edildi. Onsoň Seýdaly barada belent diwandan köşeşdiriji nama berildi. Seýdaly sena bilen Şiraza ugrap, Yspyhan sebitlerinde ýer ogşamak hormatyna mynasyp boldy hem-de soňsuz mähribanlyklara eýe boldy. Onsoň ýeňiş şygarly baýdaklaryň ganatlarynyň saýasynda Şiraza gitdi.

Şirazdan Kumda gyşlamak niýetinde mübäreklik bilen dolanan wagtynda Abarkuhda belentlik bilen düşlände mazlumlar ondan (Seýdalydan) şikaýat etdiler. Onuň gabahat hereketleri dogrusynda şikaýat edenlerinde bolsa tagalla baryny görkezdiler. Onsoň ol kalby ýananlaryň onuň aýybyny beýan edişleriniň odunyň alawyndan ýaňa soltanyň gazap ody alawlady. Onsoň Seýit Alyny asmak barada jahany boýun ediji perman berildi. Abarkuhyň halky bolsa ol asylan wagtynda oňa lagnat daşyny atdylar.

Ýaraly Kermana gidende ol hem birnäçe günläp hondanbärsi boldy. Ol Yraga we Parsa göz dikip, «perdäniň aňyrsyndan neneňsi taslamalar çekilerkä» diýip, meýdança nazar salýardy. Birden, emir Abu Ýusubyň düňderilendigi we ganhor, böwsüji leşgeriň üstünlik we ýeňiş gazanandygy barada habar gelip ýetdi. Goşunyň bu söweşden sypyp gaçanlary Kermana gelip ýetdiler.

Hezreti Sahypkyran tarapyndan Natanzyň häkimligine bellenen we Natanzyň baýlygyndan ep-esli bölegini alyp, Sahypkyrandan ýüz öwren Gaýtmyş emir Ýusuba birleşipdi. Emir Abu Ýusubyň leşgeri harap bolandan soň, olar Horasana azm edip, biri-biri bilen ylalaşykda Hyrada ugradylar.

Sahypkyran Şiraza tarap ugran hem-de Abu Ýusup bilen Pir Alyny Ymam Sähl Aly alaýhyssalamyň şehit bolan ýeriniň (Maşat) sebitlerinde dep eden wagtynda älemdäkileriň şazadasy Zeýnel Mürze mübärek permana laýyklykda Kermana tarap basybalyjylyk baýdagyny parladypdy.

Ýaraly Abu Ýusup Mürzäniň agdarylandygy we şazada Zeýnel Bahadyryň ylgar edip ýetip gelýändigi baradaky habary eşideninden gaçyp gitdi. Älemdäkileriň hezretli şazadasy Kermanda düşledi. Ol diýaryň ilaty onuň belent we beýik mertebesinden umydygär boldular. Deňiz kalply, belent hümmetli,

Keýwan[1] derejeli, Myrryh[2] haýbatly, Gün döwletli, abraý atyna münen, meýdan sökýän şasuwar, söweş we tutluşyş meýdanynda Rüstem deýin şir awlaýan şazada rehmet aýaty deýin olaryň üstüne iýndi. Hemmelere deň derejeli mähri bilen ol perişan jemagaty gurşap aldy.

### *Goşgy*

Eli — magdan, deňiz deý aýasyn açýar,
Ýüzi gün mysaly şöhlesin saçýar.

Bahar pasly ýaly rahat duranda,
Dag, sähra lälezar ony görende.

Gazaplanan wagty otly ýel deýin,
Duşmanyny ýakyp ýetirýär eýin.

Erem bagy ýaly hen barýan ýeri,
Ýagşy kişi görmez ondan zeperi.

Erem näme? Jennetiň hut özi hem
Ýönekeý bag bolar ony göreňde.

Atynyň uýanyn bezär ol zerden,
Düldül ýaly uçup geçer her ýerden.

Iki agşamda geçer on günlük ýoly,
Gözleri duşmana gazapdan doly.

---

[1] Keýwan — Akmaýanyň ýoly.
[2] Myrryh — Mars.

Ol bela derdini çekenlere we dert-azap görenlere şolbada doga kabul edişlik şypahanasyndan däri-derman we sütemdir jebir zulmatynda gezip ýörenlere röwşenlikden sapa nury gelip ýetdi. Nan talabynda janyndan doýan hem-de inçeli-ýogynly nala bilen aýlap-ýyllap zähmetiň we ahy-nalanyň agyr ýüküniň astynda halys bolan, jandan doýan açlaryň ählisine «Eger Allanyň nygmatlaryny sanasaňyz, hasabyna ýetmersiňiz»[1] diýen saçagyndan «Oňa öz oslamadyk tarapyndan»[2] bol hezzet we ýeterlik nesip miýesser boldy.

Döwrüň hadysalarynyň depgilenenliginden we gije-gündiziň betbagtlyklaryndan ýaňa ol diýaryň bela derdini çekenleriniň we ol ülkäniň azap ýetenleriniň janlary bokurdagyna gelip, pyçak «etinden ötüp, süňküne» ýetipdi. Gurtlarda harlyga we horluga düşen Eýýup ýaly «Meni bela tutdy»[3] diýen ahy-nala her biriniň kalbyndan çykyp, patyşanyň we pelek ýaşaýjylarynyň gulagyna baryp ýetýärdi.

***Goşgy***

Eýýup deýin gurtlaryň penjesinde ýesir ol,
Ýakup deýin Ýusubyň yzynda zar-zelil ol.
Birden apat, horluklar oňa berdiler aman,
Göwresi dikelip, oňa girdi ýaňadandan jan.

Ol diýar bir ýyla golaý adyllyk, adalatlylyk we asudalyk saýasynda ýaýnady. Hezreti Sahypkyran gyşlaglardan çykanda, Şazada ýer öpmek hormatyna mynasyp bolmak üçin birtopar ýaranlary bilen gyssanmaç ugrap, Yspyhan welaýatynyň üstünden geçip, maksat «Niline» mynasyp boldy.

---

[1] Gurhanyň 14-nji (Ybraýym) süresiniň 34-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 65-nji (Talak) süresiniň 3-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 21-nji (Enbiýa) süresiniň 83-nji aýaty.

Dogrusyny Alla ýagşy biler.

## BAGDADYŇ WE OŇA DEGIŞLI ÝERLERIŇ AHWALY WE ŞAZADA SOLTAN MAKSUT MÜRZÄNIŇ OL DIÝARA ÝÖRIŞINIŇ BEÝANY

Mundan öň beýan edilişi ýaly Sahypkyran Bagdady gaban we Pirmuhammet Alpawutyň ol şäherde hökmürowan bolan zamanynda bagdatlylar: «Hasan Aly Töwrizde atasynyň ornuna geçdi. Ol atasynyň ülkelerini we hazynalaryny eýeläp, soltanlykda mäkämleşip, özbaşdaklyk gazandy. Eger patyşa ondan üstün bolsa:

— Biziň hemmämiz permanyň bendeleridiris,
Biz seniň permanyňdan boýun towlamaýarys»

— diýip, Sahypkyranyň arzyna ýetirdiler.

Sahypkyran şol esasynda jahan eýeleýjilik baýdaklaryny Hasan Aly Mürzäni dep etmek üçin Töwrize tarap ugratdy. Halyl Aga Tuwajyny Mosulda we Garagoýunlydan bolan Şa Aly Hajylyny Erbilde häkimlige we ol sebitleri eýelemäge belledi. Halyl Aga Bagdada eýe bolan Pirmuhammet Guwanjynyň Erbili golastyna geçirendigine garamazdan, Pyrgaun galasy, Kerkuş we Tun ýaly bir topar ýerleri we galalary eline geçirdi. Soňra Rüstem Uran Haftan galasynda Kalkar jemagaty hem-de topalaňçy goşunlaryň bir topary bilen baş göterenden, şeýle-de Muhammet Sarly bilen emir Zunnun Düger olara garşy leşger çekenden soň şazada soltan Maksut Mürze Sähl Aly ýaýlaglaryndan çykyp, Halyl Aga birleşdi. Onsoň beýleki ýaranlary bilen hem birleşip, Haftan welaýatyny çapawulladylar, köp baýlyklar ele saldylar.

Şol wagtlarda Pirmuhammet Ýakubynyň[1] ömür gämisi Bagdatda ajal Dejlesine gark bolupdy. Zeýnel Burranynyň ogly Hüseýin Aly onuň gyzyny nikasyna girizdi. Bagdatlylar onuň bilen ylalaşdylar we ony hökümdarlyga bellediler. Ol birnäçe günläp zyýankeşlik derýasynyň üstünde gödeklik (batyrgaýlyk) köprüsini gurdy. Özi hem şäheriň ýaşaýjylarynyň azyklaryny jemlemäge jan edýärdi. Ondan soň azajyk wagtyň içinde amanlyk pursaty geçip, durnuksyz ömrüň şähristanyndan «Elbetde, (bellenilen sylag we jezanyň berilýän) pursaty Alla şek-şübhesiz gelýändir»[2] atyna münüp, ýüzüni «Elbetde, biz Allanyň (bendeleridiris) we elbetde, biz Oňa gaýdyjylardyrys»[3] diýen diýara öwürdi. Dogany Şamansur onuň ornuna geçdi. Onsoň alty aýyň dowamynda keseki bir kişi elini degirmezden birnäçe häkim Sahypkyranyň döwrüni ýakynlaşdyrýan Taňrynyň arassa gudraty bilen wepat boldular.

Bagdatlylar tutanýerliklerinden ýüzüni tabynlyga tarap öwrüp, elini ejizlik etegine urdular hem-de takdyra ten berip, şäheri täze bagt we hökmürowan şazada berdiler. Halyl Aga birnäçe ýaranlary bilen bile Şamansury öldürdi. Şazada entek kämillik ýaşyna doly ýetmändigine garamazdan, Bagdat mülküni öz eline aldy hem-de halypalyk otagynda ornaşdy. Bagdatlylar onuň mübärek ýüzüniň hormatyndan şat boluşyp, uruş we jenjel Dejlesinden çykyp, amanlyk we umydygärlik «Niliniň» kenaryna gelip ýetdiler.

***Goşgy***

Pespälli sözleri getirip dile,

---

[1] Bu Pirmuhammet beg ibn Alpawut Guwajydyr. Ol Gara Ýusubyň emirlerinden bolan Alpawut Ýakup beg Pirmuhammediň kakasydyr.

[2] Gurhanyň 29-njy (Enkebut) süresiniň 5-nji aýaty.

[3] Gurhanyň 2-nji (Bakara) süresiniň 156-njy aýaty.

Hemmeler etdiler dogadyr dileg:

«Bagdat dönsün iň bir parahat ýere,
Dejle-de meňzesin Aby-Köwsere.

Ýa, Alla, Arzuwmyz bolupdyr hasyl,
Boş gitmedi uly iliň yhlasy.

Nesip etdir bize ýa, Perwerdigär!
Musa Käzim ýaly bolmagy çyn är».

Bagdatlylaň säherdi bar agşamy,
Dagdyr düzleriňem galmady gamy.

Burunlara urdy jennetiň ysy,
Bagtyýar günleriň gelmedi yzy.

Şiraz eýelenenden soň, Sahypkyran heniz Kum gyşlagynda wagty onuň gulaklaryna Bagdadyň eýelenendigi baradaky habary hem ýetirdiler.

## ŞIRAZYŇ HÄKIMLIGINIŇ HEZRETI ŞAZADA SOLTAN HALYL MÜRZÄ TABŞYRYLMAGYNYŇ BEÝANY

874-nji[1] ýylyň güýzüniň başlarynda hezreti Sahypkyran Şirazy eýelemek hem-de Abu Ýusup Mürzäni doly ýok etmek aladasyndan dynandan soň, Kumda gyşlamaga ugrapdy. Belent diwanyň häkimi, hemişelik döwletiň akyldar sütünlerinden hem-de sabyr-kanagatly, ýumşak we döwrüň hadysalaryndan tejribesi ýetik bolan Emir beg Şirazda hökümi ýörgünli häkim we permany ötgür hökümdar boldy. Azajyk wagtyň içinde Şirazyň ähli goşundylaryny tä Ahwaz sebitlerine çenli özüniň çäre gysymynyň içine aldy. Adalat gapylaryny açyp, zulum we sütem binýatlaryny ýykdy we haraplady. Ol bir ýarym ýyla golaý wagtlap Şirazda ýurduň ýaşaýjylaryny asudalykda we parahatçylykda gorap saklady.

Ahyry şazada soltan Halyl Mürze Horasandan dolanyp geldi. Horasanda onuň ýagşy çäresinden we gylygyndan göwne ýaramly işler ýüze çykypdy. Şeýle-de ol Abu Sagyt Mürzäni gaçandan soň, özüniň ýesirlik bendine çekipdi. Şonuň üçin bu näzenin işi onuň laýyk aňyna tabşyrmak isledi. Onsoň Şirazyň soltanlyk uýanyny onuň ygtyýar elinde goýdy. Ol dolanmanka, şazadanyň diwan emiri bolan Hasan begi Kumdan Şiraza tarap ugratdy. Şazadany hem ýaýlagda Soltanyýa sebitlerine ugratdy. Onsoň bagtyýar wagtda we ýagşy täleýde (sähetli günde) juwanbagt we hökmürowan Şazada mübärek ordadan Parsa tarap ýöriş uýanyny burdy.

---

[1] Milady ýyl hasaby bilen 1470-nji ýyla gabat gelýär.

# HALYL MÜRZÄNIŇ PARSA TARAP UGRAMAGYNYŇ BEÝANY

Halyl Mürze ýaýlagdan ýaýlaga akýan rehmet suwy deýin göç edip, Şiraza gelip gondy. Halyl (Ybraýym Halyl) deýin garagoýunlylar döwründe Pars ataşkedesinde ýanan we lowlan zulum-sütem oduny behişt bagynyň gülşeni deýin ter we gülgün etdi. Ybraýym soltan ibn Şahruh Mürzäniň nygmat saçagynda önüp-ösen hem-de uzak wagtlar garagoýunlylaryň elinde zulum howrundan ýaňa bir gyra zyňylan şirazlylar ýene-de Halyl Rahmanyň didary bilen bagtyýarlyk meýdanynda maksat nazaryna ýetdiler. Diwardyr gapylaryň içinden Hapyz Şirazynyň Şygyrlar diwanyndan şu sözleriň owazy çykdy.

***Goşgy***

Meniň görejimdir seniň höwürtgäň,
Gel, ýüregim seniň soňky öýüňdir.

# KÜRDÜSTAN GALALARYNYŇ EÝELENMEGINIŇ BEÝANY

Sekiz ýüz ýetmiş üçünji ýylda ol Diýarbekriň leşgerini ülkäniň darugalary bilen bilelikde Bagty[1] welaýatyna iberdi. Ol diýaryň ilaty uly soltanlara tabyn we boýun bolandyklary üçin Sahypkyran olary mübärek üzeňňini ogşamaga çagyranda, olar boýun towladylar. Onsoň şazada soltan Hemze Jahangir Mürzäni, Amydyň darugasy soltan Ahmedi, Birejigiň darugasy Rüstem Fahreddini, Suruň darugasy we leşgerbaşysy Şa Alyny, Sanjaryň häkimi Hüseýin beg Halyly, Gally Afaryň häkimi Gurmuş ogly Halyly, Mosulyň häkimi Şemseddin Pirhajyny, Suhrap Tarhany hem-de Arukyýanyň häkimi Baýramşa begi bäş müň atly bilen Jezire şäherini gabamaga ugratdy. Olar ony eýelediler hem-de Sak (Sah) galasyny hem ele geçirdiler. Ol ýeriň häkimliginiň mirasdüşeri bolan şäheriň häkimi Bedri beg gaçyp, Kersi galasyny penalandy. Ol galany hem gabadylar. Bedri beg mejbury ýagdaýda galadan aşak indi we galany tabşyrdy. Soňra uly emirlerden Süleýman Bijin begi, emirzadalardan Arslan beg Zülkadyry, Ahmet beg Ispendiýary, Ilaldy beg Çepnini, emir Muhammet Sagtlyny, Emirjan Sagtlyny, Welet Sary Pir Alyny we Şamuhammet Duharlyny bäş müň atly bilen Bidlisi gabamaga ugratdy. Sebäbi ol ýeriň uly emirleri hem soltanlara tabynlyk edýärdiler. Sahypkyran Hasan Aly Mürzäniň üstüne leşger çekipdi. Şonda olar garşylyk görkezip, Muş şäheriniň leşgerini onuň ýardamyna iberdiler. Halyl beg Guwajy olary ele salyp, belent orda getirdi. Ol ýokarda beýan edilipdi.

Uly emirler Bidlisi gabadylar. Ol ýeriň häkimi Ybraýym beg ejesini öz naýyby[2] bilen bilelikde şepagat dilemäge iberdi.

[1] Jeziret ibn Omar (häzirki Jezire) ugrundaky kürtleriň ýaşaýan bir uly obasy bolup, Jeziräniň häkimleri şu oba daýanýardy.

[2] Naýyp — oruntutar.

Sahypkyran olary bagyşlady we leşgeri yzyna gaýtardy hem-de Muş şäherini gabamak üçin Halyl beg Pilteni ugratdy. Yshak Aganyň nökerlerinden bolan Ahmet beg, Halyl beg, Leşger Kygy, Isgender beg we Abu Bekr Duharly bilen bilelikde Ahlat galasyny gabamaga bellendiler. Hut şu ýylda Jemşit beg, Sopy Halyl we Yspyhan beg dagy Kur Alybeg Agajeri, Ruhulla Çäkirli, Abulfath Mahmyt hem-de Illi Hajyly atlandyrylýan bir kowum bilen bile ol diýary goramak we elde saklamak üçin sebitlere geçipdiler. Halyl Başytelli hem olar bilen hemrady. Bu emirler ýedi müň atlysy bilen tutuş Şekini golastyna geçirdiler.

## ÝADYGÄR MUHAMMET SOLTANA ÝARDAM WE GOLDAW BERMEK ÜÇIN HORASANA TARAP LEŞGER UGRADYLMAGYNYŇ BEÝANY

Hezreti Sahypkyran döwür seýitleriniň buýsanjy, orda kazysy we ylym eýeleriniň başy bolan Kazy Alaeddini soltan Hüseýin Mürzä tarap iberdi. Bu kazy Hyratda duşuşyk hormatyna ýetdi. Onuň mübärek gadamyny hormat we tagzym bilen gurşap aldylar. Ol kazyny yzyna gaýtarmakda egleniş ýoluny, haýyşyny kabul etmekde boýun gaçyryş ýörelgesini öňe tutdy. Onsoň Ýadygär soltany dep etmek esbabyny häzirlemek üçin leşger bilen Kums we Astrabat welaýatyna ugrady.

Kazy Alyny gijikdirenden we egländen soň ýola rowana etdi. Ýadygär Muhammet ýeňlip gaçandan soň giňişleýin hat gatnaşyklaryndan habarly bolup, Sahypkyranyň ony soltan Hüseýine tabşyrýandygy sebäpli Yraga tarap ýüzlenmekden umyt üzdi we göwün sowatdy. Şol sebäpli-de onuň bu ýörişinde haýalýagallyk we egleniş ýüz berdi. Ýöne Sahypkyranyň mähribanlygyndan özge hiç bir gaçybatalga tapmandan soň, özüni ýene-de onuň rahatlyk ganatynyň astyna ýetirdi. Semnandan geçip, Har welaýatyna geldi hem-de öz ahwalyny beýan edip we goldaw sorap ilçi ugratdy. Baýdaklar Şirazdan çykyp Kumda gonan wagtynda şazadanyň ilçisi, soltan Hüseýin Mürze tarapdan hem kazy Aly, ikisi-de iki tarapdan gelip ýetdiler. Aly Şüküriň perzentlerini saklamakdaky berk pikirlilik ýagdaýy nurly kalba aýdyň boldy. Onsoň şazada Ýadygär soltanyň haýyşy kabul edildi. Sahypkyran oňa ýardam we goldaw bermek üçin äht edilişine laýyklykda ýeňiji leşger bilen ýüzlenmegi karar edip, Şa Aly begi Astrabadyň häkimligine ugratdy. Ondan soň Ýusup beg, Hüseýin beg, Şamansur Şasuwar Baýramy, Uweýs Halyl we Yshak Aganyň dogany Ýakup ýaly uly emirlerden bir toparyny onuň yzyndan ugratdy. Soňra hökmürowan şazada

soltan Halyly şazada Ýadygär Muhammet soltan Mürzäniň kömegine ýola rowana eýledi. Öňden giden we Ýadygär Muhammet soltana birleşen uly emirler Röwşen Suwy sebitlerinde soltan Hüseýin Mürzä ýakynlaşanlarynda hem-de iki tarapyň garawullary biri-birlerine ýetenlerinde aralarynda söweş peýda boldy. Uly emirleriň garawullarynda bolan Mezit Bekewül soltan Hüseýin Mürzäniň garawullarynyň eline düşdi. Ony soltan Hüseýiniň gaşyna eltdiler. Olar ondan ahwaly soradylar. Ol ýagdaýy beýan etdi hem-de şazada soltan Halyl Mürzäniň ýörişinden we olaryň köplüginden giňişleýin habar berdi. Soltan Hüseýin Mürze öňdengörüjilik edip, Mezidi boşatdy hem-de: «Meniň Sahypkyran bilen hiç hili dawam we gapma-garşylygym ýok. Men sydky-yhlas mekanynda mäkäm we berkdirin» diýdi. Onsoň şol ýerden Horasana dolandy.

Şazada soltan Halyl Gürgen tarapdan Astrabada geldi. Ol jeňňeliň gurtlary tilki deýin gaçmaga ýüz urdular. Soltan Hüseýin Mürze tarapyndan daruga bolan emir Hasan şyh Teýmir Şasman galasynda penalandy. Tutuş Astrabat welaýaty Şazadanyň golastyna geçdi. Darugalary, baýlyklary, tölegleri we ýagydan galan-gaçan zatlary takyklamak üçin ýazyjylar we emeldarlar welaýatlara gitdiler.

Münberler mübärek lakamlar, dinardyr dirhemler bolsa tanymal at bilen bezeldi we zynatlandy. Adalat eşikli Şazada ol diýary böwsüji leşgeriň zyýanyndan aman saklap, raýaty adat edinen işleri we emelleri bilen asuda we rahat eýledi. Mazanderany eýelemek üçin şahsy emirlerinden Aly Muhammet Ynagy hem-de emir Omar begiň dogany Nowkeran Abu Bekri häzirläp, ýola rowana etdi. Azajyk wagtyň içinde bagtyýar sahypkyran bolan emir Teýmir Körekenliniň leşgeriniň birnäçe gezek basyp almakdan ejiz gelen hem-de geçmesi kyn kötellerden we suwdur jeňňellikden geçmekden we ötmekden gowşak gelen ýerlerinden geçdiler hem-de Amuldyr Saryny eýelediler we ony Astrabada

degişli etdiler. Şeýle-de leşger ugradylan we Şazada soltan Halyl Mürzäniň ugran wagtynda gyşlagdan Kermana tarap Zeýnel Mürzäniň meşhur adyna mübärek perman berildi. Onuň mazmuny şeýle:

«Kermandan Horasana, doganyň ordasyna birleşmäge ugramaly».

Şazada öz emirlerinden Darap begi, Ahmet beg Purnagy, Dündar Agajerini we Nuraly Şirçini üç müň atly bilen şäherden öňe ugratdy. Şol wagtda öňler Astrabadyň häkimi bolan Şyh Zahyt Tarumy soltan Hüseýin Mürze tarapyndan goýlan Kahystan welaýatynyň darugasydy. Şazadanyň emirleri Kahystana gelenlerinde olar Şyh Zahyt bilen gazaply söweş etdiler. Ony ýesir tutup, ölüme duçar etdiler. Onuň başyny teninden aýryp, mübärek orda Kum gyşlagyndan Harrakan ýaýlagyna giden wagty oňa ýetirdiler. Soltan Halyl Mürze Astrabada ugrady. Ýadygär Muhammet soltan şazada soltan Halyl ugramazyndan öň Yrakdan kömege giden akgoýunly emirler bilen Horasana geldi. Soltan Hüseýin Mürze gadymy döwürleriň ýoly bilen çöle ýüzlendi. Akgoýunly emirler onuň yzy bilen Kyrkgyzlar diýen ýere gitdiler. Emma onuň yzyndan ýetip bilmediler. Onsoň yzlaryna dolandylar.

Şazada Ýadygär soltan Hyrada çenli hiç bir päsgelçiliksiz gitdi. Şazada pelek öwrümlerini görmändigi we eýýamyň kynçylyklaryny datmandygy üçin mertebe we juwanlyk tekepbirligi hem-de hökmürowanlyk we lezzet harsydünýäligi oňa mülk kadalaryny esaslandyrmaga we soltanlyk binýadyny berkitmäge böwet boldy. Şeýdip ol özüniň uly atasy Şahruh Mürzäniň adalat tagtynyň ýerleşýän ýeri hem-de onuň ylym we gurhan, tagat we ybadat edýän ýeri bolan Bagy Zaganda gözellik we şerap meýlislerini gurdy. Ol bagda serwi dek men-menlik başyny ýokary göterip, misli akar suw deýin aýşy-eşret çemeninde batly akýardy. Ol özüniň aýşy-eşret nahalynyň hadysalaryň gijeki

çozuşynyň ýelinden ýaňa düýbünden sogruljagyndan hem-de durmuşynyň süýji çeşmesiniň döwrüň gazaply işleriniň keçliginden ýaňa özgerjekdiginden we porsajakdygyndan bihabardy.

## SOLTAN HALYL MÜRZÄNIŇ HORASANDAN DOLANMAGYNYŇ BEÝANY

Şazada soltan Halyl bu döwürde Astrabat welaýatyny doly öz eline alandan we Mazanderany eýeländen soň, tä welileriň penakäri, ymamlyk desgaly we takdyryna razy Aly ibn Musa Ryzanyň (goý, oňa we onuň ata-babalaryna salam, salawat we hormat bolsun!) şehit bolan ýeri Mukaddes Maşada çenli Ýadygär soltana kuwwat bermek üçin ýuwaş-ýuwaşdan hereket edýärdi. Barýan ugrunda duş gelýän we ýeňiş nyşanly baýdagynyň gonýan welaýatlaryny doly gysymyna gysyp, şäherleri we obalary goramak üçin darugalar belleýärdi. Onsoň böwsüji leşgeriň üstünliginden ýaňa Ýadygär soltan bilen bolýan çagataýly emirleriň kalbyna mülkleriniň ýok boluş howpy düşýärdi. Günbe-günden döwlet ýardamçylarynyň üstünligini görmek bilen olaryň gorkudyr howp özenleri artýardy. Onsoň Ýadygär soltany şuňa iterdiler: «Maksat hasyl bolup, Sahypkyranyň terbiýesiniň netijesi döwrüň talabyna laýyk boldy. Eger Halyl Mürze Sahypkyranyň goldaw bagty we onuň soltanlyk ünsi bilen yhlaslylyk meýdanynda isleg güýüni (topuny) ol hezretiň ýardamdyr goldaw çöwgeni bilen alyp gaçsa, ol gylyç ýaly kesgin dili we ýagşy pikiriň berk aýdyňlygy bilen öz merkezinde orun tutar. Zorluk bilen duşman ellerine düşen mirasdüşer öz ýurduna dolanyp geler. Takdyr ýörgünli Sahypkyranyň hökümi ýörgünlidir. Soltanyň hökümi daşdan-içden şonuň bilen tertiplenendir. Eger hezreti soltan yza dolanmagy isleýän bolsa, özi häkimdir. Bizde olaryň döwletiniň bagtyndan ýaňa duşmandan hiç bir howp galmady. Bereketli kalby bu tarapdan aladaly bolmasyn» diýilse gowy bolar diýdiler.

Şu usulda ýagdaý soltana arz edildi. Şazadanyň mübärek kalby oňa gözegçilik etmekden boşap, Ýadygär soltanyň maksady nurly kalba aýdyň bolansoň ýöriş ynamyny Horasandan sowdy.

Ýadygär soltana hemra bolup ýören Akgoýunly emirleri ätiýaçlyk üçin Hyratda goýdy. Ýadygär soltan hatyrjemlikden ýaňa oýun-tomaşa, bozuklyk, gabahatlyk we beýleki nälaýyk işleri etmekde jäht etdi. Akgoýunly leşgerine Yshak Aganyň dogany bilen dolanmaga rugsat berdi. Onsoň işleriň baglanyşynda we çözülişinde gatnaşygy bar bolan Hasan Meliki, Aly Emir Ahyr we Hyradyň käbir ulamalary tarapdarlyklary ýüzünden soltan Hüseýin Mürzä: «Pursat ganymatdyr. Şazada we ýaranlary gaflat ukusyndadyrlar we öz başlaryndan perwaýlary ýokdur. Gyssanmak gerek. Pylan agşam, dergähiň goragy we keşikçiligi bize degişlidir. Eger şol agşam Bagy Zagana ýöriş etseler, isleg Niline eýe we mynasyp bolar» diýip, habar berdiler.

Bu habar soltan Hüseýin Mürzä ýetende, ol hemişe özüniň maksat-myradyna we aram-kararsyz uýanyna tabyn bolan, maksada çalt ýetirýän sarç bedew atyny aýagynyň astyna çekip, ýola düşdi. Bellenilen agşam Zagan bagyna çozdy. Ýadygär Muhammedi serhoşluk ukusynyň ýassygyndan turzup, ony Jeberut tagtyndan aşak inderip, tabyt tagtasyna daňdy. Serhoşluk düşeginde uka garyşanlaryň ahy-nalasy şäher ilatyny bizar etdi. Akgoýunly emirler gaçmaga ýüz urup, düýe sürülerini öňlerine salyp, Yraga rowana boldular.

...[1] gelip ýetende düşlediler.

Bulagaýçylyk döwrüniň çapawullygynyň howpundan ýygnanyşan Horasan araplary gijelikde olaryň üstüne çozdular. Aly Muşagy we Ýarahmet Hazyn olara garşy söweşde berk aýak diräp, hüjümçileri dep etmekde mertlik görkezdiler hem-de özle-

[1] Asyl nusgada boş ýer goýlupdyr.

rini soltan Halyl Mürzäniň ordasyna ýetirdiler. Bu habar Sahypkyranyň mübärek gulaklaryna ýetip, sag-salamat soltan Hüseýin Mürzä bolan gapma-garşylyk emri nurly kalbynda kuwwat tapanda, mübärek kalbynyň teklibi bilen Horasana tarap gitmek meýli has-da artdy. Mundan başga-da, Yrak welaýatynda azykdyr gallanyň gytalmagy muňa ýene bir sebäp boldy. Onsoň Sahypkyran bu ýörişini berk ýüregine düwdi hem-de şazada Muhammet bege: «Yspyhandan Astrabada ugraň» diýip, görkezme berdi. Şol wagtda şazada Lurystan ylgaryndan dolanypdy. Onuň şahsy leşgerlerinden Lurystan diýarynda geňtaň işler we ajaýyp söweşler ýüze çykypdy. Ol mübärek permana laýyklykda Erdistan ýolundan Astrabada ugrady. Ýeňiji esgerler topar-topar bolup, şazada goşulýardylar. Sahypkyran ýaýlaglardan Kuma ugrady. Ýeňiji esgerleriň uly bir topary Reýde gyşlag tutdular. Baharyň başynda ýeňiş şygarly baýdaklaryň Horasana tarap gitmekligi karar edilipdi. Şazadalaryň gelişiniň dabarasy Astrabat welaýatyna hem-de ýeňiji esgerleriň yzdan gelýändigininiň ýaňy soltan Hüseýin Mürzäniň gulaklaryna ýetende, pitne we bozuklyk oduny öçürmek üçin welileriň soltany Abu Sagyt Abulhaýryň perzentlerinden bolan uly yslam şyhy Şyh Abdyllany sydky-yhlasdan we dürli pespälliklerden doly bir nama bilen soltan Sahypkyranyň gaşyna ugratdy. Ol namada Astrabady özüne bagyş etdirilmegi barada yşarat edipdi.

Welileriň ýüzlenýän ilçisi Kum şäherinde mübärek mejlise gelip ýetdi. Onuň owadan sözlerinden ylalaşyk we abatlyk nyşanlary bilen takwalyk, dindarlyk, päkgöwünlilik we dogruçyllyk nurlary aýdyň we röwşen görünýärdi. Onuň hormatly gadamy ganymat saýylyp, din, dünýä we ylalaşyk babatdaky sözleri kabul we makul göründi. Myhmanparazlyk ýörelgeleri we my-

nasyp engamlar berjaý edilenden soň döwletlileriň perzentleriniň adyna mübärek perman berildi. Onuň mazmuny şeýledi: «Astrabady soltan Hüseýin Mürzäniň emeldarlaryna goýmaly. Leşgeri ol sebitlerden şeýle bir görnüşde çykarsynlar welin, olaryň geçýän ýerlerindäki raýatlara hiç hili zyýan ýetmesin».

Ol buýrugy şyhyl yslamyň söhbetdeşliginde sowgat-serpaýlar bilen Kazy Alaeddin Alydan soltan Hüseýin Mürzäniň gaşyna ugratdy. Hyradyň alymlary, ululary we emeldarlary üçin sowgat-serpaýlar berip ugratdy. Ilçiniň, namanyň we mübärek permanyň gelmeginden ol diýaryň ilatynda uly şatlyk peýda boldy. Kazynyň hormatyna wajyp bolan mynasyp tagzymlary we hormatlary berjaý edip, soňra ähdi-peýman bilen oňa dolanmaga rugsat berdiler. Şazadalar we uly emirler Astrabatdan we oňa degişli ýerlerden göç edip, berjaý edilmegi wajyp bolan perman esasynda patyşanyň dergähine, Yrak we Il tarapyna ugradylar. 875-nji ýylda hezreti Sahypkyran Kum gyşlagyndan çykyp, Sowuk Bulakda gyşlag tutanda, olar bahar paslynda, Boş aýynyň başlarynda ol ýere baryp, belent orda birleşdiler. Şazadalaryň her haýsysy rugsat alyp, özleriniň welaýat-öýlerine dolandylar. Ilki Muhammet beg Yspyhana, ondan soň soltan Halyl Mürze Şiraza tarap ýaýlagma-ýaýlag göç etdiler.

## RUM WE MÜSÜR TARAPDAN ILÇILERIŇ GELMEGINIŇ BEÝANY

Ilki bilen Rumly soltan Muhammet tarapyndan bir ilçi patyşalara laýyk sowgat-serpaýlar hem-de dostluk we yhlaslylyk, gönülik ýolunda mäkämlik, ähdi-peýmanda berklik hem-de Yragy eýeländigi bilen gutlag mazmunyny öz içine alýan bir nama bilen dergähe geldi. Ol namanyň jogaby bilen yzyna dolandy. Ondan soň Müsüriň soltany Gaýtbaý tarapyndan köp sowgatlar, şahsy teperrikler hem-de dabara we şöwket bilen bir ilçi gelip ýetdi hem-de dostluk, doganlyk we welaýatlary eýeländigi bilen gutlag babatda çeper ýazylan bir nama getirdi. Ony hem hormatsylag we sowgat-serpaý dessurlaryny ýerine ýetirenlerinden soň yzyna gaýtardylar.

Ýezd tarapyndan Haja gidenleriň kejebesi geldi. Ony tertipleşdirmek we bezemek babatda öň mübärek perman berlipdi. Ony tertipleşdirmekde zerur bolan dürli işleri ýerine ýetiripdiler. Beýik jenap, seýit penaly Nygmatylla II yslam şygaryny beýgeltmek üçin ýola salyş (ugradyş) düzgünini berjaý edip, ony Ýezdden Kuma getirdi. Mübärek sapara yhram baglanlaryň uly topary, käbiri özüniň harjy bilen, käbiri bolsa soltanlyk sadakalaryndan umydygär bolup, hemra bolup geldiler. Hezreti Sahypkyran tanymal şazada, uly emirler, beýik wezirler hem-de Kumuň beýleki esgerleri we ýaşaýjylary bilen garşylamak üçin şäherden çykdylar hem-de hormatly kejebäni şäheriň içine girizdiler. Çar tarapdan haj etmek owazy kabul gulagyna ýeten hem-de «Lepbeý, eý, Allam, lepbeý» diýip, ýola düşen açlar we ýalaňaçlar hezreti Sahypkyran tarapyndan mynasyp mümkinçiliklere eýe bolup, azyk we ulag bilen ýola rowana boldular.

Sahypkyran öz dogany Uweýs begi haj emiri edip, baglanyş, çözüliş uýanyny we göçüp-gonuş geňeşini onuň kuwwatly eline tabşyrdy. Atly we pyýada uly topara hak-hukuk berip, goragçy

bilen kejebä hemra eýledi. Sahypkyranyň özüniň doganoglany bolan Halyl beg Perwanaçyny şazada Maksat bege goldaw-güýç bermegi üçin belläp hormatly kejebe bilen hemra edip, Bagdada iberdi. Şazadanyň işleriniň çözüliş, baglanyş uýanyny onuň parasat we ýagşy çäreli eline degişli edip, Haj kerweni bilen hemra eýläp, şol diýara ugratdy hem-de oňa: «Halypalar öýüne ýetende bir ýyla golaý wagt bäri uly atasynyň huzuryndan we ýakynlyk hormatyndan daş bolup, aýralykda galan şazada Maksut Mürzäni Sahypkyran hezretleriniň onuň şatlyk artdyryjy didaryny görmäge aşa şowk edýändigi üçin Soltanyýa bilen Töwriziň aralygyndaky ýaýlaglara rowana etmekligi» tabşyrdy.

Bu gyşlagdaka garamanly emirleriniň döwlet ýaranlaryndan biri zamananyň kynçylyklaryndan kömek isläp, dergähe gelip ýetdi hem-de: «Rumly soltan Muhammet öz doganoglanlary bolan Ahmet beg ibn Ybraýym beg we Kasym beg Garamany bilen uruş-dawa mekanyndadyr. Olaryň köp şäherlerini we welaýatlaryny golastyna geçirip, mülk giňişligi olar üçin daraldy. Pir Ahmet beg soltan Muhammediň kakasynyň aýal dogany bolan öz ejesini kömek we ýardam dilemäge Sahypkyranyň huzuryna ugratdy. Meni onuň hyzmatynda belläp, ýagdaýy mübärek arza ýetirmegi tabşyrdy. Ýolda onuň ejesi Hakyň rehmetine gowuşdy» diýip, habar getirdi. Sahypkyran oňa merhemetler edip, patyşalyk mähremlikleri bilen ýardam we kömek bermegi wada edip rahatlandyrdy. Ahyry ýeňiş nyşanly baýdaklar Kumdan çykyp, Garaman emirlerine ýardam bermek üçin Töwrize we Rum sebitlerine tarap parlap ugrady. Şeýle-de hut şu gyşlagda Sahypkyranyň enebir dogany bolan Isgender beg uzak wagtlyk hassalykdan soň, Hakyň çakylygyny kabul etdi. Tebipleriň dogry çaklamalarynyň aty alaç meýdanyny geçmekden gowşak we berk pikirleriniň belent perwazly kepderisi onuň em howasyndan uçup geçmekden ejiz geldi. Belent mertebeli

ejesi we meşhur dogany onuň ýasyny tutmak wezipelerini berjaý edende, dünýä eýelerinden bedgatlaryň berjaý edýän mekru zatlaryndan saklanyp, parz, sünnet we wajyp zatlar bilen kanagatlandylar.

Şu ýas wagtynda mübärek gulaklaryna: Yrak ilatynyň husu-san hem Gazwin ilatynyň betbagtçylyklarda dürli halanmaýan we gadagan zatlary edýändigi, ýakalaryny ýyrtýandygy, ýüzle-rini persala edýändigi, gara lybaslar geýýändigi, ýakynlarynyň we dostlarynyň çyplaň bolýandygy we beýleki şuňa meňzeş erbet gylyklary berjaý edýändigi barada habar gelip ýetdi. Sa-hypkyran bu düşünjeden daşlaşyp we biderek zat hasaplap, ýanyndakylary bu zatlary etmekden saklady we böwet boldy. Soňra bu işini rowaçlandyrmak, bedgat we gadagan zatlary ýok etmek üçin şerigata daýanýan buýruklar berdi.

Hut şu döwürde Mürze Muhammet Tuwajyny Rüstemdary hem-de jelawyýalaryň welaýatlarydyr galalaryny eýelemegiň çäresini tapmak üçin ugratdy. Sebäbi ýeňişiň başynda Darap beg Reý häkimligine gidende Rüstemdaryň meliklerinden we jela-wyýa emirlerinden birnäçe ters işler ýüze çykypdy hem-de belent tagtyň dergähine edilen çakylykdan boýun gaçyrypdylar. Melikler we emirler bularyň belent we beýik mertebelerini hem-de ýurt meýdanynyň ýeňiji döwletiň duşmanlaryndan boşap galandygyny görenden soň kepen we gylyjy aralykçy tutunyp, özlerini döwlet işigine ýetirdiler. Şeýdip, günäleriniň geçilmegi-ni gazandylar hem-de özleriniň mirasdüşer welaýatlarynyň häkimligini gaýdyp aldylar. Emir Şa Aly Baýramy, Abu Sagyt beg Ynak, Darabyň ogullary we Hajy beg dagy boý nökerlerden uly topar bilen permana laýyklykda Horramabat galasyny eýelemek üçin gitdiler hem-de galany eýelediler. Ol beýik gala älemde sütünleriniň berkligi we binýadynyň mäkämligi bilen

meşhurdy hem-de apbasly meliklere degişlidi. Mundan öň ölüminiň beýany edilen Şa Hüseýin hem şol meliklerdendi.

Galany eýeläp, ol diýaryň we galanyň ilatynyň şerini aradan aýyrdylar. Olaryň şeri, hususan-da, Jahanşa Mürzäniň döwründe hemişe soltanlara ýetip durupdy.

Gyş tamamlanyp, gün aramlyk nokadyndan demirgazyk tarapa gelip, Hamal ýyldyzlar toplumyndan ýigrimi dereje geçende «Turuň-da, (ynsanlara ahyret azabyny) ýetiriň»[1] hökümine laýyklykda Garamany halas etmek niýeti bilen Kum gyşlagyndan göç edip, pelek täsirli baýdagyny we gün buýsançly saýawanyny parladyp, ýörgür, bahar şemaly deýin mylaýym, tiz maksada ýetýän, jylawuny buran ugruna eňýän we hemişe özüne tabyn dor atyny —

Duşman gulagyny guýrukdyr öýdýär,
Olaň garşysyna kän oýun edýär.

Toýnagyndan akýar aýylganç zäher,
Edip duşman ülkesini zir-ziwer.

Ýöne dostlar üçin aby-haýýatdyr,
Ondan ganan hemme ösümlik şatdyr.

— diýen öwgä laýyklykda, hökmürowanlyk aýagynyň astyna çekip, menzil yzyndan menzil aşyp, göç edip, Sowuk Bulak ýaýlagynda ulaglarynyň we atlaryň ýörişden we gyşlag hassalygyndan dynç almagy üçin düşledi. Ol ýer howanyň mylaýym we suwunyň tagamlylygy (süýjüligi) bilen jennetiň bir nusgasydy.

[1] Gurhanyň 74-nji (Mudessir) süresiniň 2-nji aýaty.

Etraplara ondan müşk ýaly hoşboý yslar kükeýärdi. Çeşmeleri Köwser bulagyndan gözbaş we hoşboý ysly kafurdan ys-kok alýan ýalydy.

Ol giň sähranyň öri meýdanlarynda (çemenzarlyklarynda) reýhanlaryň we läledir nesrin gülleriniň üstünde belent çadyrlary we beýik saýawanlary gurdular. Kyrk güne golaý wagt şol ýaýlaglarda dynç aldylar.

Şazadalar Astrabatdan dolanyp, şol ýaýlagda ýer öpmek hormatyna ýetip, her haýsy özüniň häkimlik edýän ýerlerine dolanandan soň hezreti Sahypkyran ol ýerden göç edip, Gazwinde düşledi. Ol ülkäniň ulusynyň-kiçisiniň göwnüni awlap, mähribanlyk etdiler. Üç günläp, mübärek perman bilen täzeden gurlan döwlethanada ornaşyp, şikaýatçylaryň dadyna ýetişdi. Soňra Gurban aýynyň ýedisine ol ýerden göç edip, Soltanyýa bilen Gazwiniň aralygyndaky bir ýaýlagda Gurban baýramynyň wezipe-borçlaryny berjaý etmek üçin saklandy. Arafa güni[1] Jikjiki ýaýlagynda bir sährada, ýagny rehmet düşleginiň inen ýeri we bereket ýükleriniň gonan ýeri bolan Arafat ýaly we sapalykda we päkizelikde yhram baglanýan mekan we ornaşylýan öý ýaly bolan bir sährada düşlediler. Azykçylar baýramçylygy hem-de hemmä degişli engamlary tertipleşdirmäge, düşekçiler düşekleri ýazmaga, çadyrlar dikmäge, ýaşyl baglaryň üstünde kepbeler gurmaga we asman üçeginde sütünler berkitmäge meşgul boldular.

Baýramçylyk säherinde Sahypkyran bagtyýar täleý bilen haremhanadan daş çykdy. Ordanyň ähli kişileri tabynlyk we güler ýüz bilen ony gutlamak üçin öňünden çykdylar.

---

[1] Gurban aýynyň onunjy güni, gurbanlyk berilýän gün.

*Goşgy*

Ýüzüň baýram günleriniň şuglasy,
Gapyň erkinleriň, gullaň kyblasy.

Seniň dergähiňde topragy guran,
Maksadyna ýetmän gitmez hiç haçan.

Umumy bargähde orun tutup, patyşalara laýyk toý wezipeleri ýerine ýetirilenden soň Gurban däp-dessury we baýramçylyk namazy üçin atlandy. Şerigat emrini berjaý edenden soň, jahan eýeleýjilik baýdagyny Soltanyýa tarap parlatdylar. Ebher sebitlerinde ol ýeriň juma metjidini ymarat etmäge emr berip, özüniň şahsy baýlygyndan onuň serişdelerini bölüp berdi.

Soňra şähere birleşip duran Soltanyýanyň goragly ýerinde[1] belentlik bilen düşledi. Bir hepdä golaý wagt şol ýerde ornaşdy. Adyl soltanlar bolan soltan Muhammet Hudabendäniň we soltan Abu Sagydyň mazarlaryna zyýarat etdi. Päk öýleriň we belent gupbanyň (gümmeziň) rejelenmegi üçin diwanyň ygtyýarynda bolan şol ýeriň wakflaryndan pul bölünip berilmegine mübärek perman berdi.

Şol ýerde şazada Maksut ýerine ýetirilmegi wajyp bolan permana laýyklykda Bagdatdan mübärek orda gelip düşdi. Soňra ol ýerden göç edip, Erem bagyndan öwüsýän säher şemaly deýin Töwriziň Sehent ýaýlagyna geldi. Ol ýer tebigaty, suwy-howasy bilen bakylyk behişdinden hekaýat we läledir reýhany bilen behişt hüýrüniň ýüzünden rowaýat edýärdi. Birnäçe günläp, ol ýaýlaglarda jennet derýalary we dirilik çeşmesiniň suwy ýaly çar tarapa rowana boldy.

---

[1] Asyl nusgada «gorag», «guruk» görnüşinde gelýär. Bu söz birnäçe manyny berýär: 1. Goragly, gurugly, gulply; 2. Goramak, saklamak; 3. Belli bir şahsa ýa-da şahslara degişli bolup, özgeleriň girmegi gadagan edilen bir ýer.

Ahyry 876-njy[1] ýylyň Aşyr aýynyň başynda Töwriz şäherinde bagtyýar ediji täleý we şatlandyryjy pursat bilen dabaraly düşledi. Töwriz diýaryny mübärek gadamynyň we bagtyýar nurly ýüzüniň nury bilen hormatlady. Ol diýaryň misginlerine we pakyrlaryna haýyr-sahawat we ýagşylyk gapylaryny açyp goýberdi. Her birnäçe günden uly möçberli puly ol ülkäniň haklylaryna, ýagny alymlara, ýagşyzadalara, pakyrlara, misginlere we karylara sarp etmek üçin eminleriň (ynamdar kişileriň) eline berip iberýärdi. Olar her kimi hakyna laýyklykda paýly-nesibeli edýärdiler. Halalhanadan hemişelik görnüşde karar edilen gündelik halal saçak, hem-de Hudaýa ýakynlaşanlaryň täji Baba Abdyrahmanyň derwüşleri üçin hemişelik karar edilen umumy supra arkaly pudaklarda doly asudalyk hasyl boldy. Her Juma agşamy älemi tabyn ediji dergähiň huzuryna hajatlaryny berjaý etmek üçin gelýän etraplaryň we töwerekleriň alymlaryna we ulularyna mübärek mejlise gelmäge ýol berýärdi. Mejlisdäkileriň baryny olaryň şahsy bilimlerinden nesibeli edýärdi. Umumy engamlar we tagamlar bilen hemmäni ezizleýärdi.

Töwrizde ornaşanyndan bir aý soň Myhmat beg, Süleýman beg Pürnek we Baýyndyr beg ýaly emirleriň birnäçesini iki müň kişi bilen Bidlise we Ermen diýaryna ugratdy hem-de olara: «Ol welaýaty golastyňyza alyp, älemi eýeleýji baýdagyň astynda Rum tarapyna gider ýaly mübärek baýdaklaryň hereketine göz dikip duruň» diýip tabşyrdy. Şol aralykda Pir Ahmet begiň dogany Kasym beg Garamandan Jahan penakäriniň dergähine gelip ýetdi hem-de hormatly üns we sarpaly enaýat bilen belent buýsanja eýe boldy.

Iki aý tamamlanandan soň älemdäkileriň Şazadasy, halypalyk gabynyň düri, bagtyýarlyk güneşi, hökmürowanlyk daňynyň säheri, Bagdat halypalar öýüniň gülüstanynyň gunçasy, adyllyk

[1] Milady ýyl hasaby bilen 1471-1472-nji ýyllara gabat gelýär.

we adalatlylyk bossanynyň ter miwesi Abulmuzaffar Maksut Mürze —

### *Goşgy*

Seň sahawatyňdan galyp uýada,
Dejle derýa asla gelmez Bagdada.

Öpmek islese-de aýagyň tozun,
Ol beýle etmegiň tapanok ýolun.

Göreni aňk edýän göwherler, dürler,
Päkligiňi görüp toba ederler.

Ýüzüň nury dolan aýy öçürer,
Katdyň serwiň boýundanam geçirer.

— berjaý edilmegi wajyp bolan permana laýyklykda akyllylygyň we kämilligiň parzy bolan sünnet däp-dessurlaryna, toý we şagalaň wezipelerine girişmekleri üçin Dört tirkeşikleriň birinji aýynyň başlarynda soltanlyk öýi Töwriz şäherinden, Elwent dagynyň müňlerçe ýaşaýyş çeşmesiniň we Fyrat tagamly derýalarynyň bardygyna garamazdan, howasynyň teşnesi we läledir reýhanynyň haýrany bolan Sehende tarap ugrap, ol ýerden hem howasy jana terlik bagyşlaýan, suwy ruha joşgun berýän, topragy ýyldyzlardyr saýýaralar bilen bezelen asman üçegi ýaly dürli-dürli ösümlikler bilen al-ýaşyl öwüsýän Ujan sährasynda düşledi. Şol düz sährada ilki bilen Dört tirkeşikleriň birinji aýynyň ikinji onlugynda Mustapa sallallahy alaýhy wesellemiň doglan gününiň hormat wezipelerine girişdiler. Ähli alymlary we ýagşyzadalary mübärek ordada uly çakylyga we umumy nygmata üýşürdiler. Ýagşyzadalaryň biri bereketli Mustapa

sallallahy alaýhy wesellemiň dogluş habarlaryny (rowaýatlaryny) beýan etmäge meşgul boldy.

Allanyň päk kelamy hatm edilenden soň, umumy naharlanyşyga girişdiler. Hut şol ýygnanyşylan günde Allanyň öýüne haj edenleriň we pygamber alaýhyssalamyň şäheri Medinä zyýarat edenleriň dolanýan hormatly kejebesini garşylamak üçin mübärek ordadan pyýadalap ugradylar. Hajylary:

***Beýt***

Eý, haja giden kowum, nirde siz? Habar beriň.
Çyn magşuk bu ýerdedir, onuň ýanyna geliň.

Salam size, hoş geldiňiz, merhaba!
Ülkämize getirdiňiz hoş habar.

— diýen ugrukdyryş hiňlenmesi bilen älem penakäriniň dergähinde gondurdylar. Ählisini «Alla dynçlyk diýary — jennete çagyrýar»[1] diýilýän soňsuz yhsan saçagynyň başynda oturdyp, «Hajyňyz kabul bolsun» diýip, hoş habar berýärdi.

***Goşgy***

Bol yhsanly saçagynyň başynda,
Bu soltanlar ýalynjaňdyr daşynda.

Pygamberiň doglan gününiň çakylygy gutarandan soň, meýlis Töwrizden çykmagyň asylky maksady bolan Şazadanyň sünnet çakylygyna ýazyp gitdi. Uly emirlere, yslam kazylaryna, Asyf sypatly wezirlere, belent mertebeli eminlere, ýeňiji leşgeriň serkerdelerine we beýleki meşhur kişilere umumy sowgat-

---

[1] Gurhandan aýat.

serpaý berdiler. Onsoň ýer ýüzünde hiç ýer bilen deňleşmeýän we howasynyň mylaýymlygynda gije-gündiz birmeňzeş görünýän sähranyň bir giňişliginde çadyrlar, pelek nyşanly saýawanlar gurdular:

***Goşgy***

Topragy meňzeýändir behişdiň üçegine,
Ordibehişt aýynyň howasyndan gan, ine!

Çüýşe ýaly suw akýar gyrtyçlaryň arasyndan,
Göýä, ruh gezim edýär ynsanyň göwresinde.

Her bir çadyr keşpde we şekilde pelek deý öwrümlidi, onuň depesinde ýyldyzyň şekili bardy. Mawy pelek deý ýüpsüz we sütünsiz dikelip durdy, çadyrynyň gurluşy yslam öýüniň köşkleri ýaly kemçiliksizdi, lowurdap durdy, terdi. Her bir saýawan mähremlikde saçakdar, belki-de mähribanlykda Sahypkyran ýaly, aman-esenlikde asman ýalydy. Her bir çadyr tanymal emirleriň we hökmürowan wezirleriň birininkidi. Pelek şekilli dergähiň ýakynlarynyň mejlisi Sahypkyranyň tagtyny gün pelegi ýaly gurşap, nurlandyrýardy. Hoş owazly bagşy-sazandalar çeňdir naý bilen Dawut namasyny kakýardy. Her çadyrda aýdym-sazyň owazy ýaň salýardy. Her kim diňlemäge we boýun egmäge bil baglapdy. Çeň şadyr şazadanyň doga-senasynda bilini egip, onuň bognundaky[1] her bir damar (tar) dil açyp, şeýle diýýärdi:

«Bahar gelen wagty janypkeş bagban,
Üzüm şahalaryn gyrkýar gaýgyrman.

Suwarmazdan ozal üzüm joýasyn,

[1] Bu ýerde perde göz öňünde tutulýar.

Haşal oty gyrçap aýyrýar basym.

Biziň şazadamyz şol bagban ýaly,
Durmuşy hapadan saplasyn doly.

Goý, gitsin ýedinji pelekden geçip,
Onuň şatlygynyň üzüm agajy».

Her bir düşleg üçin tagamdyr şerapdan aýratyn aşhana ähli esbaby bilen tertipläp, bir wagtda zerli, kümüş we hrustal gaplarda läledir reýhan kibi guýup, şeýle bir köp derejede öýlere çekdiler welin:

«Tagam buglaryna getirmezden tap,
Uçup barýan guşlar boldular kebap.

Howa deňiz ýaly dur tolkun atyp,
Guşlar hapa bilen gelýärler akyp».

Bu çakylyga gelen döwlet emeldarlarynyň her biri däp-dessura laýyklykda san-sajaksyz we hetsiz-hasapsyz belli arap atlarynyny, ýyndam ýorga gatyrlary nepis parçalardyr ýüpeklerden dokuzlar, Kibrisli ýüň parçalary, rus ketenilerini getirip, arz meýdanyna çekdiler. Päkiniň hökümi bilen Ybraýym alaýhyssalamyň sünnetine laýyklykda päki çekip, soňsuz sowgat-serpaýlara el açdylar. Altyn, kümüş, halatlar we parçalar bilen ony şeýle bir sylagladylar welin, onuň ulaglary sowgat-serpaýlary götermekden ejiz geldi.

Ol toý hysyrdylaryndan boşaşandan soň, ýene-de gyşlamak üçin Töwriz şäherinde mübäreklik bilen düşledi. Şol gyşy asudalyk we göwün islegine laýyk geçirdiler. Günüň (gündiziň) ýyldyz tagty günorta gyşlagyndan baharyň aramlyk öýüne göç edip, saba düşekçeleri benewşe we reýhanyň zerbap düşeklerini

akar suwly aryklaryň kenarlarynda ýazyp, nagyşly we bezegli saýawanlary agaçdyr daragtlaryň şahalarynda parladanlarynda hem-de garrydyr juwanyň göwni serwidir çemen kibi läle-reýhanly we anbar ysly howa maýyl bolanda, Sahypkyran bagdyr bossanlardan «hoşluk we gözel akybet-jennet bardyr»[1] diýip, aý aýdyňlykda birnäçe günlük aýşy-eşret saçagyny ýazdy. Behişt ýaly mejlisiň eşretçileriniň üstünden läledir gül kibi gyzyldyr ak dinarlary we dirhemleri seçip başlady. Her kimi patyşalara laýyk serpaýlar bilen sylaglady. Aýşy-eşret sowulandan soň, ýagyş damjalaryndan artyk goşun bilen Töwrizden çykyp, Merent çemenliginde düşledi. Pelek gulamly patyşa ol ýerde birnäçe gün saklandy. Soňra goşundyr goşy bilen Aladagda düşledi. Şol wagtlarda beýik we sahawatly möwlana bolan Möwlana Aly Guşçy Horasandan gelip, ýeriň we deňziň patyşasynyň nazaryna ilip, oňa ýigrimi müň Şahruh teňňesi we bir dokuz parça enaýat edildi.

---

[1] Gurhanyň 13-nji (Ragd) süresiniň 29-njy aýaty.

## GOŞMAÇA

## HASAN RUMLYNYŇ «AHSANUT TAWARYH» ATLY KITABYNDAN HASAN PATYŞANYŇ RUMA TARAP LEŞGER IBERENLIGI WE OL DIÝARDA SOLTAN MUHAMMET BILEN SÖWEŞENDIGI BARADAKY BEÝAN EDILEN BÖLÜMLER

## SEKIZ ÝÜZ ÝETMIŞ ALTYNJY ÝYLDA ÝÜZE ÇYKAN WAKALAR

Hasan patyşa Töwrizi we Yragy basyp almazyndan öň Rum we Şam häkimlerinden köp ejirler çekipdi. Gowşaklygyndan we ýaranlardyr goldawçylarynyň azlygyndan ol ülkäniň duşmanlaryndan her dürli azar görüpdi. Şonuň üçin şol wagtlarda günbatar tarapdan hem birnäçe ýurdy eýelemek isleýärdi. Şol sebäpli goşun we leşger bilen Ajam ülkelerinde Peridunyň we Jemşidiň ornuny tutmak dawasy bilen Diýarbekr welaýatyna tarap dolandy. Ol ýerden Şam sebitlerine hüjüm etmek pikiri bilen çapawulçylyga başlady. Şol wagtda Garaman perzentleri Pir Ahmet beg bilen Kasym beg mundan öň beýan edilişi ýaly biwepalyk, topalaň, gapma-garşylyk we gadyrbilmezlik etmek arkaly öz başyny soltanyň syýasat gylyjyndan sypdyryp, Garaman diýaryndan umyt üzüp, dergähe gelipdi. Hasan patyşa jahyllyk gaýraty (yňdarmalygy) we akylsyzlyk kelteligi sebäpli: «Geldi öwlady Garaman dawa hem jenjel üçin» diýip, soltanyň mülküne göwün böldi. Onsoň kemanly türkmenlerden we ganhor zalymlardan uly goşuny şol leşgeriň öňbaşçysy we şol ülkäniň saýlantgysy bolan Bekdaş Mosulynyň ogly Emir beg bilen hemra edip, Tukat şäherine çozmak üçin iberdi. Olar şol şäherde we welaýatda talaňçylyga we çapawulçylyga meşgul boldular.

***Beýt***

Üç tarapda talaňçylyk örňedi,
Ganatyna gerdi sütem bürgüdi.

Talaňçylykdan we çapawullykdan soň welaýaty haraplamak bilen ol şäheriň ilatynyň hany-manyna dowzah oduny okladylar. Bu bozuk habar soltan Baýezidiň gulaklaryna ýetende, Amasyýa şäherinden çykyp olara garşy ugrady hem-de bu habary atasy soltan Muhammede ugratdy. Soltan Baýezidiň ugrandygy baradaky habar Emir bege baryp ýetende ol yzyna dolanyp, Diýarbekre ugrady. Gyşda Pir Ahmet begiň we Kasym begiň ýolbeletliginde ýigrimi müňe ýakyn gan içiji we böwsüji atly Hasan patyşanyň doganoglany Ýusup begiň serkerdeliginde Garaman diýaryna ýöriş etdiler. Şol wagtlarda soltan Mustapa atasy tarapyndan Garaman ülkeleriniň hökümdarydy. Ol bu habary atasy soltan Muhammede tarap ugratdy. Soltan Muhammet Dawut Paşany Anadolynyň leşgeri bilen onuň mededine ugratdy. Emirler we esgerler türkmen leşgeriniň barabarynda sap düzdüler we biri-birlerine hüjüm etdiler. Goşunyň çaň-tozundan howa garaldy. Gorkudan ýaňa kümüş sypatly Aýyň ýüzi zagpyran dek saraldy. Çarhyň şasuwary Nahid[1] deýin ahy-nala edip başlady. Zöhre Müşteriniň we Bähremiň gujagynda joşa gelip, kineden doly Keýwanyň gursagyndaky ýürek hunap[2] boldy. Zemin batyrlaryň ganlaryndan lagl geýnene döndi.

***Şygyr***

---

[1] Nahid — Zertuşty hudaýlarynyň biriniň ady. Anahita ýa-da Nahid Suwuň hudaýydyr. Ol Awestada örän owadan, uzyn boýly we gözel keşpli bir gyz hökmünde sypatlandyrylypdyr.

[2] Hunap — ganly suw.

Söweş sebäpli Aýyň ýüzi toz-çaňdan doldy,
Balygyň «gadamy» hem daşdyr toprakdan doldy.

Ýeriň üsti gan deňzinde ýüzýan gämä meňzedi,
Kä gapdaly ýykyldy, käte öňe müňzedi.

Esgerleriň hanjaryna siňip söweşiň çaňy,
Hünnileriň ýylgyrşy deý öwşün atdyrdy ony.

Köp sanly tagalladan we gyrgynçylykdan soň türkmenleriň goşuny gaçyş ýoluny ileri tutdular. Ýusup beg emirleriň bir topary bilen ýesir düşdi. Şol ýigrimi müň atlynyň ondan biri müň jebir bilen salamat sypdylar.

Dawut Paşa ýesirleri soltan Mustapanyň huzuryna getirdi. Şol ýeňilen toparyň arasyndan Ýusup begi meşhur serdarlar bilen bilelikde Stambula iberdiler. Hasan patyşa gan içiji leşger bilen Şam diýaryna ugrady. Fyrat suwundan geçip, Malatyýa we Aýntap[1] galasyna tarap ýüz öwürdi.

Gyş möwsüminde Bire galasyny gabady. Müsür soltany Gaýtbaý galanyň ilatyna medet bermek üçin Ýaşbeg Döwetdary Dymyşkyň we Halabyň begler begi bilen Müsürden Hasan patyşanyň garşysyna ugratdy. Olar biri-biriniň garşysynda durdular. Aralarynda Fyrat suwy böwet bolsa-da, olar topdur tüpeň bilen türkmenlerden köp esgeri heläkçilik topragyna agdardylar. Suwuň joşmagy we silleriň köp bolmagy sebäpli Hasan patyşa galanyň başyndan umyt üzüp we göwün geçirip hem-de Müsür

[1] Aýntap — Mäkäm bir gala bolup, ol Halap bilen Antakyýanyň aralygynda ýerleşipdir.

leşgeriniň garşylygyndan ýeňlip we utanja galyp, Diýarbekre tarap dolandy.

Begler begi mosully Emir beg ýöriş baýdagyny ahyrete tarap parlatdy. Hasan patyşa ol diýardan dolanandan soň baharyň başlarynda asmany inişlerden we nägehan belalardan uly bir sil türkmen goşunynyň arasyna ýüz goýup, olaryň uly toparyny ýokluk girdabyna gark etdi.

## SEKIZ ÝÜZ ÝETMIŞ ÝEDINJI[1] ÝYLDA ÝÜZE ÇYKAN WAKALAR BARADA SÖHBET

## HASAN PATYŞANYŇ RUM PATYŞASY SOLTAN MUHAMMET BILEN SÖWEŞMEGI

Tokat şäheriniň harap edilenligi baradaky habar soltan Muhammede baryp ýetende dergähiň emirleri we bargähiň ýakynlary bilen maslahat etdi. Olar: «Mülk ýumurtgasy topalaňçylaryň we iki ýüzlüleriň gapma-garşylygyndan gaýgyruwsyz gylyjyň hemaýaty bilen goragly saklanar ýaly söweş çäresini etmäge we leşgeriň tagna we zarba urujy serişdelerini tertipleşdirmäge girişmek gerek» diýip, arz etdiler. Şol sebäpli-de soltan leşgeri tertipleşdirmäge meşgul boldy.

***Beýt***

Jeňe peýläp, duşmanyna göz edip,
Rum we Pereň goşunlaryn bezedi.

Aý hereketli çawuşlar goşunyň ýygnanmagy üçin diýaryň etraplarynda, ülkelerinde we welaýatlarynda herekete girdiler.

***Şygyr***

Jemşit perman berip, bolup talapda,
Goşun öňe süýşdi ähli tarapdan.

Jeň güni barmyka bu atlara taý?!
Olaň toýnagyndan çaňda ýitdi Aý.

---

[1] Bu ýerde ýalňyşlyk gidipdir, 878-nji ýyl bolmaly.

Her ýerden bir serdar gelip goşunly,
Baş goşunyň hataryna goşuldy.

Mure we Bosnýa welaýatlaryndan, Aflak, Alaýýýa (Alanyýa), Anadoly, Münteşä Ili, Garaman, Kastomonyýa, Trabzon sebitlerinden we beýleki Rum şäherlerinden sansyz leşger we soňsuz goşun soltanyň dergähine üýşüp geldiler. Şeýlelikde ýigrimi müň esger, on müň ýaňyçeri[1], on müň gapy halky[2] we altmyş müň beýleki esgerler älemi eýelemek maksady bilen Rum deňzinden geçmegi niýet edip, Ystanbuldan kenara tarap Anadoly diýarynyň deňiz deýin gyrtyçlygynyň (çemenliginiň) gyrasy bilen geçip, Yznyk şäherine rowana boldular. Garynja sanly we ýyldyz hasaply leşgeriň barynyň geçmegi üçin Ystanbul geçelgesiniň we ol ýeriň gämisiniň ýeterlik däldigi üçin Rum iliniň esgerleri we emirleri Köli Boly geçelgesinden geçip, Ýaňy şäherinde mübärek orda birleşdi. Beg Bazary diýen ýerde soltanyň perzendi soltan Mustapa Garaman emirleri we sansyz leşgerleri bilen atasynyň goşunyna birleşdi. Anadolynyň serkerdeleri we emirleri bilen dergähiň goşun emirleri we kellekesijileri şol gün toprakda ýeňiş nyşanly orda gelip birleşdi. Gazabat sährasynda soltan Baýezit Omman deňzi deý goşuny bilen «ummana» goşuldy. Siwas sährasy asman esasly ordanyň düşleg ýerine öwrülende, soltan goşuny gözden geçirmäge buýruk berdi. Arzynjan şäheri jahan soltanynyň düşleg ýeri bolanda ol şol ýerden Hasan patyşa tarap ilçi iberdi hem-de özüniň ýörişinden ony ägä etdi. Hasan patyşa: «Biz hem gan döküji leşger bilen şol diýara barýarys. Sen ýakyn gelen wagtyň biribirimiz bilen garpyşarys» diýip jogap berdi.

---

[1] Ýaňyçeri — täze ýygnanan we meýletin gelen goşun.
[2] Köşk esgerleri.

### *Beýt*

Ýa myrada ýetir — pelek biziň mülkümiz diýeli,
Ýa-da bolmasa mert ärler deý ar üstünde baş goýaly.

Ol hem Töwriziň, Yragyň, Parsyň, arap Yragynyň, Ommanyň kenarynyň, Kermanyň we Diýarbekriň leşgerlerini jemläp, jan alyjy peýkamynyň ujy bilen Keýwanyň depesinden telpegini alyp bilýän hem-de naýzanyň ujy bilen simap sypat asmanyň başyndan günüň zerrin gupbasyny kakyp bilýän —

«Bary baş kesiji, pälwan ýykyjy,
Naýza işlediji, gylyç salyjy.

Jeň hakdaky pikri bagt saýýarlar,
Jeň ýoluny geçmegi gowy görýärler»

batyrlar bilen menzilme-menzil göç edip, ýola rowana boldular.

### *Goşgy*

Goşunyň zarbyndan Zemin sergerdan,
Zeminiň çaňyndan asman sergerdan,

Eşdip är ýigitleň edýän owazyn,
Pelekleriň şiri ýitirdi özün.

Ujan diýen ýerde goşuny sanamagy emr etdi. Goşun kyrk müň sany naýza urujy we böwsüji atlydan geçdi. Ýene-de otuz müň esger bardy. Emma olar öz etmişlerinden ýaňa puşman edipdiler. Ýöne olaryň bozuk pikirleriniň bozuklygy ylalaşyk

derejesinden geçipdi. Soltanlygynyň baýdagynyň aýjagazy zarba duçar bolan ýürek deýin tibirdäp başlady, döwletiniň tugunyň kenarlary hazan gören ýaprak deýin sandyrap ugrady. Onuň ýüzi adamlaryň keşbinde gorky döredip, sarylama keseline duçar etdi.

Emma Ugurly Muhammedi on müň böwsüji atly bilen aňtawçy edip ugratdy. Soltanyň esgerleri onuň leşgergähiniň golaýyna ýetende, buludy nikap edinýän gün kibi Fyrat derýasynyň golaýynda bolan dag kötellerine, jülgelere geldi we ol uly suwy aralykda goýdy. Şol wagtda Rum iliniň beglerbegi bolan Hasmyrat garawullyga çykypdy. Ugurly Muhammet öç-kineden doly türkmenleriň bir topary bilen bukudady. Ol käte Rum esgerleriniň gapdalyndan öz baýdaklaryny parladýardy, käte hem özüni gizleýärdi we bukýardy.

Hasmyrat soltanyň ýanyna bir çapar iberdi we ýardam diledi. Soltan Muhammet Mahmyt paşany bir topar batyrlar bilen onuň ýardamyna goýberdi. Mahmyt paşa garşydaşlarynyň mekirdir hilesini aňandan soň Hasmyrady garşylaşmakdan saklady. Emma birtopar tejribesiz we gallaw ýigitler hem-de bir topar aňsyz we synagsyz batyrlar Hasmyrada garap:

— Mahmyt paşa türkmenleriň leşgeriniň ýeňliş nyşanlaryny alamatlar we deliller bilen takyklapdyr, onsoň, myrat çöwgeni bilen öňdelik güýüni kakmak isleýär. Döwletli maslahat şudur: Biz has öň olaryň üstüne çozalyň hem-de olaryň ýygnanyşyk düzümini üzüp, pytradalyň diýip, maslahat berdiler. Şonuň üçin Hasmyrat türkmenleriň üstüne hüjüm etdi. Ugurly Muhammet hem bukudan çykyp, ony orta aldy. Söweş alawlary tutaşandan soň Rum goşuny gaçyş ýoluny öňe tutdular. Türkmenler Hasmyrady dört müň atlysy bilen bile gyrgyna berdi. Durhan beg ogly Omar beg uly emirleriň birtopary bilen ýesir düşdüler.

Ugurly Muhammet ýagşylyk isleýji adamlary Hasan patyşanyň gaşyna iberip: «Maslahat şudur. Hut şu gün älem ýakyjy

goşunlar bilen birlikde gaçanlaryň yzyndan gideliň we Mahmyt paşany hem ýeňeliň» diýip, habar gönderdi. Hasan patyşa hut şol gün rumlular bilen garpyşmagy maksat etdi. Emma ogly soltan Halylyň we beýleki perzentleriniň ejesi bolan Seljukşa: «Ol leşgeriň arasynda doly ygtybar (abraý) gazanar ýaly Rum goşunynyň hut öz elinden ýeňilmeginiň dawasyny edýär» diýip, arz etdi. Hasan patyşa ol syrtlanyň sözüni kabul edip, Ugurly Muhammedi çagyrdy. Birnäçe günden soň nökerdir goşuny bilen atlanyp, söweş meýdanyna ugrady. Sopy Halyl Mosully hernäçe: «Jeň etmek maslahat däl. Ýagdaýyň nähilidigini Syrlary Bilijiden başga hiç kim bilmeýär» diýip, maslahat berse-de, Hasan patyşa onuň sözüne üns bermedi we ýola rowana boldy.

Hasmyrat öldürilenden soň rumlularyň ordasy jemlenipdi.

### *Beýt*

Rum leşgeri boldy lal-u jim ýaly,
Eräp gitdi kürä düşen mum ýaly.

Emma soltan asla öz köňlünde üýtgeşmä ýol bermedi. Ol has öňräge, başga bir düşelgä geldi. Şol ýylyň Dört tirkeşikleriň birinji aýynyň on altysyna hoş güni soltanyň leşgeriniň sagyndan we solundan Turjan dagynyň depesinden türkmen leşgeriniň birnäçe sapy göründi. Çawuşlar soltan Muhammediň arzyna: «Hasan paşa ar alyjy goşuny bilen dagda özüni mäkämläp, söweşdir jeň baýdagyny parladypdyr. Ähtimal şol dagyň depesinden mekirdir hileler bilen batyrgaýlyk (çapawullyk) eder. Ol şol daglyk ýerde maksat awuny öz eline getirýän awuň yzyndaky ýyrtyjy wagşynyň ýagdaýyndadyr» diýip, arz etdiler. Bu habar belent gulaklara baryp ýetende pelek ýörişli, bezemen

—

«Isleg ýaly ýörgür, rysk ýaly ýetgir,
Şemal deý towsujy, ot ýaly ötgür,

Nowruz ýagşy deýin ýaplara dolýan,
Azer buludy deý belende galýan,

Pikir deý giň gadam, öňdengörüji,
Ýagşylyk deý kalba kuwwat beriji»

— atyna münüp, goşuny häzirlemäge perman berdi. Hut özi hem goşunyň merkezinde orun saýlap, al-ýaşyl demire çümdi.[1]

***Goşgy***

Şanyň sowudynda şir gizlendi,
Buludyň aşagyndaky lowurdawuk gün ýaly.

Nerkes gözlerine hemmeler haýran,
Onuň üçin özün etjek kän gurban.

Iki başly naýza alyp destine,
Zäher pürkýär duşmanynň üstüne.

Göýä dik ýokary galan Gün ýaly,
Aýy ýagtyldyp dur onuň jemaly.

Öz goşunynyň öňüni arabadyr zynjyr bilen mäkämläp, örän berk bir berkitme gurdy.

---

[1] Bu ýerde harby lybaslaryny geýindi diýen manyda gelýär.

*Beýt*

Şa leşgeriň merkeziniň zähmetini çekdi,
Ol jaýrykda Isgenderiň diwaryny çekdi.

On müň töweregi ýaňyçeri sapyň öňünde durup, hersiniň elinde tüpeňdir atyjy ýarag bardy. Merkeziň golaýynda «Oglan goşuny» atlandyrylýan müň bäş ýüze golaý atly, şeýle-de «ýaragly» atlandyrylýan ýene-de bir-iki müň atly, şonuň ýaly-da başyboş ýigitleriň iki müň töweregi topary sagda-çepde durdy. Şeýle-de sagda-solda iki müňe golaý oljaçy jemagat atly we pyýada ýygnanyşyp durdylar. Olar merkezde soltanyň ýanynda ýigrimi müň sany bolup durdular.

Soltanyň perzendi soltan Baýezit, Mahmyt Paşa we uly wezirlerden we uly emirlerden hem-de tugdur baýdak eýelerinden düzülen kyrk baýdak bilen sag tarapda ornaşdylar. Rum iliniň başyboş ýigitlerinden bolan pyýada goşunyň bir topary ýaňyçeri goşunlarynyň ýagdaýynda Rum iliniň goşunynyň öňünde durdylar. Çep tarapdan soltan Mustapa, Dawut Paşanyň Garaman goşuny we Anadolynyň leşgeri bilen ýigrimi dört meşhur emir hem-de ýigrimi müň sany başyboş ýigit bilen Rum iliniň kanunyna laýyklykda goşunyň öňünde sap gurdular. Şir ýykyjy pyýadalaryň we sap bozujy esgerleriň naýzalaryndan, gylyçlaryndan, ýaraglaryndan we lybaslaryndan ýaňa sähra giňişligi bossandyr gülşene dönüpdi.

*Şygyr*

Gülgün naýza Güne-de şeýle gözel göründi,
Ol özüniň odundan asmanda tug edindi.

Gyzyldyr elwan öwsüp galkanlaryň düzümi,

Gözelleriň ýüzi deý joşa saldy barlygy.

Ýöne bu ajap keşbe uzak syn edip durman,
O tarapdan jeň üçin bäri ugrady duşman.

Ol gadymy Eýranyň soltanlary, hanlary,
Sagdan, soldan geldiler orta goýup janlaryn.

Hasan patyşa dag endamly, ýel ýörişli —

***Beýtler***

— Dag bedenli, Aý ýalkymly, uçujy,
Ýer gazyjy, ýüzse, deňiz geçiji.

Ýel deý ýyndam, bulut ýaly haýbatly,
Ördek deý ýüzüşli, gaplaň gaýratly —

— atyna münüp, gaýratly we haýran bolan türkmenleriň bir topary bilen merkezde ornaşdy. Mübärek pally sag tarapda öz ogly Zeýnel begi Şa Aly beg Pürnek, Baýyndyr beg, Sopy Halyl Mosully, Süleýman Bijin ýaly tanymal emirler hem-de sap bozujy batyrlaryň birtopary bilen ornaşdyrdy. Çep tarapda Myrat beg Jahangir, Alyhan beg Jahangir, Kasym beg Garaman ogly, Mansur beg Owşar, Ilaldy beg Çepni we Arslan beg Zülkadyr dagy jöwşen geýnen batyrlaryň uly topary bilen orun tutup jöwşen baýdaklaryny parlatdylar. Uly ogly Ugurly Muhammede çep ganatda böwsüji leşgerden bölek durmagy buýurdy. Şondan soň topar-topar, üýşmek-üýşmek bolup söweş meýdanyna rowana boldular.

***Şygyr***

Goşuny bir-birniň yzyna düşüp,
Dagdan inen sil deý geldiler süýşüp.

Iki tarap giň meýdana üýşdüler,
Gulzum derýasy deý gaýnap-joşdular.

Türkmen leşgeri soltany dep etmek we rumlulary ýom-ýok etmek üçin ot sowrujy gylyçlaryny gynyndan sogrup, pitne öçüriji naýzalaryny atlarynyň gulaklarynyň arasyndan gönüläp, aýlanýan pelekdäki ýyldyzlar kibi sap çekdiler.

***Beýt***

Goşun gazaplanyp, gaplaň deý arlap,
Duşmany pil ýaly böwüsýär parran.

Söweş meýdany tanymal söweşijileriň atlaryndan we böwsüji pyýada esgerlerden ýaňa magşar sährasyna döndi. Naýzaçylardan ýaňa sähra giňişliginde depeler döredi. Gan döküji naýzalaryň şöhlesinden howanyň ýüzi şöhleli şuglalardan doldy. Tebiliň, kernaýyň, surnaýyň, zerli tebilleriň owazynyň haýbatyndan ýaňa aýlanýan pelek hereketden galar we suwuň merkezi «toprak» deý akar öýdülip gorkuldy. Hasan patyşa şol gussadan doly dagyň depesinden öz haýbatly topary bilen dagdyr düze uly gykylyk we gowga saldy.

***Beýt***

Batyrlaň «haý-haýy» ýaýrap çar ýana,
Ol dokuz pelege saldy zenzele.

Demme-dem Tir aýynyň buludy ýaly dagda gylyçdyr naýzanyň şuglalary göz gapýardy.

### ***Beýt***

Ýaldyrady batyrlaryň galkany,
Edil dagdan çykan nurly Gün ýaly.

Olar gök gümmürdisi deýin dagyň depesine gulgula salýardy. Emma öz ornundan bir gadam hem öňe süýşmeýärdiler.

### ***Goşgy***

Mydama ýeňişler ýar bolan soltan,
Bildi belaň gelenini çag-soldan.

Ýöne ol dag — siller gozgap bilenok,
Bir jeňe girensoň duşman gülenok.

Soltan goşunyna ýokary çykmaklygy buýurdy. Birinji gezek Mahmyt Paşa gyzyltelpekliler we başyboş juwanlar goşuny hem-de Anadolynyň atlylary bilen türkmenleriň üstüne ugradylar. Baryp uruş oduny tutaşdyrdylar. Belalardyr apatlaryň silini adaty ýagdaýyň tersine, aşakdan ýokary inderdiler. Olaryň üstüne duýdansyz topdur tüpeňden ot ýagdyrdylar.

### ***Beýt***

Tüpeňiň uçguny asmana ýetdi,
Ýerdäki goşuna jar darlyk etdi.

Owazdan doly nagaranyň, tebiliň sedasy, surnaýdyr mis tüýdügiň owazy pelekleriň pelegine baryp ýetdi.

### *Şygyr*

Ýedi jöwşenli nagara göýä serhoş deý arlaýar,
Ony eşdip pelekleň başda joşy kiparlaýar.

Ol şeýle bir elden düşdi sesin uzaga ýaýyp,
Elden hem aýakdan galdy ony diňlän bar halaýyk.

Sagdan soltan Baýezit dagyň üstüne çykyp, Ugurly Muhammede hüjüm etdi. Gazaply söweş boldy. Naýza odunyň tüssesi Keýwanyň eýwanyna ýetdi. Gan saçyjy gylyçlaryň alawy asmana şugla urdy. Batyrlar peýkamlarynyň uçlaryny betpälleriň göz çeşmesiniň suwundan suwlaýardylar, taplaýardylar. Pälwanlar hanjaryň tygy bilen jan damarlaryny açýardylar. Bagyr tikýän peýkam edil tikinçi kimin tuwulgalary (sowutlary) söweşijileriň endamyna tikýärdi. Olara ýüpekden we parçadan geçýän iňňe kimin, tuwulgadyr jöwşenden deşip geçýärdi. Tüpeň ýyldyrym deýin röwşen jöwşeni böwsüp geçýärdi.

### *Goşgy*

Ol gün tutaşansoň söweşiň ody,
Gündür Aýam saýgyrmady hiç zady.

Batyr depesinde gylyçlar oýnap,
Ýyldyrym deý gidýärdiler alawlap.

Öz janlary däldi batyrlaň derdi,
Mawy gümmez şapak ýaly gyzardy.

Ýigitleň başyndan akan ganyndan,
Bar bulgurlar doldular bir ýanyndan.

Çep tarapdan soltan Mustapa we Dawut Paşa Garaman leşgeri bilen Hasan patyşanyň ornaşan ýeri bolan dagyň üstüne tarap ylgadylar.

***Beýt***

Rum batyrlary öňe okduryldy ok ýaly,
Mumy talamak üçin owsun atýan ot ýaly.

Anadoly goşuny we başyboş ýigitleriň pyýada esgerleri gazap bilen hüjüm etdiler hem-de merkezi topdur tüpeňiň zarby bilen agdardylar. Tugdur naýzalaryň başy tüpeň zarbyndan deşik-deşik bolupdy.

***Şygyr***

Tüpeňiň odundan baýdagyň başy,
Maňňal aýagy deý gyzardy ýagşy.

Peýkam alys ýoly bir demde geçip,
Gökden jansyz guşlar başlady gaçyp.

Heniz soltan dagyň depesine we hilelerden doly goşunyň duran ýerine ýetmänkä, serkerdesi Mahmyt Aga bolan Anadolynyň başyboş ýigitlerinden düzülen goşuny Hasan patyşanyň ogly Zeýnel begiň goşunyna hüjüm etdi. Zeýnel beg ýyrtyjy şir we paralaýjy gaplaň kibi bir topar bilen aždarha hereketli

peýkamlaryny ýelaýak atlarynyň gulaklarynyň arasyndan gönü-läp, olara garşy atdylar.

### *Şygyr*

Ýürekleri sogrulan gursaklaryň ýarasy,
Oýulyp dur. Her naýzada bir ýüregiň parasy.

Daş-töwerek zenzele, pelege ýetýär pygan,
Pälwanlaryň barynyň üsti-başy gara gan.

Şeýle bir köp adamlar ýere ýykyldy welin, «sygryň» arkasy olaryň ýükünden eglip, zeminiň merkezi olaryň ganyndan öl boldy. Ýaralylardan we ölenleriň jesetlerinden ýaňa geçiş ýoly daraldy. Emma ondan hiç bir peýda hasyl bolmady. Ol pyýada-laryň arasyna geldi. Mahmyt Aga onuň atynyň aýagyny çapdy. Zeýnel beg eýeriň yzyndan ýere ýykyldy. Mahmyt Aga onuň başyny bedeninden jyda edip, soltan Mahmydyň öňünde ýere oklady. Şazada onuň başyny merkeze, atasynyň gaşyna ugratdy.

Zeýnel beg ölenden soň Hasan patyşanyň ganaty syndy. Şol aralykda Andolynyň goşuny bilen başyboşlar goşuny özlerini Hasan patyşanyň baýdagy astyna ýetirdiler. Onuň dik duran baýdagynyň edil gözelleriň käkili deýin perişan boldy we bulaşdy. Çar tarapdan şol haýbatly toparlar Hasan patyşanyň üstüne topuldylar we onuň baýdagyny agdardylar.

### *Goşgy*

Gussadan doly towkylar indi bu gün asmandan,
Baýdak diňe giç ikindin gelip ýetdi o ýandan.

Gämä meňzeýän pelek gark boldy gan deňzinde.
Baýdagy agdaryldy, dyndy ýelkençisinden.

Ol eger ýekeje pursat eglenäýse ele düşjekdigini anyk bildi. Onsoň ähli nökerlerini we goşunlaryny taşlap, biygtyýar ýeke özi atlanyp, söweş meýdanyndan gaçyp gitdi.

Hasan patyşa örän meňzeş bolan Pirmuhammet beg Alpawut saklandy. Rumlular ony tutdular. Şonda ol: «Men Hasan patyşadyryn» diýdi. Hasan patyşanyň baýdagyny agdaran we Hasan patyşa meňzeş bolan Pirmuhammet Alpawuty tutan Rum esgerleriniň birtopary ony türkmenleriň uly emirleri we serkerdeleri bilen bile gandallardyr zynjyrlarda bent eýläp, agdarylan baýdaklary bilen sag gapdalda soltan Baýezidiň gaşyna getirdiler. Heniz Ugurly Muhammet bularyň öňünde durdy. Oňa atasynyň çagşan baýdagyny görkezdiler. Onsoň onda hem garşylyk görkezmäge takat galman, gaçyş ýoluny öňe tutdy. Soltan Baýezidiň goşuny olary yzarlap, köp bölegini gyrdy.

### *Şygyr*

Birin palta aldy, birini gürze,
Läşler çaşyp ýatyr bu meýdan üzre.

Ganly gylyçlarda Gün öwşün atdy,
Gözýaş deňzi joşup, ot öçüp gitdi.

Topraga siňensoň gyzyl gan deňzi,
Ýumurtga deý Ýeriň gyzardy meňzi.

Hasan patyşa näkesleriň ötünji ýaly agsaýan «myrat» ulagy bilen jahan giňişligi özi üçin bahyllaryň sabyr-kanagaty ýaly dar bolansoň, eýýamyň sarç ala atynyň soňsuz hereketi arkaly söweş

meýdanyndan ordasyna çenli bolan üç günlük ýoly bir günde geçip geldi. Rumlular onuň ordasyny talap, Hasmyrat bilen bolan jeňde ýesir düşen Durhan begiň ogly Omar begi halas etdiler.

Bu söweşde Mürze Seýit Ahmet ibn Mürze Miranşa ibn Sahypkyran emir Teýmir Körekenliniň perzentleri bolan Mürze Muhammet Bakyr, Mürze Zeýnel we Mürze Muzapbar dagy ýesir düşdüler. Olar soltanyň emri bilen Amasyýa galasynda tussag edildiler.

Soltan söweş meýdanynda düşläp, dergähiň emirleri we goşunyň serkerdeleri bilen Hasan patyşany yzarlamak babatda geňeş gurrasyny orta oklady. Emirleriň köpüsi yzarlamagy maslahat bildiler. Emma akyly, parasaty we pähimi bilen ähli emirlerden we döwlet sütünlerinden doly tapawutlanýan Mahmyt paşa soltana Ajam diýaryna gitmäge böwet boldy. Ondan soň soltan Gara Ýusuba tabyn bolan Garagoýunly emirleriň baryny Pirmuhammet Alpawut we Baýezit beg Çäkirliniň ogly Omar beg bilen bilelikde azat eýledi. Tanymal däl adamlary öz halyna goýdular. Aşpez, düşekçi ýaly käbir hyzmatkärleri mynasyp hyzmatda saklady. Emma bilimdarlara we alymlara doly üns berdi. Şol sanda Kazy Mahmyt Şüreýhi, Hasan patyşanyň kätiplik derejesine eýe bolan Hoja Seýdi Muhammet Münşi, şeýle-de Hasan patyşanyň ymamlygyna we söhbetdeşligine mynasyp bolan hem-de şerigat ylymlarynda, esasan hem hadys ylmynda ussat bolan Kazy Aly Hasan Kifi dagy soltanyň üns nazaryna mynasyp bolup, uly derejeler bilen başlary belende göterildi.

Soltan bu ýeňşiň şükranasyna kyrk müňe golaý gulamy azat etdi. Hersi ýüz müň rumy akjasy bolan ýüz harwar mukdaryndaky kümüşi emirlere we esgerlere serpaý berdi. Soltanyň nazarynyň öňünde Akgoýunly taýpasynyň barynyň ýeke-ýekeden başyny aldylar. Şeýdip, olaryň üç müňe golaýy bir günde öldürildi. Soltan üç gün şol söweş meýdanynda saklanyp, şondan soň

yzyna dolandy. Şonda ol: «Akgoýunly kişileriň her menzilde dört ýüz sanysynyň başyny kesip, olaryň jesetlerini ýol ugrunda taşlasynlar» diýip, perman berdi.

Türki-rumy taryhynda meşhur bolşuna görä, Hasan patyşa Hoşgüni özüne mübärek diýip hasaplardy. Çünki ol Jahanşa patyşany we soltan Abu Sagydy hut şu günde tutupdy. Bu gezekde bolsa, hut Hoşgüni onuň özi söweşip, ýeňildi.

Soltan menzilme-menzil göç edip, Stambula rowana boldy. Garahysar sebitleri sansyz goşunyň düşleg ýerine öwrülende ol galanyň häkimi Darap beg Pürnek galasynda gabalyp penalandy. Rum esgerleri galany merkez şekilli orta gysdylar. Darap beg rumlulardan gorkusyna galany meýletin tabşyrdy. Soltan ol ýerden Stambula ugrady.

Rum patyşasy yzyna dolanandan soň, Hasan patyşa Töwriz tagtynda haýbat bilen ornaşyp, hökmürowanlyk baýdagyny parlatdy.

# KÖNE TARYHYŇ TÄZE SAHYPALARY

Beýik Serdarymyzyň buýsançly zamanasynda mylaýymlyk bilen öwüsýän garaşsyzlyk şemaly türkmen ykbalyna siňen çaňlary syryp aýranyndan soňra, ýazga geçirilen geçmişimiziň, edebi we medeni mirasymyzyň bize näbelli bölegi dil açyp başlady. Ata-babalarymyzyň alyn deri siňen gymmatlyklara gyýa göz bilen garalan zamanalar, harlyk bilen gurşalan heňňamlar gutardy. Türkmeniň taryh asmanyndaky döwletlilik ýyldyzynyň öňündäki perdeler syryldy. Şu döwre çenli doly öwrenilmedik Akgoýunly we Garagoýunly Türkmendöwletleriniň taryhy hakdaky iň ygtybarly eseriň täzeden dünýä inmegi hut şeýle diýmäge doly esas berýär.

XIV asyrda gündogar we günorta-gündogar Anadolyda syýasy herekete başlamak bilen, XV asyrda Horasanda, Eýranda we Yrakda häkimligi ele alyp, beýik döwletler guran Garagoýunlylaryň we Akgoýunlylaryň döwrüne degişli maglumatlar azdyr. Munuň esasy sebäpleriniň biri hem şol döwre degişli taryhy çeşmeleriň neşir edilip ýaýradylmanlygydyr.

Bu döwre degişli iň ygtybarly çeşmeleriň biri «Kitaby Diýarbekriýe» eseri bolup durýar. Emma Abu Bekr Tähranynyň «Kitaby Diýarbekriýe» eseri häzirlikçe ýeke-täk golýazma arkaly mälim bolup, ol hem Yragyň Basra şäherinde aklawjy Muhammet Emin begiň şahsy kitaphanasynda saklanylýan eken. Irginsiz yhlaslar, üznüksiz aladalar netijesinde bu eseriň suratnusgasyny almak başardýar. Şeýdibem, «Kitaby Diýarbekriýe» eseriniň täze ömri, täze döwri başlanýar.

« Kitaby Diýarbekriýäniň» bize gelip ýeten golýazmasy ýazaryň öz eli bilen ýerine ýetiren asyl nusgasy däldir, munuň üstesine-de ol ünssüz we harsal bir hatdadyň galamynyň önümi-

dir. Şonuň üçin şeýle nusgany terjime etmekde we çapa taýýarlamakda ençeme kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz boljakdygyň göze görnüp duran hakykatdyr.

Kitap Beýik Serdarymyzyň Mukaddes Ruhnamada **«Akgoýunly döwletiniň iň meşhur hökümdarlarynyň biri Gara Ýülük Osman begiň agtygy Uzyn Hasandyr»** diýip nygtaýan, Sahypkyran Soltan Hasan Bahadyr hanyň, ýagny Uzyn Hasanyň tabşyrygy boýunça 1470-1471-nji ýyllarda ýazylyp başlanýar we onda Uzyn Hasanyň ölüminden soňky wakalar hem beýan edilipdir.

Muny ýazar hem bu kitapda şeýle beýan edýär: «Şu işi ýeňiş we üstünlik eýesi, soltanlyk kömegi we halypalyk goldawy saýylan, yslamda ýolbaşçy bolmagyna ir wagtdan bäri garaşylan, soňraky döwürde halk arasyndaky adalatyna göz dikilen Sahypkyran Soltan Hasan Bahadyr gözden geçirmek isledi. Onsoň men pelek ýörgünli permanyna boýun bolmaklygyň wajyp hökümi bilen, onuň sahawat äleminiň işigine we jahan boýun egen tagtyna tarap ýüzlenip, jahany penalaýjy tagzym ediş dergähiniň bosagasyna tarap «lepbeý» diýip, başym bilen togalandym. Sebäpsiz kerem-sahawat ýagdyran Hezretden, minnetsiz nygmat eçilen Berijiden arzuwymyň hasyl boluş gapylaryny açyp, bu pukara bendäni şol maksada ýetirmegini we bu işde oňa üstünlik bagyşlap, bagtly etmegini dileýärin».

Şu güne çenli Akgoýunly we Garagoýunly türkmen döwletleriniň taryhyna dahylly çeşmeler türkmen diline terjime edilmedi we olar baradaky maglumatlar esasan, rus alymlarynyň işlerinde üzlem-saplam gabat gelýär.

Zamana Seýregi, döwür Ägirdi bolan Mähriban Serdarymyzyň ýiti pähiminiň we belent paýhasynyň örän adalatly talap edişi ýaly, türkmen öz taryhyny özi ýazmaly. Şu jähtden, bu kitabyň ähmiýeti biçak uludyr. Munda taryhy sahnada öçmejek yz galdyran Garagoýunly we Akgoýunly türkmen döwletleriniň

özara barlyşyksyz söweşleri anyk mysallaryň esasynda beýan edilýär. Bu kitaby okanyňda, sarpasy Belent Atamyzyň Mukaddes Ruhnamasynda türkmeni bütewilige, agzybirlige çagyrýan parasadynyň gymmaty has äşgär ýüze çykýar.

Taryhy çeşmelerde beýan edilişine görä, Garagoýunly we Akgoýunly türkmenleri mongollaryň hüjümi netijesinde, Eýranyň çöllügine tarap gaýdýarlar we gelip, Jezire sebitinde mekan tutýarlar. Şaýy mezhebinde bolan Garagoýunly türkmenleri Wan kölüniň demirgazygynda ornaşýar. Sünni mezhebinde bolan Akgoýunlylar bolsa Diýarbekrde mesgen tutunýarlar.

Garagoýunly nesilşalygyny esaslandyran Gara Ýusup Akgoýunly iliniň hökümdaryny ýeňlişe sezewar etmek we Töwrizden uzak bolmadyk ýerde Yrak soltany Ahmet Jelaýyrynyň goşunyny derbi-dagyn etmek bilen uly mertebä eýe bolýar. Gara Ýusupdan soňra ogullary Isgender we Jahanşa oruntutar hökmünde onuň soltanlyk tagtynda oturýarlar. Bu nesilşalygyň iň soňky şahsyýeti Hüseýin Alydyr. Garagoýunly nesilşalygynyň iň esasy hökümdarlarynyň biri «Hakyky» lakamy bilen tanalan Jahanşa öňdengörüji, syýasy tarapdan çeýe, ugurtapyjy patyşa bolmandyr. Şol sebäpli ýurduň çäklerini giňeltmek üçin, agyr çykdajylar bilen amala aşyran birnäçe şowsuz ýörişleri onuň abraýynyň ýere degmegine getiripdir. Şol şowsuz ýörişler zerarly, halk çekip-çydardan çökder agyr ýagdaýlara uçraýar. Şeýlelikde, Garagoýunly türkmenleriniň döwleti ýuwaş-ýuwaşdan synmak bilen bolýar. Munuň tersine, Akgoýunly nesilşalygy güýçlenip, täsiri beýik derejelere galyp ugraýar.

Akgoýunly döwletiniň düýbüni tutujy belli emir Gara Ýülük Osman begdir. Bu döwletiň iň meşhur hökümdarlarynyň biri Gara Ýülügiň agtygy, Uzyn Hasan ady bilen meşhurlyk gazanan Abu Nasr Hasan begdir. Ol Garagoýunly hökümdary Jahanşany ýeňlişe sezewar etmek bilen, Töwrizi, Arap hem Ajam Yragyny,

Parsy, Kermany we tä Pars aýlagynyň kenaryna çenli bolan ýerleri eline alýar.

Abu Bekr Tähranynyň «Kitaby Diýarbekriýe» eseriniň baş gahrymany hem şu Uzyn Hasandyr. Sahypkyran ady bilen tanalan Uzyn Hasan eýýäm 11 ýaşyndan başlap, özüniň dogabitdi batyrlygy, gaýduwsyzlygy arkaly adygyp ugraýar. Kiçijik derejelerden beýik mertebelere galýar. Tagta çykmagy bilen äleme çäksiz güýç, hökmürowanlyk we döwlete gözel zynat bagyşlaýar. Ol hemişe haýyr işleriň tarapynda bolup, ymaratlary bina etmeklige ýykgyn edipdir. Alymlary, ylym adamlaryny söýüpdir. Ulamalary, ussat hünärmenleri uzaklardan we daştöwereklerden öz paýtagty Töwrize getiripdir. Onuň bu ajap häsiýetleri ogullary Soltan Halyla we Soltan Ýakuba hem geçipdir.

Kesekı leşgerden öz leşgerine düşen ýesirleri, bendileri ýesirlikden azat etmek belent mertebeli Sahypkyranyň ajaýyp adatlarynyň biri bolup, ol bu işi ýygy-ýygydan we yzygiderli amala aşyrypdyr.

Kitabyň ýazary Abu Bekr Tähranynyň ömür ýoly hakynda maglumatlar örän az. Hatda şol we şondan soňky döwürlerde ýazylan meşhur şahsyýetleriň terjimehallaryny beýan edýän sözlük kitaplarynda hem bu alymyň ady agzalmaýar, emma bu zatlar onuň ylym dünýäsindäki ornunyň pesdedigini aňlatmaýar. Taryhy ýagdaýlara, tebigy hadysalara we ynsan eli bilen ýüze çykýan pajygalara görä, ençeme gymmatly golýazmalaryň küle öwrülip galandygy şübhesiz hakykat. Şeýle bolmagyna garamazdan, beýikligiň hatyrasyna ykbalyň gizläp goýýan şunuň ýaly eserleri, wagty gelende, öz nesilleri tarapyndan täze ýaşaýyşa başlaýar.

Ýazaryň özi hakdaky iň ygtybarly maglumatlary onuň öz kitabyndan tapyp bolýar. Ýazar diňe bir taryhçy bolman, eýsem

güýçli uslybyýetçi (stilist), müderris we üç hökümdaryň hyzmatynda bolan (şol sanda Akgoýunly hökümdary Uzyn Hasanyň döwlet adamlarynyň biri) tanymal şahsyýetdir. Emma şeýle-de bolsa, hiç bir eserde onuň terjimehalyna degişli maglumatlara gabat gelmeýäris. Hatda özüniň «Taryh-y alam ara-ýy Emini» atly eserini «Kitaby Diýarbekriýäniň» goşmaçasy hökmünde ýazan Fazlulla ibn Ruzbyhan hem onuň adyny agzamaýar.

Ýazar eserinde özüni «Abu Bekr at-Tährany al-Isfahany» diýip tanadýar.

Şundan görnüşi ýaly, ýazaryň ady Abu Bekr bolup, ol Yspyhanyň Tähran diýen ýerinde doglupdyr. Bu ýer görnükli hadysçylary bilen tanalan we Ýakudyň döwründen bäri belli bolan ýurt bolmaly.

Ýazar kitabynyň girişinde hem lakamyndan söz açyp, şeýle diýýär:

«...875-nji (1470-1471) hijri ýylynda tertibe salynan zatlar arassalanyp, saýhallaşdyrylyp ýazylansoň, «Bekr» sözi hem-ä ýazaryň lakamynyň ikinji bölegi, hem-de Sahypkyran hezretiniň önüp-ösen ýurdunyň adynyň ikinji bölegi bolup gabatlaşansoň, oňa «Kitaby Diýarbekriýe» («Diýarbekr ýurdunyň taryhy») diýip at goýdum. Onuň harplarynyň jemi-de ebjet hasaby boýunça 875 bolýar. Elbetde, bu hem onuň bir gaýyby geňliklerindendir. Ol bolsa şu kitaby tertibe salmagymyň we ýazmagymyň bereketinden, pikir-oý edilmezden , öz-özüni ýazaryň gözüne görkezdi».

Abu Bekr Tährany Şahruhyň 1446-njy ýylda Reýde aradan çykandygy hakynda gürrüň berende, 1448-nji ýyldan bäri Reýiň we Kumuň häkimi bolan Şahruhyň agtygy Baýsunkar ogly Soltan Muhammet agyr kesele uçran atasynyň (ol şol wagt 71 ýaşynda) sagalmajakdygy baradaky gürrüňlere ynanyp, 1446-njy ýylyň başlarynda, Yragyň beýleki ýerlerini we Parsy eýelemek üçin herekete girişýär. Ilkinji nobatda atasynyň diwanyna

gös-göni bagly bolan Yspyhany basyp alan ýaş şazada şäheriň görnükli adamlaryndan özüni goldamaklaryny haýyş edip, olara köp sylag-serpaýlar ýapýar we möhüm wezipeleri ynanýar. Soňra Soltan Muhammet doganoglany Mürze Abdyllanyň elinde bolan Şiraz şäheriniň üstüne ýöriş edýär. Şirazyň golaýyna gelende, şäherlileriň goranyşa taýýardyklaryny görýär we şol wagt Muhammet Şahruhyň Hyratdan bärik ugrandygyny eşidýär. Garaşylmadyk bu habar zerarly, Şiraždan gyssagly yza çekilen Soltan Muhammet atasynyň özüne garşy goşun ýollandygyny bilensoň, leşgergähini taşlap, Kürdüstana gaçyp gidýär.

Şahruh agtygynyň bu diýenetmezligine onuň hyzmatyna giren Yspyhanyň görnükli adamlarynyň sebäp bolandygyna ynanýar. Şonuň üçin olary tutup, öz ýany bilen Sawä getirdýär, ençemesini öldürtýär, galanlaryny el-aýagy bagly halynda öz ýanynda saklaýar. Leşgergähini Reýiň töweregindäki Faşabuýa diýen ýerde guran Şahruh ýaz çykanda, Tähranyň günortasynda ýerleşen Abdylazymyň mazaryna zyýarat etmek üçin, ýola düşýär. Ýazar hem şol wagt bu leşgergähde eken. Şahruh ýakyn adamlaryny ýanyna alyp, ýola çykanda, Simnanly şyh Alaeddöwlä ýakyn duran müritlerinden bir derwüş ýazara hökümdary görkezip: «Bu adam garaşylmadyk zatlara mynasyp bir patyşadyr. Men geçen gije düýşümde Hezreti Pygamberiň onuň egin-eşiklerindäki tot-tozanlary kakyşdyryp duranyny gördüm» diýýär. Ýazar köp pikir etmezden, oňa: «Gören düýşüň dogry. Tozan kakmak toprakdan bolan bedeni ebedi bolan ruhdan aýyrmak diýmekdir» diýip, jogabyny berýär. Ýazaryň bu jogaby derwüşiň göwnünden turmaýar we ol gidýär. Köp wagt geçmänkä, hökümdaryň ýanyndakylar aglaşyp-eňreşip, yzlaryna dönýärler. Bu wakada özünden giden Şahruhyň haly has agyrlaşýar. «Hökümdaryň dişi agyrýar» diýip, onuň hakyky ýagdaýyny halkdan gizleýärler. Şonda ýazar olaryň öz sözlerine görä: «Derrew dişini sogurmak gerek» diýip ýüzlenýär. Bu onuň

Şahruhyň uzak ýaşamajakdygyny aýtdygydy. Az salymdan 72 ýaşyndaky Şahruh aradan çykýar.

Bu wakadan soň, jezalandyrylman galdyrylan Yspyhanyň görnükli adamlaryna erkinlik berilýär. Olar ýazar bilen bilelikde Kuma gidýärler we şol ýerde Soltan Muhammediň Kürdüstandan gaýdyp gelmegine garaşýarlar. Köp wagt geçmänkä, Soltan Muhammet Kürdüstandan gaýdyp gelýär we bu bolup geçen düşünişmezlikler zerarly, Yspyhanyň görnükli adamlaryndan ötünç soraýar, olara ýene-de halat-serpaý ýapýar.

Şu maglumatlara esaslanyp, ýazaryň Yspyhanyň tanymal adamlary bilen ýakyn gatnaşyk saklandygy hakda netije çykarmak bolýar. Şahruhyň olaryň bir toparyny öldürmegine ýazar gynanýar we munuň onuň üçin gowy netije bermändigini hem nygtaýar. Ýokarda görüp geçişimiz ýaly, derwüşiň düýşüni ýorşy hem ýazaryň Şahruh tarapyndan Yspyhanyň görnükli adamlarynyň öldürülmegine onuň gynanjy we hökümdara bolan gahary diýip düşünip bolar. Onuň Şahruhyň leşgergähinde bolmagy tötänlik däl-de, eýsem, Yspyhana iş bilen gelmegi sebapli bolsa gerek.

Ýazaryň Soltan Muhammediň zamanynda we soňra Garagoýunlylar döwründe dowam eden gulluk wezipesiniň nämedigi anyk bilinmese-de, onuň kätipler diwanynda bolandygyny aýtmak mümkin.

Jahanşa 1457-nji ýylda ogly Muhammedi Mürzäniň ýanyna emir Çäkirli Bistam begiň ogly Baýezidi, Rüstemdar hökümdarlaryny we Jelawiýe emirlerini goşup, Damgany basyp almaga ugradýar. Muhammediniň goşunynda Abu Bekr Tähranу hem bar eken. Damgany Babyryň adyndan dolandyrýan emir Simnanly Nasreddin şäher ilatyny gala toplap, mäkäm goranyşa taýýarlanýar. Garagoýunly goşuny şäheri gabap, gorag garymlaryny gömdürmäge we diwarlarda deşikler açmaga başlaýar. Ýazar eger gala söweş arkaly alynsa, şäher ilatynyň ýowuz

ykbala sezewar boljakdygyna düşünip, olary halas etmek maksady bilen, Baýezit begden nähak ganyň dökülmezligini haýyş edýär we Astrabat häkimi Baba Hasan Garkynyň güýmenje hökmünde keýpine etjek çozuşyndan hiç kimiň habardar bolmajakdygyny, erk edilmeýän güýjüň her hili netijelere getirip biljekdigini aýdyp, goşunyň şäherden yza çekilmegini teklip edýär. Ýazar muny aýdyp duran wagty, Jahanşanyň leşgergähinden Uzyn Hasan bege garşy ugradylan Tarhan ogly Rüstem begiň agyr ýeňlişe sezewar bolup, ýesir düşendigi hakynda habar gelip gowuşýar. Ýazar duşmanyň garaşylmadyk çozuşynyň mümkindigi barada sözlap durka, şeýle habaryň gelmegi bilen, galany gepleşikler arkaly almaly diýen karara gelinýär we bu işde araçy bolmak ýazaryň üstüne ýüklenilýär. Abu Bekr Tähranynyň galanyň häkimi bilen öňden tanyşdygy sebäpli, onuň sözleriniň diňlenjekdigine ynanýarlar. Ýazar gala girmek üçin, hendegiň gyrasyna gelende, häkimiň ýakyn adamlaryndan, ýazaryň dosty Möwlana Ybraýym ony görüp, örän şatlanýar we Abu Bekr Tähranyny derrew içeri salýar. Ýanyndaky Gyýaseddin Halaç bilen bilelikde gala giren Abu Bekr Tährany dostlukly söhbet açyp, galanyň häkiminden getiren teklibiniň kabul edilmegini soraýar. Galanyň häkimi garagoýunlylaryň sözüne ynanmaýandygyny, sebäbi olara tarapdar bolan yspyhanlylara garşy tä kyýamat gopýança ýatdan çykmajak erbet iş edendiklerini ýatladyp, Muhammedi Mürzäniň we onuň begleriniň öz esgerleri bilen üç parsah uzaklykda ýerleşen Astana diýen ýere çekiljekdikleri, şeýle hem bala-çagalary bilen galadan çykyp gidende, özüne hiç hili azar bermejekdikleri hakynda Gurhandan ant içseler, galany olara berjekdigini mälim edýär. Abu Bekr Tährany onuň isleglerini Muhammedä we onuň beglerine ýetirýär. Olar bu teklibi kabul edip, ant içýärler. Gaýtadan gala gelen ýazar muny ol ýeriň häkimine mälim edýär. Yzyna dolanmaly pursaty, halk köpçüligi onuň daşyny gallap alýar we aglap-

eňräp, özlerine aman berilmegini, beglere, şazadalara edilen rehimdarlygyň özlerine hem edilmegini ýalbaryp soraýarlar. Ýazar aman beriljekgini aýdyp, olary köşeşdirýär. Garagoýunly leşgergähine gaýdyp gelen ýazar Çäkirli Baýezit bege halkyň kyn ýagdaýyny habar berýär we leşgergähiň ylalaşylan ýere çenli yza çekilmegini gazanýar. Ertesi daň bilen şähere giren Muhammediniň nökerleri we käbir emirler berlen sözde durman, talaňçylyga ýüz urýarlar, aýal-ebtat, çaga-çugalary ýesir almak bilen meşgullanýarlar. Muny gören ýazar agyr we ajy sözler bilen Baýezit begden bu işleriň öňüni almagy talap edýär. Ýazaryň bu sözleri akylly-başly adam bolan Baýezit bege ýiti täsir edýär, ol ýesirleri boşadýar, hatda bu işde Muhammedi Mürzäni hem aýyplaýar.

Horasan ýörişinden soňra, Jahanşanyň Pars welaýatyndaky häkimi bolan beýleki ogly Pir Pudak hem kakasynyň buýruklaryny diňlemän, erkin hökümdar ýaly hereket etmäge başlaýar. Jahanşa 1462-nji ýylda ogluny akylyna aýlamak üçin aýgytly herekete geçýär. Abu Bekr Tährany-da Yspyhanyň häkimi Muhammedi Mürzäniň weziri Salman bilen bilelikde onuň goşunynda eken.

Ýazaryň Jahanşanyň 1467-nji ýylda Uzyn Hasan bege garşy eden we pajygaly tamamlanan iň soňky ýörişine gatnaşandygy ýa-da gatnaşmandygy hakda maglumatlara duşmaýarys. Bir bilýän zadymyz Uzyn Hasan beg bilen Teýmirly Abu Sagydyň arasyndaky hat alyşmalar wagtynda, onuň Kazwinde ýaşanlygydyr. Emma onuň haýsy sebäbe görä, bu şäherde bolandygy belli däldir. Ol bu ýerdekä, Pars häkimi Seýidalynyň Erdebil töweréginde bolan Soltan Ibn Sagyda tabynlygyny bildirmek üçin iberen ilçileri Kazwine gelýär. Olardan Möwlana Şemseddin bilen öňden dost bolan ýazar Ibn Sagydyň ýeňiljekdigi barada birnäçe delilleri we alamatlary görkezip, ony ol ýere ibermezlige çalyşýar. Hakykatdan hem köp wagt geçmänkä, Çagataý

hökümdarynyň öldi habary gelýär we yzysüre başly-barat bolup gelýän çagataý esgerleri peýda bolýar. Abu Bekr Tährany köp wagt geçmänkä, Erdebile gelen Uzyn Hasan tarapyndan çagyrylýar. Ýazar bu çakylygy kabul edip, 1469-njy ýylyň Baýram aýynda Soltanyýa ýoly bilen Erdebilde ýerleşen Uzyn Hasan begiň leşgergähine tarap ugraýar.

Bu çakylyk Akgoýunly hökümdary Uzyn Hasan begiň peýdaly, ýagşy niýetli adamlary goldandygyny we ýazaryň hem şeýle adamlaryň hatarynda bolandygyny görkezýändigi jähdinden möhümdir. Hakykatdan-da, Hasan begiň Abu Bekr Tährana özüniň iň ynamdar adamlarynyň arasyndan ýer berendigi bellidir.

Hasan beg 1470-nji ýylyň soňlarynda Teýmirli Ýadygär Muhammet Soltany Horasana häkim bellände, bu baradaky permany ýazar taýynlaýar. Biraz soňra şol ýylyň ahyrynda Töwrize gelen Hasan beg bu ýeriň kazylarynyň we mütewellileriniň etmişleri, parahorlyklary barada şikaýat edilende, olaryň hemmesini wezipesinden aýyrýar we ýazaryň maslahat bermegi bilen, şerigat işlerine ýolbaşy edip, türklerden bir adamy belleýär.

Ine, ýazar eserinde özi hakynda şeýleräk maglumatlary berýär.

Meşhur şahyr Möwlana Jamy 1474-nji ýylda haj zyýaratyndan dolanyp, Töwrize gelende, ony begiň ýakyn adamlary bolan Kazy Hasan, Möwlana Abu Bekr Tährany we Derwüş Kasym Şekewül dagylar garşylaýarlar hem-de ony dabara bile hökümdaryň ýanyna eltýärler.

Abu Bekr Tähranynyň haçan aradan çykanlygy mälim däldir. Onuň Hasan begiň ölen wagty heniz aýatda diridigi welin bellidir. Hatda onuň 1482-nji ýyldan soň aradan çykandygyny hem aýtmak mümkin.

Ýazaryň Garagoýunly we Akgoýunly diwanlaryndaky esasy wezipesiniň uslybyýetçi kätip bolandygy şubhesizdir. Ýokarda Jahanşa bilen Teýmirli Abu Sagydyň arasynda baglaşylan ýaraşyk şertnamasynyň onuň galamyndan çykandygyny we Hasan begiň Ýadygär Muhammet Mürzäni Horasana häkim etmek baradaky permanyny onuň ýazandygyny belläp geçipdik. Onuň uslybyýetçi kätiplikdäki şöhraty Hindistana çenli baryp ýetipdir. Mahmyt Gawan azyndan bir ýyl bolmak şerti bilen, ony Dekkana çagyrypdyr. Emma ýazar diňe bir uslybyýetçi kätip bolman, eýsem, Hasan begiň iň ýakyn we ynamdar adamlarynyň biri bolupdyr. Ol öz kitabynyň başynda eserini ýazmak üçin, müderrislikden el çekendigi hakynda ýazýar. Emma biz onuň nirede we haçan müdderislik edendigini anyk bilmeýäris.

Görüp geçişimiz ýaly, Abu Bekr Tähranynyň terjimehalyna degişli maglumatlar örän azdyr. Az maglumatlardan onuň şahsyýeti barada düýpli düşünje almak çetindir. Şeýle-de bolsa, onuň ýokary ahlakly hem-de diýenini etdirip bilýän adam bolanlygyny we beýleki artykmaçlyklary bilen mydama ynama hem-de hormata mynasyp görlendigini buýsanç bilen aýtmak bolar. Damgan şäherini talaňçylykdan, aýal-ebtatlary, oglan-uşaklary bolsa ýesirlikden gutarmak üçin, emirleriň gazabyna duçar bolup biljekdigine garamazdan, nähili uly gaýrat sarp edendigi hakynda ýokarda agzalyp geçildi.

Uzyn Hasan Begiň Töwrize häkim bolmagynyň yzysüre, ýazary öz ýanyna çagyrmagy onuň sowatly bir ynsan, tejribeli bir döwlet adamy hem-de oňat bir şahsyýet hökmünde tanalýan adamdygyny görkezýär. Hatda şöhratynyň Hindistana çenli ýetmeginiň-de tarypy ýokarda agzalypdy.

Ýazar Uzyn Hasan begiň taryhy sahnada peýda bolmazyndan öň, her bir adamyň begenip hoş boljagy, zamanyň hadysalaryndan gürrüň berýän bir eser ýazmak isleginiň bolandygyny,

ýöne «gaýgy-aladalarynyň köpelmegi we garşylyklaryň birleşmesi» zerarly, ol arzuwyny amala aşyryp bilmändir we ýerine ýetirilmegine sebäp boljak bir patyşanyň sahna çykmagyna garaşyp gezipdir.

Hakykatdan-da, bu garaşma biderek bolmandyr we ýazar yzly-yzyna beýik ýeňişler gazanyp, Akgoýunly Hasan beg tarapyndan çakylyk alýar. Ýokarda-da aýdylyşy ýaly, ýazara uly bir ynam bildirip, ony iň hormatlaýan adamlarynyň hataryna goşan Hasan beg şol döwürde Abu Bekr Tährana garaşan sowgadyny berip, oňa öz taryhyny ýazmagy buýurýar. Bu buýruk netijesinde ýazar mugallymlyk işini birýana taşlap, eseri ýazmaga girişýär.

Ýokardaky ýazgylardan mälim bolşuna görä, «Kitaby Diýarbekriýe» eseri Akgoýunly taryhyna degişli iň esasy we ygtybarly kitapdyr. Eserde girişden soň, hezreti Sahypkyranyň, ýagny Uzyn Hasan begiň Adam ata çenli ýeten atalary ýekän-ýekän sanalýar we olar hakynda maglumatlar berilýär.

Nesil kökünden soň Gara Ýülük Osman bege degişli habarlardan söhbet açylýar we hakyky Akgoýunly taryhy beýan edilip başlanýar. Osman beg döwri eserde ýüzleý görkezilýär, emma diňe Garagoýunly hökümdary Gara Ýusubyň Osman begi 1418-nji ýylda ýeňip, ony Memluklaryň Halap naýybyna penalanmak ýoluna düşürmegi, ýene Gara Ýülügiň 1457-nji ýylda Jahanşanyň serkerdesi Tarhan ogly Rüstemi ýeňmeginiň wakasy bilen eseriň I bölümi tamamlanýar.

Mundan soňra Çagataý hökümdarlary bilen Garagoýunly Jahanşa Mürze hakyndaky gürrüňe başlaýar. Ýazar bu ýerde Şahruhyň ölüminden soň, Yrak, Pars, Horasan we Mawerannahrda ýüze çykan wakalary açyk we mümkin boldugyça ýüzleý beýan edýär.

Mundan soň ýazar ýene Hasan beg bilen bagly wakalara dönýär. Bu bölüm Hasan begiň Gürjüstana ýörişi bilen başlanýar.

Soňra Trabzon meselesi ugrunda Fatyh bilen bolan çekişme, ýene bir Gürjüstan ýörişi, Hysny Keýtanyň basylyp alynmagy, Jahanşanyň Hasan bege garşy eden ýörişi hem-de onuň ölümi bilen tamamlanan ýöriş, Hasan begiň Bagdada eden ýörişi, soň Garagoýunly hökümdary Hasan Alynyň ýeňilmegi, Teýmirli Abu Sagydyň gelmegi, ýeňilmegi, öldürilmegi we Eýranyň dürli etraplarynyň basylyp alynmagy baradaky gürrüňler orun alýar.

Ýazar Abu Bekr Tährany ýokardaky terjimehalyndan aňlanylyşyna görä, Akgoýunlylar ýurdunda, ýagny Gündogar Anadolyda ýaşamandyr. Bu sebäpden, soňky gürrüňlerden daşda bolup, eserindäki akgoýunlylara degişli bölekleri eşidip ýazypdyr. Eserdaki käbir yşaratlar akgoýunlylara degişli habarlaryň (hemmesiniň ýa-da möhüm bir böleginiň) hökümdar Uzyn Hasanyň özi tarapyndan aňladylandygyny bildirýär. Käbir hadysalar ýazylandan soň, olar Hasan begiň pikirine görä goşulypdyr. «Kitaby Diýarbekriýe» eseri Akgoýunly taryhyny öwrenmek üçin iň ähmiýetli eserdir. Çünki, Akgoýunly taryhynyň bu döwründen söz açan başga hiç bir eser ýokdur.

Eserdäki garagoýunlylar we çagataýlar bilen baglanyşykly söhbet ýazaryň öz döwrüne degişlidir. Bu hadysalaryň köpüsi hut ýazaryň öz gözleglerine esaslanýar. Bu sebäpden Diýarbekriýe, esasan, hiç bir resminamalary bolmadyk, Garagoýunlylaryň Jahanşa we Hasan Aly döwürleri hakynda iň möhüm çeşme bolşy ýaly, Şahruhuň ölüminden Huseýin Baýgaranyň hökümdarlygyna çenli bolan Teýmirliler taryhy üçin-de ähmiýet berilmegi möhüm bir eserdir.

«Kitaby Diýarbekriýeden» Akgoýunly we Garagoýunly döwletleriniň esger we mülki gurluşlary, bu döwletleriň daýanýan Türkmen illeriniň gurluşlary, göçüp-gonup ýören ýagdaýlary barada hem möhüm maglumatlar getirilýär.

Eserden iň ähmiýetli bolany üç ýazar peýdalanypdyr, olar: Gaffary, Hasan beg Rumly we Münejjimbaşydyr.

«Kitaby Diýarbekriýeden» iň köp peýdalanan ýazar Hasan beg Rumlydyr. Hasan beg Türkiýäniň Siwas etrabynyň halkyndan bolup, ol 1431-nji ýylda Kumda doglupdyr. «Ahsanut-tawaryh» eseriniň 1404-nji ýyldan 1445-nji ýyla çenli gelen bölüminde ulanylan çeşmeleriniň içinde «Kitaby Diýarbekriýe» iň başda getirilýär. Hasan beg Rumly «Kitaby Diýarbekriýeden» maglumaty käte doly, käte gysgaltmak, sözlem we gurluşlary üýtgetmek, edebi aýratynlygy bolan tekiz we sazlaşykly ýazylan ýerlerini taşlamak bilen eserine goşupdyr. Hasan beg Rumly eseriň gowy bir nusgasyny gollanypdyr. Hasan beg Rumly eserini ýyl esasyna görä tertibe salypdyr. Hut şonuň üçin htm «Kitaby Diýarbekriýede» beýan edilen wakalaryň ýüze çykan senesi görkezilmediklerini Rumly, esasan, nätakyk beripdir.

«Kitaby Diýarbekriýeden» köp peýdalanan beýleki bir ýazar iň beýik taryhçylaryň biri bolan Münejjimbaşy Şyh Ahmet Ependidir. Ýazan döwletleriniň taryhlary üçin iň gadymy çeşmeleri goldanan Münejjimbaşy eserindäki Akgoýunlylar baradaky söhbetinde-de «Kitaby Diýarbekriýe», «Alam ara-ýy Emini» we Kazwinli Mir Ýahýanyň «Lubbut-tawaryhyny» peýdalanypdyr. Bu günki taryhçy üçin-de peýdasy boljak esasy çeşmeler şulardan ybaratdyr.

Abu Bekr Tähranynyň bu eseri Akgoýunly Türkmen döwletiniň bu kitapdaky beýan edilen döwrüne degişli başga çeşmäniň ýoklugy üçin has-da ähmiýetlidir. Kitapda serkerdeleriň öz atlary, hatda münen atlarynyň hem atlary berilýär. Söweş tärleri, durmuş däp-dessurlary dogrusynda maglumatlar getirilýär.

Umuman alanyňda, Abu Bekr Tähranynyň «Akgoýunly türkmenleriniň taryhy» («Kitaby Diýarbekriýe») kitaby türkmen döwletiniň şöhratly geçmişini, taryhyny, medeniýetini öwrenmekde ygtybarly çeşmeleriň biridir.

**Gurbangözel Kömekowa,**

*Türkmenistanyň milli medeniýet*
*«Miras» merkeziniň uly ylmy işgäri.*

**Çary Muhammetjuma,**
*Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli*
*golýazmalar institutynyň uly ylmy işgäri.*

# MAZMUNY


Çagataý we Garagoýunly soltanlarynyň beýany....................9

Hezreti hakan Şahruh Mürzäniň wepat bolmagynyň beýany .13

Jahanşa Mürze tarapyndan ilçi bolan Aly Şüküriň Soltanyýany käbir Yrak welaýatlary bilen bilelikde basyp alyşynyň beýany ...................................................20

Horasanyň Şahruh Mürze ölenden soňky ahwaly..................23

Mürze Alaeddöwläniň Hyratdaky ýeňşiniň we hazynalary ýeňiş nyşanly esgerlerine paýlaýşynyň beýany..............................25

Emirzada Abdylla ibn Ybraýym soltan ibn Şahruh Bahadyryň soltanlygynyň beýany..........................................................32

Baýsunkar ibn Şahruhyň perzentleriniň patyşalygynyň soltany Abu Sagyt Köreken ibn Muhammet ibn Miranşa ibn Teýmir Körekeniň eline geçmeginden öňki döwürdäki ahwallarynyň gysgaça beýany..............................................................42

Jahanşa Mürzäniň Yraga we Parsa eýe bolmagynyň beýany ...........................................................................52

Babyr Mürzäniň Horasana gaýdyp gelmeginiň beýany..........57

Şirazyň we Kermanyň Babyr Mürzäniň Horasana ýüzlenenden soňky ahwallarynyň beýany..................................................60

Seýit Şirwany öldürilenden soňra, Pir Pudak Mürzäniň Sanjar Mürze bilen eden söweşdir jeňiniň beýany............................63

Jahanşa Mürzäniň leşgeriniň Damgany eýelemeginiň beýany ...........................................................................69

Jahanşa Mürzäniň Horasana ýüzlenişiniň beýany...................74

Hasan Alynyň topalaňynyň beýany........................................85

Jahanşa Mürzäniň ogly Pir Pudaga temmi bermek üçin Şiraza tarap leşger çekmeginiň beýany........................................... 90
Hezreti Sahypkyranyň ahwalynyň beýany ............................ 96
Bagdadyň gabalmagynyň we eýelenmeginiň beýany............ 99
Sahypkyranyň Gürjüstan söweşine ýörişiniň beýany........... 105
Sahypkyranyň Arzynjan sährasynda şazada Muhammet begiň gelinalma toýuny tutmagy buýruşynyň beýany................... 115
Gürjüstan gazawatynyň beýany.......................................... 121
Harpert galasynyň eýelenmeginiň beýany........................... 123
Hezreti Sahypkyranyň hormatly ogly Zeýnel Mürzäni öýlendirmek üçin, toý tutmagynyň beýany .......................... 126
Jahanşa Mürzäniň perzentleriniň ahwalynyň beýany........... 131
Jahanşa Mürzäniň Diýarbekre tarap eden ýörişiniň beýany.......................................................................... 136
Jahanşa Mürzäniň öldürilmeginiň hem-de onuň perzentleriniň we emirleriniň ýesir düşmeginiň beýany............................. 155
Ülkeleriň Jahanşa Mürze öldürilenden soňky ahwalynyň beýany.......................................................................... 166
Hasan Alynyň Mäku galasyndan daşary çykmagynyň we onuň soltanlyk tagtynda oturmagynyň beýany............................ 171
Soltan Abu Sagydyň darugalary Yraga iberişiniň beýany.... 177
Abulkasymyň Ýezd ýoly bilen Kermandan çagataýly emirleriň Kum we Kaşan tarapyndan Yspyhana ugramaklarynyň beýany.......................................................................... 180
Sahypkyranyň Bagdada, ondan soň Töwrize tarap ugramagynyň we Hasan Alynyň weýran bolmagynyň beýany.......................................................................... 188

Jahanşa Mürzäniň soltan Abu Sagydyň ordasyna goşulan emirleriniň beýany........................................................201
Sahypkyranyň Myrat begi ilçilige ibermeginiň beýany........202
Emir Mezidiň jeň etmeginiň we onuň ele düşmeginiň beýany ..........................................................................216
Çagataýlylaryň ýeňilmeginiň we soltan Abu Sagyt Mürzäniň ýesir düşmeginiň beýany..............................................217
Abu Sagyt Mürzäniň heläk bolandan soň Töwriziň, Yragyň we çagataý leşgerleriniň ahwalynyň beýany baradaky bölüm. Çagataýlaryň ahwalynyň beýany ........................................222
Emir Ýusup Mürzäniň we Hasan Alynyň Hemedana tarap gitmeginiň hem-de Şahüseýin Luruň öldürilmeginiň beýany ..........................................................................226
Yspyhana we beýleki şäherlere darugalaryň bellenilişiniň beýany ..........................................................................227
Hasan Alynyň Hemedana ugramagynyň we onuň öldürilmeginiň beýany.......................................................239
Sahypkyranyň Yraga gidişiniň beýany ...............................241
Jahanşanyň hadysasynyň ýüze çykan döwründen başlap, tä ikinji Süleýman, älem alyjy Sahypkyranyň ýeňşine çenli bolan döwürdäki Şirazyň ahwalynyň beýany ...............................246
Emir Ýusubyň Şiraza tarap ýörişiniň we Seýdaly begiň gaçyşynyň beýany ..........................................................250
Sahypkyranyň Erdebilden Yraga we Parsa ugramagynyň we şazadanyň Yspyhandan Şiraza ýüzlenmeginiň beýany.........252
Jahanşa wepat bolandan tä sekiz ýüz ýetmiş altynjy ýylyň başlaryna çenli aralykda Kermanyň ahwalynyň beýany.......263
Bagdadyň we oňa degişli ýerleriň ahwaly we şazada soltan

Maksut Mürzäniň ol diýara ýörişiniň beýany ...................... 269
Şirazyň häkimliginiň hezreti şazada soltan Halyl Mürzä tabşyrylmagynyň beýany ................................................. 272
Halyl Mürzäniň Parsa tarap ugramagynyň beýany............... 274
Kürdüstan galalarynyň eýelenmeginiň beýany..................... 275
Ýadygär Muhammet soltana ýardam we goldaw bermek üçin Horasana tarap leşger ugradylmagynyň beýany .................. 277
Soltan Halyl Mürzäniň Horasandan dolanmagynyň beýany ............................................................................... 281
Rum we Müsür tarapdan ilçileriň gelmeginiň beýany.......... 285
Goşmaça.
Hasan rumlynyň «Ahsanut tawaryh» atly kitabyndan Hasan patyşanyň Ruma tarap leşger iberenligi we ol diýarda soltan Muhammet bilen söweşendigi baradaky beýan edilen bölümler. Sekiz ýüz ýetmiş altynjy ýylda ýüze çykan wakalar ........... 297
Sekiz ýüz ýetmiş ýedinji ýylda ýüze çykan wakalar barada söhbet.
Hasan patyşanyň Rum patyşasy soltan Muhammet bilen söweşmegi............................................................................ 301
*Gurbangözel Kömekowa,Çary Muhammetjuma.*
Köne taryhyň täze sahypalary............................................ 317

**Abu Bekr Tährany**

**Akgoýunlylaryň taryhy**
**(Kitaby Diýarbekriýe)**
**II jilt**

**Tehredaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Sahabda Ş. Akmuhammedowyň çeken suraty**
**Korrektor G. Mämmedowa**

Çap etmäge rugsat edildi 22.11.2005 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 21.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 5 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №0000.
A-21598

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

---

Türkmen döwlet neşirýät gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.